LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana



LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Eger «Tom. Soýeriň başyndan geçirenleri» atly kitaby okap görmedik bolsaňyz, siz men barada hni zat bilýän dälsiňiz, emma munyň aýby ýok. Ol kitapjygy mister Mark Twen ýazdy, özi-de onçakly ýalan sözlemän ýazdy. Onuň ýek-tük özünden goşan zatlary-da bar, emma, umuman alanyňda, ol hemmesi bolşy ýaly gürrüň berýär. Munuň aýby ýok. Polli daýzadan, dul hatyndan, ýene-de Meriden başga ýalan sözlemeýän adama men henize, şu güne çenli duş gelemok. Şol kitapjykda Polli daýza barada (ol Tom Soýeriň daýzasy bolmaly), Meri barada, dul hatyn Duglas barada gürrüň berilýär, özi hem hemmesi çyn, diňe käbir ýerde jypdyrylýar, bu barada bolsa men size eýýäm aýdypdym.Kitapjyk şeýleräk gutarýardy: Tom ikimiz talaňçylaryň gowakda gömüp goýan pullaryny tapdyk we baý bolduk. Adam başyna alty müň dollardan ýetdi, özem ählijesi gyzyl pul. Ine bir tümmek pul, görüp içine çekýärsiň! Onsoň sudýa Tetçer bularyň baryny alyp, baňkda goýdy we biz, hudaý gün berse, günümize bir dollardan alyp başladyk. Şeýdip, bir ýyla çekdi, beýle puly kimiň sowup gutaryp biljekligini menä bilmedim. Dul hatyn Duglas meni ogullyga alyp, meni terbiýelemäge wada berdi, ýöne onuň öýünde ýaşamak meniň üçin hezil bolmady: tertipdüzgün diýdi, edeplilik diýdi, halys ýuregime düşdi. Ahyram çydaman, gaçyp gaýtdym. Ýene-de öňki köneküşüllernmi geýip, şol gantdan boşan çelege girdim, şeýdip, erkin ýaşap ýörenligime begenip oturdym. Birden meni Tom Soýer gözläp tapyp, özüniň garakçylar şaýkasyny toplajak bolýanlygyny gürrüň berdi. Ol maňa dul hatynyň ýanyna gaýdyp barsaň we oňatja gezseň, şaýkamyza alaýyn diýdi. Şeýle diýensoň, men hem gaýdyp bardym.Dul hatyn meniň halyma aglap, göz ýaş dökdi, maňa azaşyp ýören, ýetim toklujyk diýdi, başga-da şunuň ýaly bir topar gürrüňiň başyny agyrtdy, emma onuň göwnünde hiç hili ýamanlyk ýokdy. Ol ýene-de maňa täzetäze geýimler geýdirdi, ýene-de bilenim-bitenim dere batmak, uzynly günläp elim saralan ýaly bolup gezmek boldy. Ýene-de öňki-öňkülik boldy. Agşamlyk nahar wagtynda dul hatyn jaňyny kakýardy, onsoň gijä galjak umydyň ýokdy, hökman wagtynda gelmelidi. Stoluň başyna geçeniň bilen hem nahara başlabermeli däldi: dul hatyn kellesini çalaja atýança we naharyň üstüne eglip, bir zatlar-bir zatlar samraýança garaşyp oturmalydy, ýogsa nahar munsuz hem erbet däldi; bir erbet zady, ol hem bolsa, her bir zat özbaşyna gaýnadylýardy. Hemişe bir topar zat iýilmän galýardy. Ýöne ynha olaryň baryny bir gazana atanda welin, şireleri alşyp, bokurdakdan durman geçýärdi.

Edil şol günüň özünde, agşamlyk edinenimizden soň, dul hatyn bir küti kitaby alyp, maňa gamyşlykdak Moiseý barada okap berip başlady, meniň bolsa nämäňnämeligini bilesim gelip, sabyrym-takadym galmaýardy, munuň näme bilen gutarýandygyny örän bilesim gelýärdi, emma soňrak onuň özi ýaňky Moiseý bireýýäm öldi diýip dilinden sypdyraýdy, meniň bolsa şo bada ondan göwnüm

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
geçdi: men ölüp—ýitip gidenler bilen gyzyklanmaýaryn ahyryn.Basym meniň çilim çekesim geldi we men dul hatyndan rugsat soradym. Emma ol rugsat bermedi. Bu erbet gylyk bolýar, özem hapysalygyň öýjügi, şonuň üçin bu gylykdan sen el çek — diýdi. Her hili adam hem boljak eken! Bilmeýän zatlaryna-da goşulman bolýarlar. Dul hatyn hem şeýle şol Moiseý diýip ýör, ýogsa kesesinden onuň garynda şam däl, onsoňam ol bireýýäm ölüp giden bolsa kime derkar, maňa bolsa çilim çekesim gelýäni üçin käýinýär. Özi temmäki ysgaýan kişimiş-dä, munuň aýby ýokmuş, ol neme edesi gelse, edip bilýärmiş.Şol wagt onuň gözi äýnekli, hortaň aýal dogany miss Uotson göçüp geldi we dessine harplygyny alyp, meniň ýöregime düşüp başlady. Ol maňa bir sagatlap dagy azar ýamanyiy berýärdi, emma onsoň dul hatyn ony köşeşdirýärdi. Özü-mem muňa artyk çydap biljek däldim. Onsoň tutuş bir sagatlyk ýürek gysgynç ümsümlik başlanýardy we men stuluň üstünde oturyşyma oturýardym. Miss Uotson bolsa: «Aýagyňy stuluň üstünde goýma, Gekilberri ýa-da beýdip jygyldatman, dogrurak otur, Geklberri», «Pallap oturma, gerinme, Geklberri, oňlurak bol» diýip, gulak etimi guradýardy. Onsoň ol maňa dowzah barada gürrüň berip başlady, menem neme, aldymda, şol ýere düşüp bolaýsa, oňat bolardy diýdim. Ol gaharlanyp, bolmajysy boldy, men bolsa erbet pikir etmändim, diňe bir ýere gaçyp gitsem diýýärdim, bu ýer meniň ýüregimebagryma düşüpdi, men nirä gidip bilsem gitjekdim. Miss Uotson maňa munyň gelşiksiz, men-ä her hal bolsa-da, beýle diýmezdim diýdi: ol jennete düşmäge jan edýärdi. Men bolsam onuň bilen bir ýere düşmekligiň oňat ýerini bilemokdym, şonuň üçin janam edemokdym. Emma men oňa muny aýdyp oturmadym, sebäbi mundan barybir erbetlikden başga çykjak netije ýokdy.Onsoň ol, kellesi gyzyp, jennet baradaky gürrüňine tutduryp ugrady. Hamala, o ýerde hiç zat işlemeli dälmiş, ömrüň ötinçä elise arfýasy ýaly aýdym aýdyp ýörmelimiş. Näme üçindir maňa bu gürrüň ýaraman ugrady. Emma ýene-de muny aýdyp durmadym. Diňe şol ýere Tom Soýer düşermikä diýip soradym,. Ol bolsa maňa: eger-eger — diýip jogap berdi. Men diýseň begendim, sebäbi men şonuň bilen bir ýer-de bolanymy gowy görýärdim.Miss Uotson şol ýerinde oturdy, meniň bolsa ahyrym ýüregim gysyp ugrady. Basym otaga negrleri çagyryp geldiler we çokunyp başladylar, soň hem hemmejesi ýatmaga gitdiler. Men bolsa ýanyp gutarmadyk şemi alyp, ýokaryk öz ýatýan ýerime çykdym we şemi stoluň üstünde goýdum. Soň äpişgäniň öňünde oturyp, bir oňat zat barada pikir etjek boldum, emma hiç zat çykmady. Şeýle bir ýüregim gysyp ugrady welin, ölüp-ýitip gidesim geldi. ýyldyzlar ýylpyldaşyp, ýapraklar gaýgyly şygyrdaşýardylar; uzakda bir ýerde baýguş jakyrdaýardy, diýmek, kimem bolsa biri ölen bolara çemeli: gündiz körüň sesi, itiň uwwuldysy gelýär-di, diýmek, kimem bolsa biri basym ölse gerek. Şemal bolsa meniň gulagyma bir zatlar-bir zatlar pyşyrdaýardy, emma onuň näme pyşyrdaýanlygyny hiç bilip bilmeýärdim, şu sebäpli meniň inim jümşülläp gidýärdi. Onsoň tokaýda bir iňňildi eşidildi, bu iňňildi göwnündäkini aýtmak isläp,

gepini düşündirip bilmeýän, şonuň üçinem göründe arkaýyn ýatyp bilmän, gijelerine gezip, gam çekip ýören öliniň sesine çalym etdi. Men şeýle bir gorkup, şeýle bir ünjä gitdim welin, ýanymda biriniň bolaýanyny kem görmedim, emma şol wagt egnimiň üstüne bir leňkebut gelip düşdi. Men ony şemiň üstüne itekläp goýberdim, onuň nähili bolup çürşüp gidenligini özümem duýman galdym, onsoň näme diýip, näme aýtjagymam bilmedim, men munuň oňlulygyň üstünden eltmejegini, sebäbi yrymdan erbet zadyň ýoklugyny özüm hem bilýärdim we gorkyma tas janym çykypdy. Men ýerimden syçrap turdum-da, ökjämiň üstünde üç gezek pyrlandym, her gezeginde-de çokundym, onsoň arwah-jyny kowmak üçin bir sapajyk alyp, saçymyň bir topbajygyny daňdym, ýene bu-da meni rahatlandyrmady. Munyň özi tapan nalyňy gapynyň üstünden asman ýitirýän halatlaryňda peýda edýär; emma şu ýol bilen leňkebudy öldüreniň üçin başyňa düşen beladan dynyp bolýanlygynybolmaýanlygyny bilmeýärdim.Men saňňyldap ugradym. Men ýene oturyp, çybygymy elime aldym: öýüň içi ümsümlükdi, diýmek, dul hatyn hiç zat biljek däldi. Epesli salym geçdi; men uzakda şäher sagatlarynyň «bum, bum!» edip urup başlanlygyny eşitdim — on ikiniň jaňy urýardy, ondan soň has hem ümsümlik boldy. Basym meniň gulagyma agaçlaryň aşagynda döwlen çybygyň sesi geldi — ol ýerde bir zat gymyldaýardy. Men gymyldaman, diň salyp otyrdym. Şol wagt kimdir biri ýuwaşja «myýaw, myýaw!» edip gygyrdy. Ine bir hezillik! Men hem başardygymça ýuwaşja «myýaw, myýaw!» etdim, soňra bolsa şemi söndürip, äpişgeden saraýyň üstüne çykdym. Ol ýerden ýere sallandym-da, agaçlaryň düýbüne bardym. Görsem, maňa garaşyp duran Tom Soýer eken.

## II bap

Biz agaçlaryň arasyndaky ýodajyk bilen daraklygymyza basyp, şahalar kellämize degmez ýaly eglnşip, dul hatyn Duglasyň bagynyň aňyrsyna çykdyk. Kuhnýanyň duşundan geçenimizde, men büdrüp, zenzele baryny turuzdym. Biz gizlenip, demimizi alman durduk. Miss Uotsonyň Jim atly ullakan negri kuhnýanyň bosagasynda otyrdy; biz ony birkemsiz görýärdik, sebabi onuň ýeňse ýanynda şem ýanyp durdy. Ol laňsa ýerinden galyp, boýnuny uzadyp, bir minut çemeleri diňşirgap durdy. Soňra bolsa:

— Kimsiň? — diýdi.

Ol ýene dinşirgendi, soň daraklygyna basyp, elýeter aralygymyza gelip durdy. Epesli salym geçdi, eşidilýän zat bolmady, ýogsam biz bir-birimiziň edil ýanjagazymyzdadyk, birden meniň topugymyň ýany gijäp ugrady, emma gorkyma

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ony gaşap bilmedim; onsoň gulagym, onsoň ýagyrnym, pilçelerimiň arasy gijäp başlady. Eger şu wagt gaşanaýmasam, öläýjek ýaly boldum. Men soň-soňlar bir zada ençeme gezek göz ýetirdim: myhmançylykdakaň, birini jaýlaýarkas, uklajak bolup uklap bilmeýän wagtyň —bir söz bilen gaşanmasyz ýerde hökman seniň ähli ýeriň gijäp ugraýar. Şol wagt Jim ýene seslendi:

— Kimsiň-how! Niredesiň? Men ählisini eşidip durun ahyryn, heý beýle-de gözçykgynçylyk bolarmy! Ýagşy, men etjek zadymy bilýän, oturaryn-da, bir zat eşidýänçäm ýerimden turmaryn.

Şeýle diýdi-de, ol Tom ikimiznň aralygymyzda oturdy. Arkasyny agaja ýaplady we aýaklaryny uzatdy, şonda bir aýagy tas maňa degipdi. Meniň burnum gijäp ugrady. Şeýle bir gijedi welin, gözüm ýaşaryp gitdi. Gaşanmaga bolsa gorkýardym. Soň burnumyň içi gijedi. Onsoň burnumyň aşagy gijedi. Men ýerimde nähili oturjagymy bilmedim. Bu ýagdaý alty, ýedi minuta çekdi, emma maňa bolsa has uzaga çeken ýaly boldy. Indi meniň bir bada on bir ýerim gijäp ugrady. Men mundan artyk bir minut hem çydap bilmerin öýtdüm, emma bir alaç edip, çydadym: bir mydar ederin öýtdüm. Hernä meniň bagtyma şol wagt Jim uludan-uludan demini alyp, hor çekip ugrady, meniň gijilewügim şol bada galdy.Tom yşarat edip, ýuwaşja sygyrdy, biz emedekläp, ýola düşdük. On ädim çemeleri emedeklänimizde, Tom gulagyma, güler ýaly, Jimi agaja sarasym gelýär diýip pyşyrdady. Men bolsam iň gowusy elimizi degirmäli, ýogsam oýanyp, goh baryny turzar we meniň öz ýerimde ýoklugymy görerler diýdim. Tom: şemiň azlyk edýär welin, kuhnýa baryp, birneme alyp bolaýsa, erbet bolmazdy dipdi. Men ony saklajak boldum, Jim oýanyp, kuhnýa gidäýmegi-de mümkin diýdim. Emma Tomuň töwekgelçilik edesi geldi soň kuhnýa baryp, üç sany şem aldyk we Tom stoluň üstünde olaryň bahasyny — baş sent puly goýdy. Onsoň biz ol ýerden çykyp gaýtdyk; meniň çaltyrak aramyzy açasym gelýärdi. Tomus bolsa hökman Jimiň ýanyna emedekläp baryp, onuň bilen bir oýun salasy gelýärdi. Men oňa garaşyp durdum we göwnüme bolmasa, örän köp garaşan ýaly boldum, sebäbi daş-töwerek gum-guklukdy.

Tom gelen badyna biz bagyň daşyndaky ýodajyk bilen ylgaşyp gitdik we basym tamyň beýle ýanyndaky deponyň üstüne çykdyk. Tom: Jimiň şlýapasyny alyp, onuň ýokarsyndaky şahadan asdym, Jim birazrak gymyljyran ýaly etse-de oýanmady diýdi. Ertesi Jim: alarwahlar meniň gözümi bagladylar, uklatdylar hem üstüme münüp, bütin ştata aýlandylar, soňam getirip, öňki ýerimde, agajyň aşagynda oturtdylar, kimiň şlýapasydygyny bada-bat bileriň ýaly, şlýapamy-da şahadan asyp gitdiler — diýip gürrüň berdi. Başga bir gezek bolsa Jim: olar meni Täze Orleana çenli münüp gitdiler — diýip gürrüň berdi, soň her gezek gürrüň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bereninde arany uzaldyp, ahyrsoňy: meni bukup, olar ýeriň daşyna alýanyp çykdylar, ölen ýaly horladylar, arkamy ýagyr etdiler — diýip gürrüň edip başlady. Şondan soň Jim ulumsylyk edip, beýleki negrleri äsgeresi hem gelmedi. Negrler ençeme mil ýoly söküp, Jimiň gürrüňini diňlemäge geldiler, şeýlelikde, ol biziň ýanymyzdaky negrleriň hemmesinden hatyraly boldy. Nätanyş negrler oňa agyzlaryny açyşyp haýran galdylar we täsin bir zada seredýän ýaly bolup seredişip durdular. Şondan soň garaňky gatlyşdygy negrler kuhnýadaky odun daşyna üýşüşip, alarwahlar barada gürrüň edýärler; emma bu barada biri dil ýarasýa, Jim: «Şeýdiýsene, seniň alarwah barada bilýän zadyň barmy!» diýip, ara goşulýar, şonda ol negr ýuwaşaýar-da tapba sesini kesäýr. Bäş sentlik şaplygy Jim, ýüpe dakyp, hemişe boýnundan asyp gezýär — we bu tilsimli zady maňa arwahyň özi berdi, munuň bilen islän keselıňi bejerip bolýar, alarwahlary islän wagtyň çagyryp bolýar, pyşyrdadygyň. bes — gelýärler diýýär, emma ‘ näme dýiip pyşyrdamalydygyňy welin, Jim hiç haçan aýtmaýar. Bu şaýlygy görmek üçin ähli okrugdaky negrler gelýärdiler we Jime tapan-tupanlaryny berýärdiler; emma olar oňa barmaklaryny degirmäge gorkýardylar, sebäbi şaýlyga arwahyň eli degipdir diýýärdiler. Ol indi işe peýda bermeýärdi, arwahy gördüm, onuň bilen ýeriň ýüzüne aýlanyp çykdym diýip, ol hondan bärsi bolup ýördi.

Tom ikimiz depäniň gyrasyna ýetip, aşak, şähere seretdik, ol ýerde bary-ýogy üçdört sany yş göründi, olaram, ähtimal, kesellileriň ýatan ýerindäki yşyklar bolara çemeli; ýokarymyzda bolsa ýyldyzlar’ täsin ýylpyldaşýardylar, şäheriň aşak ýanyndan bir mil giňlikdäki derýa towlanyp akyp ýatyrdy. Biz depeden aşak düşüp, Jo Garperi, Ben Rojersi we ýanlaryndaky iki-üç sany oglany gözläp tapdyk; olar köne gön zawodynda gizlenen ekenler. Biz bir gämini çözüp alyp, derýa bilen iki ýarym mil aşaklygyna ýüzdük, kert kenaryň boýunda abanyp duran ullakan sürçek gaýanyň ýanyna baryp durduk we kenara çykdyk.Biz gür biten agaçlyga ýetenimizde, Tom Soýer hemmämize syry açmarys diýdiril şert etdirdi, soňra bolsa agaçlaryň has gür biten ýerindäki gowagyň agzyny görkezdi. Biz şemlerimizi ýakyp, emedekleşip girip ugradyk. Iki ýüz ädim dagy emedekländiris-dä, gowak göründi. Tom birneme säginen ýaly etdi-de, basym diwaryň aşagyna sümlüp gitdi, bu ýerde girelgäniň barlygyny siz ömürylla-da bilmezdiňiz. Şu darajyk geçelge bilen biz otaga meňzeş bir ýere girdik, bu ýer zeýli we sowuk eken, biz mundan aňryk gitmedik.Tom:

— Şu ýerde biz garakçylar şaýkasyny düzeliň we oňa «Tom Soýeriň şaýkasy» diýip at bereliň. Kimde-kim biz bilen garakçylyk etmek islese, ol kasam içip, kasamynyň aşagyna öz gany bilen gol çekmelidir — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Hemmämiz razylaşdyk Tom jübüsinden kasam ýazylan kagyzjygy çykaryp, ony sesli okady. Bu kasam oglanlary şaýkanyň arkasynda agzybir durmaga, onuň syrlaryny hiç kimiň ýanynda açmazlyga çagyrýardy; kimde-kim biziň şaýkamyzdaky oglanlaryň biriniň göwnüne degäýse, şol oglan öz göwnüne degijini, onuň garyndaşlaryny öldürmelidir we tä olary öldürip, olaryň döşlerinde biziň şaýkamyzyň belligi bolan atanak çyzyk çekäýýänçä, iýmelem däldir, içmelem. Bu şaýka girmeýän her bir adamyň beýle bellik etmäge haky ýokdur; eger kimde-kim şeýle edäýse, şaýka ony suda berjekdir; eger ol bu belligi ikinji gezek edäýse, şaýka ony öldürjekdir. Eger şaýkadakylaryň biri syrymyzy açaýsa, onuň damagy çalynjakdyr, son bolsa meýdi ýakyljakdyr we küli asmana sowruljakdyr, ady bolsa spisekdan gan bilen bozuljakdyr we hiç haçan tutuljak däldir näletlenjekdir we müdimilik unudyljakdyr.Biz:

kasam-a örän gowy eken diýişdik we muny özüň tapdyňmy? — diýip, Tomdan soradyk. Görsek, onuň käbir ýerlerini Tomuň özi tapan eken, galanlaryny bolsa garakçylar we deňiz galtamanlary baradaky kitaplardan alypdyr, ýüzüni oňarýan her bir şapkanyň şelýe kasamy bar.

Käbirleri syrymyzy açan oglanlaryň ene-atalary hem öldürilse gowy bolardy diýişdiler. Tom muňa oňat pikir diýdi we galamy bilen syry derrew ýazyp aldy. Şol wagt Ben Rojers:

— Ýöne welin Gek Finniň ene-atasy hem ýokmuky nätme-i bolarkak? — diýip sorady,

— Bolmanda näme, kakasy bar ahyryn.

— Barlygyka-ha bar welin, oky häzir nireden tapjak. Onuň piýan bolup, gön zawodynda doňuzlaryň- ýanynda bulaşyp ýataýmasy bardy, emma ynha bir ýyl gowrakdyr, ol bu täze-ýerelerde görnenok.

Olar öz aralarynda maslahatlaşyp, meniň adymy tas çyzypdylar, sebäbi şaýka girýän her bir oglany öldürer ýaly enesi-atasy ýa-da başga bir zady bolmaly, bolmasa, beýlekilere karam bolýar diýişdiler. Emma hiç kim oňly bir zat tapyp bilmedi, hemmesi petige düşdi we dymyp oturdylar. Men ilkibada tas aglapdym, soň birden bir gowy çykalga tapdym: aldymda, öldürseňiz, ynha miss Uotson bar, şony öldüräýiň — diýip teklip etdim. Hemmeler:

— Bolýar-da bolýar, şony öldüräýeris. Onda hemmesi ýerbe-ýer. Gekp kabul etse boljak — diýişdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şondan soň oglanlar iňňebagjyk bilen barmaklaryny sümpüllap, ganlary bilen gol çekip başladylar. Menem kagyzyň ýüzüne golumy çekdim. Ben Rojers:

— Ýöne, indi şapka näme iş bilen meşgullanarka? — diýdik.

— Hiç zat bilenem meşgullanmaz, diňe talaňçylyk eder, adam öldürer.

— A biz kimi talarkak, öýlerimi ýa mallarymy, ýa-da…

— Mal-da bolýar! Eger mal ýa şuňa meszeş zat alynsa, bu talaňçylyk däl-de, ogurlyk bolýar —diýip, Tom Soker düşündürdi — biz ogry däl ahyryn. Bu ne gürrüňdir? Biz garakçylardyrys! Biz maska geýinip, uly ýol bilen geçip arabalary, paýtunlary tutarys, ýolagçylaryny öldürip, ellerindäki pullaryny we sagatlaryny alarys.

— Olary hökman öldürmeli bolarmyka? Ýogsa näme! Bu iň gowy ýol. Käbir abraýly adamlar başgaça pikir edýärler, emma yzlaryndan töleg pullary getirilýänçä saklajaklarymyzdan başgalaryny öldürmeklik iň gowy ýol hasap edilýär.

— Töleg pullary? Ol näme bolýar?

— Bilmedim. Ýöne şeýdilýänligini-hä bilýän. Men muňa kitaplarda duşdum, bizem, elbetde, şeýtmeli bolarys.

— Onuň nämedigini bilmeýän halymyza nädip şeýderkäk.
— Bir ugruny tapmaly bolar-da. Saňa ähli kitapda şeýle edilýär diýilýär ahyryn, name eşideňokmy? Näme, sen kitapdakyň tersine edip, ählisini bulaşdyrjak bolýarmyň?

— Bir zat diýäýýärsiň-ow, Tom Soýer, munuň nädilýänligini özümiz bilmesek, olar nädip töläp, azatlyga çyksynlar? Seniň özüň ol nämedir öýdýärsiň? Ýeri, goýsana, bilemokla. ýöne töleýänçäler sakla-nylmalydyr diýilipdir. Belki, bu olary ölýänçä saklamaly diýilse hem diýildigidir.

— Ynha munyň heňe gelýer! Muny biz oňararys! Näme öňüräkden şeýle diýip aýtmadyň. Olar hunlaryny töleýänçäler, ölýänçäler goýbermeris. ýöne ekläp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
saklajak bolsaň, gaçmaz ýaly göz-gulak boljak bolsaň, birneme iş görkezseler gerek.

— Goýsana, Ben Rojers? Ýanlarynda gymyldasalar atjak bolup duran sakçy barka, olar nädip gaçsynlar!

— Sakçy”? Jan diýdim saňa! Diýmek, olara göz-gulak boljak bolup, birimiz uzynly gije ýatman oturmaly-da? Meniň pikirimçe-hä, bu akmaklyk bolýar. Näme üçin serdesse alagetdin, şobada depesine berip hasaplaşyp bolmyýamyş?

— Sebäbi, bu kitapda ýok. Näme diýsene, Ben Rojers: sen işi edpli etjekmi ýa ýok? Näme, sen kitap ýazýan adamlar munuň nähili edilýänligini bilýän daldirler öýdýärmiň? Neme, sen olara akyl öwretjek bolýarmyň? Arrygyňy hem gynap oturma! Ýok, ser, biz olardan tölegi ähli kadalar boýunça aljak.

— Aý, bolýar-la. Maňa näme! Meniňk-ä ýöňe munymyzyň samsyklyk bolýandygyny aýtmak… ýöne welin biz aýallaram öldürmýeli bolarmykak ?

— How, Ben Rojers, men bir nadan bolsam, hiç zady bilmeýän bolsam, onda men muny bildirmejek bolardym. Aýallary öldürmelimi diýýäňmi! Beýle zat bir kitapda-da ýok wagty, bu nämäň alnyndan? Olary gowaga alyp gelip, olar bilen başardygyňça mylaýym gürleşmeli, onsoň olar seni kem-kemden gowy görüp başlaýarlarda, öýlerine özleriniň-de gidesleri gelenok.

— Eger beýle bolsa, men razy, ýöne munuň gyzyk zadyny göremok. Basym biziň gowagymyzda basmaga ýer tapylmaz: näçe aýal, tölegine garaşyp ýatan näçe adam ýygnanar, garakçylaryň özlerine sümere deşik tapylmaz. Bileniňden galma, men-ä zat diýjek däl.

Kiçijik Tommi Baris eýýäm uka giden eken, ony turuzdylar welin, ol allaniçigsi bolup gorkdy, aglady we öýe, ejemiň ýanyna gidesim gelýär» diýdi: «özüňem mundan beýläk garakçy boljak däl» diýdi.
Oglanlaryň hemmesi onuň üstünden gülşüp başladylar, sen pis ekeniň diýdiler, ol bolsa gaharlanyp torsaryldy-da «häziriň özünde giderin-de, ähli syryňyzy açaryn» diýdi. Emma Tom Soner oňa bäş sent berip, sesiňi goý, hemmämiz hem häzir gaýtjak we indiki hepdede duşuşjak, ana şonda birini talarys-da öldüreris diýdi.

Ben Rojers ýekşenbe günleri bolaýmasa, eýleki günler kän ýerden gidip bilemok, şonuň üçin muny indiki ýekşenbeden başlap bolmazmyka? — diýip sorady, emma beýleki oglanlar ýekşenbe güni öldürmek, talamak günä bolýar, şonuň üçin bu

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
barada gürrüň hem bolup bilmez diýişdiler. Biz mümkin boldugyça tiziräk duşuşmaly diýişdik we gününi belledik, onsoň Tom Soýeri şaýkanyň atamany edip saýladyk, Jo Garperi bolsa oňa kömekçi etdik, onsoň hem öýe gaýtdyk.

Men saraýyň üstüne çykyp, ondan hem äpişgä sallananymda, daň saz berip başlapdy. Meniň täzeje köýnegim agñn şem tegmili, palçyk bolup durdy, özüm bolsam it ýaly ýadan ekenim.

## III bap

Köýnegimi hapalanym üçin miss Uotson meniň eýnmýa ýetirdi. Emma dul hatyn maňa käýinmedi, diňe şem tegmillerini, palçyklary aýryşdyrdy, özi hem bir tukatdy-bir tukatdy welin, men şol wagt başardygymça oňat bolaýyn diýen netijä geldim. Soň miss Uotson meni otaga äkidip, ybadat etmäge durdy, emma mundan hiç zat çykmady. Ol maňa günde ybadat et, şonda islän zadyň bolar durar diýdi. Em-ma bu beýle bolmady. Men synanyşyp gördum. Bnr gezek men çeňňek tapdym, emma onuň garmajygy ýokdy. Garmaksyz çeňňegi başyma ýapaýynmy. Üç-dört gezek dagy garmak bolaýsa diýip dileg etdim. Emma peýdasy degmedi. Ýaňyýakynda bir gezek men miss Uotsondan maňa derek çokunmagyny haýyş etdim, ol bolsa maňa akmak diýdi, emma näme üçin diýenligini weln aýtmady. Şeýdip, nämäň nämeligine men düşünip bilmän galdym. Bir gezek men tokaýda esli salym oturyp, şu barada pikir etdim. Öz ýanymdan bolsa: eger diýeniň bolup duran bolsa näme üçin dýakon Unn doňuz etini satyp gören zyýanyny yzyna gaýtaryp alyp bilmeýärkä? — Näme üçin dul hatyn ogurladan temmäki gapyrjagyny yzyna getirdip bilenokka? Näme üçin miss Uotson çokunyp, semräp gidiberenokka?— diýip içimi gepletdim. Aý, ýok, munuň bir emmasy-ha bar. Gitdimde, dul hatyndan soradym, ol bolsa maňa diňe «ruhy eşretlisi» barada dileg etseň gowuşýar» — diýip jogap berdi. Muňa men hiç düşünip bilmedim, onsoň ol maňa düşündirdi we sen özgelere kömekleşmelisiň, olara eliňden gelen zady edip bermelisiň, hemişe şolar barada alada etmelisiň. Özüň barada bolsa pikir etmeli dälsiň. Miss Uotson hem şeý diýendir — diýdi. Ol şeý diýensoň düşüşi galdym.

Men tokaýa tarap ugradym we başga adamlara bolaýmasa, mundan maňa näme pepda diýip, böwrümi diňläp gördüm, ahyrym hem «aý, gel, baş çişirmäýinle, munsuz hem mydar bolarla» diýen netijä geldim. Käte allanyň gudraty barada dul hatynyň özi gürrüň berip başlardy, şonda agyzlaryň dagy suwarar giderdi; ertesi miss Uotson bolsa ýene öz diýenine tutdurardy we başymy-gözümi aýlardy. Men:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
diýmek, iki hudaý bar-da. Eger günäli adam dul hatynyň hudaýynyň eline düşse, ol bir ýol bilen sypsa sypaýar welin, miss Uotsonyň hudaýynyň penjesine düşäýse-hä, ondan onlulyk tamasyny edip bilmez — diýip pikir etdim.

Bu zatlar barada men köp pikir edip, soň eger ýaraýan bolsam men gowusy ilki bilen dul hatynyň hudaýynyň ýanyna gideýin diýen netijä geldim, ýogsam oňa nämä gerek ýerimiň barlygyna, hiç zat bilmeýän halyma we özümi oňly alyp barmaýan halyma, atly adamyň ogly däl halyma menden musa pe pendaň barlygyna düşünip hem bilemokdym.

Meniň kakamy bir ýyl gowrakdan bäri şäherde gören ýokdy, men hem ynjalypdym; ony indi göresimem gelenokdy. Içmedik wagty elime düşäýsem, ol hemişe urardy; ýogsam okuň golaý-goltumdadygyny bilsem, gaçyp tokaýa-da giderdm-le. Ine onsoň, takmynan şol wagtlar, ony şäherden on iki millik aşakda derýadan tutupdyrlar, men muny adamlardan eşitdim. Iň bolmanda olar şoldur diýen netijä gelipdirler: gark bolanyn boýy edil kakamyňky ýaly eken, eşikleri salsal, saçlary hem ösgün eken; bulara seretseň, ol kakama örän meňzeş eken, emma onuň ýüzüni saýgaryp bolmandyr: ol suwda juda köp wagt bolany üçin, onuň ýüzi gözi meňzemeýär eken. Adamlaryň aýtmaklaryna görä, ol derýadan arkanlygyna akyp gelipmiş. Ony suwdan çykaryp, kenarda jaýlandyrlar. Emma menin begenjim uzaga çekmedi, sebäbi bir zat ýadyma düşäýdi. Gark bolan erkek kişi bolsa, onuň suwdan arkanlygyna däl-de, ýüzinligine akyp gelmelidigini men oňat bilyardim. Şonuň üçinem men akyp gelen kakam däl-de, erkek adamyn geşmisini gören aýaldyr diýdim. Ýeke-de ynjalygym gaçyp ugrady. Göwnüme bolmasa, garry hä diýmän geläýjek ýaly bolup durdy, men bolsam onuň gelsini islämokdym.

Bir aýlap diýen ýaly biz garakçy bolup oýnadyk, onsoň bolsa men işden aýryldym. Beýleki oglanlar hem şeýtdiler. Biziň talan adamymyz-da bolmady, öldüren adamymyz-da, işimiz-pişämiz akmaklyk etmek boldy. Biz anyk bolmasa tokaýdan çykyp, doňuz sürüp barýanlaryň, bazara gök-sök satmaga barýan aýallaryn üstüne çozduk, emma hiç kime el gatmadyk. Tom Sopsr dosuzlara «tokga altyn», turplara we göklere bolsa «gymmat bahaly zatlar» diýip at berýärdi, biz bolsak gowaga gaýdyp gelip, ony etdik, muny etdik, pylança adam öldürdik, pylançasyny hem ýaraladyk-— diýşip öwünýärdik. Emma mundan bize näme peýdaň barlygyny bilmeýärdim. Bir gezek Tom bir oglany ujy ýanyp duran taýakly şäheriň içine aýlanyp çykmaga iberdi we muňa «parol» (ýagny şakkakyň ählisiniň ýygnanmagy üçin signal) diýip aýtdy, onsoň bolsa «jansyzlarymyzdan» ertir iki ýüz pilli, alty nüz düýeli we üýetp almaz putluk alty ýüz gowrak gatyrly ispan täjirleriniň, arap baýlarynyň sudy kerweni biziň gowagymyzyň ýanyndan düşjekler diýen habar

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
aldym diýdi, özlerini hem bary-ýogy dört püz sanyjak soldat saklajakmyş, biz olaryň daşlaryny alarys-da, hemmesini gyryp, almazlaryny alarys diýdi. Ol bize «gylyçlaryňyzy çalys-da, tüpeňleriňizi arassalan, taýýar bolup durmaly» diýdi. Gylyjjyny çalyp, tüpeňini arassalanmasa, ol şugundyr ýükli kerweniň üstüne-de çozup bilmeýärdi, onsonam gylyçdyr tüpeň diýen zatlarymyzy gury taýak, çotga saplary halyna olary çarhlap oturanyňdan ne peýda, näçe çarhlasaň-da, çigit ýalyjak hem anatlaşjak zady ýokdy. Şunça ispany, şunça araby gyryp çykyp biljegimize men göz ýetirip bilemokdym, diňe düýeleri, pilleri göräýsem diýýärdim, şonuň üçin ertesi, şenbe güni men belleşen ýerimize gelip, buka girip oturdym; signal berlen dessine hem tokakdan çykyp, ýapaşak ylgap ugradyk. Emma ol ýerde ispanda, arap-da, düýe-de, pil-de ýokdy. Ol diňe ýekşenbe mekdebiniň ekskursiýa çykan oglanlary, onda-da birinji klaslylar eken. Biz olaryň üstüne çozup, oglanlary jülgäniň üsti bilen gyran-jyran etdik. Emma köke bilen mürepbe diýäýmeseň, elimize düşen zat bolmady, hawa, bulardan başga Ben Rojers esgi gurjak, Jo Garper bolsa doga kitabyny hem olja aldylar, onsoň mugallyma söbügimize düşüp başla-dy, biz ýanky zatlaryň hemmesini taşlaşdyryp, gaçmak bilen bolduk. Meniň gören almazym bolmady, men şeý diýip Tom Sonerede aýtdym. Ol bolsa şo ýerde almazlar münder-münder bolşup durdy, araplar hem, düýeler hem, blşga zatlar hem näçe diýseň bardy — diýdi. Onda men näme olary görmändirinle diýdim? Ol eger azda-köpde bilýän zadyň bolan bolsa ýa-da «DonKihot» atly kitaby okap gören bolsaň, sen muny soramazdyň, bularyň hemmesi jadylanandyr — diýdi. Dogrudan hem ol ýerde nüňlerçe soldat, piller, ha-zynalar we başga zatlar bardy, emma Tomuň atlandyrýan jadygöýleri bularyň hemmesini bize ýamanlyk edip, ýekşenbe mekdebine öwrüp oturyberipdir. Men: bolýar, onda biz jadygöýleriň üstüne çozaýaly diýdim. Tom maňa akmagyň biri akmak diýip käýindi we:

— Aýdýanyň dagy näme! Jadygöýler ruhlaryň birleşikerini getirip, «one» diýipdiýmänkäň seni dogram-dogram edäýerler-dä. Sebäbi olaryň boýy agaç ýaly, inleri metjin ýaly — diýdi.

Men şonda:

— Eger bizem ruhlary kömege çagyrsak, olary ýeňip bilmezmikäk? — diýdim.

— Olary sen nähili çagyrjak?

— Bilmedim. A olar nähili edip çagyrýarlarmyş?

— Nähili edip — diýýiärmiň? Demir çyrany ýa demir halkany sürteşdirdikleri gök gübürdäp, ýyldyrym çakyp, tüsse çykyp, dumly-duşdan ruhlar uçuşyp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gelýärler we olar näme etseler edýärler. Ullakan minarany düýbi—zady bilen göterip, mekdep direktorlarynyň ýa başga biriniň kellesinden indermek dagy hem olaryň ýanynda hiç zat.

— Olar muny kim üçin edýärlerkä?

— Çyra bilen halkany kim sürtän bolsa, şonuň üçin äzi kyrk millik bolan brilliant köşk salmaly, içini hem çeýnelýän rezinden ýa başga zatdan doldurmaly, öýlener ýaly hytaý imperatorynyň gyzyny alyp gelmeli diýse, olar munuň hemmejesini edäýmelidir, özüni-de bir gijede, gün dogýança etmelidir. Munuň üstesine-de: olar bu köşgi ýurduň niresine äkitmeli diýse, äkidip ýörmelidir, düşünýärmiň?

— Şeý diýsene — diýdim — şeýle amatly pursady elden sypdyryp, köşgi özleri almaýan bolsalar, olar baryp ýatan paňkelle ekenler. Onsoňam men ruh bolsam, oňa çyraň-zadyň bilen jähenneme git diýjek. Bir biderek zady sürtedi diýip, men indi şerden galyp, oňa-muňa uçar ýörerinmi?

— Gonsana, Gek Finn! Ol çyrany sürtese, sen isleseň-islemeseň gelmeli bolarsyň.

— Näme? Agaç ýaly uzyn boýum, metjit ýaly ýogyn göwräm bolsa, mep şeýderinmi? Ýeri bolýar, men gelenem ekenim-dä; ýöne näme diýdiň diýäý, men ony şol ýerdäki agaçlaryň iň beýiginiň üstüne zyňyp goýberdim.

— Bar, gitsene, Gek Finn, seniň bilen gürrüň edeniň netijesi ýok! Görýän welin seniň düşünýän zadyň ýok, edil baryp ýatan samsyk ýaly.

Bu barada iki-üç günläp pikir edip gezenimizden soň, heý, munuň ugry barmyka, özüm göreýin-le diýdim. Köne demir çyra bilen demir halkany alyp, tokaýa gitdim we tä hindi ýaly derleýänçäm sürtedim. Içimden bolsa köşk salyp bilsem, sataryn diýip pikir edýärin; emma hiç zat çykmady, gelen ruh bolmady. Bu bolgusyz zatlaryň hemmesine Tom Soper hemişeki toslaýşy ýaly toslap tapan eken. Arap diýlenine-de, pil diýlenine-de ynanan ekeni, men-ä näme, aýry mesele. Holkiniň ýekşenbe mekdebidigi görnüp durdy ahyryn.

## IV bap

Şeýlelikde, üç-dört aý geçdi. Gyş düşdi. Men her gün diýen ýaly mekdebe gatnaýardym, men sözleri goşup, birneme okamany, ýazmany öwrendim, köpeltmek tabliissasyny alty ýediň otuz bäş bolýan ýernie çenli ýat tutdum, yzyny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolsa ýüz ýyl okasam-da ýat tutup bilerin öýtmedim. Onsoňam men ma-tematika diýen zat bilen düýpden gyzyklanmaýaryn.Ilki badalar men bu mekdebi ýigrendim, soň kem-kemdea öwrenişip ugradym. Halys ýüregime düşen güni hem sapakdan gaçardym, ertesi hem meni mugallym çagyryp sangylar-dy; bu meniň üçin oňat bolýardy, göwnümi göterýärdi. Mekdebe köp gatnadygymça, maňa ýeňil düşýärdi. Dul hatynyň önündäki düzgüne-de men birneme öwrenişdim, çydam etdim. Öýde ýaşap, krowatda ýatmak maňa hemmesinden agyr degdi. Käte men sowuk düşýänçä tokaýa gaçyp gidip, şol ýerde ýatyp-turýardym, bu edil dynç alan ýaly bolýardy. Önküje mekanym gözüme yp-yssy görünýärdi, emma täze mekana-da men öwrenişip başladym, ony halap hem ugradym. Dul hatyn maňa «kem-kemden düzelip başlaýaň, özüňi alyp barşyň hem o diýen erbet däl» diýdi. Ol «indi seniň üçin ýüzüm gyzaranok» hem diýip aýtdy.

Bir gezek ertirlik edinip otyrkak, men duzy döküp goýberipdirin. Men derrew duzy çümmükläp, çep egnimiň üstaşyry zyňyp goýberiberjekdim, şeýdip hem beladan gutuljakdym, emma şol bada miss Uotson gelip, meniň özümi aldy. «Çek eliňi, Geklberri; Sen hemişe döküşdürip-saçyşdyryp ýörsüň!» diýdi. Dul hatyn meniň arkamy çaldy, emma barybir beladan sypyp bolmajagyny men oňat bilýärdim, Men lapykeç bolup, öýden çykdym we indi näme bolarka diýip içimi gepletdim. Käbir halatlarda beladan gutulsa bolýar, emma bu olar ýaly halat däldi, şonuň üçinem men hiç zat etjek bolmadym, diňe şähere keýpli-keýpsiz aýlanyp, şol bela garaşdym ýördüm.

— Men baga girdim we gapdaly agaçdan edilen beýik haýatly daş basgançagyň üstünden aşdym. Ýerde ýaňyrak ýagan gar dyzdan bolup durdy, meniň gözüm birden bir adamyň yzyna düşdi. Kimem bolsa biri daş köwlenýän ýerden gelýän eken, aşylyp geçilýän ýeriň ýany birneme debisgilenipdir, soňra haýatyň gyrasyny alyp, aňyrlygyna gidipdir. Onuň bagyň ýanynda durup, baga sowulmanlygy geňdi. Men nämäniň nämeligine düşünibilmeýärdim. Öz-ä bir geň zat bardy… Men yz çalyp gideýin diýdim, emma ilki yzy syňlajak bolup egildim. Ilkibada üýtgeşik bir zat aňşyrmadym, son bolsa aňşyrdym. Çep aýagyň ökjesinde alarwah getirmez ýaly ýogyn çüýlerden kakylan atanagyň ýeri bardy. Men göz açyp-ýumasy salymyň içinde beýikden togalanyp gaýtdym. Mahal-mahal durup, yzyma garanjakladym, emma hiç kime gözüm düşmedi. Özümi dürsemänkäm, sudýa Tetçeriň alnynda peýda boldum. Ol: Ýeri, ezizim, ýaman haşlýarsyň-la. Sen presentlernňi almaga geldiňmn? — diýdi. Ýok, ser näme maňa bir zatjagaz barmy?—diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa, ýeten agşam ýarym ýyl üçin ýüz elliden gowrak dollar aldym. Ine saňa bir topar pul. Iň gowusy, men olary seniň alty müň dollaryň ýanynda goýaýyn, ýogsam alsaň, sen olary sowuşdyrarsyň.

— Ýok, ser, olary sowasym gelenok. Olaryň maňa düýpden geregi ýok, alty müňem gerek däl, hiç zadam. Men olary — alty müňem, beýlekisinem — özüňiziň alanyňyzy gowy görýän. Ol, görnüşi ýaly, geň galdy we nämäniň nämeligine düşünmedi, şonuň üçinem:

— Ol nähili beýle bolýar? Munuň bilen sen näme diýjek bolýarsyň? — diýip sorady.

Men:

— Hiç zady soramas-da, puly alyň diýýärin… Alarsyňyz gerek?

Ol:

— Dogrusy, saňa näme diýjegimi bilemok… Näme, bir zat dagy boldumy?

— Ýalbaryp aýdýaryn, alyň, sorajak bolubam oturmaň, şeýtseňiz, men ýalan sözlemelem bolmaryn — diýdim.

Ol böwrüni diňledi-de:

— Hä-ä! Düşünip başlaýan. Diýmek, sen öz puluňy maňa peşgeş bermän, ýöne beräýjek bolýarsyň-da. Şeýtseň, dogry bolar — diýdi.

Soň kagyza bir zat ýazyşdyrdy-da, içinden okap:

— Görýäň gerek, bu ýerde «Aýlygy üçin» diýlip ýazylypdyr. Beýle diýmek, ony senden alyp, ýörite töledýän diýmek bolýar. Ynha dollaryň, al-da goluňy çek — diýdi.Men golumy çekdim. Miss Uotsonyň negri Jimde ýumruk ýaly tüýjümek şar bardy, ol ony öküziň böweninden çykarypdy, indi bolsa şonda pal atýardy. Jim onuň içinde ruh bar, ol ruh ähli zady bilýär — diýýärdi. Ana, onsoň men agşam Jimiň ýanyna gitdim we oňa kakamyň ýene-de şu töwereklerdedigini, garyň üstünde onuň aýak yzlaryny görendigimi aýtdym. Meniň onuň näme iş bilen gelenligini, gitjegini ýa-da gitmejegini bilesim gelýärdi. Jim şaryny aldy-da, oňa bir zatlar pyşyrdady, soňam ýokaryk galdyryp, ýere taşlady. Şar daş ýaly bolup gütläp düşdi-de, bir dýuýma töwerekleri togalanyp gitdi. Jim ýene we ýene

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
synanyşdy, emma şol bir zat gaýtalandy. Jim çöküne düşdi-de, şara gulagyny tutup diň saldy. Emma barybir çykan zat bolmady; Jim şaryň gepläsi gelenok, käte pulsuz ol hiç geplänok diýdi. Meniň ýanymda derde ýaramaýan çärek dollarlyk maýda pul bardy, onuň derde ýaramaýanlygynyň sebäbi, kümşüniň aşagyndan misi çykyp durdy. Emma onsuz hem ol ele ýelmeşip, ýagjymak kakýardy we nämäň nämeligi göze dürtülip durdy. «Men iň gowusy sudýanyň beren bir dollary barada agzymy açmazlygy göwnüme düwdum». Men pul oňa-da däl welin, şar alar-la, oňa tapawudy näme?•—diýdim. Jim ony ysgap dişläp gördi, sypalaşdyrdy we şar ony hakyky pul diýip alar ýaly ederin diýdi. Çig kartoşkany ikä bölüp, puly bir gije arasyna salyp goýsaň, ertesi mis görünmez hem, ýagjymak hem kakmaz, onsoň ony tüýlek şar-a beýlede dursun, şäherde hem her bir adam keýp edip alar — diýdi. Bular ýaly bolanda kartoşkanyň peýdasynyň degýänligini men öň hem bilýärdim welin, ýadymdan çykaraýypdyryn.

Jim puly şaryň aşagyna saldy-da, ýatyp diň saldy. Bu gezek barysy ýerbe-ýer boldy. Ol «Eger isleseň, şar indi seniň bütin täleýiňi aýdyp berer» diýdi. «Goý, aýtsyn» diýdim. Ine, şar aýdyp başlady, Jim hem maňa düşündirip ugrady. Ol şeýle diýdi:

— Näme etjegini entek kakaňyzyň özi-de bilenok. Bir gezek gidäýsem diýýär, bir gezek hem galaýsam diýýär. Iň gowusy, bu barada azara galmaly däl, goý näme etmelidigini garrynyň özi çözsün. Onuň daşynda iki sany perişde uçup, ýör. Bir-ä çym-ak, göz gamaşdyrýar, beýlekisem hüýt-gara. Agy oňa oňat-oňat maslahatlar berýär welin, garasy uçup gelýär-de, ählisini bulaşdyrýar. Olaryň haýsynyň diýenini etdirjegini häzir aýtmak kyn. Siziň özüňizde bir topar görgi bar, emma eşret hem az däl. Käte urlarsyňyz, käte syrkawlarsyňyz, emma hemmesi geçer gider. Ömrüňizde size iki sany aýal duş geler. Biri saryýagyz bolar, beýlekisi gara. Biri baý bolar, beýlekisi garyp. Siz ilki garybyna öýlenersiňiz, onsoň hem baýyna. Siz bir zat bolaýmaz ýaly, mümkingadar suwdan daşrakda bolmaly bolarsyňyz, sebäbi siziň maňlaýyňyza «dardan asylyp ölýär» diýlip ýazylypdyr. Agşam öz bolýan otagyma girsem, çyrany ýaksam, ol kakam abşarylyp otyr eken.

## V bap

Men girip, gapyny ýapdym. Soň gaňrylyp seretsem, ynha, kakam otyr! Men ondan mydama gorkup ýördüm, sebäbi ol maňa erbet daraşýardy. Göwnüme bolmasa, men häzir hem gorkan ýaly boldum, soň görsem, ýalňyşan ekenim, ýagny ilki birneme sandyradym, tas ýüregim ýarylypdy, ol oslagsyz-zatsyz geläýen eken;

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
emma men şo bada özümi dürsedim, görsem o diýen gorkmaýan ekenim, munuň gürrüňi bolup bilmez.Kakam elli ýaşlaryndady, daşyndan görmäge-de, ol şol töwerekleri bardy. Onuň saçlary uzyndy, buýr-bulaşykdy, hapady, hüžžerip durdy, gözleri welin, gyrymsy agaçlaryň arasyndan seredýän ýaly ýaldyraşyp durdy. Onuň saçynda bir ak-da ýokdy, uzyn sakgalsapy-da garady. Ýüzünde gan-peti ýokdy; ýüzüniň görnüp duran ýeri çym-akdy, emma beýleki adamlaryňky ýaly däl-de, aýylganç akdy, myrtardy, edil balygyň garny ýalydy. Geýimi bolsa sal-saldy, görer ýaly däldi. Bir aýagyny dyzynyň üstüne atyp otyr, şol aýagyndaky ädiginiň aşagy gopup, içinden iki sany barmagy somulyp dur, ol şol barmaklaryny mahal-mahal gymyldadyp goýberýär. Köne, gara şlýapasy, giň etekli, depesi aşak gidip, gapakly pitä çalym edýän şlýapasy ýerde ýatyrdy.Men oňa seredip durdum, ol hem stulda çalarak yranyp oturyşyna maňa seretdi. Şemi men ýerde goýdum. Gersem, aýna açyk eken: diýmek, bu ilki saraýa, ondan hem otaga giren bolara çemeli. Ol meni başdan-aýak synlady-da:

— Gör, munuň bezenen bolaýyşjygyny, päheý-dä welin, aý, ýok bolsana. Näme, indi hondan bärsi bolaýandyryn öýdýäňmi, şeýlemi? — diýdi.

— Şeýlede bolmagy mümkin, şeýle däl hem bolmagy — diýip, men jogap berdim.

— Sen maňa kän gödek jogap berkberme! Ýogsam bu ýerde bir topar bolarbolgusyzlar ýygnanypdyrlar. Men seni basym ýola getirerin, kelläňdäki bolgusyz zatlary derrew çykar. Bolduň meň başyma sowatly adam, okap, ýazyp bilýämiş diýýärler. Näme sowatsyz bolaňda, kakaň basan yzyňça-da ýokdur öýdiäňmi? Bularyň baryny men senden sykyp çykararyn. Bu bolgusyz sypaýçylyklary saňa kim öwretdi, hany aýt, kim öwretdi?

— Dul hatyn öwretdi.

— Dul hatyn? Be, şeý diýsene! Ekilmez ýerde gögermäge oňa kim rugsat beripdir?

— Hiç kimem bermändir.

— Ekilmäsi ýerde gögermegi men onuň gözüne görkezerin. Sen, han ogul, okuwjygyňy taşla, eşidýärmiň? Men olaryň gözüne görkezerin. Oglana kakasynyň öňünde tumşugyny ýokaryk tutmany öwreden bolupdyrlar, bolduň meň başyma bolmajysy adam! Eger ýene mekdebiň töwereginde gö-räýsem, soň eşitmedim diýme! Seniň ejeň ýazmany-da, okamanyda bilmän, sowatsyzlygyna gelendir. Ähli ilen-çalanlaryň hem sowatly bolup öten däldirler. Men okamanyda, ýazmany-da

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bilemok, bu bolsa, hondan bärsi bolup bezenen bolupdyr! Men bu zatlara çydap gezýen adamlardan däldirin, eşidýärmiň? Hany oka, diňläp gereýiň.

Men kitaby alyp, general Waşington barada, uruş barada bir zatlar-bir zatlar okap başladym. Ýarym minut hem okamandym, ol kitaby aldy-da, otagyň içine zybyrdadyp goýberdi. Ol:
— Dogry, okap bilýän ekeniň. Men ynnmaýardym. Ýöne welin, seret, gopbamsyrama, men muňa çydap bilmen! Seni yzarlaryn ýörerin, eger mekdebiň töwereklerinde görsem, hamyňy sypyryn. Almytyňy eliňe bererin welin, gaýdyp özüňe gelmersiň! Ogul bolaýyşjygyňy, sözüm ýok — diýdi.

Ol gök we sary reňkde çekilen sygyr bilen oglanjygyň suratyny eline aldy-da:

— Indi munyň näme? — diýip sorady.

— Muny men sapagymy oňat okanym üçin sylag aldym.

Ol suraty jyrram-jyrram etdi-de:

— Sen, menden hem bir oňatja zat: kemer sylag alarsyň! —- diýdi.

Ol esli salym hüňňürdedi-hüňňürdedi-de:

— Bolduň meň başyma lälijek oglan! Krowaty bar, prostyny bar, aýnasy bar, halysy bar, kakasy bolsa gön zawodynda doňuzlaryň arsynda ýatyp-turup ýörmelimiş! Söz ýok ogullygyňa! Men seni basym ýola getirin, kelläňdäki bolgusyz pikirleri basym çykaryn! Bolduň meň başyma bolmajysy adam, baý bolupmyşyň diýýärler. Ä? Nädip baý bolýamyşyň?

— Ýalan sözleýärler, ine şeýdip baý boldum.

— Sen, how, meniň bilen nähili gürleşýärsiň? Çydadym, indi çydap biljek däl, şonuň üçinem sen meniň ýüzümi al-ma. Men şäherde iki günläp dagy boldum, seniň başlygyň baradaky gürrüňden başga zat eşitmedim. Derýanyň aýagynda-da şeý diýip eşitdim. Şonuň üçinem men şu ýere geldim. Sen maňa ol pullary ertire çenli tapyp gel, olar maňa örän gerek.

— Meniň kör köpügimem ýok.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Ýalan sözleýäň! Olar sudýa Tetçerlerdenmiş. Sen olary alyp goý, olar maňa zerur gerek.

— Size aýdylýar, mende kör köpügem ýok! Sudýa Tetçerden sizis özüňiz soraýyň, olam şeýle diýer.

— Bolýar, ondanam soraýaryn; men oňa gaty aýtdyraryn! Edil saýraberer, men onuň işini ýetirerin! Hany jübüňde näçe pul bar? Maňa pul gerek.

— Bary-ýogy bir dollar bar, olam özüme gerek…

— Özüňe gerskligi bilen meniň pişäm ýok! Hany baryny şu ýere goý.

Ol puly aldy-da ýalan bolaýmasyn diýp, dişläp gördi, onsoň şähere gidip wiski alaýmasam uzynly günläp agzyma zat alamok diýdi. Ol saraýyň kryşasyna çykyp barýardy welin aýak çekip, äpişgeden kellesini uzatdy we bir topar bolar-bolgusyz zatlara baş goşup, kakaňy pikir hem edeňok diýip käýindi. Şundan soň ol başyny alyp gidäýdimikä diýipdim welin, ol ýene-de dolanyp geläýdi we maňa mekdebi taşlagyn, ýogsam astar ýörerin, duşsaň hem ykjak ýeriňi , ýetiäýerin diýdi.

Ertesi içip, lülgammar halda sudýa Tetçeriň üstüne gitdip oňa agzyndan gelsiini diýdi we puly bermegini talap etdi, emma mundan hiç zat çykmady; şonda ol puly sudla-şyp bermeli bolarsyň diýip haýbat atdy.

Dul hatyn bilen Tetçer meniň kakamdan aýrylyp, olaryň birine hossarçylyga berilmegimi haýyş edip, suda arza beripdirler; emma sudýa täzedi, ol ýaňyrak gelipdi we meniň gojamy tanamaýardy. Ol aýratyn bir zerurlyk bolaýmasa, sud maşgala meselesine goşulmaly däldir we ene-atalary çagalaryndan aýrylmaly däldir onsoňam atanyň elinden onuň ýalňyz perzendini alasym gelenok diýdi. Garaz dul hatyn bilen sudýa Tetçer bu işi goýbolsun etmeli boldy.Kakam muňa şeýle bir begendi welin, aýdyp diýer ýaly bolmady. Maňa bolsa pul tapaýmasaň, kemer bilen surnugýançaň ýenjerin diýipdi. Men sudýadan üç dollar karz aldym, garry ony elimden alyp, lütň çykýança içipdir we piýan halyna şäheriň içinde entepdir, gygyrypdyr, gopgun edipdir, sögünipdir we tas ýary gijä çenli saja kakyp çykypdyr; ony tutup, daşyndan gulplap goýupdyrlar, ertesi bolsa suda äkidip, ýene bir hepde ýatmaly edipdirler. Emma ol: men örän hoşal, ogluma-da özüm hojaýyn, indi oňa nämäň nämeligini görkezerin diýipdir.Ol türmeden çykandan soň, täze sudýa men ony adam edip çykararyn — diýipdir. Ol garryny öýlerine çagyrypdyr, başyndan aýagyna çenli päkize we täze geýim geýdiripdir ne nahar edilende ähli maşgala bilen birlikde stoluň başynda oturdypdyr — bir söz bilen garyndaşy ýaly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
edip hezzet-hormat edipdir. Agşam naharyndan soň içmezlik we başga zatlar barada gürrüň açypdyr, bu gürrüňlere garrynyň gözüne ýaş aýlanypdyr we «ençeme ýyllap akmak bolupdyryn, indi bolsa meniň bilen gürrüň edeni üçin hiç kimiň ýüzi utanmaz ýaly täze durmuşa başlajak, bu barada maňa sudýa kömek edermikä «häzire çenli meniň kimligimi bilen adam bolsa — şeýle sözler üçin seni bagryma basaýasym gelýär dipipdir,Soňunda onuň hem gözüne ýaş aýlanypdyr; onuň aýaly hem aglapdyr; kakam «häzire çenli meniň kimligimi bilen adam bolmady diýipdir. Sudýa bolsa Muňa ynanýan diýipdir. Garry başyna iş düşen adam özüne delalat edilmegini isleýär diýipdir; sudýa “sem munyň dogry diýipdir, onsoň ikisiniň-de gözüne ýaş aýlanypdyr. Ýatmaga gitmezinden öň garry:

— Bir bu ele serediň, jenaplar hem zenanlar. Alyň-da, muny gysyň, bu el öň hapa doňzuň elidi; indi iş başgaça: indi bu el täze durmuşa başlaýan adamyň, öňki işine başlanyndan ölenini gowy görýän adamyň eli. Bu sözleri ýadyňyzda berk saklaň, meniň şeý diýenimi unutmaň! Indi bu päk eldir. Muny gorkmaň-da gysyberiý! — diýipdir. Şonda olaryň hemmesi yzly-yzyna kakamyň elini gysypdyrlar we gözlerine ýaş aýlapdyrlar. Sudýanyň aýaly bolsa onuň elini ogşapdyram. Şondan soň kakam içmen, eger-eger agzyma alman diýip ant içipdir. Sudýa bu pursada taryhy, mukaddes minut diýipdir. Garryny myhmanlar üçin beslenip goýlan iň gowy otaga eltipdirler, agşam ýatyrka onuň öler ýaly içesi gelipdir. Ol tamyň üstüne çykypdyr, pürsjagaz bilen eýwana düşüpdir, täze sýurtugyny bir çüýşe kyrk gradusla çalşypdyr, yzyna otaga baryp, keýp çekip başlapdyr; dasdanlar ýene-de äpişgä çykypdyr we gammar halyna öňki ýaly bolup, şol ýerden gütläp gaçypdyr, çep elini iki ýerini diýen ýaly döwdüripdir we üşäp, tas ölen eken; güp çykandan soň biri üstünden baryp, ony ýygnapdyr. Myhman jaýda näme bolup geçýärkä, göräýeli diýip barsalar, otagyň içi wes-weýran bolup ýatyr eken. Sudýa hum ýaly çişipdir. Ol garryny oňatja ok düzedäý-mese, başga ýol göremok diýipdir.

## VI bap

Ine, şondap soň basym garry aňňalyp, sudýa Tetçeriň üstünden suda şikaýat etdi, oňa meniň pulumyň berilmegini talap etdip, soň bolsa meniň üstümden düşüp ugrady, sebäbi men mekdebe gatnamagymy bes etmedim. Ol meni iki gezek tutup ýençdi, emma men şonda-da okuwa gatnadym, kakamdan bolsa hemişe gizlenip, gaçyp gezdim. Öň men okuw diýip dyzap duramokdym, emma indi kakamyň içini ýakjak bolup hökman okamaklygy göwnüme düwdüm. Sud işe wagty bilen seretmedi; ol wagty bilen başlajaga hem meňzemeýärdi, sebäbi men

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
sangylanmadan gaçyp, sudýa Tetçerden garry üçin wagtal-wagtal iki-üç dollar karz alýardym. Her gezek pul alanda, ol pýan bolýança içýärdi; her gezek bozgakçylyk edeninde, tutup, türmä basýardylar. Onuň keýpi diýseň kökdi: munuň ýaly ýaşaýşy ol oňzt görýärdi.Ol onsoň dul hatynyň tamyň töwereklerinde görnüp ugrady, ahyrsoňy dul hatyn oňa bu häsiýetinden el çekmeseň gowy bolmaz diýip haýbat atdy. Päh, kakam muny eşidip guduz açdow! Şonda ol Gek Finniň hojaýynynyň kimligini gözüňe görkezerin — diýip hüňürdedi.Ine onsoň ýaz aýlarynyň bir güni ol meniň üstümden gel-di, tutup gaýyk bilen üç mild çen ýaly ýol geçip, derýanyň saksyna tanyk äkitdi, ol ýerden bolsa agaçlyk kenara, sümme tokaýyň ortasyndaky köne hütdükden başga ýaşaýyş jaýy bolmadyk kenara düşdi, şundan soň duran birini biläýmeseň ony tapar dagy eder ýaly bolmady.

Ol meni bir minutjyk hem sypdyrmady, şonuň üçin gaçmaga-da mümkinçilik. bolmady. Biz şu köne hütdükde ýaşap başladyk, gijesine ol hemişe pişigi gulplap, açary ýassygynyň aşagyna salyp ýatýardy. Onuň tüpeňi bardy — bir ýer-den ogurlandyr-da. Biz balyk tutmaga, aw awlamaga çykýardyk: şeýdibem güzeranymyzy görýärdik. Köplenç wagtlar ol meniň daşymdan gulplap, üç mil töwerekleri daşdaky dükana geçelgä gidýärdi we şol ýerde balygy, towukdyr guşy wiska çalyşýardy, çuýşäni öýe getirip, lüti çykýança içýärdi, aýdyma gygyrýardy, onsoňam meni saýgylap urýardy. Her niçigem bolsa dul aýal meniň nirededigimi bilipdir. Meni sypdyrar ýaly yzymdan adam iberppdir. Emma kakam ony tüpeňi bilen gorkuzyp kowup goýberdi. Basym meniň özümem bu ýere öwrenişdim, hatda kemerden beýleki zatlary gowy hem görüp ugradym. Uzynly günläp çilim çekmeden, balyk tutmadan başga hiç zat etmesem hem günümiziň geçişi hiç neneň däldi: gapdyr okuw diýen zat ýokdy. Şeýdip iki aý dagy geçdi, köpräk hem teçşu, üstüm sal-sal boldy, kir-kimir basdy, soň men ýuwunmaly, nahary tarelkadan iýmeli, daranmaly wagtynda ýatyp, wagtynda turmaly, hemişe kitaba dümtülip oturmaly, üstesine miss Uotsonyň ezýetini çekmeli bol ýerim dul hatynyňkyda nähili ýaşanlygyma hem akylym ýetmedi. Indi meniň o ýere gidesim gelmedi. Men sögünmä goýaňkyrlapdym, sebäbi dul hatyn muny halamaýardy, indi bolsa garrym garşy bolmansoň, men ýene sögünip ugradym. Umuman aýdanyňda tokaýyň içinde ýaşamak biziň üçin düýbünden erbet däldi. Kem-kemden garrynyň päli azyp ugrady, taýak bilen urmaga başlady, muňa bolsa men çydam edip bilmedim. Men , endam-janym persala boldy: onsoňam ol öýde oturyp bilmeýärdi: başyny alyp gidýärdi, meniň bolsa daşymdan gulplaýardy. Bir gezek meniň daşymdan gulplap gitdi-de, 1 günläp diýen ýaly yzyna köwlenmedi. Diýseň ýüregim gysdy. Men ol gark bolup, indi bu ýerden çykma ýokdur diýip pikir edip ugradym. Gorkup başladym we nädibem bolsa ir bilen bu ýerden gaçmaly diýen netijä geldim. Men näçe gezekler gaçjak bolup synanyşdym, emma hiç ugruny tapmadym. Äpişgeden it hem sygar ýaly däldi. Turbadan hem çykyp biljek däldim: ol örän darajykdy. Gapy ýogyn we berk dub tagtasyndan edilendi. Kakam her gezek bir ýasa

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gideninde, külbede pyçakdyr çiş zat goýman gidýärdi; men öýüň içini kyrk gezek dagy agdar-düňder edip çykdym, başga eden işim bolmady, sebäbi başga edere zat hem ýokdy. Emma bu gezek men ahyrsoňy bir zat tapdym: men poslap giden köne, sapsyz pyçagyň üstünden bardym: ol jaýyň üsti basyrlan agaçlaryň arasyna sokulaýan eken. Men ony ýaglap, işe girişdim. Hutdügiň bir burçunda, stoluň aňyrsynda ýel gelip, çyrany söndürip durmaz ýaly diwara köne basyryk çüýlengi durdy. Men stoluň aşagyna sümlüp, basyrygy galdyrdym we aşaky ýogyn pürsi özüm sygar ýaly ululykda byçgylyp ugradym. Elbetde, bu birneme wagt aldy, iş gutaryp barýardy, emma şol wagt tokaýda kakamyň tüpeňiniň sesi eşidildi. Men derrew eden işlerimiň üstüni örtüşdirip, basyrygy goýberdim, byçgyny gizledim, şol wagt hem kakam gelip girdi.Onuň keýpi o diýen köp däldi — diýmek, hemişekisi ýalydy. Ol şäherde bolanlygy, şäherdäki bolup ýören zatlara düşüner dagy eder ýaly däldigi barada gürrüň berdi. Eger işi suda ýetirip bolsa, işi özümize pepdaly çözdüreris, pullary-da alarys, emma işe seredilmegini uzaga çekdirip biljek bir topar ýol bar, muny hem sudýa tetçer oňarjak — diýip, aklawçy aýdypdyr. Onsoňam meni kakamdan aýryp, dul hatyna hossarçylyga bermek barada-da iş gozgalýarmyş we bu gezek iş şowuna düşer öýdülýärmiş — diýip hem gürrüň barmyş diýdi. Meniň bar keýpim gaçdy, sebäbi mundan beýläk dul hatynyňkyda ýaşalyp, onuň aýdyşy ýaly «terbiýe alyp» ýaşasym gelmeýärdi. Şol wagt garry sögünip başlady, ýadyna düşen adamlarynyň hemmesine ýekän-ýekän sögüp çykdy, soň kemi galmazlygy üçin, ol ýene-de bir gezek hemmelere başdanaýak sögüp çykdy, atlaryny bilmeýänlerine bolsa agzyndan gelenini aýtdy, soň hem hüsür-hüsür edip gitdi.

Ol «hany dul hatynyň seni alşyny göreýin, ikiňizi-de gözden salman, eger birden şeýle erbetçilik edäýjek bolsalar, şu ýerden alty-ýedi millik uzakda seni gizlär ýaly bir ýerim bar, şol ýerde gizlärin welin, ýüz ýyllap gözleseler-de tapjak umytlary ýokdur»—diýdi. Bu ýene-de meni ünjä goýdy, emma bu uzaga çekmedi. Haçan äkiderine garaşyp oturman ahyryn diýip, men öz-özüme teselli berdim. Ýaragy oklap doldurmak üçin utiymýat esgimiş.

Garry getiren zatlaryny alyp gelmek uçin meni gäminiň ýanyna iberdi. Ol ýerde elli gadaklyk bir halta mekgejöwen uny, buga ýatyrylan ullakan bir bölek döş, däri, seçme, dört gallonlyk bir çüýşe wiska, bir kitap, pyžlyk üçin iki sany köne gazet, bir sany çüprek bar ekeni. Men bularyň hemmesini kenara alyp çykdym, onsoň dolanyp gelip, gaýygyň burnunda dynç almaga oturdym. Men ýagdaýlarym barada ykjam oýlandym we öýden gaçaýsam ýanym bilen tüpeňdir çeňňegi hem alyp gaçaryn diýen netijä geldim. Şol bir oturan ýerimde oturman, ähli ýurda keşt ederin, özi-de gijesine gezerin, iýjegimi bolsa gowsy, balyk tutmagyň üsti bilen taparyn, onsoňam şeýle bir daşa giderin welin, ne garry, ne dul hatyn — hiç biri-de meni

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ömri ötinçä tapyp bilmez. Men eger garry içip pýan bolsa pürsi byçgylap, şu gije gaçmagy göwnüme düwdüm, onuň pýan boljagyna bolsa şek-şübhe ýokdy. Men şunuň bilen gümra bolup, esli wagt geçenligini hem duýman galypdyryn, şol wagt garry maňa o ýerde uklap galan ýa gark bolaýan-a dälsiň? — diýip gygyrdy.

Men ähli zady hütdügimize çekdim, çekip bolýançam bolsa iňrik garaldy. Men agşam naharyny bişirinçäm garry çüýşeden eýýäm bir-iki owurt julkuldadan ekeni; ol birneme dogumlanyp, ýene-de däldiräp ugrady. Ol şäherde-de içip, uzynly günläp ganawyň içinde bulaşyp ýatan ekeni, onuň häzirki bolşy örän gorkunçdy. Ol pýan bolup, samrap ugranda, hemişe hökümete käýinerdi. Bu gezek hem ol şeýtdi:— ýene-de hökümetem diýýärler-ä! Ýeri muňa näme diýip, näme aýtjak! Kanun bolaýyşjygyny, adamynyň mähriban perzendini, ösdürip ulaldan, pul baryny harç eden perzendini elinden alýyp. Be! Adam ogluny ulaldyp ýetişdirenide, indi-hä dynç alaýmaly, oglum işläp kömek berer diýip pikir edýär, şol wagt hem onuň ogluny elinden kakyp alýarlar. Ýene onsoň muňa hökümet diýýärler! Munuň üstesine kanun sudýa tetçeri goldap, oňa meniň elimden puly almaga kömek edýär. Gör, bu kanun nädýär: alty müň dollarlyk ýa ondan gymmadyrak adamyny alýar-da, ony türmä dykan ýaly edip, köne hütdüge dykýar, sal-sal eşikleri geýmäge mejbur edýär, beýle geýimleri it görse, gözi agyrjak. Ýene-de hökümetem diýýärler! Şeýle hökümetde adam öz erkini-de eline alyp bilenok. Heý mundanam mydar bolarmy. Käte oturyp-oturyp, gel şu ýurtdan gideýin-de, ömür yzyma köwlenmäýin diýýärin. Men olara şeý diýibem aýtdym, garry tätçeriň gösgöni ýüzüne aýtdym! Meniň aýdanlarymy bir topar adam eşitdi, aýt diýseň, olar aýdybam biljekler. Bu nälet siňmiş ýurdy bir köpüge satyp giderdim, gaýdybam sen barmysyň diýmezdim” — diýdim. Ine diýen sözlerim. Eger siziň pikiriňizçe, kellämdäki şlýapa bolsa, ýeri meniň şlýapama ses ediň diýdim. Depesi galyp, beýleki ýerleri eňegime düşüp ýatyr, asyl şlýapa meňzeş däl, kelläm pejiň turbasyndan çykyp duran ýaly. Bir muňa seretseňizläň: ine şeýle şlýapalary geýip ýörmeli bolýar, özümem şäherdäki baý adamlaryň biri, emma öz hukugymy gazanyp bilemok — diýdim.

Hawa-da, bizIň oňat hökümetimiz, diýseň oňat hökümetimIz bar? Sen ýöne gulak salda otur. Ol ýerde Ogaýoly bir erkana negrmulat bardy, ÖzI-de edil beýleki ak adamlar ýaly akdy. Egnindzäki köýnegi gar ýalydy, şlýapasy dagyny lowrudap durdy, bir oňat geýnüwlidi, bu babatda oňa şäherde taý gelýän ýokdy; zynjyrlyja gyzyl sagady bardy, taýagynyň ujy kümüşdi, bir söz bilen, hondan bärsi bir adamdy. Ýeri onsoň sen nähildir öýdýärsiň? Aýtmaklaryna görä, ol bir kolležde professorlyk edýärmiş, dürli-dürli dillerde gepläp bilýärmiş, dünýädäki ähli zady bilýärmiş. Mundan hem beteri öz watanynda onuň ses bermäge hukugy barmyş. Ine şuňa welin men çydap bilmedim. Gezip ýörseň, gör nämeleri görjek ekeniň.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Edil saplaw günüdi. Eger artykmajyrak içmedik bolsam, özümem ses bermäge gitjek bolup otyrdym, emma Amerikada şol negre ses bermäge rugsat edilýän ştat barlygyny eşidip, men gitmämi goý bolsun etdim. Mundan beýläk ömrüm ötinçä ses bermerin diýdim. Men hut şeý diýibem aýtdym, muny ähli adam eşit-di. Goý ýurt başy aşyr gitsin, barybir mundan beýläk ömrüm ötinçä ses bermen! Görsene bu negriň özüni bihaýa alyp barşyny: eger ýolumdan pyzyp taşlaýmasam, ol meni geçirmezikä-de öýdýän. Geň görmeli zat, näme üçin bu negri auksion edip satanoklar? Ynha, meniň bilesim gelýän zadym. Sen maňa näme diýip jogap berendirler öýdýäň. Ol şu ştatda ýarym ýyl ýaşaýança ony satmak bolmaýar, häzir bolsa ol bu ýerde şunça wagt ýaşanok diýýärler, Ynha-da saňa bir mysal Ştatda alty ap ýaşamadyk erkana negri satyp bilmejek bolsa, onda ol nireden hökümet bolýarmyş? Ýene-de özüne hökümet diýýär, bu ykmanda, ak köýnekli bu erkana negri tutmak üçin bolsa alty aplap ýerinden hem gozganyp bilenok…

Kakamyň kellesi göçüp, nirä barýany-da huşundan uçdy, onuň aýaklary diýen etmeýärdi, şendip ol doňuz edip çelege büdräp, entirekläp gitdi, dyzlaryny sypjyrtdy we agzyna gelenini sögündi; iň beteri negr bilen hökümete degdi, çelegede, dogrusy, az degmedi. Ol esli wagtlap, kä bir aýagy, käde beýleki aýagy bilen otagda täbikledi, kä bu dyzyny, kä ol dyzyny tutdy. Soň hem bar güýjüni edip, çep aýagy bilen çelegi depip goýberdi! Emma ol muny nähak etdi, sebäbi edil şol aýagyndaky ädigi ýyrtylyp, ondan iki sany barmagy somalyp çykyp durdy; ol şeýle bir çirkin gygyrdy welin, muny eşiden her bir adamyň depe saçy üýşjekdi, ol ykylap, agyran barmaklaryny tutup, hapa ýeriň üstünde eýläk-beýläk togalandy, özem indi şeýle bir sögünip ugrady welin, munuň ýanynda öňki sögünçleridagy hiç boldy. Özi hem soň şeýle diýip aýtdy. Ol goja Souberri Hegany hem men diýen wagty gören, eşiden eken we göýä ondan hem ozdu-ranmyş; emma, meniň pikirmçe, bu juda çyndyramady. Agşam naharyndan soň kakam çüýşäni alyp, wiska iki gezek içmegime, bu gezegem däldiremegime ýetjek diýdi. Muňa onuň dili endik edip gidipdi. Bir sagat töwereklerinden soň ol lüt pýan bolup uka gider, şonda men açary alarynda, pürs bölegini byçgylaryn we daşaryk çykaryn, ýa başga bir zat ederin diýip göwnüme düwdüm. Ol yzyny üzmän içip otyrdy, soňra içip bolansoň ol öz ýorganynyň üstüne gyşardy, emma barybir meniňki paşmady. Onuň ýatyşy oýaly-ukulydy, zol-zol agdarylýardy, hem hykgyldaýardy, hem uwlaýardy, hem çar tarapa urunýardy, şeýdip bu esli salyma çekdi. Ahyrsoňy ukym gelip, gözlerim burlup başlady, men özümi dürsäp-dürsemänkäm, eýýäm süýji uka gidipdirin, şem bolsa şol ýanyp durupdyr.

Näçe wagtlap ýatanymy bilemok, birden aýylganç bir ses çykdy, men böküp ýerimden turdum. Kakam dälirän ýaly oňa-muňa ylgaşlaýardy we «Ýylan!» diýip gygyrýardy. Ol aýagymyň üstünde ýylanlar süýrenişip ýör diýip zeýrendi, soň hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
birden böküp beýläk düşdi-de, biri dulugymdan çakdy diýdi, aýylganç sesini ýene gygyrdy, emma men hiç hili ýylan görmedim. Ol otagyň içinde aýlanyp ýöwrşüne: «Aýyrsana ony! Aýyrsana ony! Ol meniň boýnumyň ýüzünden çakýar!» diýip gygyrýardy. Men adamyň gözüniň beýle aýylganç petreýşini hiç wagt görmändim. Onsoň ol ysgyndan düşüp, ýeriň üstüne gürpüldäp gaýtdy, özüniň-de demi içine syganak; onsoň ol ýeriň üstünde ýetişibildiginden çabalandy, zatlary dumly-duşa zybyrdadyp zyňdy, ýumrugyny kelemenletdi, daşymy alarwah aldy diýip gygyrdy, uwlady. Kem-kemden köşeşip, bir salym gymyldaman ýatdy, diňe hykgy-çokgy etdi. Onsoň suw sepilen ýaly boldy we ýekeje gezek dagam hyk-çok etmedi. Tokzýadaky hüwiniň guwguldysy, möjekleriň uwwuldysy eşidilip başlady, mundan bolsa ümsümlik has-da gorkunç bolup ugrady. Kakam burçda uzyn düşüp, bulaşyp ýatyrdy. Basym ol tirsegine galdy-da, kellesini gyşardyp diňşirgendi we ýuwaşjadan:

— Top-top-top… bular ölüler… top-to…top… olar men diýip gelipdirler, emma men olar bilen gitjek däl… Wah, ynha-la olar! Maňa el degirmeseňizläň, degmesňizläň! Eliňizi çekiň, olar edil buz ýaly! Goýberiň… Wah, men bendäni öz ugruma bir goýsaňyzlaň — diýdi.

Onsoň ol emedekläp ugrady we al-arwahlardan özüne degmezliklerini haýyş etdi; ýorgana dolanyp, stoluň aşagyna girdi we yzyny üzmän haýyş etdi, birdenem zowladyp aglap goýberdi! Ýorganyň daşyndan hem eşidildi durdy.Basym ol ýorganyny üstünden serpip, dälirän ýaly bolup, ýerinden turdy we maňa gözi düşüp, meni kowalap ugrady. Ol çakgysyny alyp, maňa sen ezraýylsyň diýip, öýüň içine aýlap çykdy, seni öldürerin, onsoň sen yzymdan ömürylla-da gelmersiň diýip gygyrdy. Men oňa özüni dürsesene, bu men. Gek ahyryn diýdim; emma. onuň bar edeni gülmek, onda-da gorkunç edip gülmek boldy! Özi-de sögündi, gygyrdy, yzymdan kowdy. Bir gezek men onuň elinden sypjak bolup, çalt öwrüldim welii, ol yzymdan gelip, keltekçämden ýapyşdy we şonda men işim gaýdaýdy öýdýän diýip pikir etdim, emma ýyldyrym ýaly bolup, keltekçeden sypyp çykdym we şeýdip başymy gutardym. Basym ol ýadap halys boldy; arkasyny gapa söýäp, sriň üstüne çekdi we bir minut töwerekleri dynç alaýyn, onsoň seni öldürerin diýdi. Çakgynyň aşagyna saldy we ilki ýatyp turaýyn, güýç toplaýyn, onsoň kim-kimden ökde çykýarka diýdi.

Ol dessine irkildi. Şonda men üsti çagşap giden köne stuly alyp, mümkin boldugyça seresaplylyk bilen üstüne mündüm we galmagal zat etmän, diwardaky tüpeňi aldym. Men oklandymyka, oklanmadymyka göreýin diýip, onuň içine şompaly sokdum, onsoň tüpeňi kakama çenäp, turply çelegiň üstünde peýeläp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
goýdum, özüm bolsa çelegiň ýeňsesinde oturdym we ol haçan oýanarka diýip garaşdym. Baý, wagtyň ýü-rekgysgynç, haýal geçäýşini!

## VII bap

— Hany tur! Bu näme etdigiň boldy?

Men gözümi açdym we özümiň nirede oturanlygymy biljek bolup jan edip, daştöweregime garanjakladym. Eýýäm gün dogupdy, diýmek bilen, men eslije ýatan bolara çemelim. Kakam üstüme abanyp drudy; ýüzi diýseň tutukdy, üstesine-de ýellenipdir.

— Sen tüpeňi alyp, näme işlejek bolduň?— diýdi.

Men onuň agşamky edenlerinden düýpden habarsyzdygyny aňdym we:

— Bir adam gapyny döwüp, öňümize girjek boldy, men ine şoňa seretdim — diýdim:

— Onda näme, sen meni oýarmansyň?

— Oýarjak boldum welin, bolmady: sizi hiç turzup bilmedim.

— Ýeri, bolýar-da… Beýdip, sömelip durma, besdir. Bar, ertirlik üçin çeňňege balygyň düşenini-düşmänini bileli gel. Men bir minutdan gaýdyp gelerin.

Ol gapyny açdy, men derýa tarap ylgap gitdim. Men suwuň ýüzi bilen döwlen şahalaryň, gar-ähetleriň, hatda gabyk bölekleriniň akyp gelýänligini gördüm: diýmek, derýalşýan bolar çemeli. Häzir şäherde bolan bolsam, mes ýaşardym diýip, men içimi gepletdim. Iýun aýlarynda suw joşanynda meniň günüm gelýärdi, sebäbi suw joşup ugranyndan derýa bilen oduň, bir topar sal, käte on iki sany pürs üýşmek bolup akyp gelýärdi: men olary suwdan çykaryp, odun skladlaryna we agaç kesilýän ýerlere satýardym. Men bir gözüm bilen kakama tarap seredip, bir gözüm bilen hem derýadan inliräk bir zat akyp gelmezmikä diýip suwa seredip, kepar bilen ýöräp gitdim. Birden görsem, bir gaýyk, onda-da nähili gaýyk diýsene, on üçon dört fut uzynlykdaky gaýyk akyp gelýär, özi-de guw ýaly gaýkyldap ýüzüp gelýär. Men ikirjiňläp durman, eşiklerim zatlarym bilen gurbaga ýaly başaşaklygyna suwa urdum we gaýyga tarap ýüzüp ugradym. Men onuň içinde bir adam ýatandyr diýip çak edýärdim, sebäbi biziň ýanymyzda köplenç oýun edip şeýd-ýärler, gämini

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çekip kenara ýetireňkirleýäň welin, birden onuň içinden böküp çykyp, sepiň üstüňden gülüp başlaýarlar. Emma bu gezek başgaça boldy. Gapynyň içi hakykatdan hem boşdy, men onuň içine girip, ony kenara tarap sürüp ugradym. Muny göräýse garry begener-ow: bu on dollara daga geçer diýip, öz ýanymdan pikir edýärin. Emma kenara ýetenimde kakama gözüm düşmedi; men gapyny derýanyň söwüt agaçlary, ýabany üzüm biten ýerine alyp bardym we şol wagt kelläme bir pikpr geldi: gel, iň gowusy, muny gizläii we tokaýa gaçanymdan derýa bilen aşaklygyna elli mil ýaly ýüzeýin-de, bir ýerde köpräk ýaşaýyn, pyýada ýöräp, görgi baryny görüp näme! —diýdim.

Men hütdükden o kän uzakda däldim, meniň göwnüme bolmasa, şol wagt garry gelýäin ýaly boldy, men her niçik hem bolsa gaýygy gizledim, soň hem maýdajyk agaçlaryň arasyndan jykladym: kakam ýodajyk bilen derýa tarap gelýär eken, özide tüpeňini bir guşa çeneýär. Diýmek bilen, ol meni görmedik bolara çemeli.Ol meniň ýanyma geleninde, men yhlas bilen çesňegiň bagyny suwdan çykaryp otyrdym. Ol eglenmek üçin maňa çalarak käýindi; emma men ony suwa ýykylamsoň birneme eglenmeli boldum diýip aldadym. Üsti-başymyň ölsuwdugyny görüp, onuň şeýle diýip sorajakdygyny men bilip durdum. Çeňňeklere bäş sany lakga balyk düşen ekeni, biz olary alyp, öýe gaýtdyk.Biziň ikimizem ýadapdyk, şonuň üçin ertirlik edinip bolanymyzdan soň ikimiz hem gyşardyk, men özümi gözlemezleri ýaly dul hatyn bilen kakamyň ünsüni nädip sowup bilerkäm diýip pikir edip başladym. Bu şowuna düşäýmezmikä diýip garaşyp ýatandan gowudy. Ýogsam gözläp başlasalar, heý uzaga gidip bolarmy, her zadyň bolmagy mümkin! Men esli salymlap pikir etsem-de, idili bir zat tapmadym, onýança kakam suw içmäge turdy we maňa:

— Eger ýene bir gerzek onuň töwereginde köw-söw edip ýöreniňi görseň, meni oýargyn, eşidýärmiň? Beýle adam bu ýere oňlulyga gelenok däldir. Men ony bir oka tabşyraryn. Eger ol ýene geläýse, meni oýargyn, bolýarmy? — diýdi.

Şeýle diýdi-de, ol gyşardy we uka gitdi; onuň bu sözleri gaýtam maňa näme etmelidigini öwretdi. Ine indi şeýle bir bulaşdyraryn welin, hiç kim meni gizläp tapyp bilmez diýip içimi gepletdim.

Sagat on ikilerde turup, biz derýanyň boýuny syryp git dik. Derýa barha joşýardy we suwuň ýüzi bilen her tüýsli agaç akyp gelýärdi. Basym bir-birine çatylan dokuz sany pürsüň-saly çet göründi. Biz gaýygy alyp, olary kenara çykardyk. Soň nahar edinipdik. Kakamyň deregine başga biri bolan bolsa, agşama çenli garaşardy we suwdan köpräk agaç çykaraýyn diýerdi, emma munuň häsýetinde bular ýaly zat ýokdy. Bir gezeklik üçin oňa dokuz sany pürs ýeterlikdi; olary şähere äkidip

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
satanyň diýip, onuň içi byjyklap durdy. Ol meniň daşymdan gulplap, gaýyga mündi-de, dördüň ýarlarynda saly gaýyga tirkäp şähere ugrady. Onuň bu gije gelmejegine meniň gözüm ýetip durdy. Men öz hasabym bilen ol birneme arany açynça garaşdym we byçgymy alyp, ýene , şol pürsi byçgylap ugradym. Kakam derýanyň beýle tarapyna geçýänçä, men eýýäm daşaryk çykdym; sally gaýyk uzakda suwuň ýüzünde çala tegmilt bolup görünýärdi. Men bir halta mekgejöwen ununy alyp, ony gaýgy gizläp goýan! ýerime eltdim, şahalaryň arasyny açyp, uny gaýyga atdym; onsoň doňzuň döşüni hem, wiskadan boşan çüýşäni hem şol ýere eltdim. Gandyý, kofýanyň hem barjasyny göterdim, seçme-dir därileri hem aldym, sajy, bedräni, suw kädini, susgujy, demir kürüşgäni özümiň köneje pyçagymy iki sany ýorgany, kotelokdyr kofe gaýnadylýany hem aldym. Men çeňňekleri-de, otly çöpleri-de, bir sente geçäýjek beýleki zatlary-da gö-terdim, bir söz bilen öýüň içnndäki zatlaryň hemmesini syryp-süpürdim. Maňa palta gerekdi, emma başga palta ýokdy, odunyň üstünde ýatan paltany bolsa käbir sebäplere görä almadym. Men tüpeňi alyp çykdym, indi gaýdybersem boljakdy.Deşikden girip-çykyp, şunça zady daşaýançam men hütdügiň içini yzdan doldurdym. Men ýonuşgalar görünmez ýaly, ol yzlaryň üstüne oňat edip gum sepeleşdirdim. Onsoň byçgylap aýyran pürs bölegimi öňki ýerinde goýdum, aşagyndan iki daş, gapdalyndan hem bir daş sokdum, sebäbi şol daş sokan ýerlerimde pürs gaýşarylyp ýere ýetmän durdy. diwardan bäş ädimlikde durup seretseň, pürsüň hem byçgylanyp aýrylanlygyny öň bilmeýän bolsaň, muny asjak umydyň ýokdy, onsoň hem şol aýrylan bölek yzky diwardandy, entäp ýören adamyň gözi oňa aňsat iljek däldi.

Gaýygyň ýanyna barynçam men otuň üstünden ýöräp gitdim, şeýlelikde yzymda bir yz hem galdyrmadym. Men kenarda durup, derýa syn etdim. Hemmesi parahatçylykdy. Şonda men tüpeňimi elime alyp, tokaýyň içine sümüp gitdim, bir guş atasym geldi, birden hem ýabany doňzuň jojugynyň üstünden baraýdym, otluk ýerlerde bakylýan doňuzlaryň gaçyp gaýdanlary bolsa bu ýerde basym ýabanylaşýarlar. Men jojugy öldürip, ony hutdügimize alyp gitdim..Men paltany alyp, gapyny döwüp ugradym, özüni hem güýjümde baryny edip paltaladym. Jojugy alyp gelip, stoluň ýanyna süýredim, palta bilen onuň bogazyny kesdim we birneme gany akar ýaly ýerde goýdum; «ýerde» diýýänligimiň sebäbi hütdügimiziň tagtadan poly ýokdy, ýer bolsa takyrdy, basgylanyp ýörlensoň daş ýalydy. Onsoň köne haltany alyp, oňa ullakan-ullakan daşlardan güýjüm ýetenini salyşdyrdym we ony jojugyň duran ýerinden gapa çenli, ondan hem tokaýyň içi bilen derýa çenli süýräp äkitdim, şol ýerde ony suwa okladym; ol çümdi-de, gözden ýitip gitdi. Şu ýerden bir zat süýrelenligi göze dürtülip durdy. Men şu wagt ýanymda Tom Soýer bolaýman diýdim; men onuň bular ýaly iş bilen gyzyklanjakdygyny we geňlik üçin bir zat toslap tapjakdygyny bilýärdim. Beýle işlerden Tom Soýerden gowy baş çykarjak adam ýokdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onsoň men kellämden bir tokka saç ýolup, paltany gana buladym ýene saçlarymy onuň ýüzüne ýelmeşdirip, paltany hütdügiň burçuna zyňyp goýberdim. Onsoň jojugy alyp, (gan dammaz ýaly) kurtkama saldym-da, göterip ugradym, öýden derýanyň aýagyna tarap esli saplananymdan soň, ony hem derýa okladym. Şol ýerde kelläme ýene-de bir pikir geldi. Men gaýykdaky unly haltany, ýene byçgyny alyp, olary öýe eltdim. Haltany öňki ýerinde goýup, onuň aşagyny byçgy bilen böldüm, sebäbi bizde pyçakdyr wilka ýokdy, gerek çagtlary kakam hem diňe çakgy bilen oňýardy. Onsoň haltany otuň, gyrymsy agaçlaryň arasy bilen öýden gündogarlygyna ýüz ädim töwerekleri süýräp okatdym, ol ýerde bäş mil çemeleri giňlikde ýalpak köl bardy, ol kölüň daş-töweregi gamyşlykdy, güýzüň öň ýanlary bolsa ol ýerde ördek örän köp bolýardy. Beýleki tarapdan kölden içi läbik suwly derýajyk ýa çeşmejik akyp gidýärdi, onuň ençeme milli nirä uzalyp gidýänligin-ä bilemok welin, ol derýa-ha guýanokdy. Un ýol boýy dökülip, inçejik ýoda ýaly bolup, tä köle çenli uzalyp gitdi. Men ýene-de tönäpden gaçypdyr diýler ýaly, kakamyň çalgy daşyny gaçyran boldum. Onsoň haltaň deşigini ýüp bilen bogup, un dökülmez ýaly etdim ne haltany byçgy bilen birlikde yzyna gaýyga eltip goýdum.

Indi howa has-da garaňkyrady, men derýanyň aýagyna tarap birazrak ýüzdüm-de, söwütleriň suwuň üstüne abanyp duran ýerinde saklandym we aý çykýança garaşmaga durdum. Men ganygy berkiräk edip söwüde daňdym, az-kem garbandym, onsoň hem çybygymy otlap, başlan işim barada pugta pikirlenmä-ge oturdym. Öz ýanymdan: olar daşly haltanyň yzyny alyp, derýaň boýuna gelerler, onsoň derýadan meniň maslygymy gözläp ugrarlar. Onsoň bolsa unuň yzy bilen köle bararlar, kölden çykýan derýajyga ýeterler, meni öldürip, zatlary ogurlan jenaýatçylary gözlärler. Derýadan meniň maslygymdan başga zat gözlemezler. Basym bu olaryň ýüreklerine düşer, şondan soň men barada ünjä galyp ýörmezler. Maňa bolsa geregi şol, men onsoň öz saýlap alan ýerimde ýaşaryn ýörerin. Jekson adasy meniň üçin örän amatly ýer, men bu ada örän belet, ol ýerde hiç haçan adam bolmaýar. Agşamlaryna bolsa şähere ýüzüp barsa bolar: şäherde birneme gezelenç edenimden soň, gerek-ýarak zatlarymy alyp gaýdaryn. Jekson adasy meniň üçin tüýs amatly ýer.

Men ýadap halys bolamsoň, uka gidenimi-de duýman galypdyryn. Bir haýukdan oýansam, nirede oturanlygyma-da bir bada düşünmedim. Men oturyp, daştöweregime göz aýladym, birneme gorkdum hem. Soň ýadyma düşdi. Derýa örän giň, ýagny ençeme mil giňlikde ýaly bolup göründi. Aý bolsa aýdyňdy, gapdalyňdan akyp geçýän pürsleri ýene sanap oturmalydy, pürsler gap-gara ýöne gymyldaman barýan ýaly, kenardan örän uzakda ýaly bolup görünýärdi. Daştöwerek dymdyrslykdy, ähli zatlardan görnüşi ýaly wagt giçdi, bir tüýsli

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýakymly şemal gelip durdy, men muny nähili edip aýtjagymy bilmeýärin meniň näme aýtjak bolýandygyma siz düşünýän bolsaňyz gerek. Men oňat gernip palladym-da, gaýygymy çözüp ýola düşeýin diýip durkam, birden suwdan bir seda çykdy. Men diňşirgenip, nämäň nämeligini dessine aňdym: bu demir halkalaryň içinde gymyldaşýan kürekleriň gijäň bir mahaly çykýan güňleç, birsydyrgyn sesidi. Men söwüt şahalarynyň arasyndan jyklap gördüm, bu hakykatdan hem şeýle eken: uzakda, derýanyň o kenarynyň ýanyndan bir gaýyk ýüzüp gelýärdi. Men onuň içpinde näçe adamyň oturanlygyny aňşyryp bilmedim. Gaýyk barha golaýlaşýardy, ol ahyrym deňime gelende, men onuň içinde bir adamyň oturanlygyny gördüm. Kakama geler öýdüp garaşmasam-da, bu kakam-a däldir-dä? — diýip pikir etdim. Ol derýa bilen meniň aşak ýanymdan ýüzüp gelýärdi. Soň ol asuda akyp ýatan suw bilen gaýygyny kenara tarap sowdy, özem edil gapdaljygymdan ýüzüp geçdi, şonda men küregimi uzatsam, oňa degýärdi. Bu, hakykatdanam kakam ekeni, onda-da kürekleşine görä, düýpden meňzemedi.

Men wagtymy biderek geçirip durmadym. Şol salymyň özünde kenar agaçlarynyň kölegesine dolanyp, galmagalsyz-zatsyz, çalasynlyk bilen suwuň akýan ugruna tarap süýşüp ugradym. Iki ýarym mil töwerekleri geçenimden soň, men gaýygymy derýanyň ortasyna tarap öwürdim, sebäbi basym öňümden pristan çykjakdy we ol ýerdäki adamlar meni görüp gygyryşjakdylar. Men akyp gelýän pürsleriň arasy bilen ýüzjek bolup jan edýärdim, onsoä gapygyň içinde uzyn düşdüm-de, ony suwuň ugruna goýberdim. Men dypç alyp, çilim çekýärdim, asmana syn ederdim; gögüä ýüzünde ýekeje-de bulut ýokdy. Aý aýdyň gije arkan düşüp ýatyrkaň seretsem, asman örän daşda ýaly bolup görünýär eken, Men muny öň bilmeýän ekenim. Şeýle gijede ses hem uzakdan eşidilýär eken. Adamlaryň pristapça gepleşip duruşlary meniň gulagyma gelip durdy. Men olaryň näme diýýänlerini-de birin-birin eşiderdim. Birnji gün barha uzalyp, gije barha gysgalýar diýdi, Başga biri: bu gije kelte gijelerden dälmikä diýýän diýdi, onsoň duranlaryň hemmesi gülüşdilr; şol adam ýaňky diýenini gaýtalady, adamlar ýene-de gülüşdiler; onsoň üçüňji birini turzup, oňa ýaňkyny gürrüň berdiler, emma ol gülmedi; ol üzlemsaplam bir zat-bir zatlar aýdyşdyrdy-da, maňa azar bermäň diýdi. Ilkinji geplän adam: muny hökman keýwanyma gürrüň edip bererin, bu oňa örän ýarasa gerek— diýdi; emma bu onuň öňki aýdan wäşi sözleriniň ýanynda biderejik bir zatdy. Men biriniň: häzir sagat üçüň töweregi bar we daýyň atmasy bir hepdeden köpe çekip durmazmyka diýýän— diýenini eşitdim. Şondan soň sesler barha daşlaşyp başlady, soňabaka men olaryň diýýän zatlaryny eşitmedim, diňe gowurdylaryny, wagtalwagtal gülşüşlerini eşitdim, bularda örän daşdan eşidilýän ýalydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Indi men pristandan has aşakdadym. Men ýerimden turdum we iki mil töwerekleri öňýanymda gür tokaýlyga siňip, derýanyň ortasynda çyrasyz ullakan gara parohot ýaly bolup oturan Jekson adaýyny gördüm. Adanyň ýokary tarapynda gyrmança barlygy duýulmaýardy, gyrmança bütinleý suwuň aşagynda galypdy.

Men göz açyp-ýumasy salymys içinde ada ýetdim. Adanyň ýokarky bölegіniň duşundan ok ýaly bolup geçdim, suw örän çasly akýardy, soň gowy gatnawy ýok bolan zolaga girdim we adanyň Illpnop kenaryna ýakyn bolan beýle tarapyndan geldim. Men gaýygy kenaryň egrem-bugram ýerine sowdum, sebäbi ol ýere örän beletdim; ol ýere barmak üçin söwüt pudaklarynyň arasyny açyşdyrmaly boldum; gaýygymy daňyp goýdum welin, ol daşdan görner ýaly bolmady. Men kenara çykdym, adanyň ýokary burçunda pürsüň üstüne çykdym we giň derýa, akyp gelýän gara pürslere, üç mil beýledäki şähere syn etdim, şäherde heniz hem üç-dört sany ýylpyldy bardy. Derýanyň içi bilen ullakan sal akyp gelýärdi; häzir ol adadan bir milräk ýokardady, onuň orta synda bolsa çyra ýaşrdy. Ol barha ýakynlaşýardy. Sal meniň duran ýerimiň deňine gelende, ondan kimdir biri: «Eý, ýerden, birneme sagyrak sow!» diýip gygyrdy. Meniň göwnüme bolmasa, ol adam edil gapdalymda gygyran ýaly boldy. Daň saz berip başlady; men tokaýa girip, ertirlik edinmäkäm birazrak irkileýin diýip gyşardym.

## VIII bap

Oýanamda, gün al-asmana galan eken, ähtimal, sagat sekizden-de geçipdi. Men agaçlaryň kölegesinde, otuň içinde dürli-dürli zatlar barada pikir edip ýatyrdym we dynç alyp köçeden çykanymdan soň, özümi bir tüýsli oňat duýýardym. Agaç ýapraklarynyň arasyndan gün görnüp durdy, bu ýerde ullakan-ullakan agaçlar gögerip otyrdy, aşaklary bolsa goýy kölegelidi. Ýapraklaryň arasyndan gün görnüp duran ýerde hal ýaly-hal ýaly tegmiller bardy we şol tegmiller ýokarda şemal barlygyny habar berýän ýaly ýuwaşja gymyldaşýardylar. Şahanyň üstündäki iki sany awçylar maňa seredişip, enaýyja jykyrdaşýardylar.

Meniň ýatyşym şeýle birahatdy welin, ýaltanyň, ýerimden turasym, ertirlik nahar bişirinesim gelmeýärdi. Men irkildim, edil şol wagtyň özünde hem derýanyň ýokary garapynda «gümmür» eden garyşyk ses eşitdim. Men oýanyp, tirsegime galdym we diňşirgendim: az salymdan ýene şol eşiden zadymy eşitdim. Men böküp ýerimden turdum-da, kenara tarap yl gadym we ýapraklaryň arasyndan jyklap, derýa seretdim; görsem, menden örän uzakda, pristanyň deňinde suwuň içindetüsse burugsaýar. Derýa bilen aşaklygyna bolsa içi adamdan hyryn-dykyn doly parohod ýüzüp gelýär. Nämäň nämeligine men indi düşündim! Gümmür!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Görsem, parohotdan çal tüsse saýlanyp gitdi. Düşüner bolsaňyz, olar meniň maslygym suwuň ýüzüne gaýyp çykar ýaly suwa top atýar ekenler.

Men örän ajykdym, emma maňa ot ýakmak bolmaýardy, sebäbi olar tüssäni görjekdiler. Men däri tüssesine seredip toýa atyşlaryny diňläp oturdym. Derýanyň şu ýeriniň giňligi bir mile dagy ýetýärdi, tomus säheri oňa syn etmek örän hezild.i, iýer ýaly zadym bolan bolsa, maslygymy tutuşlaryna syn edip, men wagtymy o diýen erbet geçirjek däldim. Birden gark bolan adamlary gözlän wagtlarynda bişen çörege simap salyp suwa goýberişleri meniň ýadyma düşdi, beýtmeleriniň sebäbi çörek göni öleniň ýatan ýerine tarap ýüzüp gidýärmiş we eliniň üstüne baryp durýarmyş, öz ýanymdan häzirräk bolmaly ýanyma çörek geläýse sypdyraýmaýyn diňip içimi gepletdim. Men adanyň Illinoýs tarapdaky burçuna geçdim; belki, işnm şowuna düşäýedi diýip dileg etdim, men ýalňyşman ekenim. Görsem, ullakan bir çörek akyp gelýär, men ony uzyn taýak uzadyp alyp biljekdim, emma şol wagt tapyp gitdim welin, çörek duşumdan akyp geçäýdi. Men, öz pikir edişime göre, suwuň kenaryň iň golaýyndan akýan ýerinde durdum. Birnäçe wagtdan soň ýene bir çörek akyp geldi, emma men muny sypdyrmadym. Men ony suwdan çykaryp, içinden kiçeňräk simap şarjagazyny silkip goýberdim we çörege agyz saldym. Bu mekgejöwen zagarasy bolman, eýsem baýlaryň iýýän ak çöregidi, Men gür ýaprakly oňat ýere bardym we ýagdaýymdan göwnüm hoş bolup, pürsüň üstünde çöregimi iýip, parohodjyga syn edip oturdym. Birden men allaniçigsi bolup gitdim. Öz içimden: dul hatyn, ruhany başga biri bu çörek meni gözlep tapsyn diýip doga okan bolara çemeli diýip pikir etdim. Bu şeýle-de bolup çykdy. Diýmek, okalan doganyň peýda edýänligi dogry eken, ýagny diňe dul hatyn ýa ruhany ýaly adam okanda peýda edýär eken, meniň okan dogam bolsa asyl peýda edenok; onsoňam kimiň okan dogasynyň güýçlüdigi, kimiňkiniň güýçsüzdigi allatagala aýan öýdýän diýip pikir etdim.

Men çilim çekip, esli salym oturdym, çilim çekip oturyşyma bolýan zatlara syn etdim. Parohod suwuň ugry bilen aşaklygyna barýardy, ol ýakynrak gelse, onuň bortunda kimiň barlygyny görse bolar diýip oýlandym, parohod bolsa kenaryň ýanjagazyna, edil ýaňky çöregiň geçen ýerine gelmelidi.Parohod maňa golaýlaşyp ugran dessine men çybygymyň temmäkisini döküp, çörek tutan ýerime ylgap geldim we derýanyň boýundaky, açyk ýerdäki pürsüň üstüne süýndüm. Pürs aýyrtlydy, men oňa syn edip başladym. Basym parohodjyk edil kenaryň golaýjygyna geldi, tagta oklap, ondan kenara düşse boljakdy. Parohodyň üstünde meniň tanaýan adamlarymyň ählisi diýen ýaly bardy. Kakam, sudýa Tetçer, Bekki Tetçer, Jo Garper, Tom Soýer, garry Daýzasy. Polli, Sid, Meri we ýene bir topar adam bardy. Olaryň hemmesiniň gürrüňi ganhorlyk hakyndady, emma şol wagt kapitan ara goşulyp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Indi oňadrak serediň: bu ýerde suw kenaryň örän ýakynjagyndan akýar; belki, suw maslygy kenara çykaryp taşlandyr, ol bolsa agaçlaryň arasyna düşüp galapdyr. Her niçik hem bolsa umydygär bolalyň — diýdi. Emma men muňa umyt etmeýärdim. Olaryň hemmesi bortda üýşüşip, tutawajyň üstünden eglip, ähli zady görjek bolup seredişýärdiler, şonda olar edil meniň ýüzüme seredip duran ýalydylar.- Men olary aç-açan görýärdim, olar bolsa meni görmeýärdiler. Onsoň kapitan: «Bortdan çekiliň!»— diýip, komanda berdi, şeý diýip diýmänkä maňa tarap top atylyp gitdi, gümmürdiden ýaňa tas gulagym gapylypdy, tüsse hem tas gözümi alypdy: meniň işim gaýtdy öýdýän — diýip içimi gepletdim. Eger top okly bolan bolsa, olar dogrudan hem gözleýän maslyklaryny tapjak ekenler. Onsoň özüme geldim, görsem, maňa hiç zat bolmandyr, synalarym, hudaýa şükür, sag. Parohod duşumdan geçip, burnuň aňrysynda gözden ýitdi. Mahal-mahal top sesi eşidildi, emma ol barha uzakdan eşidildi; ýarym sagat töwerekleri geçenden soň-a hiç zadam eşidilmedi. Adanyň uzynlygy üç mil bardy. Men olar adanyň aňrysyna çykyp, bu işi başlaryndan aşyryp urdular. öýdýän diýen netijä geldim. Görüp otursam, bu entek bekýe däl ekeni. Olar adanyň daşyndan aýlanyp, derýanyň goly bilen Missuri tarapdan, mahal-mahal top atyp barýardylar. Men adanyň o tarapyna geçip, olara seredip başladym. Adanyň ýokary böleginiň deňine ýetenimde iarohod atmasyny goýdy we Missuri kenaryna öwrülýp yzyna, şähere tarap ugrady.

Indi ynjalsam, ynjalyp biljegime meniň gözüm ýetdi. Indi meni hiç kim gözlemez. Men gaýykdaky zatlarymy alyşdyryp, tokaýyň içinde oňat ornaşdym. Zatlary ýagyş ezmez ýaly ýorganlardan çadyra meňzeş bir zat etdim. Men bir lakga balyjak tutup, byçgy bilen garnyny ýardym, gün ýaşyp barýarka bolsa ot ýakyp, agşam naharymy edindim. Onsoň ertirligim üçin balyk tutaýyn diýip çeňňegimi suwa atdym. Garaňky gatlyşanda men çilimimi alyp, oduň başyna bardym we ilkibada özümi hiçneneň duýmadym, ýüregim gysyp başlanda bolsa, derýanyň boýuna baryp, derýanyň çyrpyşyna gulak saldym, asmandaky ýyldyzlary, derýa bilen gapdalymdan akyp geçýän pürsleri we sallary sanadym, onsoň hem ýatdym. Ýüregiň gysanynda wagty şeýleräk geçireniňden gowusy ýok: uklaýaň welin, ýürek gysmaň nirä gidenini bilmän galýarsyň.

Şeýdip üç gije bilen üç gündiz geçdi. Bolan üýtgeşiklik bolmady, şol bir meňzeş zatlar gantalandy durdy. Muňa derek dördünji gün adanyň içine aýlanyp, ony terslin—öňlin sökdüm. Men bu ýeriniň hojaýyny bolup galdym, ähli ada meniňki boldy, şonuň üçin men oňa oňadrak belet bolmalydym, iň esasysy hem wagtymy geçirmelidim. Men bir topar iri, bişen zemlýanika, gök üzüm gök malina tapdym, böwürslen bolsa ýaňy düwüp başlan eken. «Bularyň hemmesi öz wagtynda gerek bolar» diýip, men içimi gepletdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onsoň men tokaýyň içine aýlaň-çaýlaň etmäge gitdim, kellemiň gyzgynyna men tas adanyň aşaky çetine ýeteňkirlän ekenim. Mennň ýanymda tüpeňim bardy, emma uran zadym ýokdy: men goranmaly bolaýsam diýip alypdym, guşy bolsa öýüň töwereklerinden tutaryn diýipdim. Şol wagt men tas ullakan bir ýylanyň üstünden baran ekenim, her-nä ol otlaryň we gülleriň arasyndan towlanyp, meniň ýanymdan gidäýdi; men bolsam tüpeňläýin diýip, onuň yzyndan eňdim. Ylgap barşyma birden burugsap duran oduň külüniň üstünden bardym. Meniň ýüregim tars-tars edip, tas ýarylypdy. Men onçakly aňşyrjak bolup durman yzyma öwrüldim-de, bukdaklap, aýagaldygyna gaçyp ugradym. Mahal-mahal gür ýaprakly agaçlaryň arasynda säginip, diňşirgendim, emma has-has edip, hiç zat eşitmednm. Ýene-de esli ýöredim we ýene-de diňşirgendim. Şeýdip yzly-yzyna gaýtaladym, töňňä gözüm düşse, adamdyr öýtdüm; eger aýagymyň aşagynda çöp şytydaýsa, biri göwnümi ikn bölüp, gylla ýarym galdy. diýdim.

Öýe ýetenimde, meniň keýpim gaçypdy, öler ýaly galpyldaýardym; emma häzir haýal-ýagallygyň wagty däldigini bilýärdim. Men hasyr-husur zatlarymy ýygnaşdyrdym-da, ýene-de gaýygymyň ýanyna ylgadym. Olar göze dürtülip durmaz ýaly, ody söndürdim, küller geçen ýylyň küli ýaly bolup görünsin diýip, olary dumly-duşa pytratdym, onsoň hem agajyň üstüne çykdym.

Men bu agajyň üstünde iki sagat dagy oturdymmykam diýýän, emma göreneşiden zadym bolmady, göwnüme bolmasa ýok zatlary görüp, eşidip ugran ýaly boldum. Emma ol ýerde ömrüň ötýänçä oturyp bolmaýar ahyryn! Ahyrsoňy men ýürek etdim-de agaçdan düşdüm, gür çemenlige sümdüm we birsyhly ätiýaçlylyk etdim. Men diňe ir-iýmiş bilen ertirki naharymdan galanja zatlarymy iýdim.

Garaňky düýänçä men ykjam ajykdym. Garaňky oňat düşenden soň bolsa derýa bilen ýola düşdüm we aý dogýança adadan çärýek millik beýledäki Illýnoý kenaryna ýüzüp geçdim. Ol ýerden tokaýa girip, agşamlyk nahar bişirindim, gijäni hem şu ýerde geçireýin diýip, göwni bire baglap durkam birden «tarp-tarp», «tarptarp» eden ses eşitdim, ilki bu çapyp ýören ýabylardyr öýtdüm, emma munuň yz ýany bilen adam sesi hem çykaýdy. Men ýene-de zatlarymy hasyr-husur ýygnap, gaýyga atdym, özüm bolsa bir zat bilip bilmezmikäm diýip, tokaý bilen bukdaklap ugradym. Onçakly ýöremänkäm birden:

— Oňat ýer tapsak, şu ýerde düşländen gowusy ýok: ýabylar halys ýadady. Gel göreliň… — diýen sesi eşitdim. Men garaşyp durman, kenardan saýlanyp ugradym we yzyma ýüzüin bardym. Gaýygy öňki ýerinde daňyp, gije şonuň içinde ýatmagy göwnüme düwdüm.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men oňat ýatyp bilmedim. Pikir üstüne pikir edip, uklap bilmedim. Her gezek oýananymda, biri ýakamdan tutup oýaryp duran ýaly boldy. Diýmek, uky hezil bermeýärdi. Ahyrsoňy men beýdip ýaşap bolmaz: bu adada menden başga kimiň barlygyny bilmek gerek. Ölýän bolsam-da bilerin! — diýdim. Şundan soň ýüküm ýeňlän ýaly boldy. Ine şeýdip, küregi alyp, kenardan iki ädnm ýaly çekilip, kölege bilen ugradym. Aý aýdyňdy, kölege düşmeýän ýer gündizlik ýalydy. Men bir sagadrak dpen ýaly kürek çaldym; ähli ýer ümsümlikdi, ähli janly-jandar sarsman ýatyrdy, Şol wagtyň içinde men adanyň aňyrsyna çykaýan ekenim. Suwy zyýrazyýra edip şemal öwüsýärdi, diýmek, daň atyp gelýärdi. Men

küregimi işledip, ganygyň burnuny kenara tarap öwürdüm onsoň bolsa düşüp, tokaýyň çetine bukdaklap gitdim. Şol ýerde pürsüň üstüne münüp, ýapraklaryň arasyndan jykladym. Aý ýerine girip, derýanyň ýüzüni garaňky gaplady. Emma onsoň agaçlaryň üsti ýagtylyp ugrady, men basym daňyň atjagyny aňdym. Şonda men tüpeňimi elimde tutup, her ädimde aýak çekip, diňşirgäp külüň üstünden baran ýerime tarap ýöräp gitdim. Emma näme üçindir, meniňki şowuna düşenokdy: şol ýeri men hiç tapyp bilemokdym. Görsem, şeýle hem eken: agaçlaryň arasynda ot ýylpyldap dur. Men seresaplyk bilen howlukman oňa golaýlaşmaga başladym. Golaýyna baryp görsem, ýerde bir adam ýatyr eken. Gorkyma tas janym çykypdy. Ol ýorgany kellesine çekip ýatyrdy, burny bolsa oda ýeteňkirläp durdy. Men gyrymsy agaçlaryň aňyrsynda oturyp, ondan gözümi aýyrmadym. Howa ýagtylyp ugrady. Basym ol pallap gerindi we üstündäki ýorgany çekdi. Görsem bu miss Uotsonyň Jimi eken! Baý, men muňa begendim-ow! Men agaçlaryň arasyndan çykyp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Salam, Jim! — diýip gygyrdym.

Ol lassa ýerinden galdy-da, gözüni petredip, maňa seretdi. Onsoň dyzyna çöküp, goluny gowşurdy-da:

— Degmesene maňa, degmesene! Meniň ölüleri öýkeleden ýerim ýokdur. Men olary hemişe gowy görýärin, olar üçin elimden gelenini edýärin. Yzyňa, gelen ýeriňe, derýa git-de, garry Jimi öz ugruna goý, ol hemişe seniň bilen dostdy — diýdi. Oňa özümiň öli däldigimi düşündirmek üçin maňa onçakly köp wagt gerek bolmady. Men Jimiň gelenine örän begenýärdim. Indi meniň ýüregim öňki ýaly gysyp durmaýardy. Nirede gizlenýänligimi birine gürrüň berer öýdüp gorkamokdym, men oňa hut şeýle diýibem aýtdym. Men gepläp durdum, ol bolsa maňa seredip, dymyp otyrdy, Ahyrsoňy men:

— Daň-a birkemsiz atdy. Ertirlik edinmek gerek, hany ody oňadrak ýak — diýdim.

— Bapybir zemlýanikadan we biderek zatlardan başga gaýnadara zat bolmaýsa, ot ýakanyňdan näme peýda! Halha, seniň tüpeňiň bar ýaly, şeýle gerek? Eger şeýle bolsa, zemlýankadan gowrak zat tapsada bolar. Men:

«Zemlýannka we biderek zatlar…» Sen şular bilenem oňduňmy? — diýdim. Ol:

— Başga tapan zadym bolmady — diýdi.

— Sen onsoň, Jim, adada haçandan bäri bolýarsyň?

— Seni öldürenlerinden bäri.

— Dogrudan hem şondan bärimi?

— Hawa-la.

— Şu biderek zatlardan başga iýen zadyň hem bolmadymy?

— Hawa, ser,-hiç zat iýmedim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Onda sen öler ýaly ajygansyň?

— Ýabynam iýip bilermikäm diýýän, hawa, iýermikäm diýýän. A sen adada haçandan bäri bolýarsyň?

— Şol meni öldüren gijelerinden bäri.

Şeý diýsene! Sen näme iýip oňduň? Hawa-da, seniň tüpeniň bar! Hawa-hawa, tüpeniň bar. Bu gowy zat. Sen git-de, bar zat urup gel, onýança men ot ýakaýyn.

Men onuň bilýän ganygyň duran ýerine gitdim, ol agaçlaryň aşagyndaky boş ýerde ot ýakýança men uny, döşi, kofeni, kofe gaýnadylýan çäýnegi, sajy, gandy we demir kürüşgäni alyp gitdim, olary görüp, Jimiň gözi hanasyndan çykaýyn diýdi: ol bularyň hemmesi jadylydyr öitdi. Men ullakan bir lakga balyk hem tutdum, Jim pyçagy bilen onuň iç goşuny aýyrdy-da gowurdy.

Ertirlik taýyn bolanda, biz otuň üstünde gyşaryp, gyzgynlygyna işdä bilen iýdik. Jim şeýle bir symyşlaýardy welin, şol wagt gulagyny kesseň hem duýjak däldi, ol örän ajygan eken. Biz doýýançak iýdik, onsoň dynç almak üçin gyşardyk. Az salym geçensoň Jim:

- Gek, aý Gek, eger seni öldürmedik bolsalar, siziň hütdütiňizde onda kimi öldürdiler? — diýdi.

Men oňa hemmesini bolşy ýaly gürrüň berdim, şonda ol: «Halal diýdim!» diýdi. Tom Soýer hem mundan gowusyny tapmazdy — diýdi. Men ondan:

— Sen bu ýerlere nädip düşdüň, Jim, näme üçin bu ýere geldiň? — dýýip soradym.

Ol näme üçindir ýygryldy we bir minut töwerekleri dymandan soň:

— Iň gowusy aýtmaýyn-la — diýdi.

— Näme üçin, Jim?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sebäbi azmy näme… Ýöne sen men barada hiç kime hiç zat aýtma. Aýtmarsyň gerek, Gek?

— Aýtsam, janym çyksyn! Ýeri bolýar-da, men saňa ynanýaryn, Gek. Men… men gaçyp gaýtdym.

— Jim!

— Häzir bol, hiç kime aýtman diýip, ýaňyja söz berdiň ahyryn, hiç kime aýtmajagyňa söz berenligiň özüňiň hem ýadyňdadyr, Gek! Ýeri bolýar-da. Aýtman diýdim — aýtman. Tüýs hindilerçe söz bererin, aýtman. Goý, ähli adamlar maňa abolisionist hem diýseler diýibersinler, goý, munuň üçin ýigrenseler hem ýigrenibersinler, meniň üçin parhy ýok. Men adam ogluna aýtman, umuman-a ol ýere men gaýdyp barman. Şonuň üçin sen çekinme-de, aýdyber.

Eşider bolsaň, iş ine şeýle boldy. Köne hojaýynym miss Uotson hemişe maňa iňirdedi ýördi, çydar dagy eder ýaly bolmady, emma her niçik hem bolsa meni Orleana satmazlyga wada berdi. Ýöne soňky wagtlar men gul söwdasyny edýän bir adamyň onuň tamynyň töwereginden aýrylmaýanlygyny aňyp, ynjalykdan gaçyp ugradym. Gijäniň bir wagty men ýuwaşja basyp gapyň ýanyna geldim, gapy bolsa jebis ýapylmandy, men köne hojaýynymyň dul hatyna meni derýaň aýagyndaky Orleana satmakçydygyny aýdanyny eşitdim; satasym-a gelenok welin, oňa sekiz ýüz dollar dagy berýärler, beýle puly görüp saklanyp hem bolanok — diýip, ol aýtdy. Dul hatyn oňa meni satma diýip töwella edip başlady, emma men munuň yzynyň näme bilen gutarjagyna garaşyp durman ökjäni göteräýdim.

Dagdan aşak duşdüm we şäheriň ýokarsynda gaýyklaryň birini çileýin diýip göwnüme düwdüm. Emma halk entek ýatman eken, şonuň üçin köne çelekleriň arasynda gizlenip, adamlar dagaýança garaşdym. Şeýdip uzynly gije oturdym. Hemişe ýanymda biri aýlandy ýördi. Ertir sagat altylaryň töwereginde gapdalymdan gaýyklar geçişip ugrady, her gaýykda sekiz-dokuz adam bolup, olaryň ähli gürrüňleri kakanyň şähere gelip, seni öldürişlerini habar berşi hakyndady. Gaýyklaryň üstünde aýallar, jenaplar otyrdylar, olar ganhorlyk edilen ýere gelýärdiler. Käte derýanyň beýle tarapypa geçmezlerinden ýaňa dynç aljak bolup, gaýygy kenaryň gyrasyna getirip goýýardylar; ine, şonda gürrüňleriň arasynda seniň öldürilişiňi eşitdim. Seniň öldürileniňe meniň nebsim-janym agyryp gitdi. Gek… Ine indi häzir ynjaldym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men şol ýerde ýonuşgalaryň aşagynda uzynly günläp ýatdym. Ajygýardym, emma gorkmasyna gorkmadym: sebäbi men ertirlik edinenden soň dul hatynyň köne hojaýynym bilen ybadata gitjekdigini we olaryň şol ýerde uzynly günläp boljakdygyny, men barada bolsa baryp dandanlar sygyr bakmaga gitdi diýip pikir etjekdiklerini, meniň ýoklugymy diňe garaňky gatlyşandan soň bilip galjakdyklaryny bilýärdim. Beýleki hyzmatkärler hem meniň ýoklugymy aňmazlar, men muny hem bilýärdim, sebäbi kempirleriň ýok wagty olar hem gezelenje çykýardylar. Ýeri bolýar-da… Garaňky gatlyşan dessine men bukudan çykyp, derýanyň boýy bilen suwuň akýan ugrunyň tersine tarap ugradym, iki mil, hatda ondan hem gowrak geçdim; ol ýerde öý-öwzar hem ýokdy. Men näme etmelidigini bildim. Eger pyýada ýöräp gitsem, meni itler yzarlap tapjakdylar; eger gaýyk ogurlap, derýanyň aňyrsyna ýüzüp geçsem bolsa ganygyň gözlegine çykjakdylar; meniň kenara çykan ýerimi yzarlap tapjakdylar. Ýok, meniň üçin iň gowusy sal: ondan yz galjak gümany ýok — diýip içimi gepletdim. Basym öwrümiň aňyrsynda bir ýylpylda gözüm düşdi. Men suwa girip ýüzmäge, elim bilen öňümdäki pürsi iteklemäge başladym. Şeýdip, derýanyň ortasyna ýüzüp bardym, akyp gelýän agaçlaryň arasynda gizlendim, kellämi aşak egip, suwuň tersine ýüzdüm, sal gelýänçä garaşdym. Onsoň salyň yz tarapyndan baryp, ondan ýapyşdym. Şol wagt bulutlar süýşüp gelip, howa garaňkyrady, men ýatan ýerimden çykyp, salyň üstüne mündüm. Ol ýerde adamlar salyň ortarasynda çyraň ýakynynda otyrlar eken. Derýa barha joşýardy, suw çasly akýardy we men bular bilen ýüzüp, sagat dörtlere çenli

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýigrimi bäş mil dagy geçerin, onsoňam edil daňdan çaglary suwa çykaryn, kenara ýüzüp bararynda, Illinoý tarapdaky tokaýa siňip giderin — diýin çak etdim.

Emma meniňki paşmady. Biz adanyň duşuna ýeteňkirläp barýarkak, görsem, salyň yz tarapyna bir çyraly adam gelýär. Garaşyp oturyp boljak däldi, şonuň üçin saldan böküp düşüp, kenara tarap ýüzüp ugradym. Men kenara islän ýerimden çykyp bilerin öýdüpdim, emma beýle däl eken, kenar örän kertdi. Men öňümden amatly ýer çykýança ýüzüp, adamyň ahyryna çykdym. Men tokaýda gizlenip, eger çyraly eýläk-beýläk gatnap ýörjek bolsalar, gaýdyp sal bilen iş salyşman diýdim. Şybygym, bir gap temmäkim, otluçöpüm telpegimiň içindedi, olar çyg bolman ekenler, diýmek, hemmesi gülala—güllükdi.

— Diýmek bilen, şunça wagtyň içinde çöregem, etem iýmänsiň-dä? Näme üçin sen pyşbaga tutmansyň?

— Sen ony nähili tutjak? Üstüne özüňi oklap, ony eliň bilen tutjak gümanyň barmy, iň bärkisi daş bilenem-ä öldürip bolanok? Onsoňam gije nädip tutjak. Gündizine-hä men derýa boýuna hem çykamok.

— Munyň-a dogry. Sen hemişe tokaýda bolmaly bolansyň. Sen top atylanyny eşitdiňmi?

— Eýsem näme! Men ony seni gözläp atýandyklaryny bilýärdim. Men olaryň duşumdan ýüzüp geçişlerini gördüm, agaçlaryň arasyndan seretdim.

Gapdalymyzdan çaga guşlar pasyrdaşyp uçup gitdiler öňki edip uçup, ýere gondular. Jim bu ýagşyň alamatydyr diýdi. Eger jüýjeler uçuşyp-gonuşup ýörseler ýagyş ýagýar, çaga guşlar uçuşyp-gonşup ýörse-de şeýle bolýarmyka diýýän. Men olardan birazrak tutsam diýdim. Emma Jim razy bolmady. Bu ölümiň alamaty diýdi. Onuň kakasy agyr ýatyr eken; çagalarynyň biri guş tutup gelende, garry eneleri indi ataňyz öler diýipdir, bu şeýle hem bolupdyr

Jim ýene: günorta naharynda iýjek-içjekleriňi-de hasaplamaly däl diýdi, sebäbi bu oňlulygyň üstünden eltmeýär diýdi. Gün çykanyndan soň saçagyňy kaksaň hem şeýle bolýar. Mundan başga-da, eger bal aryly adam öläýse, muny hökman ertesi ir bilen gün çykýança arylara eşitdirmeli, bolmasa olar sowaşyp, işlemelerini goýýarlar we ölüp gidýärler diýdi. Jim bal arysy samsyk adamlary çakanok diýip gürrüň berdi, emma men muňa ynanamok: men birnäçe gezek synap gördüm, emma olar meni çakmadylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men öň bu zatlaryň hemmesini eşitmesem-de, bir toparyny eşitdim. Jim köp yrym bilýärdi, onuň özi-de ähli yrymy diýen ýaly bilýärin diýýärdi. Meniň göwnüme bolmasa, yrymlaryň hemmesi oňlulygyň üstünden eltmeýän ýaly göründi, şonuň üçin Jimden oňat yrymlar bolanokmy — dýýip soradym. Ol:

— Bolsa-da, az, onsoňam olardan pepda ýok, basym bagtyň getirjegini biljek bolup nätjek? Ondan dynmak üçinmi? — diýdi. Ýene-de ol:

— Eger seniň elleriň we döşüň tüýlek bolsa, bu baý boljaklygyň alamaty bolýar. Ýöne bu alamatyň hem kemter ýeri bar, haçan baý boljaklygyň anyk däl. Ilki seniň esli wagtlap garyp ýaşamagyň mümkin, onsoň baý boljagyňy bilmän gaýgy edip, asylyp öläýmegiň mümkin — diýdi,

— Seniň elleriň bilen döşüň tüýlekmi, Jim?

— Näme soran bolýarsyň? Tüýlekdigini özüň görmeýärmiň näme?

— Näme, onsoň sen baýmy?

— Ýok. Men bir gezek baý bolup gördüm, ýene-de bir wagt baý bolaryn. Bir gezek meniň elime on dört dollar düşdi, emma söwda eden bolup, öz-özüm tozapdym.

— Näme söwda etdiň, Jim?

— Aý, ilki mal söwdasyny etdim.

— O nähili mal?

— Belli zat ahyryn, janly mal söwdasyny etdim. On dollara bir sygyr satyn aldym. Emma indi pulumy beýdip ýele sowrasym ýok. Sygrym birden öldi-de duruberdi.

— Diýmek, sen on dollar ýitiripsiň-de?

-— ÝÝok, men olaryň hemmesini ýitirmedim. Dokuz dollar çemeleri ýitirdim. Hamy bilen ýagyny bir dollar on sente satdym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Onda seniň bäş dollar on sent puluň galandyr? Ýeri onsoň sen olaram öwrüp ugradyňmy.

— Ýogsam näme! Sen mister Bredişiň ýeke aýakly negrini tanaýarmyň? Ine ol bank açdy we kim bir dollar goýsa, ol bir ýyldan ýenede dört dollar gazanýar diýdi. Negrleriň ählisi banka goýum goňdy, emma olaryň puly azdy. Meniňki bolsa köpdi. Şonuň üçinem meniňdört dollardan köpräk gazanasym gelýärdi, men oňa şunçarak pul bermesem, özüm bank açaýjak diýdim. Onsoň ol diýer meniň bank açanymy islemedi, sebäbi bizde iki bankyň geregi ýokdy, şonuň üçin ol: eger bäş dollar goýsaň, ýyl aýaklanda ony otuz bäş dollar edip bereýin diýdi. Men aýdyşy ýaly etdim. Onsoň, gel boş duranymdan, bu otuz bäş dollary hem öwreýin — diýdim. Bob atly bir negr düýbi ýalpak gaýygy tutupdyr, gaýygyň eýesi bolsa muny bilmändir; men onuň gaýygyny satyn aldym we ýylyň ahyrynda menden otuz bäş dollarysy alarsyň diýdim; emma şol gije gaýygy ogurlatdym, ertesi bolsa ýeke aýak negr bize bank ýarylypdyr diýip habar berdi. Şeýlelikde biziň hiç birimize pul düşmedi.
— A on sentini nätdiň.Jim?

— Aý, ilki ony sowaýyn diýdim, emma soň düýş görüp, düýşümde bir owaz: sen ol puly Walaam ýa-da gysgaça aýdanda Walaam eşegi diýen bir negre bergiň diýdi. Saňa dogrusyny aýtsam, ol tüýs bir baryp ýatan akmak. Emma muňa derek ol bagtly diýýärler, meniňki bolsa, görýän welin, hiç paşanok. Şol owaz maňa: goý Walaam ol on senti peýdasyna goýsun, düşen girdejini hem saňa bersin diýdi. Ana onsoň Walaam ol puly aldy, soň hem buthanada ündewçiden: kim garyba pul berse, ol hudaýa pul berýär, allatagala bolsa onuň birini ýüz esse edip yzyna gaýtarýar diýip eşidipdir. Ol uly gedaýa beripdir-de, soňy nähili bolýarka diýip garaşyp oturypdyr.

— Ýeri onsoň soňy nähili boldy, Jim?

— Çykan zat bolmady. Men pulumy hiç yzyna gaýdyp alyp bilmedim. Walaam hem alyp bilmedi. Indi girew goýaýmasalar, meniň adam ogluna pul karz berjek gümanym ýok. Ündöwçi bolsa heniz-henizler hem «biriň hökman ýüz bolup gowşar» diýip ýör. Men şol on sentimi hem yzyna alyp bilsem kaýyl, men şoňa-da monça boljak; karam boldy diýjek däl.

— Nätjek, Jim, bähbit bolsun, belki, ýene-de baý bolaýadyň-da.

— Hawa-la, seredip otursaň, men häzir hem baý adam. Sebäbi meniň öz elim, öz ýakam, maňa sekiz ýüz dollar berýärler. Eger şu pullary meniň elime berseler, başga sorajak hem däl.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## IX bap

Ada ser salyp ýörkäm tapan ýerimi meniň ýene-de bir gezek görüp gaýdasym geldi; ine onsoň Jim bilen ýola düşüp, biz basym şol ýere ýetdik, sebäbi adanyň boýy bary-ýogy üç mil, ini hem dört mildi.

Şol ýer örän beýik we kert baýyrdy, ýa-da kyrk fut beýikligi bolan belentlijekdi. Biz onuň gerşine zordan emedekläp çykdyk, ol ýerde kert gerişler, ok geçmez agaçlar bar eken. Biz gerşiň ähli ýerine aýlanyp çykdyk we ahyr Illinoýa ýakynrak tarapynda, iň ýokarda oňat we giň gowagyň üstünden bardyk. Gowak uludy, iki-üç otagyň ýerini tutjakdy, Jim onuň içinde ör boýuna durup biljekdi. Içi salkyndy, Jim şol wagtyň özünde goşlaryny şu ýere çekmekçi boldy, emma men: biziň her gezek ýokaryk münüp-düşüp durasymyz gelmez ahyryn diýdim.

Jim: eger gaýygymyzy gizlençegräk ýerde gizläp, zatlarymyzy gowaga daşasak, bu ýere adam geläýende gaçyp atmaga amatly boljak, it bilen tapaýmasalar, ömürylla tapjak gümanlary ýok — diýdi. Onsoňam çaga guşlar ýagşyň boljagyny ýöne ýerden aýdanoklar, eger şeýle bolsa sen zatlaryň ezilmegine razymy? - diýdi.

Biz yzymyza gaýdyp, gaýygymyzy aldyk, edil adanyň ýanyna ýüzüp bardyk we ähli zadymyzy şol ýere daşadyk. Soň biz ýakyn töwereklerde, gür söwütleriň arasynda gaýygymyzy gizlär ýaly ýer gözledik. Biz çeňňeklerimize düşen balyklary alyşdyrdyk, soň çeňňekleri ýene suwa atyp, nahar taýynlamaga başladyk.

Gowagyň agzy çelek sygarlyk giňdi, girelgäň bir tarapynda bolsa ýer birneme galyp durdy, şol ýerde ojak üçin örän amatly, tekiz ýer bardy. Biz şol ýerde ot ýakyp, nahar bişirindik.

Biz ýorganlarymyzy göni ýeriň üstüne ýazyp, şolaryň üstünde nahar edindik. Galan zatlarymyzyň baryny el ýüzünde bolar ýaly gowagyň düýbünde goýuşdyrdyk. Basym garaňkyrap, ýyldyrym çakyp ugrady, gök gubürdedi; diýmek, guşlar mamla ekenler. Şol wagt jala gelip başlady, özi-de edil bedreden guýýan ýaly guýdy, beýle jalany bolsa men ömrümde görmändim. Bu tüýs tomus jalasydy. Howa şeýle bir garaldy welin, daş-töwerekdäki ähli zat garamtyl-gök we örän owadan ýaly bolup göründi; jala bolsa dymman guýýardy, golaýjakdaky agaçlar hem zordan görünýärdi, özleri-de edil kerebiň içinde ýaly bolup görünýärdiler;

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
birden bolsa tüweleý turup, agaçlaryň başlaryny egýärdi, ýapraklaryň ak tarapyny beýlesine öwürýärdi; şondan soň güýçli ýel gelip, agaçlar guduz açan ýaly yranyşýardylar; howa has garalyp, gözedürtme bolanynda, birden gündizlik ýaly ýagtyldy duruberdi: öňküden ýüz ädimlik daşdaky zatlar hem, agaçlaryň başlarynyň yranyşlary hem göründi; bir sekuntdan uçudyň düýbi ýaly bolup ýenede garaldy, aýylganç güýç bilen gök gübürdedi, soň bolsa merdiwandan goýberlen boş çelek ýaly bolup, kem-kemden aşaklap, gögüň ýüzüni gaplady, merdiwan uzyn bolanda çelek hem her ýere bir degip böküp gaýdýar. Men:
— Bä, munuň hezildigini, Jim. Bu ýerden meniň hiç ýana gidesim gelenok. Hany, bir bölek balyk bilen ýyljajyk zagara ber — diýdim.

— Ine görýärmiň, Jimsiz bolan bolsaň, saňa kyn düşerdi. Tokaýyň içinde naharsyz-zatsyz oturardyň, süllümbaý ezilerdiň, çyg süňňüňe ornaşardy. Hawa, hawa, oglum! Haçan ýagyş boljagyny towuklar bilýärler, tokaýdaky guşlar hem bilýärler.

On ýa on iki günläp derýadaky suw yzyny üzmän joşdy we ahyrsoňy kenara agyp ugrady. Adanyň pesräk ýerlerinde suw üç-dört futa çykdy, Illinoý kenarynda hem şonuň ýaly boldy. Derýanyň aňry tarapy esli millik giňdi, Missuri tarapy bolsa şol ýarym mil giňliginde galdy, sebäbi Missuri kenary ýöne gaýa bolup durdy.

Gündiz biz gaýyk bilen bütin adany aýlanyp çykdyk. Tokaýyň jümmüşi gün ýakyp gowrup barsa-da örän salkyndy, kölegedi. Biz eýdip-beýdip, agaçlaryň arasyndan geçýärdik, kä ýerlerde ýabany üzüm şeýle bir gür çyrmaşypdyr welin, yzymyza dolanyp, başga ýol gözlemeli bolýardyk. Her bir ýykylyp ýatan agajyň üstünde towşanlar, ýylanlar, dürli jandarlar otyrdylar, suw bir-iki gün durandan soň gelsen-ä, olar açlykdan ýaňa şeýle bir ýuwaşaýarlar welin, ýene eliň bilen tutup ýörmeli bolýar, emma, elbetde, ýylan bilen pyşbagany beýdip bolmaýar, olar eliňden typyp, suwa urup gidiberýärler. Biziň gowagymyz ýerleşýän depede olar jygyldamygyldylar. Eger edinesimiz gelse, haýwanlardan eldeki edinip biljekdik.

Bir gezek biz salyň kiçeňräk bir bölegini — dokuz sany oňat sosna tagtasyny tutduk. Bu bölegiň ini on iki fut, boýy hem on bäş-on alty fut bardy. Alty-ýedi dýumalyk berk we tekiz tagta düşek bolsa suwuň ýokarsyna çykyp durdy. Kä gezek gündizler biz duşumyzdan pürsleriň akyp geçýänligini görýärdik, emma olary tutjak bolmaýardyk: biz gündizine gowakdan kellämizi hem çykarmaýardyk.

Başga bir gezek gije daň atyp barýarka, biz adanyň ýokary tarapyna ýüzüp bardyk, bir görsek günbatardan bize tarap tutuş bir tam ýüzüp gelýär. Tam iki gatdy, özi-de bir ýany aşak çöküp durdy. Biz onuň ýanyna ýüzüp baryp, üstüne

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çykyp ugradyk, ýokarky gatynyň äpişgesinden girdik. Emma entek juda garaňky bolup, hiç zat görnenokdy; onsoň biz ol ýerden çykyp, gaýygymyzy baglap goýduk we daň atýança garaşyp başladyk.

Adanyň aşaky çetine ýetip-ýetmänkäk, daň saz berip ugrady. Şonda biz äpişgeden seretdik. Biz krowaty, stoly, iki sany köne stuly saýgardyk, bulardan başga-da jaýyň polunda bir topar görlähet üýşüp durdy, diwardan bolsa geýim-gejim asylgydy. Törde adama meňzeş bir zat ýatyrdy. Jim oňa:

— A-how! — diýip gygyrdy.

Emma ol gymyldamady. Şonda oňa menem gygyrdym, soň Jim:

— Ol ukuda däl, ol öli. Sen şu ýerde butnaman dur, men gidip görüp geleýin — diýdi.

Ol tamyň içine girip, süýnüp ýatan adamyň ýanyna bardy, oňa egilip seretdi we:

— Bu ölüpdir. Üstesine-de ýalaňaç. Muny ýeňsesinden tüpeňläpdirler. Ölenine-de iki-üç gün dagy bolupdyr. Hany, Gek, bärik gel, ýöne munuň ýüzüne seretme, ol örän gorkunç — diýdi.

Men onsoň oňa seretjek bolmadym. Jim onuň üstüne hasyr-husur bir köne esgi ýapdy, emma onuň beýtmesiniň geregi ýokdy: meniň oňa seredesim hem gelip duranokdy. Poluň üsti köne, ýagjymak kartlardan, wiskadan, boşan çüýşelerden doludy, bulardan başga ol ýerde gara mawutdan tikilen iki sany maska hem bulaşyp ýatyrdy, diwaryň ýüzi paýyş sögünçlerden, kömür bilen çekilen suratlardan doludy. Diwarda iki sany sary giden çit köýnek, sypal şlýapa, ýubka, erkek adamyň köýnegi, erkek adamyň geýimleri asylgy durdy. Biz gerek bolar diýip, gaýyga ony-muny daşadyk. Poluň üstünde çagalaryň geýýän köne sypal şlýapasy ýatyrdy; men ony aldym. Ol ýerde agzyna esgi dyky dykylan süýt çüýşesi hem ýatyrdy, bu çagany emdirmek üçin bolsa gerek. Biz çüýşäni hem aljakdyk welin, ol döwük eken. Ýene-de içi agdar-düňder edilen köne sandyk we ýaldan örlen sypal gulply çemedan hem bardy. Olaryň ikisiniň-de agyzlary açykdy, ikisiniňde içindäki zatlar ýokdy. Zatlaryň bulam-bujar bolup ýatyşyndan öý eýeleriniň howul-halat gaçyp gidendikleri, ähli zatlaryny alyp gidip bilmänlikleri görnüp durdy.

Bize galan zatlar şulardy: köne demir çyra, sapsyz ullakan pyçak, Barlou firmasynyň täze jübi çakgysy (bular ýaly çakgyny hiç bir dükanda hem on sentden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
arzan aljak gümanyň ýokdy) bir topar şem, şemiň aşagyna goýulýan demir, flýagajyk, demir kürüşge, içi pagtaly köne ýorgan, iňňeli, iňňebagjykly, sapakly, bir tokga mumly, ilikli, bir topar aňry-bärili aýal gapjygy, paltajyk, bir topar çüý, külbikämden ýogynrak çeňňek, togalanan sugun hamy, itiň boýunbagy, nal, gapdaly kagyzsyz derman çüýşejikleri; biz gitjek bolup durkak men bir oňat gaşaw, Jim bolsa gyjagyň kemençesi bilen agaç aýak tapdy. Ýöne kemerleri üzülen eken, ýogsam örän oňat aýak eken, diňe ol maňa uzynrak, Jime bolsa kelteräk bolýar. Beýleki taýyny bolsa näçe gözlesek hem tapmadyk.

Şeýlelikde, umuman aýdanda, oljamyz kiçi bolmady. Biz tamyň ýanyndan ýüzüp ugrajak bolup durkak, jahan birkemsiz ýagtyldy. Biz adadan çärýek millik aşakdadyk. Men Jime gaýygyň düýbünde süýnüp ýat diýdim, üstüni bolsa pagtaly ýorgan bilen basyrdym, ýogsam dik otursa, onuň negrdigini jemagat uzakdan hem tanajak. Men suwuň ugry bilen ýarym mil aşakdan barar ýaly gaýygy Illinoý kenaryna sürüp ugradym, onsoň suwuň akmaýan ýeri, derýanyň gyrasy bilen gitdim. Biz hiç kime duşman, ada sagaman geldik.

## X bap

Ertirlik naharyny edinip bolanymyzdan soň meniň öli barada, ony kimiň öldürenligi barada gürrüň açasym geldi, emma Jim göwnemedi. Ol beýtsek, başymyza bir bela satyn alarys; onsoň hem ol gijelerine bize gelip durmasyn, sebäbi jaýlanmadyk adam, öz ýerinde, arkaýyn ýatan adama garaňda, çem gelen ýerde ygagan bolýar. Bu, belki, dogry bolsa-da dogrudyr, şonuň üçin men zat diýip durmadym, emma ähli pikirim şol hakda boldy; ony kimiň atanlygydy we näme üçin atanlygyny örän bilesim gelýärdi.

Biz elimize düşen geýimi oňatja barladyk we basyrykdan edilen köne paltonyň işliginden sekiz dollar altyn pul tapdyk. Jim: bu jaýa gelen adamlar, paltony ogurlasa-da ogurlardylar: bu pullaryň bardygyny bilen bolsalar, olar paltony bu ýerde goýmazdylar — diýdi. Men: dogry, ony hem şolar öldürendirler diýdim, emma bu barada Jimiň gürrüň açasy gelmedi. Men:

— Ynha sen bu oňlulygyň üstünden eltmez diýip pikir edýärsiň, a öňňin dagyň depesinden ýylanyň gowuny getirem-de sen näme diýipdiň? Sen eliňe ýylanyň gowuny alanyňdan erbet yrym ýokdur — diýipdiň. Hany onsoň näme bolupmyş? Gör biz näçe zatlaryň üstünden bardyk, üstesine-de sekiz dollarly bolduk. Men, Jim, şular ýaly belanyň üstünden her gün baryp dursakdyk diýýän — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Entek belli däl, oglum, belli däl. Sen birden galyberme. Entek görjegiň öňdedir. Meniň diýýänlerim ýadyňda bolsun: entek görjegiň öňdedir.

Bu şeýle-de bolup çykdy. Biziň aramyzdaky bu gürrüň sişenbe güni bolup geçipdi. Anna güni nahardan soň bolsa uçudyň ýanyndaky otuň üstünde ýatyrkak ähli temmäkimiz gutaran eken. Men temmäki alyp geleýin diýip gowaga gaýtdym we hažžyldyly ýylanyň üstünden bardym. Men ony öldürdim we düýrläp, Jimiň ýorganynda ýylanyň ýatanlygyny görse, baý, tomaşa bolar-a! — diýip pikir etdim. Emma agşama deňiç bu ýadymdan çykyp gitdi. Men çyrany ýakynçam Jim ýorganyna sümüldi, ol ýerde bolsa ýaňky ýylanyň ýoldaşy bar eken, ol şo bada Jimi çakdy.

Jim böküp çykdy-da, zörledip goýberdi, çyranyň yşygyna gözümize ilkinji ilen zat şol ýylan boldy; ol düýrlenip, ýene-de zyňjak bolup dur eken. Men ony göz açyp-ýumasy salymyň içinde taýak bilen ýere ýazdym. Jim hem kakamyň arakly çüýşesini alyp, ýylany ýençmäge durdy. Jim aýakýalaňaçdy, şonuň üçin ýylan onuň edil ökjesinden çakypdyr. Hemmesi-de men samsygyň bir zady unudanlygymdan boldy: bir. ýerde öli ýylany goýup gitseň, hökman onuň ýanyna ýoldaşy gelip, onuň daşyna çolaşyp ýatýar ahyryn. Jim maňa ýylanyň kellesini çapyp zyňsaň, onsoň hem onuň hamyny sypyryp, etinden bir bölejigini gowursaň diýdi. Men onuň aýdyşy ýaly etdim; ol ony iýip, bu meni bejerse gerek diýdi. Onsoň meň gowakdan çykyp, ýylanlaryň ikisini-de daşa, agaçlaryň arasyna zyňyp goýberdim: bularyň hemmesiniň men zerarly bolanlygyny Jimiň bilenini islämokdym.

Jim çüýşäniň içindäkini içip otyrka mahal-mahal üýtgeýärdi: ol ýerinden turup pyrlanmaga we akyly üýtgän adam ýaly gygyrmaga başlaýardy, onsoň ýene çüýşäniň daşyna geçýärdi.

Onuň ökjesi güp ýaly çişdi, ökjesiniň ýokarylary hem çişdi; soň bolsa kemkemden aragyň keýpi ýetişip ugrady, indi-hä iş düzelse düzeler — diýip pikir etdim. Maňa kakamyň aragyndan, ýylanyň çakany gowudy.

Jim dört gije gündizläp ýatdy. Onsoň çiş gaýdyp, ýene-de aýak üstüne galdy. Men bally çörek berselerem, gaýdyp ýylan gowuna degmen diýip ant içdim, sebäbi degseň, başyňa gör nä günler gelýär. Jim: indikile meniň diýenime ynanmarmykaň diýýän diýdi. Ýylan gowuny eliňe almak şeýle erbet yrym eken, dünýäde ondan erbet yrym ýokmuka diýýän; belki, bu enteklerem bary däldir. Ol ýylan gowuna el degrenden, dogan aýa çep eginden sereden ýüz esse gowy diýdi. Öňler egniň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
üstünden ýaňy dogan aýa seretmek ýaly samsyklyk we bidereklik ýok diýip ýörenem bolsam, indi meniň özüm hem muňa ynanyp başladym. Garry Henk Banker bir gezek şeýdip seredipdir-de, öwnen bolupdyr. Onsoň gözi nämäni görüpdir! Şondan soň iki ýylam geçmänkä, ol minaradan ýykylyp, ýap-ýasy bolupdyr: ony tabyda derek iki sany gapynyň arasyna salyp jaýlapdyrlar diýýärler; muny öz gözüm bilen-ä göremok welin, kakam şeý diýip gürrüň berýär. Emma bu, elbetde, onuň aýa çep egniniň üstünden seredenligi üçin bolupdyr.

Ine şeýdip, günler yzly-yzyna geçdi, derýa ýene-de joşup, kenara dyzap ugrady. Şonda biz ilki bilen çeňňegiň ujuna hamy sypyrylan towşany ötürip, ony suwa atdyk we adamyň boýy ýaly ullakan lakga balygyny tutduk; onuň uzynlygy alty fut ik dýum dagy bardy, agramy bolsa iki ýüz puta ýetýärdi. Biz ony suwdan hem çykaryp bilmedik: ol bizi tas Illinoýsa gapgarypdy. Biz ýöne oturyp, tä ölýänçä, onuň çyrpynyşyna syn etdik. Onuň garnyndan biz mis ilik, togalak şar, bir topar bolar-bolgusyz zatlar tapdyk. Biz şary paltalap döwdük, görsek onuň içinde tegek bar eken. Jim: eger ulalyp şara öwrülen bolsa, tegek balygyň içinde köp ýatypdyr — diýdi. Meniň pikirimçe, şu balykdan uly balygy Missisipiden hiç haçan tutan däldirler. Jim: beýle uly lakga balygy heniz göremok diýdi, şäher bolan bolsa, ony esli pula dakardym. Munuň ýaly balyklary ol ýerde telim funt bahalaýarlar, şonça pul berip satyn hem alýarlar, sebäbi lakga balygyň eti pamyk ýaly ak bolýar, özide oňat gowrulýar — diýdi.

Ertesi irden meniň ýüregim gysyp, bir zat bilen göwün açasym geldi. Men Jime derýanyň aňyrsyna geçip, ol ýerden habar tutup geleýin diýdim. Bu pikir Jime ýarady, ol diňe: garaňky düşýänçä garaş, şähere baraňda hem seresap bol — diýdi. Ýene-de bir salym böwrüni diňläp, ol: köne-küşüllerden bir zat alyp, gyz geýimine giräýseň nädýär — diýdi. Bu hem oňat pikirdi. Biz çit köýnekleriň birini kelteltdik, balagy bolsa dyzyma çenli çermäp geýdim. Jim arkamdaky iliklerimi ildirişdirdi welin, eşikler maňa şaplaýdy. Men sypal kapory kelläme geýip, lentalary alkymymdan daňdym, şonda meniň ýüzümi saýgarar dagy eder ýaly bolmady, edil peç turbasynyň içine sereden ýaly boldy. Jim:

indi seni gündiz bir tanap bolaýarmyka diýdi. Gyz köýnegine endik etjek bolup, uzynly günläp jan etdim we kem-kemden özümi onuň içinde tagaşykly duýup ugradym. Emma Jim: gyzlaryň ýöreýişleri beýle bolmaýar — diýdi, ol ýene: köýnegi çekip, eliňi jübiňe salmak häsiýetiňi hem goý diýdi. Men muny göz öňünde tutdum, onsoň iş ugrugyp gitdi.

Garaňky düşen badyna men gaýygym bilen Illinoýs kenaryna geçdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men şähere pristanyň birneme aşak ýanyndan ýüzüp bardym, suwuň akymy meni şäheriň çetine alyp gitdi. Men gaýygymy baglap, kenara çykdym. Esli wagtlap ýaşalmadyk hütdükde häzir çyra ýanýardy, men: ol ýerde kim ýaşaýarka? — diýip geň galdym. Men bukdaklap, onuň ýanyna bardym we äpişgeden jykladym. Kyrk ýaş töwerekleri aýal çyranyň ýagtysyna sosna agajyndan edilen sadaja stoluň başynda bir zat örüp otyrdy. Ýüzi nätanyş ýüzdi, ol bu ýere ýaňyrak gelen bolara çemeli, sebäbi men şäherde ýaşaýanlaryň hemmejesini tanaýardym. Onuň nätanyşlygy meniň üçin bähbit boldy, sebäbi näme üçin gaýtdymkam diýip, gorkup ugrapdym. Meni sesimden tanaýmaklary mümkindi. Emma bujagaz şäherde iň bärkisi iki günjagaz ýaşan hem bolsa, bu aýal meniň bilmeli zatlarymyň baryny aýdyp berip biler. Men özümiň gyz bolan bolýanlygymy bir minutlykçada unutmazlyga pent edip, gapyny kakdym.

## XI bap

Aýal:

— Gir — diýdi. Men girdim. — Şu ýerde oturyberiň. Men oturdym. Ol özüniň ýyldyrap duran kiçijik gözleri bilen meni başdan-aýak synlady we:

— Siziň adyňyz näme? — diýip sorady.

— Sara Uilýams.

— Siz nirede ýaşaýarsyňyz? Şu töwereklerdemi?

— Ýok, Gukerwilde ýaşaýan, ol bu ýerden ýedi mil aşakda. Men gelýänçem pyýada ýöräp, halys ýadadym.

— Ajykdyňmykaňam diýýärin. Häzir iýer ýaly zat tapaýyn.

—- Ýok, meniň zat iýesim gelenok. Men örän ajygamsoň bu ýerden iki millikdäki ferma sowuldym, häzir bolsa zat işdäm ýok. Giç gelenligimiň hem sebäbi: ejem kesel ýatyr, ne pulumyz bar, ne beýlekimiz. Meni daýym Abner Murulara iberdiler. Ejem: ol şäheriň şol çetinde ýaşaýandyr — diýdi. Men bu ýere hiç haçan gelip görmändim. Siz ony tanaýaňyzmy?

— Ýok, men häzir hemme adamyny tanamok. Biziň bu ýere gelenimize heniz iki hepdede bolanok. Şäheriň o çetine çykynçaňyz ep-esli ýol bardyr. Şonuň üçin bizde ýatyp gidäýiň. Şlýapaňyzam aýraýyň.

Men:

— Ýok, iň gowusy birazrak dynjymy alaýyn, onsoň hem ýolumy dowam etdireýin. Men garaňkylykdan gorkamok — diýdim.

Ol men seniň ýeke özüňi goýberip bilmen, anha sagat ýarymrakdan adamym gelip, seni äkider diýdi. Onsoň ol öz adamsy barada, derýanyň sakasynda we derýanyň aýagynda ýaşaýan kowum-garyndaşlary barada, öň adamsy ikisiniň has gowy ýaşandyklary, biziň şäherimize nähak göçüp gelendikleri barada we şuňa meňzeşler barada gürrüň berip başlady, şonda adamymyň göçeli diýenine gulak asmaly däl ekenim — diýdi; mundan şäherdäki gep-gürrüňleri eşiderin diýip nähak tama eden bolaýmaýyn diýip, men içimi gepledip ugradym, emma ahyrsoňy gürrüň meniň kakamyň üstünden, meniň öldürilişimiň üstünden bardy; şonda men goý birneme samrasyn diýdim. Ol Tom Soýer ikimiziň on iki müň dollar tapyşymyz hakynda (ýöne ol ýigrimi müň dollar tapypdyrlar diýdi), meniň kakam barada, onuň zaýalanan adamdygy barada, meniň hem zaýalanandygym barada gürrüň berip, ahyry meniň öldürilşimiň üstünden bardy. Men:

— Ony kim öldürdikä? — diýip soradym — bu barada bizem Gukerwilde eşitdik, ýöne Gek Finni kimiň öldürenligini bilip bilmedik.

— Ony kimiň öldürenligini biziň ýanymyzdada bilesi gelýän az delmikä diýýärin. Käbirleri-hä ony garrynyň ,zi öldüripmiş diýýärler.

— Aý ýog-a!

— Ilki bada ähli adam şeýledir öýtdi. Özüniň tas Linç suduna çekilenligini ol güman hem edýän däldir. Emma agşama çenli pikir üýtgäp, ony gaçyp giden negr Jim öldüren-dir diýdiler.

— Wiý, ol…

Men tapba sesimi kesdim. Sesiňi çykarman oturanyňdan gowusy ýok öýdýän diýdim. Hernä ol gürrüňiniň arasyny kesmedi. Meniň bir zat diýenimi hem aňjak bolmady — Ol negr edil Gek Finniň öldürilen gijesi gaçyp gidipdir. Şonuň üçinem ony tutup getirene üç ýüz dollar sylag berjekmişler. Garry Finni tutup gelenede iki ýüz dollar baýrak goýupdyrlar. Eşider bolsaňyz ol ertesi ir bilen şähere gelip Gekiň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öldürilenligini aýdypdyr, beýleki adamlar bilen ony gözlemäge çykypdyr, ana şondan soň hem ýok bolaýypdyr. Ony şol agşam Linç suduna çekjek ekenler, emma ol gaçypdyr. Ertesi görseler, negr hem gaýyp bolan eken: şol Gekiň öldürilen gijesi sagat ondan soň ony gören bolmandyr. Onsoň Geki öldüren şoldur öýdüp başlapdyrlar, emma ertesi bütin şäheriň edýän gürrüňi şuka, garry Finn gaýdyp gelipdirde, göni sudýa Tetçeriň üstüne gidipdir we goh baryny turzupdyr: onuň pul bermegini, bütin Illinoý ştatynyň daşyny alyp, şol negri tutmagyny talap edipdir. Sudýa oňa bir az-owluk pul beripdir, garry şol agşam lüt pýan bolýança içipdir we iki sany tüýsi bozuk bilen ýary gijä çenli köçede çaýkanyp gezipdir, onsoň hem şolar bilen ýitirim bolup gidipdir. Ine onsoň şondan soň ol gaýdyp gelmändir, işler düzelýänçä, ol geler hem öýdenoklar. Belki, Geki onuň özi öldürip, muny banditlere ýazar ýaly eserdir, şol iki arada hem Gekiň pulundan ýonjak bolýandyr, şeýle bolsa onuň suda barmak aladasy-da boljak däl — diýişdiler. Adamlar: ol nädip öldürsin, ol muňa-da ýaranok ahyryn — diýişdiler. Men bolsam: baý, onuň mekirdigini! Ol ýene-de bir ýyllap gelmese, munuň üçin oňa bolan zat bolmaz. Onsoň subut hem etjek gümanyň ýok, şonda hemmesi ýatdan çykyşar we ol Gekiň puluny kynçylyksyz-zatsyz alar — diýip pikir etdim.

— Hawa, menem şeýle bolarmyka diýýärin. Onuň elini idäp duran barmy!.. Indi Geki öldürendir diýýän ýokmy?

— Aý, ýok, diýýän bar. Her niçigem bolsa köp adam Geki şol öldurendir öýdýär. Emma indi basym negri tutjaklar, şonda oňa dogrusyny aýtdyrarlarda.

— O nähili, negri heniz hem gözläp ýörlermi?

— Görýän welin, siziň pikir edişiňiziň ugry ýok! Sebäbi üç ýüz dollar ýerde çaşyp ýatanok ahyryn. Käbirleri henizem: negr şu töwereklerde bir ýerdedir diýýärler. Menem şeýlemikä diýýärin, emma sesimi çykaramok. Ýaňy-ýakynda men gapdalymyzda, pürsli saraýda ýaşaýan garrydyr kempiri bilen gürrüňdeş boldum, gürrüňiň arasynda olar: hol «Jeksonyň adasy» diýilýän ada şu çaka çenli hiç kim baryp görenok diýdiler. Men:

— Näme ol ýerde ýaşaýan ýokmy? — diýip soradym.

— Ýok diýýärler, hiç kim ýaşanokmyş. Men onsoň olara ýeke agyz hem söz aýtmadym, diňe öz ýanymdan böwrümi diňledim. Şondan bir-iki gün öň men ýokarda adanyň gutaran ýerinde tüsse gören ýaly boldum; ol negr şo taýda gizlenýän bolara çemeli diýip içimi gepletdim; iň bärkisi adanyň hemme ýerini gözläp çykmaly ekenler diýdim. Şondan bäri ol ýerde tüsse görmedim, eger o

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýerdäki ot ýakan şol bolsa, negr eýýäm ol ýerden gidendir. Meniň adamym goňşularymyzyň birini alyp, şol ýerik gidip görjek. Ol derýanyň sakasyna gidip geldi, bu gün hem iki sagat öňräk gaýdyp geldi, men oňa hemmesini gürrüň berdim.

Men özumi şeýle bir ýitirip ugradym welin, ýerimde oturyp bilmedim. Bir zada güýmenmelidi: men stoluň üstündäki iňňäni alyp, oňa sapak sapjak boldum, emma ellerim sandyrap, iş ugra barmady. Aýal geplemän otyrdy, men oňa syn etdim; ol geňirgäp, bir zat biljek bolýan ýaly, ýyljyraklap maňa seredýärdi. Men onuň gürrüňine gyzyşan ýaly bolup, iňňäni sapagy bilen ýerinde goýdum, men hakykatdan hem onuň gürrüňine gyzygypdym, şonuň uçin:

— Üç ýüz dollar ägirt köp pul bolýar. Olar meniň ejemiň eline düşäýmän! Onsoň siziň adamyňyz ol ýere şu gije gitmekçimi? — diýdim. Ýogsam näme! Ýaňky gürrüňini beren goňşymyz bilen ol häzir gaýyk gözlemäge, eger jüpüne düşse birinden ýene bir tüpeň alyp gelmäge gitdi. Olar ýarygijeden soň gitjekler.

— Ertire çenli garaşsalar gowy bolmazmydy, oňat görnerdi?

— Oňardyň-ow! Beýtseler, negre-de oňat görünjek ahyryn. Ýarygijeden soň negr uka gider, olar bolsa tokaý bilen bukdaklap, garaňkylygyň içinde negriň ýakan odunyň üstünden bararlar. ‘

— Bu meniň ýadymada düşmändir. Aýal heniz hem maňa bir tüýsli geňirgenip seredýärdi, men bolsam özümi ýitirýärdim. Ana onsoň ol:

— Adym nämedir diýdiňiz, gyzjagaz? — diýdi.

— M-meri Uilýams.

Göwnüme bolmasa, men ilki Meri diýmän, başga bir zat diýen ýalydym, şonuň üçin onuň ýüzüne bakyp bilmeýärdim, men oňa ilki adym «Sara» diýipdim öýdýän. Ol meni burça gabady, bu onuň gözünden hem bildirip duran bolsa durandyr, gorkyma men onuň ýüzüne seredip bilemokdym. Men bu aýal ýene bir zat diýäýmäbilseýdir diýýärdim, öl dymdygyça, men özümi gowuşgynsyz duýýardym. Şol wagt ol:

— Gyzjagaz, göwnüme bolmasa, siz ilki geleniňizde adym «Saradyr» diýdiňiz — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa, munyňyz dogry: Sara-Meri Uilýams. Meniň başky adym Sara bolmaly. Käbirleri maňa Sara diýýärler, başga birleri bolsa Meri diýýärler.

— Hä, şeý diýsene?

— Hawa.

Meniň ýüküm ýeňlän ýaly boldy, emma her niçikde bolsa meniň bir ýol bilen gaçyp gidesim gelýärdi. Men onuň ýüzüne seredip bilmeýärdim.

Emma şol ýeriň özünde ol agyr günleriň düşendigi, ýaşaýyşlarynyň erbetleşendigi, alakalaryň pälleri azyp, jaýyň içinde edil öz öýleri ýaly eýläk-beýläk at salyşýandyklary barada we ýene bir topar zatlar barada gürrüň berdi welin, meniň ýüküm ýeňläp gitdi. Onuň alakalar baradaky aýdýany dogrudy. Olaryň biri burçdaky deşikden zol-zol burnuny görkezip gidýärdi. Aýal: ýanymdaky zatlary alakalara zyňar ýaly bilgeşleýin saklaýaryn, bolmasa ýeke özüm galamda, olar maňa ynjalyk berenoklar diýdi. Ol maňa işilen gurşun simini görkezdi we bu örän saz degýär, ýöne ýaňyrak elim çykdy welin, indi olary urup biljegimi-bilmejegimi bilemok diýdi. Ol amatyna garap bu zady alakadan aýlap saldy, emma ol alaka degmedi, aýal «ah» diýip elini tutdy, ol ýaman agyran ekeni. Onsoň: ony sen zyňaýsaň diýdi. Meniň bolsa garry gelmänkä gidesim gelýärdi, emma elbetde, muny aňdyrmaýardym. Men bu zady elime alyp oturdym we alaka burnuny çykaran dessine, ony çenäp aýlap saldym, eger alaka ýerinde oturaýan dagy bolsa, aman-sag sypjak däl eken. Kempir zyňşyň gaty göni, indiki gezek sen hökman urarsyň diýdi. Ol ýerinden turup, gurşun simi alyp geldi, onsoň bir ýumak getirip, ony çöşleşäýseň diýdi. Men iki elimi hem tutup durdum, kempir ýüpleri elime sarap, — öz işleri barada gürrüň bermäge başlady. Birden ol gürrüňini kesdi-de:

— Siz alakalardan gözüňizi aýyrmaň. Iň gowusy gurşuny dyzyňyzyň, üstünde saklaň, eliňiziň golaýynda bolsun — diýdi.

Şeý diýdi-de ol şol ýeriň özünde maňa bir bölek gurşun oklady; men dyzlarymyň arasyny açyp, gurşuny tutdum, ol bolsa şol gürledi oturdy, emma gürrüňi bir minutdan köpe çekmedi. Onsoň elimdäki ýüplügi aýryp, mähir bilen gös-göni gözüme seretdi-de:

— Hany, onsoň hakyky adyň näme bolmaly? — diýdi.

— Wi-wi o nähili?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Seniň hakyky adyň näme? Bilmi, Tommy, ýa Bobmy, ýa-da başga bir zatmy?

Meniň bütin endamym gagşap gitdi, men bir bada name etjegimide bilmedim. Emma her niçik-de bolsa:
— Gyzjagaz pahyryň üstünden gülmeseňizläň? Eger men size päsgel berýän bolsam… — diýdim.

— Ýok, bolup bilmez. Oturan ýeriňden butnaman otur. Men seni öýkeletmen, sen barada hiç kime hiç zat aýtman. Ýöne sen maňa ynanda, syrjagazyňy aç. Men seniň üstüňi açmak; gaýtam kömek bereýin. Sen, belki, gaçyp ýören şägirtsiň. Munyň aýby ýok. Bu ýerde näme bolupmyş! Saňa erbet seredendirler, sen hem gaçyp gaýdansyň, alla ýaryň bolsun, oglum, men sen barada adam ogluna zat aýtman. Hany indi sen akyllyja bol-da maňa hemmesini bolşy ýaly edipjik gürrüň ber.

Şonda men indi jögüsiräp oturmaýyn-da, iň gowusy hemmesini bolşy ýaly gürrüň bereýin welin, siz hem öz sözüňizde duruň diýdim. Men oňa enem-atamyň ölüp, meni derýanyň otuz millik aşak ýanyndaky obada ýaşaýan husyt bir ferma terbiýelemäge berendikleri, onuň maňa erbet seredendigi, meniň bolsa çydapçydap çydamazym çykanlygy, ol bir ýaňa iki günlük çykyp gidensoň, mundan peýdalanyp onuň gyzynyň köne geýimlerini ogurlap gaçyp gaýdanlygym, gije sagat dörtlere çenli şol otuz mili geçenligim, gije ýöräp, gündizine gizlenip, üstümi basyrynyp ýatanlygym, ýanymda öýden alyp gaýdan bir halta çörek bilen etim bolansoň, onuň ýola ýetenligi, daýym Abner Muruň men diýip alada galyp ýörenligi, ine şunuň üçin hem özümiň şu ýere Goşene gelenligim barada gürrüň berdim.

— Goşen diýýärmiň, oglum? Bu Goşen däl. Bu Sent-Pitersburg. Goşen derýanyň on mil ýokary tarapynda. Bu ýer Goşen diýip, saňa kim aýtdy?

— Bir adam aýtdy? Men oňa daňdanlar ýatyp uklamak üçin tokaýa sowuljak bolup durkam duşdum. Ol maňa çatrykdan saga sowlup, bäş mil geçseň, Goşene bararsyň diýdi.

— Onda ol pýandyr. Ol saňa ters salgy beripdir.

— Onuň özüni alyp barşy-da pýan ýalydy. Aý, indi parhy hem ýok. Men gideýin. Daňa çenli Goşene ýeterin.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bir salym garaş. Men saňa iýer ýaly bir zat bereýin, bolmasa ajygarsyň.

Ol meni naharlap, şeýle diýdi:

— Hany indi sen maňa bir zady aýt: sygyr ýatan ýerinden nähili turýar, öň aýaklaryna direnip galýarmy, ýa art aýaklaryna direnip? Hany basymrak aýt: öň aýaklaryna direnýärmi, ýa art aýaklaryna?

— Art aýaklaryna direnip galýar, sudarynýa.

— Dogry. A ýaby nädýär?

— Ýaby öň aýaklaryna direnýär.

— Agajyň haýsy tarapy kerepleýär-.

— Demirgazyk tarapy.

— Eger ýapgyt dagyň üstünde on bäş sany sygyr otlap ýören bolsa, olaryň näçesi bir tarapyna sereder?

— Onbäşisem.

— Görýän welin, sen, dogrudanam, obada ýaşan ekeniň. Men ýene-de aldajak bolýarmykaň öýtdüm. Eger şeýle bolsa, seniň hakyky adyň näme?

— Jorj Piters, mem.

— Sen muny ýadyňdan çykarma, Jorj, bolmasa ýene bir gezek soralsa, adym Aleksandr diýersiň, men hem gepiňde tutaryn welin, sapalak atyp, adym Jorj — Aleksandr diýer durarsyň. Onsoňam bu köne çit köýnegiň bilen aýallara görnüji bolma. Sen beýdip erkekleri aldasaň aldarsyň welin, aýallary aldap bilmersiň, sen oňat gyz bolup bileňok. Alla ýaryň bolsun, balam, heý iňňäde şeýdip sapak saparlarmy? Sen sapagy tutup, iňňäni şoňa gabat getirjek bolýarsyn, muny beýtmeli däl-de, iňňäni tutup, sapagy onuň gözüne sapmaly ahyry. Aýallar hemişe şeýdýärler, erkekler bolsa hemişe tersine edýärler. Alakaň yzyndan taýagy aýlap salanyňda, daraklygyňa galda, eliňi kelläň üstünden aýla, özünide başardygyňça tagaşyksyz bolar ýaly et, taýagyň hem nyşandan bäş-alty ädim beýläk düşsün.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Zyňaňda gyzlaryň zyňşy ýaly, eliňi gös-göni tutup zyň, taýagyň şarnirli ýaly bolsun, emma oglanlaryň edişleri ýaly çep egnini öňe tutup tirsegiňi we goşaryňy epmegin, özüňem ýatda sakla: gyza tarap bir zat oklananda, ol iki dyzyny sepiň gurşun bölegini tutanyňdaky ýaly jüp tutmaly, olaryň arasyny açyk tutýar. Men seniň oglandygyňy baryp sapak sapjak bolanyňda bildim ahyryn, galan zatlary bolsa men seni synamak üçin etdim. Hany indi sen daýyňlara tarap ýola düş, Sara-Meri—Wilýams Jorj Aleksandr Piters, eger başyňa bir iş düşäýse hem miss Loftese, ýagny maňa habar et, men saňa kömege ýetişjek bolaryn. Hemişe derýanyň kenary bilen git, indikile gaçanyňda, ýanyň bilen jorapdyr, köwüş al. Derýanyň boýundaky ýol çagylly bolýar, Goşene barýançaň aýagyňy gyzyl-etene edermikän diýýärin.

Mep kenar bilen ýöräp elli ädim töwerekleri geçdim, onsoň hem yzyma dolanyp, öýden esli daşlykda, derýanyň ýokary tarapynda duran gaýygymyň ýanyna eňdim. Men böküp gaýyga mündüm we dessine derýa bilen ýokary çykdym, adaň duşuna gelenimde bolsa derýanyň keseligine ýüzüp başladym. Men şlýapamy çykardym, onuň maňa peýdasy degmeýärdi, gaýtam zyýan berýärdi. Men ýüzüp, derýanyň ortasyna baranymda, sagadyň urşy gulagyma degdi; men bir salym durup diňşirgendim; sagadyň urşy suwuň içinde çalaja çyksa-da, dury eşidilýärdi, bu sagat on biriň jaňydy. Adanyň ýokary bur-çuna ýetenimde, men öňräk ýadap, halys bolan hem bolsam dynç almaga säginmedim, gaýtam tokaýyň içine, öňler duralgam bolan ýere ylgadym we şonda gury we beýigräk ýer tapyp oňat ot ýakyndym.

Onsoň gaýygyma böküp mündüm-de, güýjümde baryny edip, derýanyň bir ýarym millik aşak ýanyndaky öz bolýan ýerimize, küreklâp ugradym. Men kenaryň ýanyna ýüzüp bardym, agaçlaryň arasy bilen derrew depä çykdym we bolýan gowagymyza kürsäp urdum. Jim ýerde süýji ukuda ýatyr eken. Men ony turzup:

— Jim, çaltrak tur-da, ýol şaýyňy tut. Bir minuty hem ýitirmeli däl. Olar bizi gözläp ýörler — diýdim.

Jim çintgiläp sorap durmady, hatda bir agyz hem geplemedi, emma soňky sagat ýarymyň içinde eden işinden onun nähili gorkandygyny bilse bolýardy. Sagat ýarymdan soň biziň ähli goşumyz sala ýüklendi we gizlenip goýlan ýerinden söwüt agaçlarynyň arasyndan çykybermeli boldy. Biz ilki bilen gowakdaky ody söndürdik, şondan soň şem hem otlamadyk.

Men gaýyga münüp, kenaryň gyrasy bilen daş-töweregime garanjaklap ýola düşdüm; emma golaý-goltumda gaýyk bar hem bolsa, men ony görüp bilmedim,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

sebäbi garaňkynyň içinde, ýyldyzlar patrak ýaly bolşup durka, köp zady görüp bolmaýar. Onsoň biz saly aýlakdan çykardyk we ýekeje agyzda gepleşmän kenaryň kölegesi bilen adanyň aşaky burçunyň duşundan geçip ýuwaşja ýüzüp gitdik.

## XII bap

Ahyrsoňy adadan saýlananymyzda gije sagat bir töwerekleri bolupdy, biziň göwnümize bolmasa, sal juda haýal ýöreýän ýalydy. Eger bize tarap ýüzüp gelýän gaýyk bolan bolsa, biz gaýyga münüp, Illinoý kenaryna ýüzäýjekdik, emma bize ýeke gaýygyň duşmanyda gowy boldy, sebäbi biz tüpeňi, çeňňegi iýer ýaly bir zady gaýyga salmagy ýadymyzdan çykarypdyrys. Biz şeýle bir alňasadyk welin, bu zatlar barada pikirlenmäge wagt hem bolmady. Ähli zady salda saklamak hem o diýen akyllylyk däldi.

Eger adamlar Jimiň gözlegine çykaýan hem bolsalar, olar, meniň pikirimçe, ýakan odumyň üstünden barandyrlar we uzynly gijeläp şonuň töwereginde oturyp, Jime garaşandyrlar. Her hili bolan hem bolsa, biz hiç kime duşmadyk. eger meniň ýakan odum olary aldamadyk bolsa, mende günä ýok. Men ony tutaşdyrjak bolup güýjümde baryny edip üfledim.

Jahan ýagtylyp ugranda, biz Illinoý kenaryndaky egrem-bugram burça gelip diredik, palta bilen gök pudaklary pürdedik we şolar bilen saly kenar burnundaky jara meňzäp durar ýaly edip basyrdyk. Burun — munuň özi daş-töweregi barananyň dişleri ýaly bolup duran gür agaçly çäge gyrmançalygydy.

Missuriniň. kenarynda dag uzalyp gidýärdi, Illinoý tarapda bolsa uzyn-uzyn agaçlar bardy, gämi ýoly hem Missuri kenarynyň golaýyndan geçýärdi. Şonuň üçinem biz birine duşarys öýdüp gorkamzokdyk. Biz ol ýerde uzynly günläp durup Missuri kenarynyň duşundan sallaryň, parohodlaryň akyp geçişine, derýa bilen ýokarlygyna barýan parohodlaryň suwuň akymyna garşy göreşişlerine syn edip durduk. Men Jime kempir bilen aramyzdaky bolan gürrüňi aýdyp ber-dim. Jim bolsa ol kezzaplaýandyr diýdi, eger ol kezzaplaman, yzymyzdan kowýan bolsa, uzynly gijeläp oda seredip oturmazdy ahyryn, ýok, ser, ol ýany bilen bir item alardy — diýdi. «Eger beýle bolýan bolsa, onda näme üçin ol adamsyna iti hem äkit diýmändir» diýdim. Jim: seniň bu pikiriň onuň kellesine erkek adamlar derýadan geçip, ýola düşenlerinden soň gelen bolmagy mümkin — diýdi; ynha olar şähere it diýip gitseler gidendirler we şonça wagtlaryny ýitirendirler, ýogsam biz şäherden on alty-on ýedi millikdäki bu gyrmançalykda oturmazdyk, ýok

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
oturmazdyk, ýene-de şähere düşerdik — diýdi. Men bolsam gep olaryň bizi tutup bilmändikleriniň sebäbinde dälde, bizi tutup bilmänliklerinde diýdim.

Garaňky gatlyşan dessine biz kellämizi agaçlaryň arasyndan çykaryşyp, derýanyň aşak we ýokary taraplaryna seretdik, onsoň derýanyň beýle tarapyna syn etdik, emma hiç zat görmedik, şonda Jim salyň ýokary tagtalarynyň birnäçesini aýryp, ondan jöwzada, ýagyşda dynç alaýar ýaly, goşlarymyz ezilmez ýaly bir oňaýly çatma etdi. Jim çatmada beýleki zatlardan bir futrak beýiklikde pol hem etdi, indi parohodyň turuzýan tolkunlary ýorgan-düşeklerimizi, azyklarymyzy ezip duranokdy. Çatmanyň ortarasynda biz ini alty-ýedi dýum laý gatlagyny ýazdyk we laý berk durar ýaly onuň töweregini galdyrdyk. Bu ody sowuk howada-da, yssy howada-da ýakar ýaly diýlip edilipdi; çatmanyň içindäki oduň görünjek gümany hem ýok. Biz ýene-de bir kürek ýasandyk, sebäbi bizdäki kürekleriň suwa batan agaçlara ýa başga zatlara degip döwläýmekleri mümkindi. Onsoň biziň köneje çyramyzy ýasar ýaly sala haçjaly gysgajyk taýak berkitdik, sebäbi parohodyň derýanyň aşak tarapyna gelýändigini görseň we parohod bilen çakyşmazlyk üçin çyrany ýakmalydy; derýanyň sakasyna tarap barýan parohod üçin bolsa diňe ýalpaga düşäýmesek, çyrany ýakmak hem gerek däldi; derýanyň suwy mesdi, kenaryň pesräk ýerleri heniz hem suwuň aşagyndady, şonuň üçin derýanyň sakasyna tarap barýan parohodlar hem hemişe gämi ýoly diýip durmaýardylarda, suwuň çuňrak ýerini gözle-ýärdiler.

Şu ikinji gije biz ýedi sagat, hatda sekiz sagat dagy ýüzdük, suwuň akymynyň tizligi bolsa sagatda dört mildi. Biz ýuzümiziň ugruna balyk tutýardyk, gürrüň edişýärdik we ukymyzdan açyljak bolup mahal-mahal suwa çümüp çykýardyk. Asuda akýan giň derýada diň arkan ýatyp, ýyldyzlara bakyp ýuzmek diýseň hezildi. Biziň gatyrak gürleşesimiz hem gelmeýärdi, gülenimizde-de seýrek we ýuwaşja gülýärdik. Howa hem, umuman gowudy, biz ne birinji gije, ne ikinji gije ne-de üçünji gije hiç zada duşmadyk.

Biz her gije bir şäheriň duşundan ýüzüp geçdik, ol şäherleriň käbirleri garaňky kenarlarda seleňleşip durdy, «olaryň diňe köp sanly çyralary görunýärdi, ne tam, ne başga zat hiç biri görünmeýärdi. Bäşinji gije diýlende, biz Sent-Luisiň duşundan geçdik; kenar agyn çyra bolup durdy. Biziň Sent-Pitersburgymyzda Sent-Luisde ýigrimi müň, hatda otuz müň adam ýaşaýarmyş diýip gürrüň edýärdiler, emma gije sagat ikilerde şunça yşygy öz gözüm bilen görýänçäm, men muňa ynanmaýardym. Gije parahatlykdy, şä-herden ses-üýn çykmaýardy: ähli adamlar uklap ýatyrdylar.

Her gije sagat onlarda men kenara çykyp, obalaryň birine baryp, on-on bäş sentlik un, buga bişirilen döş ýa-da iýer ýaly başga zat satyn alýardym; käte bolsa

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýüzümiň ugruna ketegine girmän galan towugy ogurlardym. Kakam maňa hemişe: eger çemesine getirip bilseň, towugy kakaýgyn, sebäbi, ol saňa gerek bolmasa-da gerek adamsy bolar, asylly iş hiç haçan köýmez diýýärdi. Men towugyň kakama gerek bolmaýan gezegini görmeýärdim, ol muny ýöne diýen bolaýýardy.

Daňdanlaryna men mekgejöwen ekilen meýdana çykýardym we karzyna gawun, garpyz, mekgejöwen ýaly, aňry-bäri alyşdyrýardym. Eger irde-giçde berjegiň hak bolsa, karz alanyň aýby ýok diýip, kakam hemişe aýdýardy; emma dul hatyndan men; karz hem ogurlygyň bir görnüşi, ýöne ady başga bolýar, hiç bir ak ýürek adam beýtmez diýýärdi. Jim: kakaňyň hem mamla ýeri bar, dul hatynyň hem mamla ýeri bar, şonuň üçin biz spisokdaky zatlaryň bir-iki-üç sanysyny belläp, şolary hiç wagt karzyna almaly däl, şeýtsek, galan zatlary karz almagyň aýby bolmaz diýýärdi.

Biz bir gezek derýa bilen ýüzüp barýarkak bu mesele barada uzynly gije maslahat etdik we kantolup atly gawundanmy, garpyzdanmy, ýene nämeden ýüz dönderip boljagyny anyklajak bolup jan etdik. Diňe daňdanlar netijä geldik: tokaý almalary bilen, hurmadan el çekeli diýişdik. Şoňa çenli keýpimiz saz däldi, şondan soň bolsa bir tüýsli hezillik boldy duruberdi. Men jüpüne düşüşine begenýärdim, sebäbi tokaý almalary derde ýaramaýardy, hurma bolsa entekler bişjek däldi, onuň bişmegine iki-üç aý dagy bardy.

Mahal-mahal biz ýa juda ir oýanan, ýa-da ýatmaga juda giç barýan ördekleri atyp urýardyk. Umuman aldanyňda, oňňudymyz hiç neneň däldi.

Bäşinji gije, Sent-Luisiň aşak ýanyna ýetenimizde gök gübürdäp, ýyldyrym çakyp, bedreden guýulýan ýaly bolup, jala gelip ugrady. Biz çatmamyza sümüldik, salymyzy bolsa öz ugruna göýberdik. Her gezek ýyldyrym çakanynda öňümizde giň, göni derýa, iki tarapynda bolsa geriş-geriş uzyn gaýalar görünýärdi. Birden men:

— Eý, Jim, bir beýläňe seret — diýdim.

Öňümizde gaýa degip çagşan parohod bardy. Suwuň akymy bizi göni şonuň üstünden alyp barýardy. ýyldyrymyň ýagtysyna parohod mese-mälim görünýärdi. Onuň bir tarapy esli çeken eken; ýokarky palubasynyň bir burçy suwuň ýuzüne çykyp durdy we her gezek ýyldyrym çakanynda, arasynda köne şlýapa asylyp duran uly jaýyň ýanynda kiçijik şpenekler hem kreslo açyk görünýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gije şeýle bir ümsümlik, şeýle bir ygally bolup, ähli zat şeýle bir syrly görünýärdi welin, meniň ýerimdäki her bir oglanyň derýanyň ortasyndaky sus we ýalňyz somalyp duran bozuk parohody gereniňde, oňa münüp, onuň içindäki zatlary göresiniň geljekligi ýaly, meniň hem oňa çykyp, içini göresim gelýärdi. Men:

— Gel, Jim, gaýygy şonuň üstüne süreli — diýdim. Ilki bada Jim eger-eger razy bolmady. Ol:

— Bozuk parohodda ýitiren zadym barmy? Biziň üçin bu ýer hem erbet däl, iň gowusy oňa zat degirmäli, öz ugruna goýaly. Onsoňam onuň üstünde, belki, garawuly bardyr—diýdi.

— Garawul näme işlesin! Ol ýerde losman budkajygy bilen kapitan kaýutyndan başga saklar ýaly zat barmy; onsoňam parohod bölek-bölek bolup, gark boljak bolup durka, losman budkajygy we kapitan kaýutasy üçin kim janyndan geçer öýdýärsiň — diýdim.

Jim muňa hiç hili jogap berip bilmedi, asyl berjek hem bolmady.

— Mundan hem başga biz kapitan kaýutasyndan oduk-buduk zat tapsak tapardyk. Iň bärkisi her biri bäş sentlik sigar-ha bardyr. Parohod kapitanlary hemişe baý bolýarlar, aýda altmyş dollar alýarlar; olar öz halan zatlaryny näçe gymmat bolsada satyn alýarlar. Şemi jübiňe at, Jim. Men parohodyň ähli ýerini görüp çykmasam, ynjaljak gümanym ýok. Tom Soýer bolan bolsa, şeýle oljany sypdyrar öýdýärmiň? Kes kelläm, sypdyrmaz. Ol muňa «Çylşyrymly hadysa» diýerdi, ine biler bolsaň, onsoň hem ölerdi welin hatardan çykan parohoda münerdi, özünem bir neşelep ederdi, bir zatlar-bir zatlar toslap tapardy… Kesesinden görseň, bu şol dünýäni açyp ýören Hristofor Kolumbdyr öýdersiň. Wah, haýp, Tom Soýer ýok-da! Jim hüňürdedi-hüsürdedi-de, ahyrsoňy boýun boldy. Ol: mümkin boldugyça az we ýuwaş gepleşmeli diýdi. Ýyldyrym çakyp parohody bize aýny wagtynda görkezdi; biz sag bortdan göteriş strelasyna tarap ýüzüp ugradyk we baryp salymyzy şoňa bagladyk.

Paluba oňatja çöküp, eňňit berip durdy. Garaňkylygyň içinde biz eňňit bilen çep borta, kapitan rubkasyna bardyk, tallere büdremez ýaly, barýan ýolumyzy elimiz, aýagymyz bilen barlaşdyrdyk, sebäbi garaňkylykda hiç zat görünmeýärdi. Biz basym rubkanyň aýnalanan bölegine ýetdik we aňyrlygyna süýşüp ugradyk; ýene bir ädim ädip, biz kapitan kaýutynyň öňünde peýda bolduk, kapitan kaýutasy açyk dur ekeni, ine şol wagt biz rubkanyň töründe yşyk gördük we yz ýanyndan hem hümürdi eşitdik.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Jim meniň gulagyma: kän ugrüm ýok, gel, biz iň gowusy şu ýerden gideli — diýip pyşyrdady. Men: «Bolýar» diýdim-de sala tarap öwrüljek boldum welin, birden biriniň hykgyldysyny, soň hem:

— Wah, oglanlar, maňa zat diýmeseňizläň. Alla ursun, men hiç kime aýtmaýyn diýenini eşitdim.

Başga biri oňa şaňňy ses bilen:

— Ýalan sözleýäň, Jim Terner! Biz muny senden öň hem eşitdik. Saňa hemişe iliňkiden köp gerek, sen şunça bermeseňiz, üstüňizi açaryn diýip, her gezek näçe alaýyn diýseň alýarsyň. Emma bu gezek biz saňa ynanjak däl, nähak arrygyňy gynaýarsyň. Senden nejis dönügi, senden nejis iti ýurt sökseň-de, tapyp bolmaz — diýip jogap berdi.

Onýança Jim salyň ýanyna bardy. Men bolsa bir zady biljek bolup, azara galýardym: men öz ýanymdan: eger Tom Soýer bolan bolsa, häzir öldür gitmezdi, eger şeýle bolsa, men hem gitmän näme bolýanyny göreýin — diýip pikir etdim. Men garaňkyň içinde darajyk koridor bilen emedekläp ugradym, men tä losman budkasy bilen meniň aramda ýeke diwar galýança emedekläp gitdim. Görsem, bu kaýutada poluň üstünde el-aýagy güýlüngi bir adam ýatyr, iki sany adam hem onuň üstüne abanyp dur; olaryň biri elinde öçügsije ýanýan panusy saklap dur, beýlekisi bolsa, poluň üstünde ýatan adamyň kellesine rewolwerini çenäp:

— Päh, eller gijeýär-ow! Gurrumsagyň biri gurrumsak, seni atyp öldürmelimikä diýýän — diýip dur.

Poluň üstünde ýatan adam boýnuny ýygryp, yzly-yzyna:

— Ýok-la, Bill, men hiç kime aýtmaýyn — diýdi.

Ol her gezek şeýle diýende, eli panusly adam gülüp:

— Dogry-la, aýtmarsyň-la! Ynha şuny-ha dogry aýdýarsyň, munyňa bil baglasa bolar — diýdi.

Bir gezek bolsa ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gör, munuň ant içip, awy ýalaýşyny. Eger muny basyp, güýleýmedik dagy bolsak, bu biziň ikimizi-de öldürjekdi.

Nämäň üstünde? Biderejik bir zadyň üstünde. Diňe öz paýymyzy elimizden bermek islemänimiz üçin. Indi welin, sen hiç kime haýbat atmazmykaň diýýärin. Jim Terner… Rewolweriňi ýygna, Bill — diýdi.

Bill oňa:

— Ýygnajak gümanym ýokdur, Jeýk Pakkard. Men muny öldürmekligiň tarapdary. Eýsem onuň özi garry Hetfildi öldürmedimi? Goý, bu hem jezasyny çeksin — diýip jogap berdi.

— Meniň-ä muny öldüresim gelenok; näme üçinliginem özüm bilýärin.

— Beýle sözleriň üçin sag bol, Jeýk Pakkard! Men ony ölýänçäm unutman— diýip, polda ýatan adam horkuldan ýaly etdi.

Pakkard oňa baş hem galdyrman, panusy diwardan asdy we meniň gije garaňkyň içinde ýatan ýerime ugrady, özi hem Bille yzyma düş diýen yşarat etdi. Men derrew iki ädimräk yza çekildim, emma paluba örän çöken eken, şonuň üçin hem wagtynda sowlup bilmedim, olar maňa büdräp, meni tutaýmaz ýaly, men edil olaryň duran ýerinden kaýutyň üstüne çykdym. Olaryň ikiside garaňkylykda diwary sermelep ýöräp gitdiler, Pakkard meniň oturan kaýutama ýeteninde, ol oňa:

— Hany bärik gir, bärik— diýdi.

Pakkard girdi, yzy bilen hem Bille girdi. Emma olar girmänkä men iň ýokarky konka çykyp, burça gysylyp oturdym we özümiň bu ýere gelenime ökündim. Olar edil gapdaljygymda, koýkanyň burçuna ellerini diräp gürleşip durdular. Men olary göremokdym, emma nirede duranlyklaryny bilýärdim, sebäbi olar wiska içýärdiler, wiskanyň ysy bolsa dik asmana galýardy. Men hiç zat içmänime begendim, emma barybir tapawudy uly däldi: olar barybir meniň barlygymy biljek däldiler, sebäbi men demimi-de almaýardym. Men örän gorkýardym. Beýle gürrüň eşiden haýsy bir adam demini gaty alyp biler? Olar ýuwaşja we çynlakaý gürleşýärdiler. Billiň Terneri öldüresi gelýärdi. Ol:

— Ol şugullaryn diýýär, hökman şugullar hem. Eger ikimiziň paýymyzy bersek hem barybir peýdasy degmez, sebäbi biz onuň bilen gatyja sögüşäýdik, birneme

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýelini hem ýatyrdyk. Ol biziň üstümizi açar, munuň ujy iki däl. Meniň pikirimçe, ony ýygnanyňdan gowusy boljak däl!

— Meniň pikirimçe-de, şeýle — diýip, Pakkard ýuwaşja aýtdy.

— Nädäýdiň aýt, men sen garşy bolýarmykaň diýip ýördüm, eger beýle bolsa, onuň bilen süýrenişip ýörmek nämä gerek? Ýör baralyda, onuň bilen bellisini edeli.

— Ýekeje minut howlukma, men entek aýtjak zadymy aýdyp gutaramok. Maňa gulak goý. Atmak gowy zat, emma etmeli bolsa, bu işi assyrynlyk bilen hem etmek boljak. Näme diýsene: edesiň gelýän zady birkemsiz, özi-de hiç bir gorkusyz edip bolýarka, öz boýnuňdan ýüp saljak bolup oturmagyň nämä geregi bar? Dogry dälmi?

— Ýogsam, dogry bolmazmy! Ýöne sen muny nähili etmekçi?

— Men ynha şeýle pikir edýärin. Biz ilki bilen kaýutalary barlap çykyp, galan zatlary alyşdyrarys, soň hem kenara çykyp, olary gizläris. Onsoň bolsa garaşarys. Iki sagat geçip-geçmänkä parohod çagşap, suwa gark bolar. Düşdüň-mi? Terner hem gark bolar, muňa bolsa onuň özünden başga hiç kim günäkär bolmaz. Meniň pikirimçe, bu atyp öldüre-niňden ýüz esse gowy boljak. Öldürmän dynyp bolýarka, nätjek ony atyp öldürip? Öldürseň, hem günä, hem akmaklyk bolýar. Ýeri, meniň pikirim dogrumy ýa ýok?

— Sen dogry aýdýarsyň. Ýöne birden parohod çagşap, gark bolmasa nätjek.

— Näme, bir-iki sagat garaşaýarys, hemmesiniň bellisi bolar… Şeýle dälmi?

— Ýeri bolýar-da, ýör.

Olar ýola düşdüler, men gara der bolup parohodyň burnuna baka süýşdüm. Ol ýer ýerzeminiň içi ýaly garaňky eken, emma boguk sesim bilen çalaja «Jim» diýdim welin, ol meniň tirsegimiň ýanynda ah çekdi, men oňa:

— Basym bol, Jim, bu ýerde ygyp, ah çekip ýörmäge wagt ýok! Parohodda bir topar ganhor bar, eger biz olaryň gaýygyny tapyp, ony olar parohoddan düşüp bilmez ýaly derýanyň ugruna göýbermesek, olaryň biriniň işi gaýtjak. Eger biz gaýygy tapaýsak welin, olaryň hemmesiniň işi pyrryk boljak — şerifiň eline düşjekler. Tizräk gop! Men çep borty gözläýin, sen hem sag borty gözle, hany

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
saldan başla we…— diýdim. — Eý, taňrym-eý! Saldan diýýärmiň? Sal bolmasa nätjek, ol çözülip, akyp gidipdir! Biz bolsak bu ýerde galypdyrys.

## XIII bap

Gorkudan ýaňa tas janym çykypdy, men tas özümden gidipdim. Bu şaýka bilen çagşan parohodda galaýjak bolsaň näbileýin! Emma beýdip, gam çekip oturmaga wagt ýokdy. Indi her edip-hesip edip şol gaýygy tapmalydy, ol indi biziň özümize gerekdi. Ine şeýdip, biz sag borta çykyp ugradyk, özümiz bolsa galpyldap sandyraýardyk, parohodyň arka tarapyna zordan ýetdik; göwnümize bolmasa, eýýäm bir hepde geçen ýaly boldy. Gaýykdan nam-nyşan bolmady. Jim: mundan aňryk ýaramok, örän gorkýaryn, ysgyn-mydarym ýok — halys boldum — diýdi. Men hem: öňi-soňy gitmelidä, eger bu ýerde galaýsak, biziň işimiz gaýdar, munuň ujy iki däl — diýdim.

Şeý diýenimden soň biz ýene ýöräp ugradyk. Bir rubkanyň yzky bölegini gözläp ugradyk we ony tapdyk, soň sermenekläp, losman budkasynyň aýnalanan diwaryna ýetdik, sebäbi onuň bir burçy eýýäm suwa batyp ýatyrdy. Gapyň ýanyna gelenimizem şoldy welin görsek gaýyk şol ýerde duran ekeni. Men ony garaňkylygyň içinde zordan saýgardym. Baý, bir şonda begendim-ow! Ýekeje sekunt geçip-geçmänkä men onuň içine girjekdim, emma şol wagt gapy açylaýdy. Banditleriň biri meniň iki ädimlik beýle ýanymdan kellesini çykardy, işim gaýdandyr öýtdüm, emma ol ýene kellesini çekdi we:

— Bill, bu jyn urmuş çyraňy, görünmez ýalyrak ýerden assana! — diýdi.

Ol içi zatly bir haltany gaýyga atyp, yz ýanyndan özi hem mündi. Bu Pakkarddy. Onsoň Bill çykdy, ol hem gaýyga mündi. Pakkard sadaja sesi bilen:

.— Taýyn, sürüber! — diýdi.

Äpişgäň gapylaryna ýapyşyp, men zordan aýak üstünde durdum, göz açypýumasy salymyň içinde şeýle tapdan düşen ekenim. Onýança Bill:

— Hany entek dur, sen onuň ýanyny barladyňmy? — diýdi

— Ýok, a sen?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Menem barlamok. Diýmek, paýy ýanynda nagtja galypdyr-da.

— Olar ýaly bolsa ýör gideli; puly goýup köne-kuşüli alandan ne peýda!

— Birden ol biziň näme etjek bolýanymyzy biläýmez-dä?

— Bilmezligem mümkin. Ýöne her niçigem bolsa, biz ol pullary almaly. Ýör!

Şeý diýşip, olaryň ikiside gaýykdan düşdüler we yzlaryna kaýuta gitdiler.

Giren batlaryna gapy ýapyldy, sebäbi gäminiň gyşaran tarapy şu tarapydy. Ýarym sekundyň içinde men gaýykda peýda boldum, yz ýanym bilen Jim hem mündi. Men pyçak alyp, ýüpi kesdim, şeýdip ýüzüp ugradyk.

Küreklere elimizem degirmeýärdik, birden sojaýsak diýip howatyrlanýardyk. Biz gijäniň ümüş-tamyşlygynda akymyň ugry bilen, kožuhyň, parohodyň burnunyň gapdaly bilen aşaklygyna çalt ýüzüp gitdik; bir sekunt geçip-geçmänkä döwlen parohodyň ýüz ädimlik beýle ýanynda peýda bolduk, onuň üstüni garaňkylyk örtdi, şonuň üçin göze zat ilmeýärdi; indi biz howpdan gutulypdyk, gutulanlygymyzy özümiz hem bilýärdik.

Derýanyň akymy bilen üç-dört ýüz ädim ýüzenimizde, rubkanyň gapysynda çyra ýylp etdi we kezzaplaryň gaýyklary ýatlaryna düşüp, özleriniň hem edil Terneriň gününe düşendiklerini aňanlyklaryna düşündik.

Şol wagt Jim küregi alyp, salyň yzyndan kowmaga başlady. Bu kezzaplara meniň ilkinji gezek diňe şundan soň nebsim agyryp ugrady — öň nebsim agyrmaga-da, elim degmedik bolara çemeli. Beýle çykgynsyz güne düşmeklik, ganhor bolsaň hem gaty elhenç bolýar ekeni diýip içimi gepletdim, öz ýanymdan; kim bilýär, bir wagt özümem bandit bolsam bolaryn, onsoň beýle zat öz janymada ýakmaz — diýýärin. Şonuň üçin hem men Jime:

— Yşyk gören badymyza biz ýüz ädimlik ýokarda ýa aşakda, gaýyk ikiňizi oňatja gizlär ýaly ýerde kenara çykaly, onsoň men bir alajyny iýerin: adam gözlegine çykaryn; soň bir mahal wagty gelende asar ýaly, goý olar bu şaýkany äkidip saklasynlar.

Emma bu oňaýly pikir däldi. Basym ýene-de gök gübürdäp başlady, özem öňküden-de beter boldy. Ýagyş bedreden guýýan ýaly guýýardy, hiç ýerde yşyk

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
görünmeýärdi, hemmeler ýatan bolara çemeli. Biz derýa bilen aşaklygyna tarap barýardyk we yşyga ýa salymyza gözümiz düşäýmezmikä diýşip töweregimize seredýärdik. Örän köp wagt geçip, ahyrsoňy ýagyş diňdi, emma howanyň ýüzi açylmady, yzly-yzyna ýyldyrym çakýardy, birden bir gezek çakanynda, öňümizde suwuň ýüzünde bir gara gözümiz düşdi; biz hasyr-husur şol ýere ugradyk.

Bu biziň salymyz ekeni. Onuň üstüne münenimizde, biz gör nähili begenişdik. Ine onsoň öňümizde, sag kenarda bir ýylpyldy göründi. Men häziriň özünde şol ýere gitjek diýdim. Ogrularyň döwük parohoddan ogurlan zatlary gaýygyň ýarysyny tutup durdy. Biz olaryň ählisini salyň üstüne ýükledik, men Jime: maýdalyňa sürüber we iki milräk geçeňsoň çyrany ýak we tä gaýdyp gelýänçäm ony söndürme diýdim; onsoň men küregi alyp, yşyk görünýän ýere ýüzüp ugradym. Golaýyna baranymda, ýokarda, depäniň üstünde ýene-de üç-dört sany ýylpyldy göründi. Bu bir kiçijik şäher ekeni. Meýa oduň ýanyp duran ýerinden birneme ýokarrakda küreklerimi goýdum, meni suwuň akymy öz ugry bilen alyp ugrady. Gapdalyndan ýüzüp barýarkam men bu yşygyň iki etažly paromdaky çyranyň yşygydygyny gördüm. Men garawulyň nirede ýatandygyny biljek bolup paromyň daşyna aýlanyp çykdym we ony ahyr bitengiň üstünden tapdym: ol kellesini dyzynyň üstünde goýup uklap ýatyrdy. Men onuň egnini bir-iki-üç gezek yraladym we möňňürip başladym.

Ol allaniçiksi bolup ýerinden böküp turdy we mendigimi görüp ykjam gerindi, pallady we:

— Ýeri, näme bolupdyr? Aglama, ogul… Näme bolupdyr? —diýdi.

Men oňa:

— Kakamam, ejemem, uýajygymam, ýene… diýdim we hork-hork agladym. Ol:

— Ýeri boldy-da, beýle agladyň-la! Hemme kişiň hem başyna iş düşýär-le, buda geçer-dä. Onsoň olara näme boldy?—diýdi. .

— Olar… olar… Bu paromyň garawuly sizmi?

— Hawa men — diýdi, garawul özüne göwni ýetip gürledi.— Men kapitanam, eýesem, losmanam, garawulam, starşiý matrosam; käte ýükçem, ýolagçam bolýan wagtym bar. Men goja Jim Horibak ýaly-ha baý däl we onuň sowruşy ýaly öňümden çykana, sagyma-soluma pul sowrup bilemok. Emma şonda-da seniň bilen ýerimi çalyşman diýip, oňa telim ýola aýtdym; matros durmuşy tüýs göwnümden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
turýan zat, hiç hili gyzyksyz ýerde gürleşere adam bolmadyk ýerde — şäherden iki millik uzakda men, baryp ähli millionlaryny berenlerinde-de kes kelläm, ýaşap bilmerin. Men aýdýaryn…

Bu ýerde men onuň sözüni böldüm:

— Olar şeýle bir elhenç güne duşdüler…

— Olar diýýäniň kim?

— Olar kakam, ejem, uýam we miss Guker dagy-da. Wah siz şol ýere paromyňyzy alyp baryp bilsediňiz…

— Nirä «şol ýere?» Olar nirede?
— Döwük parohodda.

— Ol neneň parohod?

— Aý şu ýerde biri bar.

— Hernä «Walter Skotda-ha» däldir?!

— Hawa.

— Eý taňrym! Sen aýtsana, olar ol ýere nireden düşdülerkä?

— Elbetde, öz peýwagtlaryna düşmändirler. Ýogsam näme! Eý taňrym, olar o ýeriň özünden derewjik çykaýmasalar, bagtjagazlaryna gar ýagar! Ýeri, olar o ýere nädip düşüp ýörkäler diýsene?

— Ap-aňsatja düşüpdirler. Miss Guker şol şäherde myhmançylykda bolan ekeni.

— Hawa, ol şäheriň ady Buts Lending bolmaly. Ýeri, onsoň?

— Ol şol ýerde myhmançylykda bolupdyr, agşamaralaram öz negr hyzmatkäri bilen at paromyna münüp, öz jorasynyňka ýatmaga gidipdir, ol jorasynyň ady bolsa miss neme bolmaly… wah, men onuň adyny ýadymdan çykaraýypdyryn; olar küreklerini ýitiripdirler, onsoň olary suwuň akymy özi bilen iki mil dagy alyp gidip, göni burnuny dik ýokaryk edip döwlüp ýatan parohodyň üstünden eltipdir,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
paromçy negr hyzmatkäri, aty-zady bilen gark bolupdyr, miss Guker bolsa nämedir bir zada ýapyşyp, şol parohodyň üstüne özüi atypdyr. Gün ýaşanyndan bir sagat geçeninden sosň biz öz gämimiz bilen geçip barýardyk, howa garaňkydy, şonuň üçin döwük parohody görmän, biz hem onuň üstünden barypdyrys; emma biziň Bil Uippilden başga hemmämiz gämä çykyp gutuldyk — Bil welin diýseň gowy oglandy! Oňa derek özum gark bolup giden bolsam, gowy bolardy, ýöne…

— Eý taňrym-eý, men beýle zatlary ömür eşitmändim. Ýeri onsoň siz nätdiňiz?

— Aý, gygyrdyk-gygyrdyk, emma derýa giň bolansoň, biziň sesimizi eşiden bolmady. Onsoň kakam: biziň birimiziň kenara gidip, kömek soramagymyz gerek — diýdi. Ýüzüp bilýän bolsa ýeke mendim, şonuň üçin men derýa urup, ýüzüp ugradym, miss Guker bolsa maňa: eger başga adama duşmasaň şu töwerekde daýym bardyr, sen ony gözläp tap, ol hemmesini düzeder diýdi. Men kenara bir mil aşagrakdan çykdym we duş gelen adamlarymdan kömek edäýseňiz diýip soradym, olar bolsa maňa: «Heý, şeýle garaňkylykda-da, şeýle çasly akýan suwda-da bir kömek bolarmy? Synanyşyp oturasyda iş ýok, bar paroma git» diýdiler. Ine, indi siz gidäýseňiz.

— Men, hudaý ursun, giderdim welin, gitmelem bolaryn welin, ýöne munuň zähmet hakyny kim tölärkä? Kakaň töläp biler öýdýärmiň?..

— Ondan arkaýyn boluň. Miss Gukeriň aýdyşyna görä, onuň daýysy Hornbak…

— Eý taňrym, ol şonuň daýysy diýesene? Näme diýsene, sen şol yşyk görünen ýere git, ol ýerden bolsa günbatarlygyna sowlarsyň, çärýek mil geçeňsoň, öňüňden meýhana çykar; şol ýere baryp, sen: meni basymrak Jim Hornbakyň ýanyna eltiň diý, ol hemmesi üçin tölär. Kän gürrüň edip durma, ol näme bolanyny biljek bolar. Sen oňa şähere ýetmänkä ýegenini halas edip, howpsuz-hatarsyz ýere eltjegimi aýt, men bolsam gidip mehanigimizi turzaýyn.

Men oda bakan ugradym, emma garawul burça öwrülen dessine yzyma dolanyp, gaýyga mündüm, kenaryň gyrasyny alyp. akymyň ugry bilen alty ýuz ädim töwerekleri ýüzdüm, soňra bolsa agaç baržalarynyň arasynda gizlendim; diňe parom pristandan ugranynda göwnüm aram tapdy. Umuman aýdaňda, bu banditler üçin şeýle azara galýanyma men örän keýp edýärdim: sebäbi beýle zady her bir adam başaryp durup bilmeýär. Men muny dul hatyn biläýse bolmaýarmy diýýärdim. Bu haramzadalara kömek edýänimi biläýse, ol «hökman begenerdi», sebäbi dul hatynyň, asyl ähli päk ýürek adamlaryň hem bar bilenleri-bitenleri haramzadalara, ogry-jümrülere kömek edip ýörmek.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ine onsoň, ahyrym, döwük parohod hem görnüp ugrady — ümrüň aralygynda onuň barha suwa çökýänligini zordan hem bolsa saýgarmak bolýardy. Ilkibada endamyma sowuk der indi, soňra men parohoda bakan küreklemäge başladym. Ol tutuş diýen ýaly batan ekeni. Men şol bada: näbileýin, diri galany barmyka diýdim. Parohodyň daş-töweregine aýlanyp çykdym, çalarak gygyryp gördüm, emma maňa hä beren bolmady, ähli zat gabyrda ýatan ýaly ümsümlikdi. Meniň banditlere ýüregim awady, emma o diýen gaty awamady; men eger olaryň hiç kime ýüregi awamadyk bolsa, meniň hem olara ýüregim awamaz diýip içimi gepletdim.

Onsoň parohodyň ýanyna parom geldi. Men gabatlap, akymyň ugry bilen aşaklygyna ýüzüp, derýanyň ortasyna çykdym; soňra paromdan görünmez ýaly bolanymda, küreklemämi bes etdim we daş-töweregime garanjakladym; görsem, olar parohodyň töwereginde köw-söw urup, birden daýysy Hornbaka gerek bolaýsa diýşip miss Gukeriň meýdini gözleşip ýörler! Basym gözleg gutaryp, parom kenara tarap ugrady, men küreklerime zor berip, suwuň akymynyň ugry bilen ok ýaly bolup aşak bakan ýüzdüm.

Jimiň salyndaky çyra görünýänçä köp-köp wagt geçdi; görnen wagty hem göwnüme bir müň mil daşda ýaly bolup göründi. Salyň ýanyna ýüzüp baranymda, asmanyň gündogar tarapy agaryp ugrady; biz ada gelip düşdük, salymyzy gizläp, gaýygymyzy suwa batyrdyk, soňra bolsa ölen ýaly bolup ýatdyk.

## XIV bap

Biz ukymyzdan oýanyp, şaýkanyň döwlen parohoddan ogurlan zatlaryny seçipseljerişdirip gördük; ol ýerde ädik hem, ýorgan-düşek hem, köýnek hem, garaz adyny tutan zadyň bar ekeni, bulardan başga bir topar kitap, uzaga seredilýän turba, üç ýaşşik sigar bar ekeni. Jim ikimiz hiç haçan ömrümizde beýle baý bolup görmändik. Çilimler birinji sortly çilimler ekeni. Biz nahardan soň uzynly günläp tokaýyň içinde gyşarylyşyp ýatdyk, gürrüň edişdik; men kitap okadym, umuman, wagtymyzy ýaman geçirmedik. Men parohodda we paromda bolan zatlaryň hemmesini Jime gürrüň berdim we ýogsa-da batyrlyk diýip, ine şuňa aýdarlar diýdim; ol bolsa indi maňa gaýdyp gahrymanlyk gerek däl diýdi. Sen rubka gireniňde, men hem sala äňedip geleýin diýip gidemde we salyň ýoklugyny göremde, gorkymdan tas janym çykypdy diýip, Jim gürrüň berdi: ol soňy näme bilen gutarsa-da indi işim gaýtdy, sebäbi häzir bizi halas etmeseler, men gark

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolaryn, eger meni biri halas edäýse-de sylag aljak bolup meni öýlerine äkider, onsoň miss Uotson hem meni Günorta satar diýen netijä gelen ekeni. Eýsem näme, ol mamlady, ol hemişe diýen ýaly mamlady, kellesi, elbetde, negr üçin gaty gowy işleýärdi.

Men Jime korollar, gersoglar, graflar barada, olaryň kaşaň geýnişleri barada, nähili elpe-şelpelikde ýaşaýanlyklary barada, bir-birlerine mister diýmän, «siziň alyhezretleriňiz», «siziň alyjenabyňyz», «siziň merhemetliňiz»diýişleri barada köp zat okap berdim. Jim gözlerini petrediberdi, sebäbi ol bularyň baryna aňk boldy: Ol:

— Olaryň beýle köplüginden meniň habarym hem ýok ekeni. Men Süleýman patyşadan başga olaryň hiç biri barada hiç haçan zat eşitmändim, hawa, mundan başga, kartlaryň ýüzündäki korollary-da görüpdim. Onsoň korol näçe aýlyk alýar — diýdi. Men:

— Näçe alýar diýýärmiň? — diýdim. Alasy gelse, müň dollaram alýar. Näçe alasy gelse alýar, ähli zat onuňky — din-dim.

— Baý-ba! Onsoň, Gek, onuň etmeli işi näme?

— Aý, hiç zadam etmeli däl! Senem bir zady tapaýýaň! Tagtyna çykyp otyr, bar edýän zady ine şol.

— Aý, ýog-a, dogryňmy?
— Ýogsam dogry bolmazmy! Ýöne tagtynda otyr, birden uruş tursada, urşa gidýär, galan wagtlary bolsa hiç zat edenok: ýa aw awlaýar, ýa-da… Üş-ş! Eşidýärmiň? Bu galmagal nämekä?

Biz zöwwe ýerimizden galyp, görmäge gitdik, emma hiç bir üýtgeşik zat ýok ekeni — bu parohodyň gürrüldisi ekeni, sebäbi parohod burnuň daşyndan aýlanýan ekeni, ýene öňki ýerimize gelip oturyberdik.

— Hawa, galan wagty, ýürekleri gysmasa, olar parlament bilen salşyp alýarlar; eger özüne gulak salynmasa, korol olaryň barjasynyň kellesini aldyrýar. Köp wagtyny hem haremhanada geçirýär—diýip, men gürrüňimi dowam etdirdim.

— Nirede geçirýär diýdiň?

— Haremhanada.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Haremhanada diýýäniň näme?

— Ol korolyň aýallaryny saklaýan ýeri. Be, sen haremhananyň nämediginem eşitmänmidiň? Haremhana Süleýmanda-da bolupdyr; onuň aýaly müňe dagy ýetýär eken.

— Wiý, hawa, ýadymdan çykaýypdyr. Haremhana diýilýäni, meniň bilşimçe, pansiona meňzeş bir zat bolmaly. Baý, olaryň çagalar otagy galmagallydyrow. Onsoňam men olaryň aýallary hemişe sögüşip ýörlermikä diýýän, şeýle bol-sa, galmagal has hem güýjeýändir. Ýene-de Süleýman dünýäde iň dana adam bolupdyr diýýärler. Men muňa çigit ýalyjak hem ynanamok, sebäbem şeýle: eýsem akylly adam şeýle ýerde ýaşarmy? Ýok, ýaşamaz. Akylly adam alarda, gazan ýasalýan zawod saldyrar, ümsümlik, dynçlyk gerek bolsa-da alarda, zawody durzar.

— Her näme diýseňem, ol dünýäde iň akylly adam bolupdyr, men muny hut dul hatynyň öz agzyndan eşitdim.

— Maňa dul hatynyň saňa näme gürrüň berenliginiň parhy ýok. Men onuň akylly bolanlygyna ynanamok. Käte onuň has samsyklyk eden wagtam bolupdyr. Onuň çagany iki bölege böldüreni ýadyňa düşýärmi?

— Hawa-da, dul hatyn gürrüň beripdi.

— Ine-ine! Mundan beter samsyklygy gözläp hem tapjak gümanyň ýok! Gör, sen bu nähili bolýar: goý, bu töňňe bir aýal bolsun, sen hem beýleki aýal, men Süleýman bolup, bu dollar hem çaga bolsun. Siziň ikiňiz hem çaga meniňki diýýäňiz. Şonda men nädýän? Alýan-da, goňşulardan bu dollar kimiňki diýýän we ol kimiňki bolsa ony barmajygymam batyrman eýesine berýärin, muny her bir akylly adam hem şeýder. Bolmasa: dollary alýan-da, ony iki çapýan; ýarysyny-ha saňa berýärin, ýarysynam beýleki aýalyma. Ine, seniň Süleýmanyň çagany şeýtmekçi! Men senden ýarym dollaryň nämä ýaraýar diýip soraýaryn? Sebäbi oňa hiç zat satyn alyp bolanok ahyryn. A ýarym çaga nämä ýaraýar? Men ýarty çagalaryň millionyny-da bir köpüge alman.

— Wiý, Jim, sen munuň manysyna düýpden düşünmän ekeniň, hudaý ursun, düşünmän ekeniň.

— Kim? Menmi? Aý, goýsana! Näme maňa gep düşündirjek bolýaň! Manysy bar bolsa, özümem görerin, ýöne munda çigit ýaly-da many ýok. Ýarty çagaň ustünde

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
däl-de, olar bütin çaganyn üstünde gygyryşandyrlar ahyryn; eger kim bu dawany bir ýarty bilen çözerin öýden bolsa, onuň kellesinde bir pisselikde akyl ýokdur. Sen, Gek, maňa Süleýmanyň barada gürrüň berip oturma, men ony şeýle-de bilýän.

— Saňa gepe düşmänsiň diýilýär.

— Aý, goýsana gepiňi!

— Bilýän zadymy bilýän diýjek. Meniň göwnüme, hakyky manysy düýpden munda däl. Ony aňyrrakdan gözlemeli. Gep şol Süleýmanyň nähili gylykhäsiýetleriniň bolanlygynda. Mysal üçin, sen bir ýa iki çagaly adamyny al, heý şeýle adam çagalaryny gyran-jyran eder öýdýärmiň? Ýok, etmez, ol muňa ýürek edip bilmez. Ol çaganyň gadyryny bil-melidigini bilýär. Eger onuň çagasy bäş million dagy bar bolsa, onda ol aýry mesele. Ol çagany öldürmäni pişik öldürençede görmez. Barybir köp çagasy galjak. Bir çagasy az boldy, bir çagasy köp boldy
— Süleýman üçin parhy ýok.

Men beýle negre heniz duşamok. Ol bir zady ýüregine düwse, saklajak umydyň ýok. Süleýmana şol negrden köp ezýet beren ýokdur. Şonda men Süleýmany öz peýwagtyna goýup, gurrüňi başga korollara sowdum. Oňa bir wagtlar Fransiýada kellesi kesilen Lýudowik XVI barada, soň patyşalyk etmeli, emma tutulyp türmä basylan, mirasdar şazada diýilýän kiçijik ogly barada gürrüň berdim. Aýtmaklaryna görä, şazada şol ýerde-de ölüpmiş.

— Neresse!

— Başga birleri bolsa ol türmeden gaçyp gutulypdyr diýýärler. Göwnüme bolmasa, ol Amerika gaýdan ýaly.

— Ynha munsy bolýar! Ýöne oňa bu ýerde, dostlaşara adam tapylmaz, sebäbi bizde korol ýok ahyryn. Dogry dälmi, Gek

— Ýok.

— Diýmek, oňa bizde wezipede ýok. Onsoň ol bu ýerde näme işlejekkä?

— Men nireden bileýin! Olaryň käbiri polisiýa işe girýärler, käbirlerem fransuz dilinden sapak berýärler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý ýog-a, Gek, näme fransuzlar biziň dilimizde geplemeýärlermi?

— Hawa, Jim, olaryň gürrüňinden sen bir söze-de, hawa, ýekeje söze-de düşmersiň.

— Bäý-bä! Bu näme üçin beýle bolýarka?

— Näme üçinligin-ä. bilemok welin, bu şeýle. Men olaryň patarrakylary barada kitapda okapdym. Ynha birden birn ýanyňa gelip, saňa «Parle-wu franse?» diýip dursa, sen näme diýersiň?

— Hiç zadam diýmän, alarynda, ol ak adam bolmasa kelesine ýelmärin. Men negre şeý diýip sökdürerin durarynmy!

— Baý senem-ä, ol sögünç däl ahyryn. Ol-a dise! «Siz fransuzça gepläp bilýäňizmi?» diýildigi bolýar.

— Beýle bolsa ol näme üçin adam ýaly soraýmaýar?

— Ol adam ýaly soraýaram-da. Ýöne fransuzça soraýar.

— Oýun edýärsiň öýdýän? Men indi saňa gulak hem saljak däl. Ugursyz zat aýdýaň!

— Gulak goý, Jim, näme pişik biziň dilimizde gepleýärmi?

Ýok,— geplänok.

— A sygyr?

— Sygram geplänok.

— Ýa pişik sygyr dilinde, sygyr hem pişik dilinde gepleýärmi?

— Geplänoklar.

— Olaryň dürli dilde gepleýänlikleri düşnükli zat, şeýle gerek?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Elbetde, şeýle.

— Sygyr bilen pişigiň hem biziň dilimizde geplemeýändinkleri düşnükli gerek?
— Ýogsam näme, elbetde, düşnükli.

— Düşnükli bolsa, näme üçin fransuz biziň dilimizden başga dilde geplemeli dälmiş? Sen maňa ynha şony aýt!

— Eýsem pişik nä adammy?

— Ýok, Jim.

— Eýle bolsa pişik näme üçin adam dilinde geplemelimiş? Näme sygyr adammyşmy? Ýa-da ol pişikmişmi?

— Elbetde, ol olaryň hiç haýsysam däl.

— Onda näme üçin ol adam dilinde ýa pişik dilinde gepleşmelimiş? A fransuz adammy — däl?

— Adam.

— Ine görýärmiň! Ondan näme üçin ol adam ýaly geplemeýär. Sen ynha maňa şuny aýt.

Şonda men negr bilen ýaňkalaşyp durmagyň biderekligine, öňi-soňy oňa zat düşündirip bolmajagyna göz ýetirdim. Şonuň üçin hem aldymda, tüýkürinip goýberdim.

## XV bap

Biz üç gijede-hä Kaire' Ogaýonyň Missisipä guýýan ýeri bolan Illinoýs ştatynyň günorta serhedine ýeteris (biziň ýetmeli ýerimizem Kairdi). Onsoňam salymyzy satarys-da, parohoda münüp, Ogaýo bilen ýokarlygyna çykarys, sebäbi ol ýerdäki ştatlar erkin ştatlardyr, gorkup oturasyda zat ýokdur diýip pikir edipdik.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Emma ikinji gije şeýle bir duman boldy weli, biz ot basyp giden adajyga sowulmaly bolduk, sebäbi beýle dumanda uzak ýüzer dagy eder ýaly däldi. Men ýüpümi taýynlap, gaýyk bilen gyrymsy agaçlara tarap ýüzüp barýardym, bir görsem, saly daňar ýaly-da zat ýok: agyn çybyjak bolup dur. Men ýükümi şol suwuň gyrasyndaky agaçlaryň birine iltedim, emma bu ýerde çasly akansoň, suw şol agajy köki-zady bilen goparyp taşlady we öz ugry bilen saly alyp ugrady. Duman barha gürelýärdi, meniň hezilim gaçyp ugrady, göwnüme bolmasa, men bir minutlap diýen ýaly ýerimden gozganyp bilmän durdum, onýança sal hem gözden ýitip gidipdir: ýigrimi ädimlik ýerdäki zady hem saýgarar ýaly däldi. Men ylgap gaýyga mündüm, yz tarapyna baryp kürege ýapyşdym we küreklemäge başladym. Gaýyk ýerinden hem gozganmaýardy. Görüp otursam, howlukmajyma ony çözmäni unudaýypdyryn. Men ýerimden turup, ýüpi çözmäge başladym, emma tolgunmadan ýaňa ellerim sandyrap, köp wagtlap ýüpi çözüp bilmedim.

Men saýdan çykdym we deryanyň ýalpak ýeri bilen salyň yzyndan kowup başladym. Ýalpaklyk gugarýança hemmesi gülala-güllük boldy, emma onuň uzynlygy altmyş ädim hem ýok eken, şonuň üçin goýy dumanyň içine düşemde, men özümiň nireden barýanlygymam unutdym.

Küreklâb-ä bolmaz, kim bilýär, ýalpaklygyň üstünden bararynmy, kenara dirärinmi, şonuň üçin gymyldaman oturaýyn, goý, onsoň suw meni alyp gidýän bolsa, özi bilen alyp gidibersin diýip, men içimi gepletdim; emma her niçik-de bolsa gol gowşuryp oturyp bolmaýar eken, öz-özümi mejbur etmeli boldum. Men gygyrdym we durup diň saldym. Uzakdan bir ýerden ysgynsyzja ses eşidildi, meniň şo bada keýpim göterildi. Men şol tarapa ok ýaly atylyp ugradym, özümem şol ses ýene-de çykaýmazmyka diýip diňşirgäp gitdim. Ýene-de ses eşidildi, görüp otursam, meniň barýan ugrum düýpden tersine eken, şonuň üçin saga öwrüldim. Indiki gezek görsem, men çepe giden ekenim, özüm hem onçakly ýüzmän ekenim, sebäbi şol bir ýüzen ýerlerimde ýüzüpdirin durupdyryn, ses bolsa hemişe gabat öňümden gelýärdi.

Bu akmak sajy kakaýsa, yzyny üzmän kakaýsa bolmaýarmy diýip, men içimi gepletdim, emma saç kakmaklyk onuň ýadyna düşmedi, şonuň üçin gykylygyň arasyndaky bu dymşyklar meniň, başymy-gözümi aýlady. Men dynman kürekledim, şeý-dip barýarkam yzymdan bir gykylyk çykdy. Men indi has hem ugrumy ýitirdim. Bu gygyrýan ýa başga biri bolmaly, ýa-da men yzyma dolanypdyryp.

Men küregimi taşladym. Diňşirgesem, ýene-de gygyrýarlar, özem yz tarapymdan, ýöne gykylyk belli bir ýerden çykmaýardy, men ýene gykylyk öňden eşidilmänkä

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gygyryp jogap berdim; şonda men gaýgyň burnunyň suwuň ugruna öwrülendigini, diýmek, bu gygyrýan hem bir näbelli salçy bolman, Jim bolsa, öz barýan ugrumyň dogrulygyna göz ýetirdim. Dumanly gün, men sesleri seljerip bilemok, sebäbi dumanly gün eşidilişi hem, görnüşi hem hemişekiler ýaly bolanok, ähli zat üýtgän ýaly duýulýar, çykýan ses bir tüýsli eşidilýär.

Gykylyk heniz hem eşidilýärdi, bir minut geçip-geçmänkä dumanyň içinde tüsse burumlaryna çalym edip oturan ullakan agaçly kert kenara ýetdim, emma suw meni çepe zyňdy we gyşaryp ýatan agaçlaryň arasy bilen güwläp akýan ýerinden alyp gitdi, ol ýerde suw şeýle çasly akýardy.

Bir-iki sekuntdan daş-töwerek ýene-de goýy ak dumana örtülip, ümsümlik boldy. Indi men ýüregimiň urşuna gulak salyp, gymyldaman otyrdym, şonda, göwnüme bolmasa, ol ýüz gezek urýança demimi hem almadym.

Birden men nämäň nämeligine düşündim we ähli zady jähennemä urdum. Bu kert kenar ada bolup, Jim hem häzir onuň beýle tarapynda eken. Bu saňa on minutda aýlanyp geçäýer ýaly ýalpaklyk däldi. Onda adada bolmaly bolşy ýaly hakyky, uly tokaý ösüp otyrdy; onuň uzynlygy bäş-alty milräk, ini hem ýarym mil gowrak bardy.

Men on bäş minut çemeleri gulagymy üşerdip, sessiz oturdym. Meni suw sagatda dört-bäş mil tizlik bilen aşak tarap alyp barýardy, emma muny, adatça, duýup bolmaýardy. Gaýtam gaýyk suwuň ýüzünde gymyldaman duran ýaly görünýärdi; birden gapdalyňda suwa ýykylan agaç göräýseň, iniň jümşüllap gidýär, agaja uçup barýarow diýip pikir edýärsiň? Öz uçup barýanlygyň bolsa kelläňe-de gelenok, Eger siz gije dumanlygyň içinde derýada gorkar ýaly, ýüregiň gysar ýaly zat ýokdur diýip pikir edýän bolsaňyz, muny iň bolmanda ýekeje gezek synap görüň, şonda bilersiňiz.

Onsoň ara wagt salyp, ýarym sagatlap diýen ýaly gygyryp durdum; ahyrsoňy uzakdan bir ses eşidildi; men şol ses çykýan tarapa ýüzjek boldum, emma bolmady; men şol wagtyň özünde adajyklaryň tutuş bir höwürtgesine düşen ýaly boldum, sebäbi olar gaýygyň iki tarapyndan hem garalyşyp görünýärdi, mahal-mahal adalaryň arasynda darajyk geçelgeler çykýardy, mahal-mahal bolsa görünýän zat bolmasa-da, men ýalpaklygyň golaý-goltumdadygyny bilýärdim, sebäbi suwuň kenara ýygnanan hapa-supalara we gury ýere baryp urýanlygy eşidilýärdi, Ine şol ýalpaklyklaryň arasynda men birden ugrumy ýitirdim we gaýdyp hiç hili ses eşitmedim; ilkibada onuň yzyndan kowjak boldum, emma bu kä onda, kä munda

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýylpyldap görünýän oda kowalaşanyňdan hem erbetdi. Sesiň beýle ygyp, ýerini beýle çalt we ýygy çalşyryşyny men heniz hiç haçan görmändim.

Men özümi kenardan daşrakda tutasym gelýärdi, adajyklara urup gitmez ýaly, men kenardan bäş-alty gezek onatja serpikdim hem, men sal hem, ähtimal, mahalmahal kenara diremelidir, ýogsam ol bireýýäm öňe ozup giderdi, onsoň ses hem eşidilmezdi, sebäbi ol gaýykdan çalt gidýär ahyryn diýip içimi gepletdim.

Az salymdan soň men ýene suwuň açyk ýerine çykdym, ýöne men gaýdyp hiç ýerden ses eşitmedim. Şonuň üçinem men: Jim-ä suwuň içine ýykylan agaçlaryň üstünden baryp, işi harap bolupdyr öýdýän diýip pikirlendim. Men ýadap, halys boldum we gaýygyň içinde süýnüp, hiç zat barada pikir etmän, gyşarmagy ýüregime düwdüm. Men, elbetde, uklamakçy däldim, ýöne meniň halys ýatasym gelýärdi, gözlerim bürlüp barýardy, men, aý, gel bir minut ýataýyn-la diýdim. Men bir minutdan köp ýatan bolara çemelim. Sebäbi oýananymda, ýyldyzlar ýylpyldaşyp, duman sowlan ekeni we gaýygym guýruk tarapyny öňe edip, derýanyň egrem-bugram ýeri bilen barýar ekeni. Ilki bada men niredeligimi bilip bilmeim, göwnüme bolmasa, bularyň hemmesini düýşümde görýän ýalydym, böwrümi diňläp, ýadyma saljak bolsam hem geçen hepdäň içinde bolup geçen ýaly çala ýadyma düşdi.

Derýanyň bu ýeri aýylganç giň ekeni, kenaryň iki gyrasyndaky agaçlar hem, bilşime görä, bir gür-bir gür bolup, uzynlygam edil diwar ýaly ekeni. Men suwuň akýan ugruna, aşak tarapa göz gezdirdim, şonda suwuň ýüzünde bir gara tegmile gözüm düşdi. Men onuň söbügine düşdüm, ýetip görsem, ol bary-ýogy çatylan iki sany pürs ekeni. Onsoň ýene bir tegmile gözüm düşdi, onuň hem söbügine düşdüm, soň ýene biri göründi — bu gezek çakym dogry bolup çykdy. Ol sal ekeni.

Salyň üstüne çykyp görsem, Jim kellesini dyzynyň üstüne atyp, sag elini hem küregiň üstünde goýup uklap otyrdy. Beýleki kürek döwlüp, salyň üstüni gyrmança, ýaprak, pudak basyp giden ekeni. Diýmek, Jim hem agyr ýagdaýa düşen ekeni.

Men gaýygy baglap, edil Jimiň öň ýanynda salyň üstünde süýndüm, gernip, pallap başladym we:

— Eý, Jim, birazrak ýataýypdyryn öýdýän? Näme üçin sen meni oýarmansyň — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Eý toba! Bu, Gek, sen-ä dälsiň? Sen eýsem ölüp-ýitip gitmän ekeniň-dä, sen ýene geldiňmi? Oglum, ynanar dagy eder ýaly däl. Gel, men seni bir synlaýyn, bagryma basaýyn. Ýok, sen hakykatdanam ölmän ekeniň! Sagaman, öňküje bolşuňa gaýdyp gelipsiň, hudaýa şükür!

— Jim, saňa näme boldy? Ýa bir zat içdiňmi?

— Içdiňmi? Nirede içipdirin? Haçan içipdirin?

— Onda näme sen biderek ýaňrap otyrsyň?

— Biderek ýaňrap?

— Ýogsam näme? Onda sen näme üçin men ýaňy gaýdyp gelen ýaly, käşki men bu ýerde bolmadyk ýaly gürrüň edýärsiň?

— Gek… Gek Fini, hany sen meniň gözüme seret, hany bir seret! Eýsem sen hiç ýaňa gideňokmy?

— Menmi giden? Seniň aýdýanyň näme? Meniň giden ýerim ýok. Men nirä gideýin?

— Gulak sal, Gek, bu ýerde, öwlüýä kessin, bir zat-ha bar, hawa-hawa! Belki, men men däldirin? Belki, men bu ýerde däl-de, başga bir ýerdedirin. Sen ynha maňa şuny aýt.

— Seniň bu ýerdeligiň düşnükli zat-la, garry, ýöne kelläň birneme çaşypdyr.

— Kimiň? Meniňmi? Ýok, sen maňa bir zady aýt: eýsem sen gaýyga münüp, saly ýalpaklykdaky agaçlara daňmaga gitmediňmi?

— Ýok, gitmedim. Haýsy agaçlara? Men-ä agaç göremok.

— Sen ýalpaklykdaky agaçlary görmediňmi? Bu nähili beýle bolýar, ýüp üzülip, saly suw alyp gitdi, sen bolsa gaýykda galyşyňa dumanyň içinde gözden ýitdiň.

— Haýsy dumanda?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Haýsy dumanda? Şol uzynly gijeläp sowulmadyk dumanda-da. Senem gygyrdyň, menem gygyrdym, onsoň ikimiz hem adajyklaryň içinde azaşyp gitdik, birimiz ýoldan azaşdyk, beýlekimiziň hem azaşandan gowulygy bolmady, sebäbi ol özüniň niredeliginden habarsyz boldy, şeýle boldy gerek? Ynha men şol adajyklaryň bir toparyna duşup, olaryň arasyndan zordan çykdym, tas gark bolupdym. Eýsem, oglum, bu şeýle bolmanmydy, ä, şeýle bolmanmydy? Sen ynha masa şuny aýt.

— Walla, Jim, men-ä hiç zada düşunýän däldirin. Men hiç hili dumanam, hiç hili ada-da, hiç hili bulaşyklyk hem — bir söz bilen hiç zat hem görmedim. Biz ikimiz uzyn gijeläp gürrüň edip oturdyk, onsoň şondan on minut geçip-geçmänkä, sen uka gitdiň, menem irkilen bolara çemelim. Bu wagtyň içinde sen içib-ä bilen dälsiň, diýmek, bularyň bary seniň düýşüňe girendir.

— O nähili bularyň hemmesi on minutlyk düýşe girsin?

— Beýle zatlar hakykatda bolansoň, düýşe girdigi bolar-da.

— Bu nähili beýle bolýar, Gek. Men bularyň hemmesini äşgär gördüm ahyryn.

— Äşgär göreňde näme, äşgär görmäňde näme. Bularyň hiç birem bolan zat däl. Ýerimden butnaman oturamsoň, men muny oňat bilýärin ahyryn.

— Jim bäş minut çemeleri böwrüni diňläp oturdy. Soňra bolsa: Ýeri bolýar-da, Gek, munuň düýşüme giren bolmagam mümkin, ýöne hudaý ursun, ömrümde beýle geň düýş gören däldirin. Özümem şu gezekki ýadaýşym ýaly, düýşümde hiç haçan ýadan däldirin — diýdi.

— Bu ýerde näme bolmasy zat bolupmyş! Düýşüňde-de şeýle ýadaýan wagtyň bolýar. — Ýöne ol aýan çykan düýş ekeni. Hany, Jim, maňa baryny başdan-aýak gürrüň bersene.

Jim gürrüň bermäge oturdy we hemmesini bolşy ýaly edip, ahyryna çenli gürrüň berdi, emma oňat edip owadanladam. Soňra indi bu düýşi ýormak gerek, sebäbi ol bize duýduryş üçin ýollanan zatdyr diýdi. Ilkinji ýalpaklyga bize ýagşylyk isleýän bir adam, akyl hem bizi ondan sowjak bolýan başga bir adam. Gykylyklar bize ýokardan mahal-mahal iberilip durlan duýduryş, eger olara düşünjek bolup jan etmesek, tagalla goýmasak, olar bizi beladan gutarmagyň deregine belanyň üstünden elter. Bir topar adajyklar bolsa erbet adamlar bilen, garaz her hili süplükler bilen baş goşamyzda, abanjak howplar; ýöne öz işimizden başga işe

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
burnumyzy sokmasak, eger olar bilen ýaňkalaşyp, gaharlaryny getirip durmasak, şonda biz dumandan ýagty we giň derýada, ýagny erkin ştatlara-da çykarys. Onsoň biziň başymyza düşjek kynçylyk ýok.

Men sala geçemde, howa bulutlaryň derdinden gap-garaňkydy, emma häzir asman ýene-de durlandy.

— Ýeri bolýar-da, Jim, sen bularyň hemmesini dogry düşündirdiň, ýöne bu zat näme?

Şeý diýip, men salyň üstündäki hapalary, ýapraklary we döwlen küregi görkezdim. Indi olar mese-mälim görnüp durdy.

Jim ilki hapa-supalara, soňra maňa, soň ýene hapalara seretdi. Düýş onuň kellesine şeýle bir ornaşypdy welin, ol

ony taşlap hem, nämäň-nämeligini bilip hem bilmeýärdi. Emma bilen-de bolsa, ol maňa ýylgyrman zat etmän çiňerilip:

— Bu zatmy? Häzir aýdaýyn. Men küreкläp we saňa gygyryp ýadamda irkilipdirin, şonda ýüregim erbet gyýyldy: seniň ýitip gidişiňe nebsim agyrdy, özüm bilen sal barada pikir hem etmedim. Oýanyp, seniň ýene bu ýerde keýpi kök, janyň sag duranlygyňy görüp, şeýle bir begendim welin, tas aglapdym, dyzyma çöküp, aýaklaryňdan öpmägede kaýyldym. Sen bol-saň, garry Jimi aldap, kellesini çişirip dursuň! Bularyň bary hapa we myrtar zat bolýar, öz dostlarynyň başyny hapa zatlar bilen agyrdyp, olaryň üstünden gülýän adamlar hem myrtar bolýarlar — diýdi.

Ol ýerinden turdy-da, çatma tarap ugrady we oňa girip gitdi, meniň bilen bolsa gaýdyp gürleşmedi. Ýöne bu-da ýeterlikdi. Men özümi şeýle bir nalajedeýin duýdum welin — şol wagt onuň aýaklaryny ogşamaga kaýyldym, diňe ol diýen zatlaryny yzyna gaýdyp alsa bolýardy.
Men negriň ýanyna gidip, onuň öňünde kemsinmegi ýüregime düwdüm, göwnümi bire baglamaga on bäş minut gerek boldy; emma her niçik hem bolsa men muny şeýtdim, özi hem bu barada çigit ýalyjak hem gynanmadym, asyl hiç haçan hem gynanmadym. Men ony gaýdyp oýnamadym, beýle öýkelejegini bilen bolsam, men bu gezek hem onuň göwnüne degmezdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## XVI bap

Biz uzynly günläp diýen ýaly ýatdyk, ýola bolsa giç agşamlar düşdük, öňden gölegçi ýaly üznüksiz geçip duran uzyn saly goýberdik. Salyň her ujunda dört sany syrdam kürek bardy; diýmek, salçylaryň sany otuzdan az däl bolara çemeli. Sanap görsek, onuň üstünde bir-birinden esli aralykda bäş sany ullakan çatma bar, ortasynda hem ot ýanyp dur, iki burçunda bolsa baýdak daňlan syryk bar. Şeýle salda salçy bolup işläýmek oýun iş däldir!

Bizi suw ullakan köwüň üstünden eltdi, onýança bulutlar hem gürelişip, gije petiş boldy. Deryanyň bu ýeri örän giň ekeni, onuň iki gyrasyny gür tokaý diwar ýaly bolup gurşap otyrdy; bir yş hem, bnr ýylpyldam görnenokdy. Biziň gürrüňimiz Kair baradady: ýetäýsek, ony tanarmykak bir, men tanamaýmasak diýdim; aýtmaklaryna görä, onda bary-ýogy on öý töwerekleri barmyş, üstesine çyralar hem sönük bolsa, şäheriň duşundan geçip barýanyňy näbiljek? Jim: ol ýerde iki sany ullakan derýa birleşýärmiş, ynha şolardan hem biz Kairi tanarys diýdi. Men bolsam: adanyň duşundan geçendiris-de, ýene şol derýa düşendiris öýtmegimiz hem mümkin diýdim. Bu Jimi howsala saldy, meni hem alada goýdy. Onda nätsekkäk? diýen sorag çykdy. Meniň pikirimçe-hä, yşyk göründigi kenara çykmaly we baryp, gaýykda kakam galdy, derýada ilkinji gezek ýüzýäni üçin Kair daşdamyka, bilip gel diýip, meni iberdi diýmek gerek. Jim: bu erbet pikir däl diýdi, şonuň üçin biz adama bir çilim urup, garaşyp başladyk.

Biz şäher görünse, aňkarylyp galaýmaly diýip, ýiti-ýiti seredip ugradyk. Jim: menä-hä aňkarylyp galman: sebäbi Kairi gördügim, azatlyga çykaryn, aňkarylyp galaýdygym bolsa, ýene-de gulçulyk ştatynda galyp, azatlyk bilen hoşlaşaýmaly bolaryn diýdi. Ol tas her minutdan diýen ýaly ýerinden böküp turup:

— Hal-ha, Kair! — diýip gygyrýardy.

Emma olaryň hiç haýsysy Kair däldi. Olar ýa ýylpyldap görünýän yşyklar bolup, ýa-da ýaldyrawuk tomzaklar bolup çykýardy, onsoň ol ýene-de Kairi garawullamaga oturýardy. Jim: basym azatlyga çykjagyma kä gyzdyrýan, kä-de galpylda düşýän diýýärdi. Size dogrymy aýtsam, men hem kä gyzdyryp, ke galpylda düşýärdim; onuň dogrudan hem basym azat boljagyna men diňe ýaňy düşünip galdym, onsoň muňa kim günäkär? Elbetde, men. Meniň wyždanym päk däldi, şonuň üçin hem şu pikirden hiç gutulyp bilmeýärdim. Men şeýle bir azara galdym welin, hiç ýerde kararym ýetmedi. Edýän işime men şu çaka çenli

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
düşünmändirin. Ynha indi bolsa duşünip, ýadymdan çykaryp bilemok — edil içimbagrym ýanyp barýar. Bu ýerde meniň günäm ýok diýip, men özüme teselli berjek boldum, sebäbi Jimi kanuny hojaýynyndan alyp gaýdan men däldim. Emma munuň peýdasy degmedi, wyždanym: «onuň gaçakdygyny sen bilensiň ahyryn, gaýyga münüp, kenarda birine habar edip bilerdiň ahyryn» diýip, maňa öwranöwran pent berýärdi. Munuň ugry bardy, sapalak atmaga alaç ýokdy. Kyn ýerem şudy. Wyždanym: «Miss Uotson pahyr saňa näme ýamanlyk etdi? Sen onuň negriniň gaçyp barýanlygyny görübem, hiç kime hiç zat aýtmadyň. Kempir biçäre saňa näme ýamanlyk etdi, näme üçin ony beýle öýkeledýärsiň? Ol saňa hat-sowat öwretdi, edep-hormat öwretdi, başardygyça saňa mylaýym boldy. Onuň saňa başga eden zady ýok» diýip pyşyrdady.

Meniň ugrum gaçyp, şeýle bir utandym welin, ölüp-ýitip gidenimi kem görmedim. Men salyň üstünde iki ýaňa at saldym, öz-özüme käýindim. Jim hem meniň gapdalym bilen iki ýana at salýardy. Biz bir ýerde oturyp karar etmeýärdik. Ol her gezek ýerinden galyp: «Hal-ha Kair!» diýip gygyranda, içimden ok geçen ýaly bolýardy we men eger bu Kair bolaýsa, utanjymdan ölerin diýip pikir edýärdim.

Men içimi gepledip durkam, Jim gaty-gaty gürleýärdi. Ol: erkin ştatlara barsam, men ilki bilen pul ýygnap başlaryn we biderek ýere bir sentinem sowmaryn, gerek pulumy ýygnaýsam hem miss Uotsonyň.ýaşaýan ýerindäki fermadan aýalymy alaryn, soňra bolsa aýalym ikimiz-bile işläp, çagalarymyzy alarys. Eger hojaýyn olary satmaga göwnemese, onda bir abolisionist bilen gürleşip, olary alyp gaçdyraryn—diýýärdi.

Beýle gürrüňleri eşidemde, inim dyglap gidýärdi. Öňler ol beýle gürläp bilmeýärdi. Bary-ýogy ýekeje «azat bolaryn» diýen pikirden ol, gör, nähili üýtgäpdir! «Negre barmak tutdursaň, bütin eliňi çekip alar» diýlip, köne nakylda ýöne ýere aýdylmandyr. Pikirsiz-zatsyz gyzmalyk etseň, gör nähili bolýan eken diýip, men içimi gepletdim. Gaçmaga kömek beren bu negrim birden dogumlandyda, öz çagalarymy ogurlaryn diýip dur, men bolsa olaryň hojaýynyny hem tanamok, onuň maňa eden ýamanlygam ýok.

Jimden beýle zatlary eşidýänime gynandym, bu onuň öz gadyryny gaçyrýardy. Wyždanym meni öňküdenem beter horlap başlady, ahyrsoňy men wyždanyma: «Meni öz peýwagtyma bir goýsana! Sebäbi entegem giç däl; yşyk göründigi, men häzir hem kenara gidip, habar berip bilerin» diýdim. Men şo bada köşeşdim, keýpim göterildi we janym aram tapan ýaly boldy. Meniň ünjülerimden nam-nyşan galmady. Men ot görünäýmez-mikä diýip seretmäge başladym, hatda öz ýanymdan bir zatjagaz hiňlenen hem boldum. Ahyrsoňy ýylpyldy göründi we Jim:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Biz gutuldyk, Gek, gutuldyk! Begen-de iki ýana at sal, tans et, bilýärin bu köneje, eziz Kair bolmaly — diýip gygyrdy.

Men:

— Men-ä ilki gaýykly gidip görjek. Sebäbi, Jim, munuň Kair bolmazlygam mümkin diýdim.

Ol ýerinden böküp turup, gaýygy häzirledi, ýumşak bolar ýaly düýbüne köne penjegini ýazdy, küregi elime berdi we ýüzüp ugramda yzymdan:

— Basym men begenjime diriň-diriň böküp, bularys bary Gekden boldy diýip gygyraryn! Indi men azat adam, eger ol bolmadyk bolsa, men nähili azat bolardym? Bularyň baryny Gek etdi! Gek, Jim seni hiç haçan unutmaz! Hiç haçan Jimiň sen ýaly dosty bolmandy, indi bolsa sen goja Jimiň ýalňyz dosty — diýip gygyrdy.

Men kürekleýärdim, içimde baryny edýärdim, ony ýamanlamaga howlukýardym. Emma ol şeý diýdem welin, elim sowap gitdi. Indi men zordan kürekleýärdim we gaýdanyma begenýänimi-begenmeýänimi özümem bilip bilmeýärdim. Men elli ädim töwerekleri ýüzemde Jim:

— Ynha wepaly goja, Gek barýar! Goja Jimi aldamadyk ýeke-täk ak jentlmen barýar! — diýip gygyrdy.

Halys ugrum gaçdy. Emma muny şu wagt etmesem, haçan ederkäm diýip içimi gepletdim. Hile bilen sypyp boljak däl-di. Ynha şol wagt dört kürekli gaýyk gelýär, üstünde-de iki sany eli tüpeňli adam; olar aýak çekdiler, men hem aýak çekdim. Olaryň biri.

— Ol ýerdäki näme? — diýip sorady. Men:

— Sal — diýip jogap berdim.

— Senem şu saldanmy!

— Hawa, ser.

— Onuň üstünde erkek adam barmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýekejesi bar, ser.
— Görýäňmi bolýan zady, öten agşam hol egrem-bugramlygyň ýokary ýanyndan bäş negr gaçypdyr. Seň o ýeriňdäki kim! Ak adammy ýa gara adam?

Men birbada jogap bermedim. Beräýjekdimem welin, dilim diýen etmedi. Men ýüregi bire baglajak we hemmesini olara gürrüň berjek bolup çalyşdym. Emma bognum ysmady, towşandan hem beter gorkaklyk etdim. Onsoň hiç zat edip bilmejegime gözüm ýetip, ählisini jähennemä urdum we:

— Ak adam — diýdim.

— Bolýar, biz özümiz baryp göreris.

— Wah, barsaňyz-la, ol ýerdäki meniň kakam bolmaly. Maňa garaşyk edip, saly tirkege alyp, kenardaky çyranyň ýanyp duran ýerine eltişiň. Ol nähoş, ejemem, Meri Enn hem nähoş,

— Wah, içigar galmyş! Oglan, biziň elimiz degenok… Hawa-da, men-ä kömekleşäýmelimikä diýýärin. Küreklerini ildir — gideliň.

Men ildirdim, olar küreklerine ýapyşdylar. Küreklerini bir-iki-üç gezek aýlanlaryndan soň men:

— Kakam örän minnetdar bolar. Saly kenara çykaryşyň diýip soraýanlarymyň hemmesi basymrak sypmak bilen bolýar-lar, özümiň bolsa güýjüm ýetenok.— diýdim.

— Bu bir baryp ýatan deýýuslyk bolýar! Her näme diýseňem, geň zat. Hany, oglanjyk, seniň kakaňa näme bolýar?

— Oňa… onuň… aý ýok, hiç hili üýtgeşik zat bolanok.

Olar ýüzmelerini goýdular. Sala ýetip gelýärdik. Olaryň biri:

— Oglan, sen ýalan sözleýärsiň. Seniň kakaňa näme bolýar? Dogryňy aýtsaň, özüňe gowy bolardy — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Aýdaýyn, ser. Dogrymy aýdaýyn, ýöne bizi taşlap gitmäň, taňryň haky üçin, taşlap gitmäö. Oňa… oňa… Wiý, siz salyň ýanyna barmaly bolmarsyňyz ahyryn, siz diňe bizi tirkege alaýmaly bolarsyňyz. Men size tanap oklaýaryn,

Olaryň biri:

— Dolan yzyňa, Jon, tizräk dolan — diýdi. Olar yzlaryna dolandylar.

— Oglan, aňyrrakda, yk tarapda dur. Içigar galmyş, şemal bilen gelip, ýokaşmasa-da biridir. Seniň kakaňky, ogul, mamamyka diýýärin. Muny özüň hem gowy bilýärsiň. Sen näme üçin muny başda aýtmadyň? Ýa biziň barymyzyň kesellänimizi isleýärmiň? Men hamsygyp

— Wah, men öň dogrymy aýdardym-la, ýöne şonda adamlar bizi taşlap gidibererdiler diýdim.

— Neressejigeý, seniň bu diýýänleriň ugry bardyr. Biziň saňa gaty haýpymyz hem gelýär. Ýöne welin başga bir zat bar… Biler bolsaň, biziň mama keseli bilen kesselläsimiz gelenok. Ýöne men saňa etmeli zady öwredeýin. Sen kenara çykjak bolup synanyşma, ýogsam bujurygyny artdyrarsyň. Derýa bilen aşaklygyna ýene ýigrimi milräk ýüzseň, çep kenarda bir şähere duşarsyň. Onýança jahan hem ýagtylar; onsoňam kömek soraňda, sen kakamy, ejemi ysytma tutýar diýersiň. Emma akmaklyk edip, syryňy bildiräýmegin. Biz saňa ýagşylyk isleýäs, şonuň üçinem gaýrat etde, bizden ýene ýigrimi mil dagy daşlaş. Yşyk çykýan ýere gidip oturma, ol ýöne bir tokaý howlusydyr. Görýän welin, inim, seniň kakaň pahyryň işi şowuna düşmedik bolara çemeli. Ynha, seret, men şu tagtaň üstünde ýigrimi dollar gyzyl pul goýýaryn, sen olary tagta ýanyňa ýüzüp baraňda alarsyň. Seni goýup gitmeklik biziň üçin, elbetde, deýýuslyk bolýar, ýöne welin, bilşiň ýaly, mama bilen hem oýun eder ýaly däl.

Olaryň biri:

— Dur entek, Parker, ynha mendenem bir ýigrimi dollar, bularyda tagtaň üstünde goý… Hoş, sag bol, oglanjyk! Sen mister Parkeriň aýdyşy ýaly edäý, şonda işleriň hemmesi düzeler gider.

— Hawa, hawa, ogul, ol dogry aýdýar! Hoş onda, salamat gal. Gaçak negre duşsaň, kömege çagyraýgyn, ýöne sypdyrmagyn — onuň üçin saňa pul bererler. Men:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sag boluň, ser, gaçgak negre duşaýsam, sypdyrmajak bolup görerin — diýdim.

Olar gitdiler, men sala gaýdyp geldim, özüm diýseň müýňürgeýärdim, sebäbi özümiň beýtmämiň gowy däldigini men bilýärdim, hiç haçan idili zat öwrenmejegime hem düşünýärdim; muňa adam ýaşlygyndan endik etmese, soň boljak däl eken: ýogsam näme, bu onuň elinden gelmeýär, başarmaýar, soňra men birneme içimi gepledip: hany, dur, sen dogryňdan gelip, Jimiň üstüni açan bolsaň, häzirkiňden gowy bolarmydy? — diýip, öz-özüme sowal berdim we: ýok, barybir erbet bolardy diýdim; men öňi-soňy özümi häzirkim ýaly erbet duýardym. Bileniňbiteniň ünji boljak bolsa, her bir zady bolmalysy ýaly edeniňden ne peýda; etmelisi ýaly etmeseň bolsa ünjem ýok, zadam, ikisinde-de, alýan almytyň bir. Men çykgynsyz güne düşdüm. Ugur hem tapmadym. Gel, mundan artyk kelle çişirmän, başaryşymça edibereýin diýdim. Men çatma göz gezdirdim. Ol ýerde Jim ýok ekeni. Men salyň ähli ýerini gözläp çykdym, ol hiç ýerde ýok ekeni. Onsoň men:

— Jim! — diýip gygyrdym.

— Men bärde, Gek. Olaryň garasy ýitdimi? Ýuwaşrak geple.

Ol derýada, gäminiň kormasyna bukulyp oturan ekeni, suwuň ýüzünde diňe burny görünýärdi. Men oňa garalary görnenok diýdim, şondan soň ol suwdan çykdy.

— Men hemmesini eşidip durun ahyryn, onsoň aldymda suwaçümdüm; olar sala ýakynlaşyberseler, kenara tarap ýüzüp ugrajakdym. Gidensoňlar ýene ýüzüp geläýjekdim. Baý, Gek-olary aldadyň-ow! Gaty saz boldy. Näme diýsene, ogul, garry Jimi diňe şol halas etdi. Gerçegim, Jim muny hiç haçan unutmaz!

Soň biz gürrüňimizi pula ýazdyrdyk. Gazanjymyz hiç neneň däldi, adam başyna ýigrimi dollardan düşýärdi. Jim: indi biz birinji klasly parohoda münüp gitsegem bolar. Pulumyz erkin ştatlara çenli näçe sowsak bolar, salyň ýanynda ýigrimi miljagazyň dagy hiç zat, ýöne biz häzir şol ýerde bolaýan bolsak, gowy boljakdy — diýdi.

Biz daňdanlar kenara çykdyk. Jim saly pugtarak gizlejek bolup azara galdy. Onsoň uzynly günläp oturyç, goş-golaňlarymyzy düwüşdirdi, göwnüme bolmasa, ol saly bilen ymykly aýrylyşjak bolýan ýalydy.

Agşam sagat onlarda derýanyň çep kenarynda oturan bir şäheriň yşyklaryna gözümiz düşdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men gaýyga münüp, onuň haýsy şäherdigini bilmäge gitdim. Basym köp kürekli gaýyga münüp, tor bilen balyk tutup oturan adama duşdum.

Men onuň ýanyna baryp:

— Mister, bu Kairmi? — diýdim.

— Kair? Ýok. Däliräpsiň öýdýän,

— Onda bu haýsy şäher?

— Bilesiň gelýän bolsa, git-de, özüň soraber. Töweregimden aýrylman, ýürege düşüp ýörseň hem, eşitmedim diýme, almytyňy alarsyň!

Men yzyma, sala tarap ugradym. Jim gaty hapa boldy, ýöne, men oňa indiki şäher hökman Kairdir diýdim.

Biz daň saz berip barýarka ýene bir şäheriň üstünden bardyk, men ýene-de barlaga çykmakçy boldum, emma bu ýerde kenar kert ekeni, şonuň üçinem men gitmämi goý bolsun etdim. Jimiň Kair kert kenarda-ha bolmaly däldir diýeni ýadymdan çykaýypdyr. Men düşünip ugradym, Jim hem düşünip ugrady. Men:

— Jim, biz şol dumanly gije Kairiň duşundan geçip giden bolaýmaly? — diýdim.

— Gek, gel muny ýatlamaly-la. Negr görgülileriňki hiç wagt ugruna däl. Men ýylan gowunyň irde-giçde köstiniň ýetjekdigini bilýärdim — diýip, Jim jogap berdi.

— Ony görmän geçsem bolmaýarmy, Jim, oňa duş gelmesem bolmaýarmy!

— Sende günä ýok, Gek: sen ol wagt beýle bolar öýtmeýärdiň. Munuň üçin sen özüňe käýinip oturma.

Daň atansoň görsek, hakyt şeýle ekeni: kenaryň golaýjagyndan Ogaýo derýasynyň dury suwy akyp ýatyrdy, aňyrrakdaky suw bolsa bulançakdy — edil köne Missisipi diýäýmelidi. Şeýlelikde kairli tamamyz gyl üzülen ýaly boldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Biz özümiziň näme etmelidigimiz barada maslahatlaşdyk. Kenara çykyp oturasyha iş ýokdy; salymyzy hem suwuň ters ugruna sürüp bilmeýärdik. Diňe garaňky düşerine garaşyp, garaňky düşenden soň hem gaýyga münüp, yza gaýtmakdan başga zat galmady: goý, näme bolsa, şol bolsun.

Biz dynç alaly diýip, uzynly günläp agaçlaryň arasynda ýatdyk, garaňky gatlyşanda bolsa salymyza tarap ugradyk, baryp görsek, salymyz jiriň-miriň bolupdyr!

Biz esli salymlap dilimiz tutulyp durduk. Geplär ýaly zat ýokdy. Biziň ikimiz hem munuň ýylan gowundan ýetýänligini oňat bilýärdik, şonuň üçin gepläniňden hem netije ýokdy. Ýene bir belanyň üstünden barmagymyz mümkindi, biziň öňki derdimiz hem özümize ýetikdi, dilimize haý diýmäni öwrenýänçäk bela üstüne bela injekdi. Onsoň biz näme etsek gowy bolarka diýip maslahatlaşdyk we gaýyk satyn alyp, yzymyza gaýtmak miýesser edýänçä suwuň ugry bilen sally gidiberenden gowusy ýok diýen netijä geldik. Töwereginde hiç kimiň ýoklugyny bilse, kakam wagtlaýynça biriniň gaýygyny alardy, emma birden yzymyzdan kowgy çykaýmasyn diýip, biz mundan el çekdik.

Garaňky düşende, biz salymyzy alyp ýola düşdük.

Biziň şu gören günümizden soň hem ýylan gowuny ele almagyň nähili hatarlydygyna ynanmaýan her bir adam biziň gören soňky günlerimiz barada okap görse, hökman ynanar.

Gaýygy adatça kenarda duran sallardan satyn alýarlar. Emma beýle sala duşmamyzsoň, şol gitdik oturdyk, gitdik oturdyk, garaz üç sagat dagy gidendiris. Birden dünýä çalaryp ugrady, bu hem duman ýaly bir nejis zatdy. Derýanyň kenarlarynyň nähilidigini saýgarar dagy eder ýaly däldi, uzakdaky zatlar hem görnenokdy. Wagt örän giçdi, daş-töwerek parahatlykdy, birden derýadan ýokarlygyna tarap bir parohodyň gel-ýänligini eşitdik. Biz çyramyzy ýakdyk, parohoddan bizi görerler öýtdük. Adatça, aşak tarapdan gelýän parohodlar bizden ep-esli aralykdan geçýärdiler; olar ýalpak ýeriň duşundan öwrülip geçýärdiler we akymyň tersine gaýtmazlyk üçin gaýaly kenarlaryň aşagyndan ýuwaşja akyp ýatan suw gözleýärdiler; ýene şeýle gijelerde olar farwater boýunça gös-göni akymyň tersine gidýärdiler.

Biz parohodyň paňňyldysyny eşidýärdik, emma golaý ýanymyza gelýänçä gerüp bilmeýärdik. Parohod gös-göni bize tarap gelýärdi. Sala degmän, onuň näçerek ýanyndan geçip boljagyny görjek bolşup, parohodlar hemişe diýen ýaly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
şeýdýärdiler; käte gäminiň tigri küregiň ujuny ýolup alyp gidýärdi, soň bolsa losman çykyp, gör, men nähili batyr diýip «öwünýän ýaly jak-jak gülnerdi. Biz parohod saly çala kakdyryp edil gapdaljygymyzdan geçjek bolar diýip pikir etdik, emma ol gös-göni üstümizden gelýärdi. Ol ullakandy we dumly-duşy ýaldyrawuk tomzakly gara bulut ýaly bolup dazyrdap gelýärdi; birden ol biziň üstümize döküldi, açyk peçleriň ullakan, aýylganç we uzyn hatary çym-gyzyl edilip gyzdyry-lan diş ýaly bolup ýalpyldaşyp durdy, äpet burun bilen kožuhlar üstümize abanyşýardylar. «Ol ýerden bize bakyşş gygyryşýardylar, maşyny duruzmaly» diýip jaňlaryny kakýadylar, sögünçli sözleri dik asmana galýardy, but wyşşylda-dy we Jim bir ýana, menem beýleki ýana suwa urup-urmankak, parohod alazenzele turzup, salyň üstünden geçi gitdi.

Men suwa çümdüm, düýbüne ýetjek bolup aşagrak çümjek boldum, sebäbi meniň üstümden otuz futluk tigir geçmelidi we men oňa köprek ýer goýmaga çalyşýardym. Hemişeler men suwda bir minutlap çümüp durup bilýärdim, häzir bolsam men minut ýarym dagy oturdymmykam diýýärin. Soň dessine suwuň ýüzüne çykdym, bolmasa, tas demigipdim. Men tüýkürinip, suwdan goltugymdan ýokarsyny çykardym. Elbetde, bu ýer diýseň çasly akýardy, parohod hem duranyndan soň on sekunt geçip-geçmänkä ýola çykdy, sebäbi adatça, olar salçylara kän üns bermeýärdiler. Indi ol deryanyň saka tarapynda bir ýerde pažžyllady, garaňkyň içinde sesini eşitsem-de ony görüp bilemokdym.

Men Jime ýigrimi gezek dagy gygyrdym, emma jogap alyp bilmedim; şonda men ilkinji elime ilen tagtany alyp, onuň yzyndan itiberip, kenara tarap ýüzdüm. Emma basym suwuň çep kenara tarap öwrüm beryänligini gördüm, bu bolsa meniň ýalpaklyga düşenligimi aňladýardy; şonuň üçin hem men barýan ugrumy üýtgetdim, çepe tarap gyşardym.

Bu şol ýanynlap iki mile daga ýetýän ýalpaklykdandy, şonuň üçin men ondan örän kynlyk bilen geçýärdim. Men sagaman kenara ýetdim we gyra çykdym. Öňüňdäki hiç bir zady saýgarar ýaly däldi, emma men ýolsuz-ýodasyz göni ýöräp gitdim we çärýek mil töwerekleri geçemsoň, pürsden edilen ullakan köne tama pete-pet geldim. Men ýuwaşlyjak bilen gapdalyndan geçip, bir gapdala sowuljak boldum, emma şol wagt üstü-me itler dökülişip, uwlaşdylar, üýrdüler, men ýerimden butnaman durdum.

## XVII bap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bir minut çemeleri geçende kimdir biri äpişgeden kellesini çykarman:

— Hany, ýuwaşrak! Kimsiňiz? — diýip gygyrdy.

Men:

— Bu — men — diýdim,

— Kim ol «men?»

— Jorj Jekson, ser.

— Size näme gerek?

— Maňa gerek zat ýok, ser, men geçip gitjek welin, itler goýbermeýärler.

— Onda näme üçin gijäň bir mahaly ygyp ýörsüň, ä?

— Men ygyp ýöremok, ser, men parohoddan ýykyldym.

— Wah, muny görsene, ýykyldym diýýärmiň? Hany biriňiz ot çykaryň. Adyma kim diýýärler diýdiň? Gaýtala.

— Jorž Jekson, ser. Men entek oglan.

— Ýigit, gulak goý, eger dogryňy aýdýan bolsaň, saňa gorkup oturasy iş ýok: saňa el degren bolmaz. Ýöne butnama, duran ýeriňde gymyldaman dur… Biriňiz gidiň-de, Bob bilen Tomy turzup, ýarag alyp geliň… Jorj Jekson, seniň ýanyňda başga-da adam barmy?

— Hiç kimem ýok, ser.

Meniň gulagyma adamlaryň öýde ylgaşýandyklary eşidildi we çyra gözüm düşdi. Bir adam:

— Betsi, tentek garry, akylyň azaşmadyk bolsa çyraňy ýitirim et. Ony äkit-de, gapyň aňyrsyndaky poluň üstünde goý… Bob, eger Tom ikiňiz taýýar bolsaňyz, orunly-ornuňyza geçiň — diýip gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Biz taýýar.

— Hany, Jorj Jekson, sen Şeperdsonlary tanaýarmyň?

— Ýok, ser, olar eşiden atlarym däl.

— Ýeri bolýar-da, munyň dogram bolmagy mümkin, nädogram. Hany, baryňyz ýerbe-ýermi? Geliber, Jorj Jekson. Ýöne welin howlukma, ýuwaşja ýöräp gel. Eger ýanyň adamly bolsa, goý ol yzrakda galsyn; eger göze iläýse, ony atarlar. Hany indi geliber. Ýuwaşja ýöre, gapynam özüň aç — özem zordan sygaýar ýaly bolsun, eşidýärmiň?

Men howlukmaýardym, asyl howlugaýyn diýip duraýamda-da, howlugarlyk ýagdaýym ýokdy. Men ýuwaşja ýöräp, gapyň ýanyna bardym, ses-üýn ýokdy; diňe ýüregimiň gürsüldisi eşidilýärdi, göwnüme şeýle ýaly bolup durdy. Itler hem edil adamlar ýaly ses-üýnlerini çykarmaýardylar, emma söbügimi basyp gelýärdiler. Üç sany pürs basgançakly eýwana ýetenimde, men gapyny açyp, sokmany süýşürýändiklerini eşitdim. Men tutawaçdan ýapyşyp, gapyny çalaja itdim, ýene we ýene itdim, onýança biri: «Ine indi bolýar, gapydan kelläňi çykaraý» diýdi. Çykarmasyna çykardym welin, çapaýmasalar — diýip gorkdum.

Çyra poluň üstündedi, adamlar bolsa şoň daşyny alşyp durdular, olar maňa seredişýärdiler, men hem olara. Üç sany daýaw pyýada maňa tüpeňini gezedi, dogrusyny aýtsam, meniň depe saçym üýşüp gitdi: iň ulusy altmyş ýaşlaryndady, çal saçdy, beýleki ikisi otuz ýaşlaryndady ýa gowrakdy, üçüsi-de syratly, görmegeý adamlardy, öýde ýene örän mährem çal saç kempir bilen aňry ýanynda hem iki sany ýaş aýal durdy, men ol aýallary oňat synlap bilmedim. Goja:

— Diýmek, hemmesi ýerbe-ýermikä diýýän. Gir — diýdi.

Giren dessime, gapyny garry jentelmeniň özi ýapdy. sokmany süýşürip, ýaş ýigitlere eliňiz tüpeňli otaga baryň diýdi, hemmesi gykyndylardan gurnalan täze halyly ullakan myhman jaýa gitdi, jaýyň öň tarapyndaky äpişgeleriň ýanyndaky burça üýşdi — gapdal diwarlaryň äpişgesi ýokdy. Çyrany ýokarrak galdyrdylar-da, maňa seredişip başladylar we «Ýok, ol Şeperdsonlardan däl, onda Şeperdsonlara çalym edýän zat ýok» — diýişdiler.

Soňra goja barlag etmäge garşy bolup durasyň ýok-la, biz seniň göwnüňe degjek däl, diňe ýanyňda ýarag barlygyny-ýoklugyny barlap görjek — diýdi. Ol elini jübülerime sokman diňe köýnegimiň üstüni sermeleşdirdi we hemmesi ýerbe-ýer

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
diýdi. Ol maňa utanmada, öz öýüňde ýaly gör we kimdigiň barada gürrüň ber diýdi; emma şol wagt ara kempir goşuldy:

— Goýsana, Saul! Neressejik süllümbaý bolupdyr, belki ol açdyram. Sen nähilidir öýdýärsiň?

— Hak aýdýarsyň, Reçel meniň ýadymada düşmändir.

Şonda kempir:

— Betsi (bu negr aýalynyň adydy) git-de, bu neressejige iýer ýaly bir zat getirip ber, özüňem çaltrak git! Gyzlar, sinz bolsa Baky turzup, şeý diýiň… Wiý, ynha onuň özem geldi… Bak, bu ýat oglanjygy äkit-de, egnindäki öl eşigini çykaryp, öz gury geýimleriňden bir zat ber — diýdi.

Göräýmäge, Bakyň hem ýaşy meniň ýaşym ýalydy — on üç-on dört töwerekleridi, ýogsa onuň boýy meniňkiden uzynrakdy. Ol köýnekçedi, köýnegem sal-saldy, Ol pallap, ýumrugy bilen gözlerini owkalap, daş çykdy, onuň beýleki elinde tüpeň bardy. Ol:

— Eýsem bu ýere Şeperdsonlar gelmedimi — diýip sorady.

Oňa: ýok gelmediler, bu gury dowul ekeni diýip, jogap berdiler.

— Ýeri bolýar-da, ýöne geläýen bolsalar, birini özüm atyp öldürerdim — diýdi.

Oturanlar gülüşdiler we Bob:

— Sen dagy näme, Bak! Sen ýeriňden gozganýançaň, olar biziň hamymyzy sypyryp giderdiler — diýdi.

— Hawa, meniň yzymdan hiç kim barmady, bu bir baryp ýatan naýynsaplyk bolýar. Maňa hemişe äsgermezçilik edýärler, beýle boljak bolsa, men hiç haçan özümi görkezip bilmerin.

— Aýby ýok, Bak, entek görkezersiň. Hersiniň öz wagty bar, howsala düşme. Indi bolsa git-de ejemiň diýşi ýaly et.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bak ikimiz onuň ýokardaky otagyna çykdyk, ol maňa öz köýnegini, jiltgesini, balagyny berdi, menem geýdim. Eşiklerimi çalşyryp durkam, ol menden adymy sorady, emma jogap berip bermänkäm ol maňa özüniň düýnki tokaýdan tutan serçesi, towşany barada gürrüň berdi, soň bolsa şem sönende, Moiseý nirededi diýip sorady. Men bilemok, bu hiç haçan eşiden zadym hem däl diýdim.

— Onda biljek bol — diýdi.

— Nädip bileýin, men muny ilkinji gezek eşidýärin ahyryn diýdim.

— Wiý, sen bilip bileňokmy? Bu gaty aňsat ahyryn.

— Haýsy şem? — diýdim.

— Haýsy bolanda näme—diýdi.

— Onuň niredeligini bilemok. Hany aýt: nirede?

— Garaňkylykda, biler bolsaň.

— Eger bilýän bolsaň, menden soramaň näme?

— Wiý, bu matal ahyryn, düşünmeýärmiň näme? Sen bizde köp gezjekmi? Sen bizde boluber. Biz seniň bilen diýseň keýp çekeris, häzir sapagymyzam ýok. Seniň itiň barmy? Meniňkä bar; suwa bir çöpjagaz atýarsyn welin, girip alaýýar. Sen bazar günleri daranmagy we şuňa meňzeş biderek zatlary etmäni halaýarmyň? Men-ä halamok, ýöne ejem etmeli diýýär. Bu balaklary ýer çekse bolmaýarmy? Aý, geýäýmek gerek, ýöne geýesim gelenok, örän yssy. Sen taýýarmy? Ýeri bolýar-da, sakgaldaş, bol, gideli.

Sowuk mekgejöwen çöregi, sowuk kakmaç, ýag, aýran — masa aşakda hezzet eden zatlary ine şulardy, men heniz ömrüme beýle süýji zatlary iýip görmändim. Bak, ejesi we çykyp giden negr aýalyndan, iki sany ýaş gyzdan özgeleri keltejik edilip dolanan çilim çekýärdiler, hemmesi çilim çekişip gürleşýärdiler, men bolsam nahar edinýärdim hem gürrüň edýärdim. Gyzlaryň ikiside ýorgana dolanyp, saçlaryny goýberip otyrdylar. Olar menden kakam ikimiziň ähli maşgalamyzyň Arkanzasyň iň jümmüşinde kiçijik fermada ýaşaýşymyz barada soraýardylar, men hem aýal doganym Meri Enniň öýümizden gaçyp, äre çykyşyny, ol barada soň gaýdyp zat eşitmändigimizi, Belliň ony gözlemäge çykyp, atsyz-sorsuz ýitip gidendigini, Tom bilen Mortuň ölüp, kakam ikimizden başga hiç kimiň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
galmandygyny, gaýgy-aladalaryň derdinden onuň hem ýok hasabydygyny, soň ol ölensoň, men galan goş-golaňlarymyzy alyp, paluba ýolagçysy bolup, derýadan ýokarlygyna ýola düşüşimi, sebäbi fermanyň özümiziňki bolmanlygyny, soňra özümi parohoddan oklanymy, şeýdibem şu ýere düşüşimi olara gürrüň berdim. Olar şonda maňa «näçe ýaşasyň gelse, bizde ýaşaber», diýdiler. Şondan soň daň agaryp başlady we oturanlar ýatýan ýerlerine tarap ugradylar, men hem Bakyň ýanynda ýatdym, ertesi oýananymda bolsa, (gör bolýan zady) adymy ýadymdan çykarypdyryn. Men hakydama getirjek bolup, bir sagada golaý turman ýatdym, Bak oýananda bolsa:

— Sen hat ýazyp bilýärmiň, Bak? — diýip soradym. Ol:

— Bilýärin — diýip jogap berdi.

— Ynha meniň adym bar-a, sen şonuň nähili ýazylýandygyny bilýärmiň? — diýdim.

Ol:

— Senden kem bilýän däldirin — diýdi.

— Gel, onda ýaz — diýdim. Ol:

— J-o-r-j J e k s o n, ine saňa gerek bolsa — diýdi.

— Dogry, bilýän ekeniň — diýdim — men bolsam bileňokmykaň diýipdirin. Ol ýat tutulmasa, çem gelen ýazyp bilýän atlardan däldir.

Birden onuň nähili ýazylýanlygyny sorasalar, öwrenişilip ýörlen zat hökmünde sakynman-zat etmän ýazaýar ýaly, ony meniň özüm hem bildirmän ýazyp aldym.

Bolýan maşgalam örän oňatdy, öýlerem oňatdy. Men ömrümde hiç haçan obada şeýle goş-golaňly, şeýle oňat öý görmäsndim. Köçe tarapdaky gapysy demir sokmaly däl-de, gaýyş kemerli agaç sokmady, özünem edil şäher jaýlaryndaky ýaly, mis ýumryny towlaýmalydy. Myhman jaýda ýekeje krowatda, krowata meňzeş ýekeje zat-da ýokdy, ýogsam şeheriň köp myhman jaýlarynda hem krowat bolguç bolýar. Peç ullakandy, aşagyna kerpiç örlendi; kerpiçleriň bolsa hemişe tämiz bolmaklary üçin, olary suwlaýardylar we kerpiç sürgeýärdiler, käte şäherdäkilere meňzeş edip, olara «ispan goňury» atly gyzyl reňk çalýardylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Tagan misdendi, özem şeýle bir uludy welin, pürsi zady-da göterip biljekdi. Daş sütüniň ortarasynda sagat bardy, aýnanyň aňyrsynda we aýnanyň aşak burçunda günüň ýerine halka çekilen şäheriň suraty durdy w aýnanyň aňyrsyndaky maýatnigiň ýörişi görünýärdi.

Olaryň tykgylydysy ýakymlydy; käte öýe gezip ýören sagatçy gelip, ony arassalaýardy we yzly-yzyna iki ýüz gezek dagy urýança ony tertibe salýardy. Öý eýeleri bu sagady her näçe pul berseňem bermezler.

Sagadyň sagynda-solunda hekden edilip ala-mula reňk çalnan toty bardy. Totularyň biriniň ýanynda şykgydan ýasalan pişik durdy, beýlekisiniň ýanynda bolsa şykgydan ýasalan it bardy, olaryň ikiside gyssaň, gygyrýardy, emma agyzlary açylmaýardy, ýüzleri bolsa şol perwaýsyzlyklaryna durdy. Olar aşakdan gygyryşýardylar. Bu zatjagazlaryň hemmesiniň arkasyna hindi horazynyň iki sany ullakan ýelegi gys-dyrylgydy. Otagyň ortasyndaky stoluň üstünde içi üýşmek almaly, apelsinli, şetdalyly, üzümli ullakan sebet durdy, özi-de hakyky iýmişden has owadan, has gyzyldylar, ýöne olaryň çyn iýmişler däldigi görnüp durdy, sebäbi olaryň kä ýerleri gopuşyp, reňkiň aşagyndaky gips ýa hek agaryp durdy.  Stol ýüzüne gyzyl we gök reňkler çalnyp çekilen bürgüt suratly, gyralary keşdeli owadan kleýonka bilen örtülgidi. Maňa bu kleýonka şol Filodelfiýadan getirildi diýdiler. Stoluň dört burçunda-da topbak-topbak edilip kitaplar goýlupdyr. Olaryň biri suratly maşgala injilidi. Beýlekisi «Hajynyň jahankeşdeligidi», ýagny öz maşgalasyny taşlap giden, emma näme üçin taşlap gidenligi aýdylmadyk bir adam baradaky kitapdy. Men ony okajak bolup, telim gezek synanyşdym. Ýazylyşy örän gyzyklydy, emma onçakly düşnükli däldi. Ol ýerde ýene dürli-dürli gyzykly hekaýaly, goşguly «Dostluk peşgeşi» hem bardy, emma men goşgulary okamaýardym. Ýöne Genri Kleýiň «Sözlenen sözleri» we doktor Gannyň «Öý melhemi» diýen kitaby bardy; ondan biri kesellän ýa ölen wagty etmeli zatlaryň ählisini bilse boljakdy. Ýene «Dogalar kitaby» we başga dürli-dürli kitaplar bardy. Ol ýerde başga-da owadan örme stullar durdy, özleri-de köne sebet ýaly sürlen ýa deşik bolman, diýseň berk stullardy.

Diwarda suratlar asylgydy, köpüsi-de Waşingtonyň, Lafaýeti, dürli-dürli uruşlaryň, şotland korolewasy Mariýa Stýuartyň suratlarydy, biri bolsa «Deklarasiýa gol çekilişidi». Olarda «nastel» diýlip atlandyrylýan suratlarda bardy; olary gyzlaryň biri on bäş ýaşyndaka çekipdir, häzir ol ölüpdir. Şunuň ýaly suratlary men hiç ýerde görmändim, sebäbi olar gap-garadylar. Suratlaryň birinde şar gara köýnekli, goltugynyň aşagy berk dartylan, kelemiň kellesi ýaly ýeňli, hüwi ýaly gara nykaply ullakan gara şlýapaly bir aýal çekilipdir, onuň köýneginiň aşagyndan gara atanak jähekli gara, isgene ýaly gysby köwüşli ak aýajyklary

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

görünýärdi. Aýal leýlisaç talyň düýbünde, sag tirsegini mazaryň üstündäki ýadygärlige diräp, çep elinde bolsa ak ýaglyk bilen gapjyjagyny tutup gaýgyly görnüşde durdy, suratyň aşagynda hem, «Wah, men indi seni gaýdyp görüp bilmezmikäm!» diýlip ýazylypdyr. Beýleki bir suratda saçyny maňlaýynyň üstüne edip daran, saçyna stuluň ýeňsesi ýaly, ullakan darak gysdyrylan bir ýaş gyz eliniň aýasynda aýaklaryny serip ýatan öli guşjagazy tutup, aglap durdy, suratyň aşagynda bolsa: «Wah, indi men seniň şadyýan jüýgüldileriňi hiç haçan eşitmesem gerek!» — diýlip ýazylypdyr. Şeýle suratlaram bardy: ýaş gyz aýnanyň öňünde durup, aýa seredýär, ýaňaklaryndan bolsa göz ýaşlary syrygýar: ol bir eli bilen gara möhüri açylan bukjany tutup dur, beýleki eli bilen bolsa zynjyrlyja medalýonyny dodagyna degrip dur, suratyň aşagynda hem: «Wah, indi sen dogrudan hem ýokmukaň! Wah, nädeýin, indi sen ýok-la» diýlip ýazylypdyr. Suratlar oňatdylar, emma olar maňa näme üçindir, onçakly ýaramaýardylar, sebäbi olara ýüregiň azajyk gysyp durka seretseň, ol öňküden hem beter gysýardy. Hemmeler bu gyzjagazyň ölenine gynanýardylar, sebäbi onuň başlap goýany ýeke-iki surat däldi, ene-atanyň uly ýitgä sezewar bolanlygy taýýar suratlardan hem bellidi. Meniň pikirimçe, şeýle häsiýeti bilen oňa gabyr hezillikdir. Kesellemänke ol başgada bir, gaty gowy surat çekip başlapmyş, özi-de şu suraty gutarýançam bir ölmäýedim-dä diýip, ýatsa-tursa dileg edipmiş, emma hiç peýdasy degmänmiş: şeýdibem ol gutarybilmän ölüpmiş.

Şol suratda uzyn ak köýnekli ýaş aýal özüni köprüň üstünden zyňmakçy bolupdyr; onuň saçlary seçelenip dur, ol aýa seredýär, ýaňaklaryndan göz ýaş syrygýar; ol iki elini gowşuryp, iki elini öňe serip, iki elinem aýa uzadyp dur. Suratçy gyz ilki haýsynyň gowy bolýanlygyny görüp, soň hem artykmaç elleri bozmakçy eken, emma ýaňky aýdyşym ýaly, ol gutarnykly bir netijä gelmänkä ölüpdir, dogangaryndaşlary ol suraty onuň krowatynyň başujunda asyp goýupdyrlar we her gezek doglan güni gelende, ony güller bilen bezäpdirler. Beýleki wagtlar bolsa suratyň üstüne tutužyk asypdyrlar. Bu suratdaky gelniň ýüzi mähirli ekeni, emma eli köp bolansoň, ol, meniň pikirimçe, leňkebuda meňzäpdir.

Ol gyzjagaz dirikä, albom tutunyp, oňa «Preswiterian gazetinden» aradan çykanlar baradaky bildirişleri, betbagtçylyklar, mert jepakeşler baradaky habarlary alyp ýelmäpdir, olar barada özi goşgy goşupdyr. Goşgular örän oňatja ekeni. Guýa gaçyp, gark bolan Stiwen Douling Bogs atly bir oglanjyk barada ol ine şeýle diýip ýazypdyr:

STIWEN DOULING BOTSUŇ ÖLÜMINE BAGYŞLANAN ODA

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bir ýoň degip, şol ýoňdan hem

Öldümikän ýaş Stiwen?

Kowum-gardaş; dost-ýarlary

Göz-ýaş baryn dökdümikän?

Ýok, takdyr oň ene-atasyna

Başga bir bela gönderen,

Ses edip aglasalar-da,

Ýoň-poň däl ony öldüren.

Hapgyrtma-da däl degeni,

Gyzamyk däl oňa çykan.

Gyzamyk däl, hapgyrtma däl

Botsuň ýoguna çykan.

Ýok! Göz-ýaşy süpüriň-de

Gulak salyň näm bolupdyr.

Jan jesetden aýra düşüp,

Gurruk guýa ýykylypdyr.

Basym çekip alsalar-da,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Eýýäm boljak iş bolupdyr

Niredesiň, rahat ýer diýip,

Jan derrew göge galypdyr.

Eger Emmelina Grenjerford on dört ýaşamanka şeýle goşgular ýazan bolsa, ol wagt geçmegi bilen nähili adam bolardy! Bakyň aýtmagyna görä, ol goşgy ýazmagy suw içençe-de görmeýär ekeni. Ol kesesinden ýekeje minutam pikir etmändir. Onuň bir setir ýazyp, oňa gabat geler ýaly rifma tapmadyk wagtlary-da bolupdyr, ýöne ol şeýle ýagdaýda o setiri çyzyp, ýerine täze setir ýazypdyr-da, yzyny dowam etdiriberipdir. Ol on-çakly seljerip durman, gynançly zatlardan çem geleni barada höwes bilen ýazar ekeni. Biri öldügi bes, ol aýal bolsun, erkek bolsun, çaga bolsun, gyzjagaz onuň gyzgyny sowaşmanka ol hakda şol ýeriň özünde goşgy düzüpdir. Ol öz goşgularyny «Merhuma hormat» diýip atlandyrýan ekeni. Goňşularyň aýtmaklaryna görä, ilki bilen doktor, soňra Emmelina, onsoň hem tabytçy geler ekeni, diňe bir gezek tabytçy Emmelinany öňürdipmiş, onda hem ol merhumyň familiýasyna rifma tapjak bolup eglenipmiş, onuň familiýasy Uistler ekeni. Şundan soň ol özüni bu urgudan dürsäp bilmändir, gitdikçe horlanypdyr we şondan soň uzak ýaşamandyr. Pahyrjyk, men onuň otagyna näçe gezekler baryp gördüm, onuň çeken suratlary gaharymy getireninde, men onuň köne albomyny, alyp, okap başlaýardym.

Maňa bu maşgalanyň hemmesi: ölüleri-de, dirileri-de ýaraýardy, şonuň üçin meniň olaryň biri bilenem tersleşesim gelenokdy. Emmelina pahyrjyk dirikä, ol ähli ölülere goş-gy goşýar ekeni, şonuň üçin ol ölende, oňa hiç kimiň goşgy goşmaýanlygy göwnüňe bolmaýan zat ýaly bolup durdy; meniň özüm hem bir goşgujyk goşjak boldum, emma goşup bilen zadym bolmady.

Emmelinanyň otagyny hemişe päkize edip ýygnaşdyrýardylar, ähli zatlar oňa dirikä ýaraýşy ýaly edilip goýulgydy, ol ýerde hiç kim hiç haçan ýatmaýardy.

Her näçe köp negri bolsa-da otagy kempiriň özi süpürişdirýärdi; köplenç ol ýerde bir zat tiken bolup oturýardy, injili hem ol hemişe diýen ýaly şol ýerde okaýardy.

Ine, şeýlelikde olaryň myhman jaýlarynyň äpişgeleriniň öňünde owadan, ak, ýüzüne tutuş mahmal çolanan galanyň, suw içip duran süriniň suraty çekilen tutular asylgy durdy. Bulardan başga-da ol ýerde, meniňçe, demir saçdan doldurylan köne pianino-da bardy, gyzlaryň «Aýra düşdügi» aýdyşlaryny, «Praganyň etegindäki söweşi» çalyşlaryny diňlemek meniň üçin duran bir lezetdi. Ähli otaglaryň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
diwarlary suwalgydy, poluň üsti agyn haly bolup durdy, jaýyň daş ýüzi tutuş agardylandy. Mülk iki fligellikdi. Emma fligelleriň arasyna pol kakylgydy we üçek edilgidi, şonuň üçin käte bu ýerde günortanlar hezzet-hormat edilýärdi, bu ýer iň oňaýly we salkyn ýerdi. Ýeriň mundan gowsuny tapmak mümkin däldi! Nahar bişirişleri dagysam örän süýjüdi, özi-de okarany püre-pürläp berýärdiler!

## XVIII bap

Polkownik Grenžerford jentlmen diýseň jentlmendi, onuň maşgalalary hem şeýle alçakdy. Aýdyşlary ýaly, onuň nesil yzarlaýanlygy aňdyrýardy, bu bolsa adama edil ýaba gerek bolşy ýaly gerekdi. Men muny dul hatyn Duglasdan eşidipdim, onuň biziň şäherlerimizdäki birinji aristokratdygyna hiç kim jedel etmeýärdi. Tohum dwornýankadan bolmasa-da, kakam hem şeýle diýýärdi. Polkownik uzynakdy, ýüzi garamtyldan akdy, ýekeje-de nury ýokdy; her gün ertirine ýüzüni päkize edip syryp çykardy; dodaklary örän ýukady, inçe burny gaýşagrakdy, gaşlary gürdi, gözleri şar garady, özi-de şeýle bir içine gidişip durdular welin, saňa gowakdan seredýän ýalydylar. Onuň maňlaýy giňdi, egnine ýetip duran uzyn saçlary bolsa çalarandy. Hor elleriniň barmaklary uzyndy we taňrynyň beren güni ol päkize köýnek bilen çym-ak polotnodan tikilen kostýumy geýerdi welin, seredeniňde gözleriň gamaşyp gidýärdi. Bazar günleri ol mis ilikli gök fragny geýerdi. Ol gyzyl agaçdan edilen, ujy kümüş tommaýly hasa göterinýärdi. Degişmäni eger-eger halamazdy, emma ýuwaşja geplärdi. Şeýle bir ýumşakdy welin, tarypyny ýetirer ýaly däldi, bu her kime mälimdi, ol göreniň ynamyna girýärdi. Ol seýrek ýylgyrýardy, ýöne ýylgyryşy ýakymlydy. Emma onuň maý syrygy ýaly dikelip, gür gaşlarynyň astyndan seredäýdigi, ilki bilen gaçyp agaja dyrmaşasyň, soň hem sebäbini sorasyň gelýärdi. Ol hiç kime käýinmeli bolmaýardy: ol barka uly-kiçi hemme özüni ümsüm alyp barýardy. Eger ol tupan buludy ýaly gaşlaryny çytaýsa, bu bary-ýogy ýarym minuta çekerdi, şunuň bilenem hemmesi gutarardy, onsoň bütin hepdeläp imisalalyk bolardy.

Ertir bada kemipiri bilen naharhana girende, ähli çaga ýerinden turup, olar bilen salamlaşardy we tä garrylar oturýança oturman dik durardylar. Şondan soň Tom bilen Bob grafinli bufetiň ýanyna barardylar we wiskaly stakanjyga suw garyp, atasyna alyp bererdi, ol bolsa olar hem guýunýançalar eli stakanly garaşar durardy, onsoň olar baş egşip: «Siziň saglygyňyza, sudar, sizin saglygyňyza sudarynýa!»— diýerdiler, şondan soň üçüsi hem göterердi, soňra Bob bileň Tom gandyň üstüne bir çemçe suw, bir damja wiska ýa alma içgisiniň bir damjasyny damdyryp, öz stakanlary bilen Bak ikimize uzadardylar, onsoň biz hem garrylaryň saglygyna içerdik.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bob iň ulularydy, ondan kiçisi Tomdy, olaryň ikiside eginlek, güne ýanan uzyn gara saçly, gara gözli pyýadalardy. Olar hem edil goja ýaly, sap ak geýinýärdiler, giň etekli şlýapalary bardy.

Onsoň gezek Çarlottanyňkydy (onuň ýigrimi bäş ýaşy bardy), Çarlotta uzyn boýly, ulumsy, syratly gyzdy, emma gaharyny getirmedik wagtlary diýseň ýuwaşdy, aýdyp-diýerden artykmaçdy.. Gaharlandygy welin, bakyşy kakasynyňkydan pes däldi, depe saçyň üýşer giderdi. Özi welin owadandy.

Onuň gyz jigisi Sofiýa hem owadandy, ýöne gylygy düýpden başgaçady; kepderi ýaly ümsüm we ýuwaşjady; onuň bary-ýogy ýigrimi ýaşy bardy.

Olaryň ikisiniň hem hyzmatkär negri bardy, Bakyňky hem bardy. Meniň negrimiň edere işi ýokdy, sebäbi men özüme hyzmat edilmegine öwrenişmändim, muňa derek Bakyň negri dyzyny epmän işleýärdi.

Ynha maşgalanyň ölmän galanlary, ýöne öň garrynyň ýene üç ogly bar eken, olaryň üçüsi-de öldürilen ekeni, özi ölen Emmelinada bar ekeni.

Gojanyň bir topar fermasy bilen ýüz töwerekleri negri bardy. Käte on-on bäş millikden topar-topar myhmanlar gelerdi, bäş-alty günläp gezerdiler, toý ederdiler, derýada ýüzerdiler, gündizine tokaýa gidip gezelenç ederdiler, agşamyna öýe gelip tans ederdiler. Olaryň köpüsi dogan-garyndaşlarydy. Erkekler myhmançylyga öz tüpeňlerini hem alyp gelerdiler. Jenaplaryň hemmesi hem atly-abraýly bolmaga çemeli.

Bu ýerde bäş-alty hojalykdan ybarat ýene bir aristokrat tire ýaşaýardy, olaryň hemmesiniň diýen ýaly familiýasy Şeperdsonlardy. Olar hem edil Grenjerfordlar ýaly asylly, terbiýeli, baý we atly jenaplardy. Şeperdsonlar bilen Grenžerfordlaryň biziň öýümiziň iki millik ýokary ýanynda umumy parohod pristany bardy we men özümiziňkiler bilen pristanda bolanymda, owadan at çapyşyp ýören Şeperdo nsonlara duş gelýärdim.

Bir gezek Bak ikimiz tokaýa awa gitdik we birden at toýnaklarynyň sesini eşitdik. Biz ýasy ýoldan geçipdik. Bak:

— Çaltrak! Tokaýa gaç! — diýip gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Biz ökjäni göterdik, onsoň gyrymsy agaçlaryň arasyndan ýoly jyklap başladyk. Basym harby adamsyna meňzeş görmegeý ýaş ýigit göründi; ol atynyň başyny goýberip, gorgunla dyn gelýärdi. Tüpeňi eýeriň öňünde kese basylgydy. Men ony öň hem görüpdim. Ol ýaş ýigit Garneý Şeperdsondy. Birden Bakyň tüpeňi gulagymyň ýokary ýanyndan atylyp gitdi. Garneýiň kellesindäki şlýapasy gaýyp gitdi. Ol tüpeňine ýapyşdy—da göni biziň gizlenip oturan ýerimize at goýdy. Emma biz oňa garaşyp durmadyk-da, tokaýyň içi bilen ökjäni göterdik. Tokaý gür däldi, men okuň öňünden sowuljak bolup, zol-zol yzyma seredýärdim, men Garneýiň tüpeňini Baka çenänligini iki gezek dagy gördüm, emma soň ol yzyna öwrüldi-de, gelen ugruna tarap gitdi, ähtimal, şlýapasyny almaga gidendir, men şeýlemike diýip pikir edýärin, ýöne nähili bolanyny bilmeýärin. Biz öýe ýetinçek aýak çekmedik. Garry jentlmeniň gözleri ilki bada ýaldyrap gitdi, men bu begenjinemikä diýýärin, soň bolsa onuň ýüzi açylyp gitdi, ol diýseň mylaýymlyk bilen:

— Agaçlaryň arasyndan tüpeň atylmasyny men halamok, Sen näme üçin, oglum, ýola çykmadyň? — diýdi.

— Şeperdsonlar hiç haçan çykmaýarlar, atam. Olar hemişe amatly pursat gözleýärler.

Miss Çarlotta Bakyň gürrüňini diňläp, korolewa ýaly, kellesini galdyrdy; onuň burunlarynyň deşikleri paşşaryp, gözleri ýyldyrap gitdi. Ýaş ýigitler gaşlaryny çytyşdy-lar, emma bir agyzam söz diýmediler. Miss Sofiýa duw-ak boldy, emma Garneýiň sagaman galanlygyny eşidende, ýene ýüzüne gan aýlandy.

Baky agajyň düýbündäki agylyň ýanyna çagyryp, onuň bilen ikiçäk galan dessime ondan:

— Dogrudan hem, Bak, sen ony öldürjekmidiň? — diýip soradym.

— Eýsem näme!

— Ol saňa näme etdi?

— Olmy? Ol maňa hiç zadam edenok.

— Onda sen ony näme üçin öldürjek bolduň?

— Hiç zat üçin, diňe bir-birimize ganym duşmanlygymyz üçin.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ganym duşmanlyk diýýäniň näme?

— Saňa näme öwretdiler! Indi sen ganym duşmanlygyň nämediginem bileňokmy?

— Birinji gezek eşidýärin. Hany gürrüň ber.

— Ynha onda, ganym duşmanlyk şeýle bolýar: bir adam başga biri bilen tersleşýär-de, ony öldürýär, şonda öldürileniň dogany hem alýar-da öldüreni öldürip goýberýär, on-soň olaryň doganlary ölüşýärler, soň hem dogan oglanlary, şeýdip hemmesi gyrlyşyp bolanynda, olaryň duşmançylyklary hem gutarýar.

— Siziň duşmançylygyňyz öňräk başlanypmydy? Ýogsam öňräk bolmazmy! Otuz ýyl töwerekleri bäri. Bir jetleşik bolupdyr-da şol jetleşigiň üstünde sudlaşypdyrlar, sudda asgyn gelen gidipdir-de, ýeňeni atypdyr, bu şeýle-de bolmaly-da. Onuň ýerine bolsa her kim hem şeýderdi.

— Jetleşik nämäniň üstünde turupdyr, Bak? Ýer üstündemi?

— Bilmedim. Şoň üstünde bolsa-da bolýandyr.

— Be, onsoň ilki kim atypdyr? Grenžerfordlarmy ýa Şeperdsonlar?

— Toba, men näbileýin! Bu bireýýämki bolan zat ahyryn.

— Hiç kimem bilenokmy?

— Ýok, kakam bilýärmike diýýärin, garrylardanam bilýäni bardyr, ýöne olar jetleşigiň başda nämäň üstünde turanlygyny bilmeýärler.

— Onsoň ölen köp bolupmy, Bak?

— Hawa-la! Aýyn bolmasa birini jaýlaýarlar. Ýöne hemmesi ölüp duranok. Kakamyň aýagynda galan seçme henizem bar, ýöne ol muňa pikirem berenok. Bobam oňatja pyçaklan ekenler, Tom hem iki gezek dagy ýaralanan bolmaly.

— Bak, olaryň şu ýyl öldüren adamsy barmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa, bizden biri öldürildi, olardanam biri. Mundan üç aý öň meniň kuzenim Bed tokaýyň içi bilen derýanyň o tarapyna diýip gidipdir, ýany bilen bolsa ýarag almandyr, şeýle samsyklyk edipdir, birden bir çolarak ýerde at toýnagynyň sesini eşidipdir, görse, yzyndan Şeperdson hem eli tüpeňli at salyp gelýärmiş, çapyp gelýärkä-de, çal saçy şemalyň ugruna ygşyldaýarmyş. Bed atdan düşüp, otuň içinde gizlenäýmeli ekeni, ýöne ol garry kowup ýeter öýtmändir, şeýdip olar bäş mil dagy kowalaşyp gidipdirler, garry bolsa gitdikçe arany ýygyrypdyr; ahyrsoňy Bed rejäň geň däldigini görüp, atynyň başyny çekipdir we ok arkasyna däl-de, döşüne deger ýaly, garra tarap öwrülipdir, garry bolsa ýakynrak gelipdirde, ony tüwdürip goýberipdir. Ýöne ol uzak heşelle kakmaly bolmandyr: bir hepde geçip geçmänkä, biziňkiler hem ony öldüripdirler.

— Meniň göwnüme, Bak, ol garry namart ekeni.

— Meniň göwnüm-ä, ol namart däl eken. Eger-eger! Şeperdsonlaryň içinde namardy ýok, ýekejesem ýok. Grenjerfordlaryň hem namardy ýok. Bir gezek bu garry Grenjerfordlaryň üçüsi bilen mert durup uruşypdyr we ýarym sagadyň içinde olary bir ýüzli edipdir. Olaryň hemmesi atly eken, ol bolsa atyndan böküp düşüpdir-de, bir gujak odunyň aňyrsynda bukup oturypdyr, ýabysyny bolsa okdan dulanjak bolup, öň ýanynda tutup oturypdyr, Grenjerfordlar atdan düşmän, onuň töwereginde okkessirme geçipdirler we ýetişibildiginden tüpeňläpdirler, ol hem atypdyr. Onuň özünem, atynam öýlerine elemedeşik ýaraly, gara gan ýagdaýda alyp-gelipdirler, muňa derek Grenjerfordlary getirenlerinde, biri öli, birini ýaraly halda alyp geldiler: ol hem ertesi güni öldi. Ýok, ser, eger kime namart gerek bolsa, ony Şeperdsonlardan taparyn diýip biderek wagty ýitirip ýörmesin: ol ýerde namart ýok.

Soňky ýekşenbe güni biziň ählimiz atlanyp, üç millikdäki buthana ugradyk. Erkekler ýanlaryna tüpeň aldylar, Bak hem aldy, özide dyzlarynyň arasynda tutup oturdylar, ýa-da el astynda bolar ýaly, diwaryň ýanynda söýäp goýdular, Şeperdsonlar hem şeýdipdirler. Öwüt-ündew öňküleri ýaly doganlyk söýgi we şuňa meňzeşler barada diýişdiler we öýli-öýlerine darganlarynda, adamlaryň hemmesi ynam barada, haýry-sahabat barada, eşret barada, täleý-takdyr barada we gör ýene nämeler barada gürrüň etdiler, şonuň üçin, meniň göwnüme, ömrümde hiç haçan şeýle ýürek gysgynç ýekşenbe bolmadyk ýaly bolup göründi.

Günorta naharyndan bir sagat çemeleri geçeninden soň ähli kişi ýatdy: kim kresloda gyşardy, kim öz otagynda, bu bolsa tukatlygy öňküden hem beter güýçlendirdi. Bak öz iti bilen otuň üstüne süýndi we güneşde süýji uka gitdi. Men otagymyza girip ýataýaýyn diýdim. Görsem, ýuwaşja miss Sofiýa öz otagynyň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bosagasynda dur, onuň otagy biziňki bilen ýanaşykdy; ol meni otagyna çagyrdy, soň gapyny içinden kiltledi-de, meni oňat görýärmiň diýdi, men — gowy görýärin diýdim; soň ol: bir ýumuşjygym bar welin, ony hiç kime aýtman, bitirip bilermiň — diýdi, men bitirerin diýdim. Şondan soň ol men buthanada oturgyjyň üstünde iki sany kitap bilen injilimi galdyryp gaýdypdyryn welin, gidip şony getirip bilmezmiň, ýöne hiç kime hiç zat aýtmaly däldir diýdi. Men getirerin diýdim. Ynha şeýdip, ýuwaşja basyp, öýden çykdym we ýol bilen ylgap gitdim: görsem, eýýäm buthanada iki sany doňuzdan başga hiç kim ýok; onuň gapysy hiç haçan gulplanmansoň, tomus wagtlary doňuzlar ýuka tagtaň üstünde ýatmany gowy görýärler, sebäbi ýuka tagta buz ýalydy. Eger syn eden bolsaňyz, adamlaryň köpüsi buthana diňe zerurlyk bolansoň gelýärler, doňuzlar bolsa, başga mesele.

Bu ýerde başga bir zat bolaýmasa, injil üçin ol beýle howsala düşmez diýdim. Men kitaby silkdim welin, içinden bir bölejik kagyz gaçdy, ýüzüne hem galam bilen: «Üçüň ýarynda» diýlip ýazylypdyr. Men ýene seredip başladym, emma başga hiç zat tapmadym. Hiç zada düşüp bilmän, kagyzy öňki ýerinde goýdum, öýe gaýdyp gelip, ýokaryk çykyp ugramda, miss Sofiýa öz otagynyň işiginde maňa garaşyp dur ekeni. Ol meni otaga çekip aldy-da, gapyny ýapdy, onsoň tä haty tapýança injiliň sahypalaryny agdaryşdyryp başlady. Ol hatjagazy okap, örän begendi, şol salymyň özünde-de egnimden tutup, meni bagryna basdy we sen dünýäde iň gowy oglanjyk, ýöne sen hiç kime hiç zat aýtma diýdi. Onuň gözleri ýagtylyp, ýüzi gyzaryp gitdi, şonda ol has hem owadanlandy. Biläýsem diýen pikir meni öz ugruma goýmady, şonuň üçin hem demimi dürsäp, hat näme hakynda eken? — diýdim, ol sen ony okadyňmy-okaňokmy diýdi, men okamok diýdim. Şonda ol ýazylany okap bilýärmiň diýdi. Men basma harplar bilen ýazylan bolaýmasa okap bilemok diýdim; şonda ol hatda hiç hili üýtgeşik zat ýok, ol ýöne kitabyň içinde goýulýan kagyzjyk; bar, indi git-de, okaber diýdi.

Men bu zatlar barada içimi hümledip, derýa tarap ugradym, birden görsem, yzymdan negrim gelýär ekeni. Biz tamdan äpişgeden görünmez ýaly saýlananymyzda, ol daş-töweregine garanjaklady-da, meniň ýanyma ylgap geldi we:

— Mister Jorj, meniň bilen batgalyga-ha gidäýmersiňiz? Men size bir topar suwýylan görkezeýin — diýdi.

Be, munuň-a bir zady bardyr, ol düýn hem şu aýdanyny aýdypdy. Gözlenip, yzyndan gidiler ýaly, suwýylan kime gerekmiş! Ol muny bilmeýärmikä? Geň zat, onuň päli nämekä? Onsoň men oňa:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýeri bolýar-da, düş öňe — diýdim.

Men onuň yzyna düşup, ýarym mil dagy gitdim, onsoň ol batgalygyň içinden gabatlap ugrady we topugyna ýetip duran suwuň içi bilen ýene ýarym mil geçdi. Biz gür agaçly, otly-çyrmaşykly kiçeňräk bir ada ýetdik, şonda negr:

— Siz ol ýere baryberiň, bary-ýogy iki ädimlik ýerdir, olar şol ýerdedir. Men olary, öňem görüp ýöremsoň, olaryň maňa gerek zady ýok — diýdi.
Ol yzyna dolandy, ýene batgalyga urdy we basym agaçlaryň aňrysynda gözden ýitdi. Men bolsam göni ýöräp gitdim we daş-töweregini çyrmaşyk tutup oturan açyklyk ýeriň üstünden bardym, onuň ululygy edil öýüň içi ýalydy; birden görsem, sag tarapda ýerde bir adam ýatyr, özem meniň garry Jimim?

Men ony oýardym, meni görüp, ol aňk-taňk bolar öýtdüm, emma eger-eger. Ol tas aglapdy, meniň gelenime ine şeýle begenen ekeni, emma welin maňa ol geň galyp durmady. Men şol gije ýüzdüm-ýördüm, seniň sesiňi eşitsem hem, hä bermäga gorkdum; tutulyp, ýene gul edilip satylaýmaýyn diýdim — diýdi.

— Men birneme müçükdim, şonuň üçin hem çalt ýüzüp bilmedim, onsoň soňa baka gaty yza galdym; sen kenara çykaňda men gygyrmanam yzyňdan ýeterin öýtdüm; şol tamy görübem howlukjak bolmadym, öz maýdalyma ýöräberdim. Men senden daşdadym, saňa näme diýýänlerinem eşidemokdym, itlerdenem gorkýardym; ses-üýn ýatyşanda, men eýýäm seniň öýdedigiňi bildim, daňa çenli garaşaýyn diýip, tokaýa ugradym. Ertir ir bilen gapdalymdan işe barýan negrler geçdi, olar meni hem ýanlary bilen äkidip, şu ýeri görkezdiler; bu ýerde bolansoň, itler hem duýanoklar, onsoň negrler her gün agşam maňa iýer-içer ýaly zat getirýärler, seniň hal-ahwalyň barada gürrüň berýärler — diýip, Jim gürrüň berdi.

— Sen näme üçin meniň Jekime ony alyp gel diýip öňräk aýtmadyň?

— Heniz bitiren işimiz ýokka, Gek, seni alada goýmaýyn diýdim. Häzir bolsa biziň ähli zadymyz taýýar. Ätiýaçdan pitidir, saç hem satyn aldym, gijelerine bolsa salymyzy bejerişdirdim…

— Haýsy saly, Jim?

— Biziň köne salymyzy.

— Eýsem, ol çym-pytrak bolmanmydy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýok, bolmandy. Ony parohod oňatja çagşadypdy, bu dogry, bir ujyha gopupdam, emma her niçigem bolsa, ýarasy onçakly agyr däldi, ynha goşgolamlarymyzyň welin, ählisi diýen ýaly gitdi. Eger suwa çümüp, suwuň aşagynda esli ýüzmedik dagy bolsak, ýa gije beýle garaňky bolmadyk bolsa, biz salymyzy görüp, allaniçigsi bolardyk, huşumyz başymyzdan uçardy. Aý, munuň zyýany ýok, ol indi täze ýaly boldy, onsoňam akan zatlarymyza derek bir topar täze zatlarymyz bar.

— Sen saly nireden aldyň. Jim? Ýa sen ony bir ýerden tutduňmy?

— Men ony tokaýdan nädip tutaýyn? Ýok, ony negrler tapdy, ol şu töwereklerde bir ýerde köke ilişip galypdyr, onsoň olar ony alypdyrlar-da derýada, söwüdiň aşagynda gizläp goýupdyrlar, soň ony kimiň almalydygy barada gopgun turzupdyrlar, muny eşidip, basym dawanyň arasyny açdym, saly hiç haýsyňyz hem alaňzok, sebäbi ol biziň ikimiziňki diýdim. Indi ak jentlmeniň emlägini talap, başyňyza dawany satyn almakçymy? — diýdim. Soň olaryň adam başyna on sentden berdim, olar muňa monça boldular: baý bolup gider ýaly sallar köpräk akyp gelse bolmaýarmy diýişdiler. Olar maňa örän rehimli, bir zat gerek diýsem, iki aýtdyrmaýarlar. Bu Jek oňat negr, özem akmak däl.

— Dogry aýdýaň. Ol maňa şu ýerdedigiňi hem aýtmady; ol meni diňe suwýylan görkezjek kişi bolan bolup alyp gaýtdy. Eger birden bir zat bolaýsada, onuň günäsi bolmaz. Ol bularyň ikisini bir ýerde göremok hem diýip biler, bu onsoň dogram bolar.

Meniň ertesi gün barada köp gürrüň edesim gelenok. Gysgarak aýtjak bolup jan edeýin. Men daň bilen oýandym we beýläme agdarynaýyn-da, ýene ýataýyn diýdim, emma birden öýde örän umsümlik ýaly, hiç kim gymyldamaýan ýaly gördüm. Bu hiç haçan beýle bolmaýardy. Soň görsem, Bak hem turup giden eken. Onsoň menem turdum, özüm welin näme etjegimide bilemok; aşak düşsem, aşakda-da adam ýok, niräk barsam, alakaň hini ýaly gugaryp dur. Howlyň içem şeýle ekeni. Bu näme boldugyka? diýip böwrümi diňledim. Odunyň ýanynda öz Jekime duşup:

— Näme boldy? — diýip soradym. Ol:

— Näme, siz hiç zat bilmeýärmisiňiz, mister Jorj? —diýdi.

— Ýok, bilemok — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Miss Sofiýa gaçypdyr. Hudaý ursun, ýalan sözlämok. Gijäň bir mahaly gaçyp gidipdir, ýöne haçan gaçanlygyny bilýän adam ýok, ýaş ýigit Garneý Şeperdson bilen nikalaşmak üçin gaçypmyş, adam barynyň hem edýän pikiri şeýle. Garyndaşlary bolsa muny bary-ýogy mundan ýarym sagat gowrak öň bilipdirler, özlerem wagt ýitirip durman, derrew ýaraglaryna ýapyşypdyrlar, atlaryna atlanypdyrlar, biz bolsak muny duýamyzogam. Aýallar ilen-çalanlaryna habar bermäge gidipdirler, garry hojaýyn bolsa ogullaryny ýanyna alyp, Sofiýa bilen derýadan geçmäkä şol ýaş ýigidi ele salmak we öldürmek üçin ýol bilen derýa tarap at salyp gidipdir. Görýän welin, derdeseri uly bolarmyka diýýän.

— Bak gidende, meni oýarjak bolmadymy?

— Ýok-ýok. Sizi bu işe goşaslary gelmedi. Mister Bak ? tüpeňini oklap, ölerin welin, Şeperdsonlaryň birini awlaryn diýdi. Hawa, men hem olar o ýerde köplükdir, çemesine getirip bilse, ol olaryň iň bolmanda birini awlarmyka diýýärin.

Men haýal etmän, derýa tarap ylgadym. Basym uzakdan tüpeň sesi gulagyma degdi. Parohod pristanynyň ýanyndaky dükanjyga we üýşmek oduna gözüm düşen dessine men tä oňaýly ýere ýetýänçäm agaçlaryň we ot-çöpleriň arasy bilen ýöräp gitdim we şol ýeriň özünde wirgind dereginiň ok ýetmeýän aýyrdyna çykdym we aşaklygyna seretdim. Edil deregiň ýanjagazynda beýikligi dört futa ýetip duran üýşmek odun bardy, men ilki şonuň aňrysynda gizlenjek boldum, emma gizlenmänim gowy bolupdyr.

Dükanyň öňündäki açyklyk ýerde dört-bäş sany atly parahod pristanynyň golaýyndaky üýşürilip goýlan odunyň aňyrsynda oturan iki sany ýaş Grenjerfordy awlajak bolup lalawlaşyp iki ýana at salýardy, emma bu olara başartmaýardy. Her gezek atlylardan biri üýşmek odunyň aňrysyndan çykyp derýa tarap tutduryberende, ony oka tutýardylar. Ýetginjekleriň ikiside odunyň aňrysynda arkalaryny degşirişip otyrdylar, şonuň üçin olara üýşmekleriň ikiside görnüp durdy.

Basym atlylar çapmalaryny, gygyryşmalaryny goýdular. Olar dükanyň golaýyna geldiler, şonda ýetginjekleriň biri ýerinden turup, küdäň aňrysyndan çenendi we birini at-dan agdardy. Atlylaryň hemmesi atlaryndan düşüp, ýaralyny goltukladylar we ony alyp, dükana tarap äkitdiler, iki ýetginjek hem atlaryny gamça basyp, zut gitdiler. Olaryň ga-çyp barýanyny diňe olar meniň oturan agajymyň ýarpy ýoluna ýetenlerinde gördüler. Erkek adamlar şol bada atlaryna atlanyp, gaçyp gelýänleriň söbügine düşdüler. Emma mundan netije bolmady: her niçik hem bolsa oglanlar meniň oturan agajymyň ýanyndaky küdä olardan has ir geldiler we küdä dulanyp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
oturdylar, şeýlelikde, olaryň ýagdaýy ýene Şeperdsonlaryňkydan amatly bolup çykdy. Oglanlaryň biri Bakdy, beýlekisem onuň horja doganoglanydy.

Atlylar şol töwerekde köw-söw etdilerde, soň nirädir bir ýaňa tutdular gitdiler. Olaryň garalary ýitende, men Baka gygyrdym we oňa bolan zatlaryň baryny gürrüň berdim. Agajyň üstünden gygyran sesimi eşidende ol birbada nämäniň nämedigine düşünmän aňk boldy, ol maňa häzirräžik bolmagy, atlylar göze ilse-de, derrew habar etmegi tabşyrdy; olar bir bolmasy iş etjek bolup az salymlyk bir ýaňa giden bolara çemeli. Meniň bu agaçdan düşüp gidesim geldi, ýöne welin düşmäge gorkdum, Bak aglamjyrap, sögünip başlady we entek bu günki edenjelerini Jo bilen (bu oglanlaryň beýlekisi-de, Bakyň doganoglanydy) çykararys diýdi. Ol kakam bilen doganlarymyň ikisi öldürildi. Şeperdsonlardan hem iki-üç sanysy öldürildi diýdi. Şeperdsonlar olary göz as-tyna salyp ýören ekenler. Bak kakam bilen doganlarym, beýleki garyndaşlarymyz gelýänçä garaşmaly ekenler, sebäbi Şeperdsonlar örän köplük ekeni diýdi. Men ondan: ýaş ýigit Garneý bilen miss Sofiýa nätdilerkä? — diýip soradym. Ol olar derýadan ýüzün geçen ekenler, indi olar beladan gutuldylar diýdi. Ýöne welin Bakyň Garneýi şol tokaýda duş gelen gezegi öldürip bilmän gaýdany üçin jibrinäýşini, beýle zady men heniz ömrümde görmändim.
Ynha birden: tark! tark! tark! bolup, üç-dört gezek tüpeň sesi çykdy. Şeperdsonlar tokaýyň içini soky soran ýaly etdiler, alňasadylar, bukdaklaşdylar. Oglanlar suwa urdular, olaryň ikiside ýaralydylar, soň olar suwuň ugry bilen aşaklygyna ýüzüp ugradylar. Şeperdsonlar bolsa derýanyň gyrasy bilen galman ylgaşyp gelişlerine: «öldüriň olary, öldüriň!» diýşip gygyryşdylar, yzly-yzyna tüpeň atdylar. Meniň şeýle bir ýüregim gyýyldy welin, tas agaçdan ýykylypdym. Men barysyny gürrüň edip oturjak däl, bolmasa başlasam, ýene ýüregim gyýlyp ugrar. Beýle elhençligi görenimden şol gije şu kenara çykmadyk bolsam gowy boljak ekeni. Olar henizebu güne çenli göz öňümden gidenok; birnäçe gezeg-ä düýşüme dagam girdi. Men garaňky düşýänçä agajyň üstünde oturdym; düşmäge gorkdum. Mahal-mahal tokaýyň içinden çykýan tüpeň sesleri gulagyma geldi durdy, iki gezek dagy-ha tüpeňli atlylaryň kiçijik üýşmegi dükanyň ýanyndan hem çapyşyp geldiler, men olary görüp, heniz-ä hemmesi gutarman ekeni diýdim. Men örän gynandym we gaýdyp bu agajyň ýanyna gelmezligi ýüregime düwdüm, sebäbi her näçe sypjyklyk etseň hem bularyň bary menden boldy diýdim. Şol bölejik kagyz hem üçüň ýarynda miss Sofiýanyň Garneý bilen duşuşmagy we onuň bilen gaçyp gitmegi üçin goýlan ekeni; men”ol kagyzjyk barada, miss Sofiýanyň özüni bir tüýsli alyp barşy barada kakasyna gurrüň bermeli ekenim; şonda ol, belki, onuň daşyna gulp urardy welin, beýle-beýle zatlar bolmazdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men agaçdan düşüp, derýanyň boýy bilen ýuwaşja ýöräp ugramda edil suwuň gyrajygynda ýatan iki sany meýdiň üstünden bardym; olary çägä çekip çykarjak bolup köp dyryşdym, soňra olaryň ýüzüni ýapyp, gaty-gaty ýöräp gitdim. Bakyň ýüzüni ýapyp durkam, men tasdan aglapdymam; sebäbi ol meniň dostumdy, ol meni örän gowy görýärdi.

Howa birkemsiz garaldy. Men jaýyň ýele ýanyna-da baryp bilmedim, tokaýyň içi bilen ýöräp, onuň duşundan geçdim-de batgalyga tarap düňküldäýdim. Adajykda Jim ýok eken, şonuň üçin men batgalygyň içi bilen çalt-çalt ýöräp, derýa tarap gitdim, gyrymsyja söwüt agaçlarynyň arasyndan geçdim, meniň basymrak sala ýetesim we bu aýylganç ýerden basymrak garamy saýlasym gelýärdi. Görsem, sal hem ýok eken! Baý, men şonda gorkduma! Esli salymlap demimi hem alyp bilmedim. Soň bolsa zowladyp goýberdim! Meniň ýigrimi ädimlik beýlämden bir ses jogap berdi:

— Ýa ýaradan, bu senmidiň, oglum? Ýöne galmagal etmäweri. Bu Jimiň sesi eken — men ömrüme şundan ýakymly sesi eşitmändim. Men derýanyň boýy bilen aýagaldygyna ylgap, salyň üstüne bökdüm, Jim ýykman saklady-da, hasyr-husur bagryna basdy — ol maňa duşanyna şeýle begenen ekeni. Ol:

— Hudaýa şükür, oglum, men-ä senem ölensiň öýdüpdim. Bu ýere Jek gelip gitdi, senem öldüren bolaýmasalar diýdi, sebäbi sen öýe gaýdyp barman ekeniň, men bolsam Jek seniň öldi habaryňy getiräýse, ugramaga taýýar bolup durar ýaly salymy alyp, derýanyň aýagyna düşeýin diýip durdum. Seniň gaýdyp geleniňe, oglum, men gaty şat — diýdi.

Men:

— Beýle bolsa örän gowy zat. Olar meni gözläp tapyp bilmezler we meni öldürendirler, maslygym hem suw bilen akyp gidendir öýderler, şol ýerde kenarda biri şeý diýip tapar, şonuň üçin hem, Jim, wagtyňy ýitirme-de, saly basymrak suwuň ortasyna çykar — diýdim.

Men tä sal prestanyň iki millik aşak ýanyndan Missisipiniň ortasyna çykýança ynjalyp bilmedim. Biz şol ýerde signal beriji çyramyzy asdyk we indi biz ýene azatlyga çykdyk, bela-beterlerden hem dyndyk diýen netijä geldik. Düýnden bäri agzyma zat almandym; Jim mekgejöwen çöregini, aýran, kelemdir gökli doňuz etini çykardy, oňat edip bişirip bilseň, şulardan tagamly nahar boljak däl ekeni, agşam şamlygyny edinip otyrkak biz hezil edinip gürrüň etdik. Meni telim arkadan bäri gelýän duşmançylykdan dynanyma begenýärdim, Jim hem batgalykdan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
dynanyna begenýärdi. Biz hatda saldan oňat öý ýok eken hem diýişdik. Ähli ýer dymyk, ähli ýer daryşganlyk, salda bolsa beýle däl. Sen özüňi hem arkaýyn, hem şadyýan, hem oňaýly duýýarsyň.

## XIX bap

Iki-üç gije-gündiz geçdi; bu günler şeýle asuda, şeýle parahat geçensoň, olara akyp geçdi diýseň-de boljakdy. Ine biz wagtymyzy şeýle geçirdik. Derýanyň bu ýeri aýdyp-diýerden giňdi, aňrysyna-bärisine göz ýetmeýärdi, kä ýerleriniň giňligi mil ýarymrak bardy. Biz gijesine ýüzüp, gündizine-de dynç alýardyk, gizlenýärdik. Gije ahyrlaberende bolsa saklanýardyk-da, salymyzy hemişe akymyň ýok ýerinde gyrmançalykda daňyp goýýardyk, soň söwüt we derek çybyklaryny kesişdirip, salymyzy şolaryň aşagynda gizleýärdik. Onsoň çeňňegimizi suwa atyp, demdynjymyzy alar ýaly, derýa girýärdik we suwuň dyzyňdan edip duran ýerinde oturyp, daň atyşyna syn edýärdik. Hiç ýerde ses-üýn ýok, dünýä uka giden ýaly, daş-töwerek dymdyrslykdy, diňe onda-munda warryklaşýan gurbagalaryň sesleri eşidilýärdi. Derýanyň ýüzi bilen uzaga syn etseň, ilki bilen gözüňe garamtyl zolak görünýärdi: ol derýanyň aňyrsyndaky tokaýlyk bolara çemeli, beýleki zatlary ilkibada saýgaryp bolanok; soň asmanyň çeti agaryp ugraýar, onsoň ýaňky agymtyl zolak barha ulalyp, derýanyň ýüzi garalyp däl-de, çalaryp başlaýar; uzakda garaja nokatjyklaryň ýüzüşip ýörenligi görünýär, — olar şalandalar we beýleki gämi-lerdi, uzyn gara zolak bolsa sallardy: käte erňeklerdeki kürekleriň jygyldysy, düşnüksiz hümürdiler eşidilýär — dymdyrslyk bolanynda ses hem uzaga gidýär, kem-kemden suwuň ýüzündäki zyýralar hem görnüp ugraýar, şol zyýralardan sen çasly akymyň suwa batan agaja urýanlygyny, zyýralaryň hem şol sebäpli emele gelýändigini bilýärsiň; onsoň sen suwuň ýokarsyndaky gaýmalaşýan ümri, gündogaryň gyzaryp ugraýşyny, derýanyň gyzaryp ugraýşyny görýärsiň, indi sen uzakdaky, derýanyň aňry tarapyndaky tokaýyň gyrasyndaky pürsden edilen tamjagazy saýgarjak bolýarsyň, bu, ähtimal, tokaý skladynyň ýanyndaky garawulçylyk çekilýän ýer bolara çemeli, tamjagazyň tagtalary şeýle bir goýlupdyr welin, ýarçyklarynyň çem geleninden pişik sümüp gidäýmeli; onsoň mymyjak şemal gelip ugraýar, ol şemaldan bolsa ýüzüne salkynjak, tämizje howa, tokaýdyr gülleriň ysy kakýar, käte myrtarrak zatlaryň hem ysy gelýär, sebäbi kenarda öli balyk üýşüp ýatyr, porsy ysy bolsa aňkap dur. Ynha gün hem çykdy, indi daş-töwerekdäki ähli zat güneşläp ýylgyryşyp duran ýaly, saýrak guşlar hem bokurdaklaryna sygdygyndan jürküldeşýärler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Indi otdan çykýan inçe tüsse hem görnenok, şonuň üçin biz çeňňege düşen balyklary alyp, gyzgynja ertirlik bişirinýäris. Onsoň bolsa dynjymyzy alýarys, derýa giňişligine keýp edip seredýäris; dynç alyp-dynç alyp, ahyryn hem uklap galýarys. Oýanyp, näme oýadaýdyka diýip, daş-töweregimize seredişýäris, käte görseň uzakda, garşydaky kenaryň gyrasynda bir parohod suwuň tersine pyžžyldap ýüzüp barýar, ol gaty uzakda bolansoň, haýsy tigriniň yzky, haýsysynyň hem gapdal tigirdigini zordan saýgarýarsyň, şondan soň bütin bir sagatlap görünýän — eşidilýän zat ýok: baryp ýatan suw beýewanlygy. Onsoň görseň, uzakda bir ýerde derýadan bir sal gidip barýar, bir köwegiň biri bolsa onuň üstünde odun aýyrýar, olar oduny hemişe salyň üstünde aýyrýarlar, aşak inen paltanyň ýylpyldysy görünýär, emma hiç zat eşidip bolanok, soň palta ýene ýokaryk galýar, ol baryp kelleden hem ýokaryk göterilende: «tark!» diýen ses gelýär, ses suw bilen geljek bolsa, şeýle köp eglenmeli bolýar. Biz otuň üstünde ýatyp, ümsümligi diňşirgäp günümizi geçirdik. Bir gezek gür ümür geldi, gapdaldan geçip barýan sallarda, gaýyklarda üstlerinden parohod gelmez ýaly saç kakylýardy. Şalandamy, salmy, bir zat biziň edil gapdaljygymyzdan geçip gitdi, şonda bir hümür-sümür, gülki, sögünç seslerini eşitdik, eşitmesine biz oňat eşidýärdik welin, görüp bilmeýärdik, sebäbi sowuk içiňden geçip barýardy: göwnüňe bolmasa, bu hümürdeşýänler arwah-jynlar ýalydy. Jim-ä arwah-jynlardyr diýibem gördi, emma men onuň bilen razylaşmadym:

— Aý ýok-la, arwah-jynlar bolsa, olar «Bu näletsiňmiş ümri arwah-jynlar kaksa bolmaýarmy» diýmezler.

Biz garaňky düşdügi ýüzüp ugraýardyk; saly derýanyň ortasyna çykaryp, küreklerimizi taşlaýardyk, onsoň sal suwuň ugry bilen öz ugruna ýüzüp gidýärdi. Soň çilimleşýärdik, aýaklarymyzy suwa sokýardyk we dünýädäki ähli zatlar barada gürrüň açýardyk; eger aýakçylar heläk edip durmasalar, biz hemişe: gije-de, gündiz-de ýalaňaç ýöreýärdik; Diýseň oňat bolany üçin, men Bakyň garyndaşlarynyň tikip beren täze geýiminde özümi bir tüýsli gowuşgynsyz duýýardym, onsoňam men bezenmek diýen zady asyl höwes edemokdym.

Esli wagtlap derýada bizden başga hiç kimiň bolmaýan halatlary-da bolýardy. Uzakda, beýleki kenarda ýalpawluklar, adajyklar görünýärdi, käte onda-munda ýylpyldap, yşyklar çykýardy, ol külbeleriň äpişgesinden çykýan yşykdy, käte suwda: saldadyr şalanda-da ýylpyldy gerünýärdi, ol ýerde aýdym aýdýardylar, skripka çalýardylar. Salyň üstünde gowy durmuşymyz bardy! Käte asmanyň ýüzi ýyldyzlardan ýasa açylan patrak ýaly bolýardy, biz bolsa arkan düşüp ýatan ýerimizde olara seredip: bulary döretdilermikä ýa öz-özleri döredimike diýip jedel edýärdik. Jim olar döredilendir diýip pikir edýärdi, men bolsam, olaryň özleri

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
dörändir, sebäbi munça ýyldyzy döredäýjek bolsaň, eslije wagt gerek bolar — diýip pikir edýärdim. Jim: gurbaganyň işbil taşlaýşy ýaly, olary aý taşlaýan bolmasyn diýdi; walleger, bu bir ýanyndan barýan ýalydy, şonuň üçinem men onuň bilen jedelleşip oturmadym; men gurbagalarda näçeräk işbiliň bolýanlygyny göremsoň, bu bolup biläýjek zatdy. Biz süýnýän ýyldyzlara-da, olaryň asmanyň ýüzüni dilip, aşak eňşine-de syn edýärdik. Jim: bular zaýalanan we höwürtgelerinden zyňlan ýyldyzlardyr diýip pikir edýärdi.

Garaňkylykda wagtal-wagtal turbasyndan uçgun baryny çykaryp gelýän parohodyň gapdalymyzdan geçip gidenligini biz gijäniň içinde bir-iki gezek gördük; uçgunlar suwuň ýüzüne jala ýaly sepelenýärdi, bu örän owadan bolup görünýärdi; onsoň parohod öwrümde gözden ýitdi; yşyklar ýene bir gezek ýylpyldaşdylarda öçüp gitdiler, gowur ýatdy, derýanyň ýüzüne ýene ümsümlik aralaşdy; onsoň parohod geçeninden esli salymdan soň bize tolkunlar gelip, salymyzy çaýkap ugrady, soň bolsa hudaý bilsin näçe wagtlap gurbagalaryň warryldysyndan başga hiç zat eşidilmedi.

Ýarym gijeden soň kenardaky tamlarda ýaşaýanlar ýatyşyp başladylar we iki-üç sagatlap gözedürtme garaňkylyk boldy, tamjagazlaryň äpişgelerinden yşyk görünmeýärdi. Ol yşyklar biziň üçin sagat ornuny tutýardylar: birinji yşyk göründigi daňyň golaýlaýanlygydy, şonuň üçin biz derrew gizlenere, salymyzy daňar ýaly ýer gözlemek bilen bolýardyk.

Bir gezek men daň atmanka bir boş gaýygyň üstünden bardym, derýanyň saý ýeri bilen kenara çykjak bolup barýardym, ol adadan bary-ýogy iki ýüz ýardlyk çemeleri uzaklykdady, şeýdip serwi agaçlarynyň arasyndan geçýän derýanyň içi bilen ir-iýmiş tapyp bilmezmikäm diýip, bir mil täwerekleri geçdim. Derýanyň güzerine ýetenimde, ýodajyk bilen güzere tarap iki sany erkek adamyň aldyrany bar ýaly bolup gelýänligini gördüm we işim gaýdaýdy öýdýän diýdim; göwnüme, biriniň yzyndan kowulýan bolsa, meň bilen Jimiň yzyndan kowulýan ýaly boldy durdy. Men basymrak olardan arany açmakçy boldum, emma olar meniň gabadyma gelip, maňa gygyrdylar, halas et diýip, haýyş etdiler, yzymyzdan kowgy gelýär, hat-da üstümize it hem küşgürdiler, ýogsa eden zadymyzam ýok diýişdiler. Olar meniň gaýygymyň üstüne bökjek bolanlarynda, men:

— Entek duruň, bökmäň, men heniz at toýnagynyň sesini-de, it sesini-de eşidemok: siziň gyrymsylaryň arasy bilen ýöremäge, ondan aňryk hem derýa bilen ýokarlygyna gitmäge wagtyňyz bar, siz şol ýerden suwa giriň-de, maňa tarap ýöräp gaýdyň, bu yzarlap gelýän itleri çaşdyrar — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar şeýle hem etdiler, onsoň olar meniň gaýygyma münen batlaryna, men yzyma, bolýan adajygymyza tarap ugradym, bäş-on minut çemeleri geçende bolsa biz uzakdan gykylyk we it sesini eşitdik. Biz kowgynyň derýaň ýanyna at salyp gidendigini eşitdik, emma görüp bilmedik; olar kenarda köwlenişýän, gözleýän ýalydylar, soň barha arany açanymyzsoň, olaryň sesleri erbet eşidilip başlandy; tokaý yzda galyp, ullakan derýa çykanymyzda, ähli zat imisalalyk boldy: şonda biz adajyga ýüzüp bardyk, derek agaçlarynyň arasynda gizlendik, şeýdip başdan bela sowuldy.

Ykmandalaryň biri daşyndan görmäge ýetmiş ýaşlaryndady, hatda gartaňrakdy hem, onuň kellesi takyrdy, sakgal saçy çaldy. Kellesinde köne ýyrtyk şlýapasy, egninde gök kirli ýüň köýnegi, aýagynda ýyrtyk-ýyrtyk kendir balagy, uzyn ädigi, öýde örlen götergileri bardy, ýok, onuň götergisi birdi. Garry elinde uzyn synly, gök kendirden edilen, mis ilikli köne ýapynjany göterip barýardy, mundan başgada garrylar agyr, içi depip dykalanan haly torbany süýräp gelýärdiler.

Ykmandalaryň beýlekisi otuz ýaşlaryndady, geýnişem meňki bolsun diýerli däldi. Ertirlik edinenimizden soň, biz dynç almaga gyşardyk, gürrüňden ilki bilen olaryň bir-birini düýnden tanamaýanlyklary belli boldy.

— Siz ne sebäpli benle güne düşdüňiz? — diýip ýylçyrkelle ýaşyragyndan sorady.

— Aý, dişiň aralarynda gatap galýan hek çökündilerini arassalar ýaly bir dermanjyk satyp ýördüm, arassalamasyna arassalaýar welin, onuň bilen birlikde syrçasam aýyrlaýýar, onsoň şeýdip, bolmalysyndan bir gije köp bolaýypdyryn; bildirmän çykyp gideýin diýip durdum welin, şäheriň gyrasynda size duşdum, siz hem: yzymdan kowgy gelýär, kömekleşäýseňiz — diýdiňiz. Ynha meniň bar görüp-eşden zadym… A size näme boldy?

— Men bu ýerde bir hepdeden bäri arak içmezligi wagyz-nesihat edip geldim, aýal bary: garrysy ýok, ýaşy ýok, hemmesi meni öwüp arşa çykardy, sebäbi men arakhorlaryň eýini ýetirdim we her agşam bäş dollar çemeleri ýygnadym, käte alty dollar ýygnan wagtym hem boldy, her burundan on sentden aldym, çagalar bilen negrleriňki mugt boldy, şeýdip işim barha rowaçlanyp barýardy, emma öten agşam biri onuň özüniň hem çüýşeden habary barmyş diýip, myş ýaýradypdyr. Şu gün ertir meni bir negr turzup, bu ýeriniň halky sessiz-üýnsüz, itdir atlaryny alyp taýynlanyşyp ýör, özlerem basym şu ýere geljekler we çykmaga ýarym sagat wagt berjekler, soň bolsa yzyňdan kowjaklar, tutaýsalaram, garaýaga bulap, ýelekdir periň içinde togalajaklar we taýagyň üstüne mündürjekler — diýip gürrüň berdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Garry, görýän welin, ikimiz birleşip, bile-de işläp biljek… Siz nähili pikir edýersiňiz? — diýip, ýaş ýigit aýtdy.

— Men garşy däl. A siz esasan näme iş edýärsiňiz?

— Hunärim boýunça men harp ýygnaýjy; käte odur-budur dermanlaram satýan halatlarym bolýar, sahnada çykyş edýän, biler bolsaňyz, men tragik; gerek bolan çagtlarynda öwüt berýärin, eline seredip, adamyň häsiýetini bilýän, ýürek gysmaz ýaly aýdymdan, geografiýadan sapak berýän; leksiýa okaýan wagtlarymam bar, aý, başga-da gytmy näme? Çem gelen işi edýärin, işsiz gezmesem bolýar. A siz haýsy ugurdan?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Öz wagtynda men köp wagtlap wraçlyk etdim. Elim bilen şelleri, rak çişlerini açdym, beýleki keselleri bejerdim, bular maňa ähli zatdan aňsat düşýärdi, eger öňünden änigine-şänigine ýetip bilsem, pal atyşymam ýaman däl. Wagyz-nesi-

hat hem edýän, adamlary hristian dinine salýaryn; çokunma ýygnaklaryny çagyrmak hem meniň işim.

Esli salymlap olaryň ikiside dymdylar, soň ýaş ýigit uludan bir demini aldy-da:

— Haýp!—diýdi.

— Näme üçin beýdiýýäňiz? — diýip, ýylçyrkelle sorady.

— Özümi şeýle güne salşymy, özümi şeýle adamlaryň hataryna sokuşymy diýsene! — diýip, ol esgi bilen gözüniň çikgesini süpürmäge başlady.

— Şeýdiýseňizläň, şu adamlaryň size nämesi erbetmiş? — diýip, ýylçyrkelle gahardan ýaňa çişip, ulumsy gürledi.

— Hawa, olar meniň üçin örän oňat adamlar, özüme gereginden erbet däl, şeýle belentdekäm şeýle pese düşmegime kim günäkär! Özümden başga hiç kim däl. Men sizi günäkärlämok; jenaplar, düýpden günäkärlämok; men hiç kimi günärlämok, men bir zady bilýärin, men ahyrym bir ýerde ölüp galaryn. Goý, çarhypelek çarhyny aýlasyn dursun, goý, ol meniň elimde baryny — ýakyn kowum-garyndaşlarymy-da, emlägimi-de alsa alsyn, emma ony welin alyp bilmez! Haçanam bolsa bir wagt men göre girerin, ähli zady unudaryn we meniň biçäre, köýen ýüregim ahyrsoňy ynjalar gider.

Şeý diýip, ol ýetişibildiginden gözüni süpürýär.

— Köýen ýüregiňizi alyň-da, jähennem bolsaňyzlaň! Näme siz köýen ýüregiňizi somladyp gelýärsiňiz! Biziň bu ýerde näme ýazygymyz bar? — diýip, ýylçyrkelle seslendi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Wah, siziň ýazyksyzdygyňyzy men bilýän-le. Men sizi günäkärlemok, jenaplar. Meniň özüm şeýle pese gaçdym, hawa, özümi özüm şeýle güne saldym. Men jebrimem çekmeli, dogrudan hem çekmeli, men asyl zeýrenmeýärin.

— Ol nähili siz beýle pese düşýäňiz? Bir ýerden-ä düşmeli bolansyňyz?

— Siz meniň gepime ynanmarsyňyz… adamlar maňa hiç haçan ynanmaýarlar… ýok, besdir indi… gerek däl! Meniň eneden bolşumyň syry…
Siziň eneden bolşuňyzyň syry! Siz näme diýjek bolýarsyňyz?

— Jenaplar — diýip, ýaşyragy diýseň dabaraly gürläp ugrady —men size öz syrymy açaýyn, men size ynanýaryn? — Men gelip çykyşym boýunça — gersog!

Muny eşidip, Jim gözlerini petretdi: dogrusyny aýtsam, men hem petretdim. Ýylçyrkelle bolsa:

— Aý goýsaňyzlaň! Boljak gümany barmy! — diýdi.

— Hawa, hawa! Meniň babamyň kakasy Brijuoter gersogynyň uly ogly geçen asyryň aýaklarynda azatlygyň tämiz howasyndan dem almakçy bolup, Amerika gaçypdyr. Ol şol ýerde öýlenipdir we ýalnyz perzendini galdyryp ölüpdir; edil şol wagtrak onuň kakasam ölüpdir. Ölen gersogyň ikinji ogly tituly we mülki alypdyrda, hakyky mirasdar ýatdan çykyp galyberipdir. Men gös-göni gersogyň nesli — men kanuny gersog Brijuoterskiý, ynha indi bolsa men şu ýerde, ýalňyz, beýik atdan mahrum, adam barynyň gözünden düşdüm, gören ýigrenýär, eşigim elemebtat, özüm hor-homsy, ýürek-bagrym köýen, saldaky çem gelen žulik bilen dostlaşmaga mejbur.

Oňa Jimiň diýseň nebsi agyrdy, meniňkem agyrdy. Biz ony köşeşdirjek bolduk, emma ol munyňyzyň peýdasy ýok, meni köşeşdirmek mümkin däldir diýdi; ýöne özüni gersog hasaplamaga razy bolsak, bu onuň üçin ähli zatdan gymmat, hezil boljaklygyny aýtdy. Biz razy diýdik, ýöne nähili etmelidigini öwret diýdik. Ol siz maňa hemişe baş egip, ýüz tutup, adymy hem «siziň alyhezretiňiz», «milord» ýada «siziň merhemetiňiz» diýip tutuň diýdi, eger oňa ýöne «Brijuoter» diýsegem gaty görmejekdigini aýtdy, sebäbi ol meniň familiýam däl-de titulym diýdi, onsoňam biziň birimiz nahar wagtynda onuň eline iýer ýaly zat tutduryp oturmaly, garaz oňa nähili hyzmat diýse edibermeli.

Bularyň hemmesi hem kyn zat bolmansoň, biz razylaşdyk. Nahar wagty Jim aýak üstünde durup, gersoga hyzmat etdi we «Siziň alyhezretiňiz, ony halaýaňyzmy, muny?» diýip sorady, öňýetene belli zat, bu gersoga diýseň hoş ýakdy.

Oňa derek garry çişip ugrady, düýpden gepleşmesini goýdy, bu gersogly hysyrdylar onuň janyna ýakmaýan ýalydy. Onuň nämedir bir zady pikir edýänligi görnüp durdy. Ine onsoň nahardan birazrak soň ol:

— Näme diýseňizläň, gersog, elbetde, meniň size örän nebsim agyrýar, ýöne welin, beýle betbagtçylyga duçar bolan ýeke siz däl ahyryn — diýdi.

— Şeýlemi?

—- Hawa, ýeke siz däl. Takdyryň rehimsizlik bilen ýokardan taşlany ýeke siz däl.

Wah-eý!

— Hawa, aslyndaky syr ýeke sende del. Şeýdip, garry hem, walla, aglap başlady.

— Goýsaňyzlaň! Nädiberdiňiz?

— Gersog, siz meniň syrymy gizläp saklap bilersiňizmi? — diýip, garry şol zowladyp dur.

— Ölýänçem saklaryn! — Gersog garrynyň elinden tutup, ony gysdy we: — Hany, durmuşyňyzdaky syry maňa gürrüň berseňizläň — diýdi.

— Siziň alyhezretiňiz, men merhum şazada!

— Bu gezek welin Jim ikimizem gözümizi petretdik. Gersog bolsa:

— Siz… siz kimdirin diýdiňiz? — diýdi.

— Hawa, dostum, bu baryp ýatan hakykatdyr, siz häzir alnyňyzda Lýudowik Onaltynjy bilen Mariýa-Antuanettanyň dereksiz ýiten bagtygara ogluny, miras düşer şazadany görýärsiňiz.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sizmi! Şu ýaşyňyz bilenmi! Aý, ýok! Siz dogrudan hem merhum Beýik Karl , siziň ýaşyňyz azyndan alty ýüz ýa ýedi ýüzdür.

— Bularyň hemmesem betbagtlykdan, gersog, hemmesi betbagtlykdan! Bu saçlary çalardan, olary wagtyndan öň düşüren betbagtlyk ahyryn. Hawa, jentlmenler, siz öz alnyňyzda gök kendir geýnen bagtygarany, keseki ýurtlarda sergezdançylyk edip ýören, ähli adam tarapyndan ýigrenilýän, Fransiýanyň bolsa kanuny korolyny görýärsiňiz.

Şeýdip ol şeýle bir möňňürdi welin, Jim ikimiz näme etjegimizi bilmän, kelep ujuny ýitirdik durduk, oňa şeýle haýpymyz geldi. Öň gersogy köşeşdirişimiz ýaly, ony hem köşeşdirjek bolduk, emma ol munuň geregi ýok diýdi, bu hasratlaryň soňuna diňe ajal çykar, meni diňe şol köşeşdirer, ýogsam käte adyma görä gürleşilse, derdim ýeňlän ýaly hem bolýar diýdi: onuň öňünde dyza çöküp, oňa «siziň alyhezretiňiz» diýmeli, nahar salnyp berlende ilki şoňa salyp bermeli, tä rugsat berýänçe bolsa ýeriňde oturmaly däl.

Ine onsoň Jim ikimiz oňa «Siziň alyhezretiňiz» diýip başladyk, oňa bir gezek ony, bir gezek muny berdik we oturyberiň diýýänçä oturmadyk. Munuň oňa peýdasy degdi, basym düýpden keýpi açylyp, köşeşip gitdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Muňa derek gersog ondan gatyrgandy we görnüşi ýaly, işiň beýle bolup gutarmagyndan göwni hoş däldi; emma şonda-da korol onuň bilen dostlukly gürleşmesini goýmady we hatda kakasynyň gersogyň babasynyň kakasy, asyl ähli Brijuoterskiler barada oňat pikirde bolanlygyny, olary ýygy-ýygydan köşgüne çagyranlygyny gürrüň berdi; emma her niçik hem bolsa, gersog esli salym çişip oturdy, ahyr korol oňa:

— Gersog, biz bu salda esli wagtlap bile oturmaly bolaýjak ýaly, şonuň üçin siz öýkeläp oturyp nätjekdiňiz? Gaýtam erbet bolar. Gersog bolup dogulmanlygyma men günäkär däl ahyryn, korol bolup dogmanlygyňyza siz hem günäkär däl, şonuň üçin bozulyp oturyp nätjek? Hemişe pursatdan peýdalanyp, oňadrak ýerleşmek gerek, ynha meniň saňa aýtjak zadym, özümiň-hä edýänim şol. Biziň bu ýere düşmegimiz ýaman bolmady, iýmäge zat köp, ýaşaýyş diýeniň erkana. Besdir, gernog, alyň eliňizi, geliň ýaraşalyň.

Gersog oňa elini berdi, biz Jim ikimiz hem muňa örän begendik, ähli gowuşgynsyzlyk zym uçan ýaly boldy, ýükümiz ýeňledi gitdi, sebäbi salda sögüşmekden erbet zat ýok; salda ýüzüp barýarkaň iň esasy zat — ol hem bolsa hemmäniň birek-birekden göwni hoş bolmaly, sögüşmeli, gygyryşmaly däl.

Men bu ykmandalaryň gersog hem, korol hem däl-de, baryp ýatan aldawçylar, kezzaplardygyny örän basym aňşyrdym. Emma men olara hiç zat aýtmadym, asyl aňşyrýanlygymam bildirmedim, hemişe sesimi çykarman gezdim. Şundan gowusy ýok — şeýtseň duşmanyň hem bolmaýar, derdede uçramaýarsyň. Biziň koroldyr gersog diýenimizi isleýärler, goý, korol hem, gersog hem bolsa bolsunlar, diňe tersleşmeseler bolýar; bu hakda hat-da Jimede gürrüň berip oturmak gerek däldi, şonuň üçin hem men oňa hiç zat aýtmadym .
Kakamdan idili zat öwrenmedigem bolsam, özi ýaly adamlar bilen ylalaşykly bolmany öwrendim: iň gowusy olara azar bermeli däl, goý, näme edesleri gelse, edibersinler.

## XX bap

Olar bize dürli soraglar ýagdyryp başladylar, biziň saly näme üçin gizlänligimizi, gündizine ýoly dowam etdirmegiň deregine durýanlygymyzy çintgediler, belki, Jim gaçgakdyr diýdiler. Men olara:

— Eý hudaý! Heý-de gaçgak negr bolsa, ol günorta gidermi? — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olar gaçmajakdygy bilen razylaşdylar. Maňa bir ýol bilen sypmak gerekdi, şonuň üçinem men gürrüňe ýatdym:

— Meniň enem-atam Missurideki Paýk graflygynda ýaşaýardylar, men hem şol ýerde doguldym, emma özümden, kakamdan we doganym Aýkdan başgamyzyň ählisi öldi. Kakam ähli zady taşlap, Ben daýyňka ýaşamaga göçdi; onuň Täze Orleandan kyrk dört millikde, derýanyň aýagynda kiçijik fermasy bardy. Kakam düýpden gurpdan gaçdy, bergisi näçe diýseň üýşdi, ähli adamlar bilen hasaplaşyp çykanyndan soň, onuň ýanynda bary-ýogy on alty dollar bilen negrimiz Jim galdy. Bu pula hatda üçünji klas bilen hem bir müň dört ýüz mile aşyp boljak däldi. Emma birden derýa joşanda, kakamyňky getirdi duruberdi: ol ynha şu saly tutan ekeni, onsoň biz hem şoňa münüp, Orleana ugramagy ýüregimize düwdük. Emma kakamyň bagty uzaga çekmedi, salyň öň tarapy parohodyň aşagynda galdy, biziň ählimiz suwa urduk we tigriň aşagyna ýüzüp bardyk; biziň Jim ikimiz-ä, näme derrew ýüzüp çykdyk, pýan kakam, dört ýaşlyja jigim Aýk dagy bolsa şeýdip suwa gark boldular. Ine onsoň soňky iki gün biziň hysyrdymyz köp boldy, sebäbi biziň ýanymyza her hili adamlar gaýykly ýüzüp geldiler we elimden Jimi aljak boldular; bu gaçgak negr bolsa gerek diýşdiler. Indi biz gündizine gitdigiçe köp durýarys, gije bolsa bize degýän adam ýok.

Gersog:

— Meni öz ugruma goýuň, gerek bolsa, gündizine-de ýüzüp biler ýaly ýol tapaýyn. Men ähli barada göwnüme geňeşip, muny nätmelidigini bilerin. Bu günlükçe ähli zat öňki-öňküligine galybersin: biz, elbetde, gündizine şäheriň gyrasyndan ýüzmekçi bolamzok ahyryn, bize munuň üçin käýemekleri mümkin— diýdi.

Agşamlyk howa bulaşdy; ýagyş ýagaýjak ýaly etdi; ýyldyrym şöhleleri, aýyn bolmasa, asmanyň çetjagazynda ýylpyldaşýardylar, tupan turjaklygy görnüp durdy. Gersog bilen korol biziň çatmamyzy barlamaga, nähili ýorgan-düşeklerimiziň barlygyny görmäge ugradylar. Meniň duşekçämiň içine saman dykylgydy, Jimiňkiden dagy hem oňatdy: Ol mekgejöwen palajynyň ýonuşgasy dykylan düşekçede ýatýardy, mekgejöwen ýonuşgasy dykylan düşekçä bolsa hemişe mekgejöwen agajy düşýärdi we böwürleriňi erbet agyrdýardy; agdarynan halatlaryňda mekgejöwen samany şeýle bir şagyrdaýardy welin, edil gury ýapraklaryň üstünde togalanýan ýaly bolýarsyň we şagyrda nälaç oýanýarsyň. Şonuň üçin gersog meniň düşekçämi alarman boldy, emma korol oňa rugsat etmedi.

Ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Göwnüme bolmasa, meniň derejäm seniňkiden ulurak ýaly, muny özüň hem biläýmeli weli bileňok, şonuň üçinem ýonuşga dykylan düşekde ýatmak maňa laýyk däl. Ýonuşga dykylan düşekçäni goý siziň merhemetiňiz alaýsyn — diýdi.

Birden ýene tersleşäýseler diýip, Jim ikimiz ýene ünjä gitdik, emma şol halatda gersog şeý diýdi, biz hem muňa begenişdik.

— Despotizmiň demir dabanynyň astynda debisgilenmek meniň kysmatymda bar eken. Bagtym keç gelip, meniň öňki belentligimden zat galmady: alaweriň, men kaýyl, meniň ýazgydym şeýle eken. Bu dünýäde men ýeke, işim hem ömürboýy jepa çekip ýörmek; nädeýin, muňa-da çydajak bolaryn-da.

Garaňky gatlyşanyndan biz ýola düşdük. Korol bize derýanyň ortarasyndan ýüzmegi we tä şäheriň deňinden geçýänçäk çyra ýakmazlygy tabşyrdy. Basym biz bir topar ýylpyldy gördük, ol şol şäherdi, garaňkynyň içi bilen biz onuň duşundan sagaman geçdik. Ýene üç çerýek mil geçenimizden soň, biz signal panusymyzy asdyk, sagat onlarda bolsa ýel turup, jala geldi, gök güburdäp, dumly-duşdan ýyldyrym çakdy; korol biziň ikimize-de tupan sowulýança wahtada durmaly diýdi. Soň olaryň gersog ikisi çatma girip, ýatmaga gyşardylar. Ýarygijeden soň sakçylyk etmelidim, emma ýorgan-düşegim bolaýanda-da barybir ýatmazdym, sebäbi beýle apy-tupany her gün görüp-durup bolýarmy näme!

Baý, ýel boldy-ow! Minutsaýyn ýyldyrym çakyp, ýarym millik töwerekdäki ak köpük tolkunlar, ýagşyň derdinden çasly ýaly bolup oturan adalar, ýeliň zarbyna yranyşýan agaçlar görünýärdi. Soňra bolsa birden gübür-gübür edip gek gürrüldedi, sesi bütin asmany tutup, ýene ýatdy, soň ýene ýalp edip ýyldyrym çakdy, gök gürrüldedi. Tolkun meni tasdan telim gezek dagy saldan agdarypdy, emma men çuw ýalaňaç boldum, munuň meniň ýanymda weji ýokdy. Suwuň içindäki agaçlar barada-da aladalanarlyk iş ýokdy, sebäbi zol-zol ýyldyrym çakyp, dumlyduşumyzy ýagtylandyryp durdy, şonuň üçin biz suwdaky agaçlary birkemsiz görýärdik we salymyzy nire sowmaly bolsa sowup, olaryň duşundan aýlanyp geçmäge ýetişýärdik.

Biler bolsaňyz, men gije sakçylyk etmelidim, emma onýança meni uky bürüp başlady. Şonda Jim saňa derek gijäň ýarysyny özüm duraýaryn diýdi; muňa galanda Jim ägirtdi, söz ýokdy. Men çatma girdim, emma gersog bilen korol şeýle bir çäşerilişip ýatyrdylar, welin, gyşarara ýer ýokdy. Onsoň men ýagşa-zada baş galdyrman, çatmanyň öňünde gyşardym, howa maýyldy, tolkunlar hem öňki ýaly çyrpynyşyp duranokdy, Sagat ikileriň töwereginde ýene-de gymyl-çymyl bolup

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ugrapdyr, Jim meni oýatjak bolupdyr, ýöne, aý, tolkun beýle güýçli däl-le, ondan gorkar ýaly zat ýok-la diýip, oýatmasyny goý bolsun edipdir, emma ol ýalňyşypdyr, sebäbi birden güýçli tolkun gelip, meni saldan agdaryp urdy, Jim tas gülüp ýarylypdy. Ol diýseň gülekdi, şunuň ýaly negri men ömrüme gören däldirin.

Men garawulçylyk çekip başladym, Jim bolsa gyşardy-da uka gitdi; basym tupan hem ýatdy, onsoň men kenardaky tamjagazlardan ilkinji ýylpyldy görneninde, Jimi oýatdym, soňra onuň bilen salymyzy agşama çenli goýar ýaly gizlençek ýere eltdik.

Ertirlik edinenimizden soň, korol bir desse köne, kirli kart çykaryp, her oýna bäş sent goýup, gersog bilen oýnamaga oturdy. Oýundan irenlerinden soň bolsa, olar gürrüňlerine görä «kampaniýanyň planyny düzmäge» girişdiler. Gersog çemedanyna elini sokup, çap edilen bir petde afişajyk çykardy we olary bize sesli okap berip başlady. Afişalaryň birinde «Parižden gelen meşhur doktor Arman de Montalban pylan ýerde, pylan aýyň pylan gününde «Kelledäki çişler boýunça adamynyň häsiýetini nähili kesgitlemeli» diýen temadan leksiýa okajakdyr, giriş bileti on sentden we her gezekkisine ýigrimi bäş sent alyp geljegi aýtjakdyr» — diýlip ýazylypdyr. Gersog: şol doktor men bolmaly diýdi. Beýleki bir afişada bolsa ol «dünýäde meşhur tragik, Şekspiriň pýesala-ryny oýnaýan, Druri-Leýn atly London teatrynyň artisti Garrik Kiçi diýlip atlandyrylýardy. Galan afişalarda bolsa ol başga familiýalar bilen çykyş edip, dürli täsinlikleri görkezýärdi, mysal üçin, hoz çybygynyň kömegi bilen suwdur tylla tapýardy, jadylyk edýärdi. Ol bir salym dymyp duranyndan soň:

— Emma şeýle-de bolsa, men tragiki rollary oýnamany gowy görýärin. Siziň alyhezretiňiz, siz sahnada çykyş edip-hä gören dälsiňiz! —diýdi.

Korol:

— Ýok — diýip jogap berdi.

Gersog:

— Olar ýaly bolsa, öňki alyjenabyňyz, siz muny üç günden aňry geçirmän etmeli bolarsyňyz. Ilkinji amatly gören şäherimizde düşüp, biz bir zaly kireýine alarys we «Ri-çard Üçünjidäki» başa-baş söweşi, «Romeo Julettadan» balkondaky sahnany görkezeris. Siz muny niçik görýärsiňiz? — diýdi. — Men, elbetde, her bir düşewüntli işiň tarapdary, ýöne, biler bolsaňyz, meniň aktýorlykdan başym çykmaýar, asyl aktýorlary görmedim diýen ýaly. Kakam olary köşge çagyrýarka, men çaga ekenim. Siz onsoň muny maňa öwredip bilerin öýdýänizmi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýogsam näme! Mundan aňsat zat ýok.

— Olar ýaly bolsa bolýar. Öňräkden bäri elim gijäp dur, bir täze zady synap göräýsem kem göremok. Geliň häziriň özünde başlalyň.

Şol ýerde gersog oňa ähli gürrüň bermeli zatlary: Romeonyň kim bolanlygyny, Julýettanyň kim bolanlygyny gürrüň berdi, Romeonyň rolunda oýnamaga endik edenim üçin korol Julýetda bolmaly bolar diýip, ol soňra gurrüňiniň üstüni ýetirdi.

— Ýöne Julýetta ýaşajyk gyz bolsa, onuň kellesiniň ýylçyr, sakgalynyň çal bolmasy geňräk görünmezmikä?

— Aý, ýok. Siz munuň aladasyny etmäň — beýle zat oba paňkelleleriniň kellesine-de gelmez. Onsoňam siz aýal geýimini geýnersiňiz ahyryn, munuň bolsa ullakan tapawudy bar: Julýetta balkonda dur, ol ýatmazyndan öň aýa syn etmäge çykypdyr, ol ýatyş köýneginde, kellesinde bolsa etegi jähekli çepçik bar. Ynha bu bolsa şol rollar oýnalanda geýilýän geýimler.

Ol tutulyk çitden tikilen iki-üç sany geýim çykardy we bular Riçard III hem-de onuň duşmany üçin ortasyr geýimi diýdi, soň kolenkordan tikilen uzyn, ak ýatyş köýnegini we etegi jähekli çepçik çykardy. Korol ynjaldy. Şonda gersog kitabyny alyp, rollary örän agras, örän dabaraly ses bilen okap başlady; salyň üstünde bir eýläk, bir beýläk gatnap ýörşüne, ol nähili oýnamalydygyny görkezýärdi; soň ol kitaby korola berip, roly ýat tutmagy tabşyrdy.

Derýanyň tirsek berýän ýerinden üç mil töwerekleri aşak-da bir şäherjik otyrdy, nahardan soň gersog: men bir pirim tapdym, indi biz Jim barada howatyr edip durman, gündizine-de ýüzüp bileris; ýöne şähere baryp gelmeli, ony-muny taýýarlaşdyrmaly — diýdi. Korol hem bir amatly zat düşmezmikä diýip, şähere gidermen boldy. Biziň kofämiziň hemmesi gutarypdy, şonuň uçin Jim: menem şolar bilen gidip, kofe alyp geläýsem diýdi.

Biz şähere girenimizde, ol ýerdäki ähli zat edil ölen ýaly bolup gerünýärdi. Edil ýekşenbe ýaly, köçelerde janly-jemende ýokdy, gum-guklukdy. Biz zordan öýüň arkasynda oturan bir syrkaw negri tapdyk we ondan şäheriň syrkawlaryndan, garrylaryndan, çagalaryndan başgasynyň iki millikdäki tokaýa çokunmaga gidendiklerini bildik. Korol ol ýere nädip gitmelidigini sorady we bu ýygnanyşykdan alyp bilenini aljak bolaryn diýdi, meni hem öz ýanyna aldy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gersog tipografiýa barmalydyryn diýdi. Biz basym ony agaç ussahanasynyň üstündäki kiçijik jaýdan tapdyk — neçjardyr harp ýygnaýjylaryň bary gapylaryny hem gulplaman, çokunmaga giden ekenler.

Jaýyň içi hapa, gör-lähetden doly eken, diwaryň ýüzi agyn syýa tegmilleri, gaçgak negrler we satlyk ýabylar barada bildiriş bolup dur eken. Gersog penjegini çykardy-da, maňa indi gerek zat ýok —diýdi, Onsoň biz korol bilen çokunylýan ýere bakan ugradyk.

Biz ol ýere gara der bolup sagat ýarymda ýetdik, howa aýylganç yssydy. Ol ýere ähli okrugdan müň töwerekleri adam ýygnanan eken, olaryň köpüsi hem ýigrimi millik ýoldan gelipdirler.

Tokaýyň içi araba goşulgy we çem gelen ýerde iltelen ýabylardan doludy; olar torbalaryndaky süläni iýşip, siňeklerini goraşyp, aýaklaryny kakyşyp durdular. Gazyk dikilip, üsti çybyklar bilen basyrylan çadyrlarda imbir kökleri, limonad, üýşmek-üýşmek garpyz, mekgejöwen we beýleki gök ekinler satylýardy.

Wagyz-nesihat hem edil şular ýaly çadyrlarda okalýardy, ýöne olar ulurakdy we adamdan ýaňa hyryn-dykyndy. Ol ýerdäki oturgyçlar ýylmanmadyk tagtalardan ýasalandy, olarys aşaky, tegelek tarapy deşilip, oňa aýak ýerine taýak sokulgydy. Olaryň arka goýulýan ýeri ýokdy. Wagyz-nesihatçylar üçin her çadyrda uly seki bardy.

Aýallaryň kellesinde sypal şlýapalary bardy, käbirleri ýarym ýüň köýnekli, beýlekileri irimçik matadan tikilen köýnekli, has ýaşraklary bolsa çit köýneklidiler. Ýaş ýigitlerden aýakýalaňaç gelenleri-de bardy, çagalar jagylda-jugul bolşup, ýeke kendir köýnekli ylgaşyp ýördüler. Garry kempirler oduk-buduk örýärdiler, ýaşlar bolsa aşaklyk bilen göz gypyşýardylar.

Biziň giren ilkinji çadyrymyzda ündewçi sejde edip dur eken. Ol ilki iki setiri okap çykýardy, onsoň ony köplük bolup alyp göterýärdiler, bu diýseň dabaraly ýaňlanýardy, sebäbi ony şunça halk şeýle keýp bilen aýdýardy; soňra ol indiki iki setiri okaýardy, duranlar bolsa gaýtalaýardy. Çokunýanlar gaty gygyrýardylar, ahyrsoňy olaryň bir topary horkuldamaga, beýlekileri bolsa möňňürmäge durdular. Şol wagt ündewçi hem ündemäge durdy, özi-de dil ujundan däl-de, garaçyny bilen ündedi: ol ilki kafedranyň bir tarapyna soň hem beýleki tarapyna egildi, onsoň elleri bilen bütin göwresini hereketlendirip, her bir aýdýan sözüni bokurdagyna sygdygyntöwraty ýokaryk galdyryp, ony kä bu tarapa, kä ol tarapa aýlady we:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
«Ynha çölde mis ýylan dur! Oňa serediň-de, derdiňize derman ediniň!» diýip gygyrdy. Duranlar hem: «Edeniňe şükür! Oo-min!» diýşip jogap berdiler.

Onsoň ol yzyny ündemäge durdy, diňläp duranlaryň bolsa kimisi möňňürdi, kimisi aglady, kimisem «omin» diýdi.

— Toba edýänleriň oturgyjyna geliň! Günäli bendeler, geleweriň! (Omin!) Keselbentler, jepakeşler, geleweriň! (Omin!) Agsak-keýtikler, kör-şeller, geleweriň! (Omin!) Mätäçlik çekýänler, agyr sargydyň aşagyndan çykyp bilmän utanyp ýörenler, geleweriň (Omin!) Barça ýadawlar, ejir çekenler, kemsidilenler, geleweriň! Ruhdan düşenler, geleweriň! Ýüreklerinde dert galanlar, geleweriň! Günäsi ýuwulmadyklar, ýyrtyk juluňyzda geliberiň! Durlama suwy paglap geldi! Siziň öňüňizde uçma gapylary açyldy! Giriňde, ynjalyň! (Omin! Alliluiýa, alliluiýa, edeniňe şükür!).

Soňy hem şeýleräk, şuňa meňzeşräk geçdi.

Gykylyk-galmagallaryň, agy sesleriň derdinden ündewçiniň näme diýýänini eşider dagy eder ýaly däldi. Onda-munda adamlar ýerlerinden turşup, göz ýaş döküşip, ellerinde baryny edişip, toba edýänleriň oturgyjyna ýetjek bolýardylar; toba edýänler öňdäki oturgyçlarda jemlenenlerinde, olar aýdyma gygyryşyp, ses edişip, edil akyllaryndan aza-şan ýaly, samanyň üstüne ýüzin ýykylyşyp başladylar.

Men eýläme-beýläme garamakam, korol hem toba edýänlere goşuldy we hemmelerden gaty gygyrmaga durdy; soňra ol sekiniň üstüne çykdy. Ündewçi ondan halk bilen gürleşmegini haýyş etdi, ol hem razyçylyk berdi. Ol özüniň otuz ýyllap deňiz galtamany, deňiz garakçysy bolanlygyny, hindi okeanynda ýüzenligini, emma şu baharda öz şaýkasynyň ep-eslisiniň çaknyşykda öldürilenligini, ynha indi bolsa watanyna täze adamlar toplamaga gelenini, ýene, hudaýa şükür, öten agşam talanyp, jübüsi kör köpüksiz parohoddan düşürilip gidilenligini, özüniň hem muňa diýseň begenýänligini gürrüň berdi; özüne şundan gowusynyň ýoklugyny, sebäbi indi düýpden täze adam bolanlygyny we özüni ömründe ilkinji gezek bagtly saýýandygyny aýtdy; ol her näçe garybam bolsa, hindi okeanyna çykjak bolup, özüniň galan ömrüni deňiz galtamanlaryny düz ýola salmaga bagyş etjek bolup jan eder; bu onuň üçin beýlekilere garaňda has aňsat, sebäbi hindi okeanyndaky galtaman şaýkalaryny ol bäş barmagy ýaly bilýär, pulsuz ol ýere basym ýetip bilmesede, ol hökman şol ýere barar we her gezek deňiz galtamanyny ýola salanynda: «Munuň üçin maňa sag bol aýdyp oturmaň, men muňa mynasyp däl, bularyň baryny Pokwilliň rehimdar adamlary, adamzat

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ähliniň ýagşyzadalary, öz doganlarymyz etdiler, olaryň rehimdar ündewçileri bolsa her bir deňiz galtamanynyň wepaly dostudyr» diýip aýdar.

Şeý diýdi-de, ol gözünden boýur-boýur ýaş dökdi, onuň bilen bile beýleki adamlar hem aglaşdylar. Soňra kimdir biri:

— Geliň, muňa pul ýygnap bereliň, geliň—diýip gygyrdy. On adam töwerekleri ýerlerinden turup ugradylar, emma kimdir biri korola:

— Goý, ol şlýapasyny alyp, ähli duranlaryň arasyna özi aýlanyp çyksyn — diýip gygyrdy. Muňa ähli adam razy boldy, ündewçem razy boldy.

Ine onsoň korol şlýapasyny alyp, gözüniň ýaşyny süpürip, hatara aýlanmaga ugrady, uzak deňizdäki biçäre galtamanlara şeýle rehimdarlyk edýänlikleri üçin ol ýüzüniň ugruna ähli duranlara alkyş okady, minnetdarlyk bildirdi, öwüp taryplap çykdy, şonda iň oňat gyzlar, aýyn bolmasa, ýerlerinden turşup, gözlerinden ýaş döküşip, ony hiç bir bahanasyz, ýadygärlik üçin öpmeklige rugsat soradylar, ol bolsa muňa hemişe razylyk berdi, käbirlerinihä gujaklap, yzly-yzyna bäş-alty gezek ogşabam çykdy; hemmeler ondan öz şäherlerinde ýene-de bir hepdejik myhmançylykda bolmagyny haýyş etdiler, öýlerine nahara çagyrdylar, şeýdäýseň, uly hormat etdigiň bolardy diýişdiler, emma ol bolsa bu gün çokunma ýygnanyşygy gutarýan bolsa, kömegim degmez diýip jogap berdi, onsoňam Hindi okeanyna ýeterime we şol ýerde deňiz galtamanlaryny dogry ýola salaryma howlugyp durun diýdi.

Salyň ýanyna gaýdyp gelip, korol özüne düşen puly sanap başlanynda, ol segsen ýedi dollar ýetmiş bäş sent ýygnan ekeni. Onsoňam ol gaýdyşyn tokaýda arabaň aşagyndän tapan uç gallonlyk ullakan çüýşesini dolduryp, wiski alyp gaýtdy.

Korol bularyň hemmesini bir ýere goşsaň, onda ündew bilen bir günde hiç haçan beýle köp pul gazanmadym diýdi. Ol bu ýerde gürrüň edip oturasy zat ýok: çokunma ýygnanyşygyny yrmaly bolsa, butparazlar deňiz galtamanlarynyň ýanynda hiç zat — diýdi.

Korol gelmezinden öň, gersog hem hiç neneň gazanmaýan ýalydy, emma şondan soň ol öz pikirini üýtgetdi. Ol fermerler üçin ýaby satlygy barada iki sanyjak kiçijik bildirişi tipografiýada ýygnap çap etdi we puluny — dört dollary kabul etdi. Mundan başga ol gazet üçin hem on dollarlyk bildiriş kabul etdi we eger öňünden töleseňiz, olary dört dollara çap edip bereýin diýdi, olar razy boldular. Gazete abuna ýazyljak bolsaň, ýylda iki dollar gerekdi, ol bolsa üç abunaçydan bahasyny

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öň tölemek şerti bilen ýarym dollardan aldy; abunaçylar hemişeki edişleri ýaly, pul ýerine odundyr, sogan bermekçi boldular, emma gersog tipografiýany ýap-ýaňyja satyn aldym, bahalaram arzanladyp bildigimçe arzanlatdym, indi bolsa her bir eden işimi nagt pula etmekçi diýdi. Ol ýene öz düzen, öz kellesinden çykaryp düzen üç bent gaýgyly we gynançly goşgusyny hem ýygnady, goşgy şeýleräk başlanýardy: «Sowuk jahan, sen meniň näsag ýüregimi weýrany kyl» — hawa, muny ýygnadyda, olara çap edibermeli nabory goýdy, emma onuň üçin hiç zat almady. Ynha şeýlelikde ol bularyň hemmesi üçin dokuz ýarym dollar gazandy we olaryň hatyrasy- üçin uzynly günläp dere batmaly boldum diýdi. Soňra ol bize başga bir kiçijik bildiriş görkezdi, ol şol bildiriş üçin hiç zat almady, sebäbi ol ony bize diýip çap eden ekeni. Suratyň ýüzünde egnindäki taýagynyň ujuna düwünçek gysdyrylgy bir gaçgak negr çekilipdir, aşagynda bolsa: «200 dollar baýragy bar» diýlip ýazylypdyr. Soň bolsa Jim barada gürrüň berlipdir, onuň nokatma-nokat ähli salgysy berlipdir. Onda ol geçen gyş Täze Orleandan kyrk milräkde ýerleşen SentJok plantasiýasyndan gaçdy, özi hem Demirgazyga gaçdy, kimde-kim şony tutup, yzyna äkelse, ol goýlan baýragy aljakdyr we çykaran çykdajysy tölenjekdir diýlip aýdylýardy.

— Ine görýärmiň, indi gerek bolsa, biz gündizine-de ýüzüp biljek. Eger biriniň ýakynlaşýanlygyny göräýsek, biz şo bada ýüp bilen Jimiň el-aýaklaryny baglap, ony çatma salyp goýarys we ynha şu bildirişi gerkezip, biz muny derýanyň sakasyndan tutduk, indi bolsa parohoda berer ýaly pulumyz bolmansoň, tanyşlyk bilen şu saly kireýine tutduk, indi hem goýlan baýragy almaga barýarys diýeris. Jimiň el-aýagy gandally bolsa, has hem gowy bolardy welin, biziň bu garyplygymyzda bu edil altyndyr kumüş ýaly bize ýetdirjek zat däl. Iýene ýüň welin bize tüýs gerek zat-da: bizde sahnada aýdylyşy ýaly, stili saklamak gerek — diýip, gersog aýtdy.

Biziň hemmämiz gersog örän mekir oýlap tapypdyr, indi biz gündizine hem hiç hili päsgelçiliksiz gidip bileris diýişdik. Gersogyň tipografiýadaky işinden soň, bu şäherjikde turjak topalaňdan ara açar ýaly, biz bu gije esli geçip biljekdik; şondan soň bolsa biz gizlenmäli diýsek gizlenmän hem biljekdik.

Biz bukulyp, agşam sagat ona çenli bir oturan ýerimizde oturdyk, soň bolsa ýuwaş-ýuwaşdan küreкläp, derýanyň ortasy bilen şäherden arany açyp başladyk, tä şäher gözden ýitýäňçä hem panusymyzy asmadyk.

Jim ertir sagat dörtlerde meni garawulçylyk çekmäge oýadanda:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gek, ýolda bize ýene-de. korollar duşarmyka, sen nähili pikir edýärsiň? — diýip sorady.

— Ýok… Duşmazmyka diýýärin.

— Aý, olar ýaly bolsa bolýar-la. Biri-ikisi bolsa ýene ýagşy, bular bize daşy bilen hem ýeterlik. Ol petek ýaly şalkyldap, hemişe pýan, gersog hem ýagşy — diýdi.

Görüp otursam, Jim fransuzça geplenende nähili bolýanlygyny biljek bolup, gersogdan fransuzça bir zat diýmegini haýyş edipdir, gersog bolsa bireýýämden bäri Amerikada ýaşamsoň we görgi baryny göremsoň, fransuz dilini düýpden unudaýypdyrn diýipdir.

## XXI bap

Gün eýýäm dogupdy, emma biz şo ýüzüşimize ýüzüp barýardyk; kesesinden düşlemek üçinem saklanmaýardyk.

Basym humarlygyň derdinden ýüzlerini turşardyp, ajadyp korol bilen gersog hem turdy, emma olar suwa çümüp, düşünip bolanlaryndan soň, ýagdaýlary has ýeňilleşdi.

Ertirlik naharyndan soň, korol salyň gyrasynda oturyp köwşüni çykardy, balagyny dyzyna çenli çermedi, salkynlajak bolup aýagyny suwa sallady we çilimini çekip, «Romeo we Julýettany» ýat tutup başlady. Ol öz roluny ykjam ýat belläninden soň, olaryň gersog ikisi bilelikde repetisiýa geçirip ugrady. Gersog korola öwredýärdi we oňa her replikany gaýtaladýardy, ah çekdirýärdi, elini döşüniň üstünde goýdurýardy we ahyrsoňunda hem hiç neneň bolanok diýýärdi. «Ýöne welin «Romeo!» diýeniňizde, öküz ýaly gygyrmasyz nähak; siz ynha şeýdip» Ro-omeo!» diýip, mylaýymja, ýadawsyz aýtmaly. Sebäbi Julýetta çaga ýaly ümsüm we näzik gyz, ol eşek ýaly aňňyranok ahyryn» diýdi.

Onsoň olar gersogyň dub agajyndan ýonup ýasan iki sany uzyn gylyjyny çykardylar we başa-baş söweşiň repetisiýasyny geçirip ugradylar, gersog men Riçard III boljak diýdi, dogrudan hem olaryň salyň üstünde aýaklaryny tapyrdadyşlaryny, bir-birleriniň üstüne topulyşlaryny göreniňe degýärdi.

Basym korol yza çekilip, suwa ýykyldy; şondan soň olar dynçlaryny aldylar we şu derýada bir wagtky gören-eşidenleri barada bir-birine gürrüň berip başladylar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Günorta naharyndan soň gersog:

— Kapet diýýän-ä, biziň oýnumyz diýseň gowy bolarmyka diýýän, şonuň üçin oňa näme-de bolsa bir zatjagaz goşmalymykak diýýän. Ätiýaçdan «bis» diýleninde görkezer ýaly bir zatjagaz taýýarlamaly — diýdi.

— Ol «bis» diýýäniň näme? Gersog oňa düşündirdi, soňra bolsa:

— Men «bis» diýleninde şotland ýa matros plýaskasyny ýerine ýetirerin, siz bolsaňyz… duruň, pikir edip göreýin… A-ha, şeýdäýeli!.. Siz Gamletiň monologyny okarsyňyz — diýdi.

— Nämäniň, «Gamletiň?»

— Gamletiň monology-da! Nädip düşündirsemkäm. Şekspiriň iň atly ýeridä, örän zor, örän zor zat! Hemişe tomaşaçylary aňk edýär. Ol meniň kitabymda ýok, mendäki bary-ýogy ýekeje tom, ýöne men ony ýatdanam aýdyp berip bilermikäm diýýärin. Salyň üstünde birneme gezmeläp, synanyp göreýin, ol setirleri ýada düşürip bolmazmyka…

Şeý diýdi-de, ol gaşlaryny çytyp, salyň, üstünde iki ýana gezmeläp ugrady, ol kä gaşyny galdyryp, kä-te elini maňlaýyna eltdi, iňňildäp yza serpikdi, kä uludan demini alyp, kä-te göz ýaş dökdi.

Oňa seretdigiňçe seredesiň gelýärdi.
Ahyrsoňy ol ählisini ýadyna saldy we bizi diňlemäge çagyrdy. Şu ýerde ol diýseň abşaryp, bir aýagyny öňe uzadyp, elini ýokaryk galdyryp, kellesini gaýşardyp, dik asmana bakyp, zowladyp ugrady: ol hem dişlerini gyjyrdadýardy, hem uwlaýardy, hem döşüne kakýardy, hem deklamasiýa okaýardy, gepiň kelte ýeri, meniň şu çaka çenli gören artistlerimiň hemmesi onuň basan yzyna-da degmeýärdi.

Ynha ol monolog. Gersog monology korola telim ýola gaýtalap berensoň, men ony dessine ýat tutdym:

Bolmalymy-bolmasyz, ynha işiň kyn ýeri,

Dunsinana gidinçä Birnamyň tokaýlary

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Şeýle jebri-jepaga döz gelip ýörmelimi?

Ýa-da külpete garşy şaýlanyp durmalymy?

Makbet haram edipmiş, bir bigünä ukyny

Şoň üçinem belanyň aňsat gelenok soňy.

Tabyda girip, dostlar, ölüp-ýitip gidenden

Bu ýalançy jahanda jepa çeken ýagşydyr,

Oýararsyň Dunkany: Goý oýansa oýansyn.

Eýsem jahan kinesin, jahan gahar-gazabyn.

Tiranlaň gedemligin, güýçlüleriň minnetin

Kim döz gelip, kim çydap, çekip ýörer öýdýäň.

Öz-özünden jan girip, gije açylsa gubur,

Giden gaýdyp gelmeýän, şeýle atsyz-sorsuz ýurt,

Laýyk saýyp özüne, girýär ýas lybasyna

Oý-pikiriň derdinden töwekgellik çyragy

Öçüp-sönüp, şöhlesi bir tüýsli ýitip gidýär.

Jaýlaň üstüne üýşen lemmer-lemmer bulut hem

Nakyldaky pişik dek, kem-kem süýşüp gidýär.

Dirileriň takdyry… Ynha, şeýdip gutarmak

Bu bolsa degýär seniň arzuw-höwes edeniňe

Ölmek diýmek, bilseňiz, uka gitmek diýmekdir.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Wah, eziz Ofeliýa! Wah, meniň perim,

Tämiz ýüregiňi bire bagla-da,

Monastyra gir.

Ýöne welin garry muny halady, ol ony derrew ýat belledi we şeýle bir okap başlady welin, ondan oňadyny höwes hem eder ýaly däldi. Ol ýörite şonuň üçin doglan ýalydy, ol ykjam türgenleşip, kellesi geçende, ony ýöne keýpine synlap oturmalydy: ol deklamasiýa okanynda, şeýle bir gazaba münýärdi welin, aýdyp diýer ýaly däldi.

Ilkinji gezek çemi gelende, gersog teatr afişalaryny çap etdi, şondan soň salymyzyň üsti iki-üç günläp baş-başdaklyk, bulam-dölemlik boldy, gersogyň aýdyşy ýaly, elleri sypynsa, repetisiýa etdiler, gylyçlaşdylar.

Bir gezek ir bilen Arkanzas ştatynyň iň jümmüşine aralaşanymyzda, birden öňümizde, giň güzeriň kenarynda bir köneje şäher göründi. Oňa bir miliň dörtden üçüsi çemeleri ýetmän durup, salymyzy derýanyň guýýan, serwi agaçlarynyň gür biten we tonnele meňzäp duran ýerinde gizledik! Biziň Jimden özgämiz gaýyga münüp, spektaklymyzy goýar ýaly ýer ýokmuka, göreliň diýşip, şähere ugradyk.

Biziňki jüpüne düşäýdi: biziň gelen günümiz şähere sirk gelipdirde, oňa obalardan adam bary üýşüp ugrapdyr, atly geleni haýsy, jygyldap duran arabaly geleni haýsy. Sirk agşama çenli gitmelidi, şonuň üçin biziň görkezjek oýnumyz aýny wagtyna düşjekdi, keýp edilip serediljekdi.

Gersog suduň zalyny kireýine aldy we biz afişalary ýelmeşdirmäge gitdik. Ynha olardaky ýazylan zatlar:

ŞEKSPIRIŇ TÄZEDEN DIKELDILMESI!!!

AJAÝÝP TOMAŞA!

D i ň e ý e k e j e s p e k t a k l !

Londondaky Druri-Leýn Teatryndan gelen Dewid G a r r ik K içisi we Korollyk

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Teatryndan gelen Edmuid Kin Ulusy. Uaýtçepel, Pudding-Leýn, Pikkadilli, London hem-de Ýewropadaky Korollyk teatryndan gelen meşhur tragikler ŞEKSPIRIŇ deňi-taýy bolmadyk:

«ROMEO WE JULÝETTASYNDAN»
BALKONDAKY SAHNA
ATLY

SPEKTAKLDA ÇYKYŞ ETJEKLER

Romeo mister G a r r i k

Juliýetta misger Kin

Truppanyň hemmesiniň gatnaşmagynda! Kostýumlar täze, bezegler täze, oýnuň goýluşy täze!

Şeýle hem

«Riçard III-den»

aňk ediji, deňsiz-taýsyz we galpylda getirýän

BAŞA-BAŞ GYLYÇLAŞMA!

Riçard III mister Garrik

Riçmond mister Kin

Şeýle hem

(Märekäniň haýyş etmegi boýunça)
GAMLETDEN

ÖLMEZ-ÝITMEZ MONOLOG!!!

MEŞHUR KINIŇ

ýerine ýetirmeginde!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Parižde 300 gezek goýlan!

Dpse ýekeže spektakl!

Ýewropa gastrola ugraýanlygy mynasybetli!

Girnş bahasy 25 sent; çagalar we hyzmatkärler üçin 10 sent.

Biz şähere aýlanmaga gitdik. Bu ýerdäki dükanlaryň, jaýlaryň ählisi köne, gurap giden agaç jaýlardy, özleri hem atam eýýamyndan bäri reňklenmedikdi. Olaryň hemmesi çala mydar bolşup durdy. Jaýlar derýa joşanda, suw almaz ýaly, ýerden üç-dört fut ýokarda agaç aýaklaryň üstünde duran ýaly bolşup durdular jaýlaryň ýanynda bagjagazlary hem bardy, emma ol baglarda durmandyr günebakardan başga gögerip oturan zat ýokdy, onsoňam üýşmek külüň üstünde ýyrtyk ädikler, köwüşler, döwük çüýşeler, letdeler, ýemşik-ýemşik bolan posly galaýylar çaşyşyp ýatyrdy, haýatlar hem bir-biriniň üstüne kakylan ululy-kiçili tagtalardan edilipdir; bu haýatlar dumly-duşa gyşaryşyp durdy, ondaky gapy hem bir petlede mydar edýärdi, ol teletinden edilen petledi. Tagtalaryň agardylan ýerleri hem bardy, gersog aýtmyşlaýyn, olar bireýpäm, belkn, Kolumb döwrunde. aklanan bolara çemeli. Adatça, baglarda doňuzlar enteşip ýördi, hojaýynlar bolsa olary bagdan kowýardylar.

Şäheriň ähli dükanlary bir köçäň ugruna düzülipdirler. Olaryň üstünde purokagazlara berkidip kenep bassyrmalar edipdirler, obadan gelýän alyjylar hem ýabylaryny şol pürsjagazlara ilteýärdiler. Bu ýerli ýaltalar uzynly günlerini şu bassyrmalaryň aşagynda boş ýaşşikleriň üstünde oturyp geçirýärdiler, Barlou firmasynyň goýberýän çakgysy bilen olar çybyklaryň ujuny çişleýärdiler, ýene-de temmäki çeýneýärdiler, pallaşýardylar, gernişýärdiler, dogrusyny aýtsaň, bu adamlar tüýs bir pekge adamlardy, Olaryň hemmesiniň kellesinde tas saýawan ýalyrak sary sypal şlýapalary bardy, muňa derek sýurtukdyr jiletleri ýokdy, birbirleriniň atlaryny tutanlarynda ýöne: Bill, Bak, Henk, Jo we Endi diýşip tutaýýardylar, gürlänlerinde göwünli-göwünsiz, süýkdürip gürleýärdiler, sögünçsiz hem oňup bilmeýärdiler, her pürsjagaza diýen ýaly bir ýalta ýaplanyp, ellerini jübülerine sokup durdy; ol ýerden elini lise gaşanmaly ýa birine çeýnär ýaly temmäki bermeli bolanda çykarýardy. Aýyn bolmasa:

— Henk, maňa temmäki berseňe!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Berip biljek däl, özüme-de bir çeýnärlik galdy. Billden dile — diýen ýaly sözler eşidilýärdi.

Belki, Bill berse-de beräýer, ýöne welin temmäkim ýok diýip aldasa-da aldaýar. Kör köpügi, hatda bir çekim temmäkisi bolmadyk ýaltalar hem bolýar ahyryn. Bular ýaly ýaltalar, karz alşyp gün görýärler, ýogsam temmäki olaryň duýşlerinede girjek däl. Ýalta, adatça, dostuna:

— Jek, sen maňa bir azrak temmäki bersene, iň soňky çeýnemligimi ýaňy Ben Tompsona beräýdim—diýýär.

Özi hem hemişe diýen ýaly ýalan sözleýär; beýle tora diňe samsyklar düşýär, Jek bolsa şu ýerli adam, şonuň üçin ol:

— Senmi oňa temmäki beren? Aý ýog-a? Oňa temmäkini sen däl-de, pişigiň mamasy berdi. Leýf Bakner, sen menden öňki alanjaňy bir ber, men onsoň saňa iki tonna diýseňem karz bereýin, dil hat hem almaýyn — diýip jogap berýär.

— Wiý, men saňa bir gezek bergimi berdim ahyryn.

— Hawa, beripdiň, alty çeýnemligräk. Alaňda-ha sen oňadyny alypdyň, bereňde bolsa erbedini berýäň.

Satyn alma temmäki diýilýäni tagta ýaly edilip ýepbeşlenen temmäkidi, emma bu oglanlar köplenç turbajyk edilip towlanan ýönekeý ýaprak temmäkisini çeýneýärdiler. Olar karzyna temmäki alanlarynda, pyçak bilen kesip alman, petdesi bilen alýardylar we dişleriniň arasyna salyp, gemrip ugraýardylar, şol wagtyň özünde hem elleri bilen petdäni tä iki bölýänçäler ýyrtyşdyrýarlar; onsoň petdäniň eýesi özüne gaýtarylyp berlen galypda naýynjar seredýär-de, kinaýaly:

— Näme diýsene: sen maňa çeýnemiňi ber-de, petdäni özüň alaý — diýýärdi.

Şäherdäki köçeleriň, pereuloklaryň ählisi duruşlary bilen batgady, garaýag ýaly gap-gara bolup ýatan batgadan başga ol ýerde hiç zat ýokdy, käýerlerde batganyň çuňlugy bir futdan az däldi, onsoň beýleki ýerleriň hem çuňlugy hökman iki-üç dýuma çykjakdy. Onuň niresini görseň doňuzlar horkuldaşyp ýatyrdylar. Görseň üsti-başy garagäz bir doňuz özüniň jojuklary bilen köçeden göwünli-göwünsiz ýöräp gelýär we edil ýoluň ortasynda palçyldap, özüni laýa göýberýär, onsoň adamlar onuň daşyndan aýlanyp geçmeli bolýarlar, soňra ol uzyn düşüp, gözüni

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
süzüp, gulaklaryny gyrpyldadyp ýatyr, jojuklary bolsa aldygyna emýärler, doňzuň daşyndan göräýmäge özünden göwni hoş, edil munuň üçin özüne aýlyk tölenýän ýaly. Ýalta bolsa oslaman durkaň gelip, bokurdagyna sygdygyndan:

— Eý, köpek! Bas ony, bas — diýip gygyrýar.

Doňuz çirkin gygyryp, gaçyp ugraýar, iki-üç sany it bolsa yzyndan ýetip, onuň gulaklaryny çekeleýär, yzdan ýene üç-dört sany daýaw it ýetip gelýär; şonda ýaltalaryň hemmesi ýerlerinden turşup, tä itler gözden ýitýänçä, olaryň yzlaryndan seredip durýarlar; olaryň gülküleri tutýar, şeýle gopgunyň turanlygyna olaryň göwni hoş. Onsoň olar ýene ýerlerinde oturýarlar we tä itler urşup başlaýança ýerlerinden gozganmaýarlar. Ykmanda gürjini skipidar bilen suwap otlamak ýa-da tä surnugyp ýykylýança iki ýana at salar ýaly, onuň guýrugyna galaýy gapyrjak daňmak diýmeseň, olara itleriň urşy ýaly keýp berýän, itleriň urşy ýaly gyzykly zat ýokdy.

Derýaň boýundaky žaýjagazlaryň käbirleri gaýanyň gyrasynda ýöne bir salnaýypdyrlar. Olaryň hemmesi gyşykmy-da-çaýşykdy, hä diýmän suwa gaýdaýjak ýalydy. Olaryň eýeleri bireýýäm geçüp gidipdirler. Käbir jaýlaryň burçy bolsa opurylyp, şol burç asmanda asyl-asyl bolup durdy.

Şol jaýlarda entek ýaşalýardy, emma welin bu diýseň howpludy: käte bir tamyň tutup duran ýeri ýaly ýer birbada süýşüp gidýärdi. Şeýle bolýan wagty-da bolýardy: kenaryň bir çärýek mil çemeleri zolagy çöküp başlaýardy, ol tä tomusda derýa gapgarylýança çökmesini bes etmeýärdi. Bu şäher ýaly şäher hemişe yza tesmeli bolýardy, sebäbi derýa ony hemişe ýylmap durýardy.

Günortana golaýlaşdygyňça köçelerdäki arabalar, ýabylar kepelýärdi. Maşgalaly adamlar öz ýanlary bilen obadan nahar alyp gelip, şu ýerde, arabaň üstünde iýip otyrdylar. Wiski-de birneme içilipdi, onsoň men üç gezek uruş bolanyny gördüm. Birden kimdir biri:

— Hanha garry Bogs gelýär! Ol garnyny otarmak üçin hemişe aýda bir gezek obadan gelýär. Halha ol, oglanlar — diýip gygyryp goýberdi.

Ýaltalaryň begenişýändikleri görnüp durdy; men olar bu Bogsy oýnamaga endik edendirler diýip pikir etdim. Olaryň biri:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bu gün ol kimi ýenjip, un ýaly etjekkä? Eger ol soňky ýigrimi ýylyň içinde ýençmekçi bolan adamlarynyň ählisini ýenjip çykan bolsa, onuň dabarasy dag aşardy — diýip seslendi.

Başga biri bolsa:
— Garry Bogs maňa haýbat ataýman, şonda meň özümiň ýene müň dagy ýaşajagymy bilerdim — diýdi.

Şol wagt bu Bogs diýilýäni edil hindi ýaly agy-zenzele edip, duşumyzdan atly geçip gitdi we:

— Güm boluň ýolumdan! Men harby ýodajykda durun, basym tabytlar hem gymmatlar — diýdi.

Ol lüt pýandy, eýeriň üstünde-de zordan saklanýardy; göräýmäge onuň ýaşy elliden agandy, ýüzi bolsa jozzuk ýalydy. Duranlaryň hemmesi onuň üstünden gülüşdiler, oňa bir zatlar, bir zatlar diýşip gygyryşdylar, öjükdirdiler, ol bolsa sögünip, siziň hem nobatyňyz geler, şonda görerin, häzir bolsa wagtym ýok diýdi. Men şähere polkownik Şerborny öldürmäge geldim, şygarym hem: «Ilki işiňi bitir, bolar-bolgusyz zatlara bolsa soň baş galdyr» diýdi.

Maňa gözi düşüp, ol ýanyma geldi we:

— Sen nireden gelen, oglan? Ajala taýýarlandyňmy ýa ýok? — diýip sorady.

Soňra ýoluny dowam etdirdi. Men birbada gorkdum, ýöne kimdir biri:

— Aý ýaňrar durar-da, içen wagty ol elmydama şeýle. Arkanzasyň baryp ýatan akmagy, ýöne yzgytsyz däl: pýan bolsun, sag bolsun, adam göwnüne degjek gümany ýok — diýdi.

Bogs şäher dükanlarynyň iň ulusynyň ýanyna atyny sürüp bardy we bassyrmaň aşagyna seredip:

— Şerborn; bäri çyk! Çyk, kezzabyň biri kezzap, ýüzbe-ýüz bolaly — diýip gygyrdy.

Şeýdip gyzyberdi: Şerborna agzyndan gelenini sökdi, diýip bilenini diýdi, ähli köçe durup syn etdi, güldi we ony has hem öjükdirdi. Dükandan elli bäş ýaş

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
töwerekleri, özüne göwni ýetýän bir adam çykdy, onuň geýinşi-zat edişi gaty gowudy, şäherdäkileriň hemmesinden oňat geýnüwlidi, märeke öňünden sowuldy, oňa ýol berdi. Ol Bogsa diýseň arkaýynlyk bilen, sözlerine hem dyngy berip:

— Bu meniň halys ýüregime düşdi, emma men sagat bire çenli çydap gezjekdirin. Sagat bire çenli, eşidip goýuň, ýöne ondan köp çydajak däldirin. Eger siz şondan soň hem maňa sögäýseňiz, onda sizi her ýerde bolsaňyz hem taparyn — diýdi,

Soň ol yzyna öwrülip, dükana tarap ýöräp gitdi. Görnüşi ýaly, märeke bada-bat özüne geldi: hiç kim gymyldamady, gülki sesi hem tapba ýatdy. Bogs köçeden atyny ýöredip geçdi, özi bolsa ýetişibildiginden Şerborna sökdi, ýöne ýene basym yzyna gaýdyp geldi, dükanyň öňünde aýak çekdi, özi bolsa şol sögünip dur. Onuň daşyna adam bary üýşüp, ony köşeşdirjek boldular, emma ol köşeşmedi, oňa eýýäm onbäş minuty kem sagat bir boldy, sen iň gowusy öýüňe gaýt, onda-da çaltrak gaýt diýdiler. Emma bu peýda etmedi. Ol şol sögünip durşuna, şlýapasyny laýa bulap urdy we atyny şonuň üstünden sürdi, soňra köçe bilen atyny ýüzin saldyrdy, şonda atyň çal ýaly hem ülpüldep gitdi. Başaryp bilen ony atyndan düşürip, pýanlygyndan açylar ýaly jaýa salyp gulplap goýjak boldy, emma mundan hem hiç zat çykmady — ol ýene köçe bilen atyny çapdyryp, ýeke Şerborna sökdi. Ahyrsoňy kimdir biri:

— Baryň onuň gyzyny alyp geliň! Basymrak alyp geliň! Käte munuň şoňa gulak asaýýan wagty hem bolýar. Eger ony adam köşeşdirse, şol gyz köşeşdirer — diýdi.

Kimdir biri ylgap gitdi. Men köçe bilen birneme ýöräp aýak çekdim. Bäş-on minutdan ýeke Bogs peýda boldy, emma indi ol atly däl-de, pyýada. Ol köçe bilen başy açyk entäp gelýär. iki sany dosty bolsa elinden tutup, ony öňe südürleýär. Ol ýuwaşapdyr, özi-de howsalalydy; ol aýagyny diräp durmakdan-a geçen, gaýtam, öz-özüni südürläp gelýän ýalydy. Birden biri: «Bogs!» diýip gygyrdy.

Men bu gygyranyň kimdigini biljek bolup, yzyma gaňrylyp seretdim, görsem, ol şol polkownik Şerborn ekeni. Ol köçäň ortarasynda gymyldamam durdy, elinde bolsa gulaklary gaýtarylan goşa pistoleti bardy. — Ol çenenmeýärdi-de, nilini ýokaryk tutup durdy: edil şol wagtyň özünde hem men bize tarap ylgap gelýen ýaşajyk gyzy gördum. Bogs bilen dostlary gygyranyň kimdigini biljek bolşun, yzlaryia gaňryldylar, pistolete gözleri düşen badyna dostlaryň ikiside böküp beýläk düşdüler, pistolet bolsa kem-kemden aşaklap, gulaklary gaýtarylgylygyna nilleri nyşana gönükdi. Bogs iki elinide ýokaryk galdyryp:

— Eý hudaý-ýeý! Atmaweriň-eý!— diýip gygyrdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Tark! — edip, bir gezek atyldy, Bogs ellerini kelemenledip, entirekläp gitdi. Tark — edip, ikinji gezek hem atyldy, Bogs elini serip, tagaşyksyz gürpülläp gaýtdy. Ýaş gyz çir-kin gygyryp, kakasyna okduryldy we ses edip hem-de:

— Ol muny öldürdi-öldürdi-le! — diýip gygyryp, özüni meýidiň üstüne oklady.

Märeke olaryň daşyna öwrülişdi, adamlar iteleşip, gysylyşyp, hemmesini oňadrak görjek bolşup boýunlaryny uzatdylar, halkaň içinde duranlar bolsa olaryň döşlerinden itekleşip:

— Çekiliň! Çekiliň! Bolmasa, ol demini hem alyp bilenok — diýip gygyryşdylar.

Polkownik Şerborn pistoletini ýere taşlady-da, öz ugruna ýöräp gitdi.

Bogsy kiçijik dermanhana göterip äkitdiler; märeke onuň daşynda hümer berýärdi, ähli şäher onuň yzyna düşüp barýar-dy. Men hem öňe sümlüp geçip, jaýyň içine sereder ýaly äpişgäniň öňünden, Bogsuň ýanyndan oňat ýer tutdum. Ony ýerde goýdular, kellesiniň aşagyna küti töwrady goýdular, başga bir töwrady hem açyp, onuň döşüniň üstünde goýdular, emma ilki onuň köýneginiň ilikleriniň ýazdyrdylar, men bir okuň degen ýerini gördüm. Ol on gezek dagy demini aldy, döşündäki töwrat bolsa ol demini alanda ýokaryk galyp, demini goýbereninde hem aşak gaýdýardy, soňra Bogs ümsüm ýatdy, öldi. Şonda ondan gyzyny aýyrdylar, gyz şol möňňürip aglap ýatyrdy, soň gyzy alyp gitdiler, ol on alty ýaşlaryndaky ýuwaşja, ümsümje, emma gorkusyna ýüzi çym ak bolan gyzdy.

Onsoň bu ýere basym iteleşip-çomalaşyp, aýnaň ýanyna ýetip, öldüreleniň meýidini görjek bolşup bütin şäher geldi, emma öňräkden ýer bellänler olara ýerlerini bermediler… Ýogsa yzlaryndaky duranlar hemişe:

— Besdir-dä, gördüňiz ahyryn. Munyňyz adalatlylyk däl! Dogrudanam, hemişe bir duran ýeriňizde durup, beýlekilere görkezmeýäiligiňiz gowy däl! Beýlekileriň” hem sizden az göresleri gelenok ahyryn — diýşip gygyryşýardylar.

Olar sögüşip başladylar, men bolsam birden bir zat turaýmasyn diýip, garamy saýlamany ýüregime düwdüm. Köçe adamdan ýaňa dos-doludy, özi hem hemmeler howsalalydylar. Polkowigiň atanyny görenleriň bary wakanyň nähili bolanyny gürrüň berýärdiler; şeýle gürrüňçiň hersiniň ýanyna bir toparadam üýşüp, boýunlaryny süýndürişip, onuň gürrüňini diňleýärdiler. Uzyn saçly, ullakan telpegi ýeňsesine süýşü-rilen uzynak, arryk bir adam egri tutawaçly hassasy bilen Bogsuň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
we polkownigiň duran ýerlerini çyzyp görkezýärdi, adamlar bolsa hümer bolşup, onuň yzyna düşüp, bir ýerden beýleki ýere barýardylar we onuň edýän zatlaryna seredýärdiler, onuň aýdýan zatlaryny düşünýändiklerini bildirjek bolşup başlaryny atýardylar, hatda ellerini bykynlaryna urup onuň ol ýerleri taýagy bilen çyzyşyna eglişip hem seredýärdiler. Soň ol dikeldi we Şerbornyň duran ýerine baryp sarsman durdy, gaşyny çytdy, telpegini maňlaýyna süý-şürdi we «Bogs!» diýip gygyrdy, onsoň hem taýagyny çenäp: «Tark!» etdi-de, entirekläp gitdi, ýene: «Tark!» etdi-de, arkanlygyna gaýtdy. Ähli bolan zady görenler: bu ählisini bolşy ýaly, nokatmanokat görkezişdirdi, hut şeýle hem boldy — diýişdiler. On tölerekleri adam özleriniň wiskili çüýşelerini çykaryp, oňa hödür edişip ugradylar.

## XXII bap

Men sirke gidip gizlençek ýerde garaşyp durdum, gapdalymdan garawul geçende bolsa men ur-tut brezentiň aşagyna sümüldim. Ýanymda ýigrimi dollarlyk altyn pulum we ýene beýleki pullarym bardy, emma men olary sowmazlygy ýüregime düwdüm. Kim bilýär! Öýden şeýle uzakdakaň, onda-da del adamlaryň arasyndakaň, puluň hemişe gerek bolaýmagy ahmal, ätiýaçlylygyň hiç wagt zyýany ýok. Mugt geçip bolmadyk halatlary puly sirke sowmaga men garşy däl, ýöne welin olary ýele-yga sowurmak hem bolanok.

Sirk birinji sort ekeni: jenaplaryň we gelinleriň iki-bir-ikibir bolşup, egin-egne berşip, bir-birleriniň yzyndan atly geçişip ugraýyşlaryna keýpine seredip oturmalydy. Erkekler tor geýimli, içki köýneklidiler, ädiksiz we ökjeleri demirsizdiler, olar — ýigrimi adam dagy bolsa gerek — ýeňiljek we arkaýyn gaýşarylyşyp barýardylar, gelinler bolsa şeýle al ýaňak, şeýle owadandylar welin, edil korolewalar diýäýmelidi, hemmesiniň eginlerinde hem göwher gyryndylary sepilen gymmat bahaly köýnekleri bardy, şol köý-nekleriň her biri milliondan arzan däl bolsa gerek. Görseň, janyň hezil edinýär, onsoňam mundan owadan zat görmeklik maňa hiç haçan miýesser bolmandy. Soňra olaryň hemmesi eýeriň üstüne çykyp dim-dik bolup durdular we ýuwaş we endigan yranyşyp, arenaň töwereginden tirkeşip ugradylar, olar atlaryny ýüzin saldyryp baryşlaryna kellelerini potologa ýetiräýjek bolýardylar, şonuň üçin erkek adamlaryň bary uzyn, çalasyn we syratly ýaly bolup görünýärdiler, gelinleriň bolsa köýnekleri bägül ýapraklary ýaly ýeňiljek ygşyldaşýardylar we pasyrdaşýardylar, şonda gelinleriň her biri owadan saýawana çalym edýärdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soňra olar arenanyň töwereginde barha çalt çapyp başladylar, bir aýaklarynyň üstünde durup aýlandylar, şonda kä bu aýak, kä ol aýak howada galgady, buýruk beriji bolsa gamçysyny şarpyldadyp, ortada syrygyň töwereginde gezmeledi we: «Çüw, çüw» diýip gygyrdy, onuň ýeňsesinde duran masgarabaz bolsa wäşi sözler atýardy; soňra olaryň bary jylawlaryny taşladylar, gelinler barmaklaryny bykynlaryna urdular, erkek adamlar ellerini gowşuryp durdular, olaryň atlary bolsa çapýardy, dyzlaryna çökýärdiler, onsoň olar yzly-yzyna çägäň üstüne böküp düşdüler, gol gowşuryp, bir enaýy salam berdiler we arenaň aňyrsyna ylgaşyp gitdiler, märeke bolsa el çarpyp, gygyryp, däli-porhan boldy.

Ine şeýdip, olar oýnuň ahyryna çenli dürli-dürli täsin zatlar edip çykdylar, masgarabaz bolsa hemişe güldürýärdi, märeke gülüp-gülüp ysgyndan düşýärdi. Buýruk beriji oňa näme diýse, ol diýere söz gözläp duranokdy: gözüň açypýummakaň jogap berýärdi, onda-da iň gülkünç jogaby berýärdi. Ol beýle gepleri nireden alýarka diýsene, hem-ä bada-bat jogap berýär, hemem gelşip gidýär, men-ä muňa düşünip bilýän däldirin. Özüm-ä bolsam bir ýyl otursamam, beýle gepleri tapyp biljek däl. Soňrak bolsa bir pýan arena çykarman boldy, ol meniň hem at çapasym gelýär, menem aty hiç kimden kem çapamok diýdi. Oňa höre-köşe edip çykdylar, arena goýbermän çykdylar, emma ol bularyň hiç birinede baş galdyrmady, şonuň üçin arakesme etmeli boldy. Şonda märeke onuň üstüne gygyrmaga, ýaňsa almaga başlady, ol bolsa dergazap bolup, gopgun turuzmaga başlady; şundan soň tomaşaçylar çydap oturyp bilmediler, skameýkalaryndan böküp turdular we arena eňdiler, köpler: «Oňatja çalsaňyzlaň! Gumüň çekseňizläň!» diýşip gygyryşdylar, bir-iki sany aýal bolsa çirkin ses edip gygyrdy. Şu ýerde buýruk beriji çykyp gepledi-de, özüniň hiç hili tertipsizlik bolmaz diýip umyt edýänligi barada bir-iki agyz söz aýtdy, ýöne welin goý bu jenap özüni sypaýyrak alyp barjaklygyna söz bersin, şonda ýabyň üstünde oturyp bileris diýse, aty çapyp görmäge rugsat berler diýdi. Hemmeler gülüşdiler we razyda-razy bolşup gygyryşdylar, pýan ata çykdy. Eýeriň üstüne çykyşam şoldy welin, at depirjikläp, bökjekläp, çarpaýa galyp başlady; iki sany sirk hyzmatkäri bolsa aty saklajak bolup, jylaw bilen asmana göterildiler; pýan atyň ýalyna ýapyşdy, at her gezek öňürdiklände, pýan zyňlyp-zyňlyp gitdi. Ähli tomaşaçylar ýerlerinden turşup gygyryşdylar, gülüp-gülüp gözleri ýaşaryp gitdi. Emma sirk hyzmatkärleri näçe jan etseler-de, ahyrym at olaryň elinden sypdy we arenanyň töweregi bilen ýüzin salyp gitdi, pýan bolsa atyň üstünde süýnüp, onuň boýnundan ýapyşdy, onuň bir gezek bu aýagy, bir gezek beýleki aýagy ýere degäýjek-degäýjek boldy, oturan märekä bolsa aňk boldy. Ýogsa meniň-ä şeýle bir gülkim hem tutup durmady: muňa bir zat bolar-ow diýip, men oturan ýerimde galpyldap otyrdym. Emma ol bulandybulandy-da, ýene atyň üstüne çykdy we jylawy eline aldy, şondada ol kä eýläk, kä beýläk çaýkan-masyny goýmady; ýene bir minutdan görsem, ol ýerinden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
galyp, jylawy taşlap, eýeriň üstünde dim-dik dur! At bolsa ýüzin salyp barýar. Ol eýeriň üstünde şeýle bir arkaýyn, şeýle bir erkin durdy welin, oňa pýan dagy diýer ýaly däldi; soň görsem, ol egnindäki eşiklerini sypyryşdyryp, olary çäganiň üstü-ne zyňyşdyryp başlady. Özi hem şeýle bir çalt zyňýar welin, göze dagada ilenok, ol egninden jemi on ýedi kostýum çykaryp zyňdy. Ine, onsoň ol iň ýiti reňkli, iň bezemen eşikde galyberdi, özi hem şeýle bir syratly, şeýle bir owadanow. Soňra ol gamçysy bilen atyny çalyp goýberdi welin, at arenanyň içinde aýlandy, pýan ahyrym çägäň üstüne böküp düşdi we egilip baş atdy, soňra sahnaň aňyrsyna ylgap gitdi, tomaşaçylar bolsa hezil edişip, täsin galyşyp, uly gykylyk boldular.

Şonda buýruk beriji özüniň aldananlygyny aňdy we çakym çak bolsa, örän gaharlandy. Görüp otursak, ol onuň öz hyzmatkäri ekeni! Ol munup hemmesini özi tapyp, hiç kime hiç zat aýtman eken, aldawa düşenligim üçin, meniň hem onçakly keýpim bolmady, emma her niçik hem bolsa, müň dollar berjek diýseler-de, bu buýruk berijiň gününi höwes edemokdym. Bilemok welin, mundan oňat sirkiň hem bar bolmagy mümkin, ýöne men heniz ony göremok. Emma, meniň pikirimçe, bu sirkem gowy, men muny her ýerde-de görsem, sypdyrman bararyn.

Hawa, agşam biziň hem oýnumyz boldy, emma gelen adam az boldy, bolaýsa on iki adam bolup, çykaran çykdajymyza zordan ýetdi. Özleri hem hemişe gülşüp otyrlar, gersog bolsa gahary gelip, ýarylaýjak bolýar, onsoň olar turdular-da, spektakl gutarmanka çykyp gitdiler, diňe bir oglanjyk galdy, olam uklan ekeni. Gersog bu arkanzas paskelleleri heniz Şekspiriň pýesasyny tomaşa etmäge ýetişmändirler, bulara iň bir wejera komediýa gerek, asyl wejeraň hem wejerasy gerek diýdi. Men eýýäm bularyň göwnünden turjak zady bilýärin diýdi. Ertesi ir bilen ol zat dolanýan kagyzlar bilen gara reňk alyşdyrdy-da, afişa ýazyp çykdy we bütin şähere ýelmeşdirdi. Ynha afişalarda şeý diýlip ýazylypdy:

SUDUŇ ZALYNDA!

B a r y-ýo g y ü ç s a n y s p ýe k t a k l !

Londonyň we Ýewropapyň teatrlarypdan gelen Butindünýe meşhur tragikler

D E W ID G A R R I K K I Ç I S I !
bilen

EDMUND KIN ULUSY!

KOROL ŽIRAFASY

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

ýa-da

ŞALYK KÄMILLIGI!!!

diýen örän gyzykly tragediýada çykyş etjekler.

Giriş bahasy 50 sent.

Aşakda bolsa iň iri harplar bilen:

AÝALLAR WE ÇAGALAR

OÝNA GOÝBERILMEÝÄRLER

diýlip ýazylypdyr. Ol:

— Şu setir bilen hem bulary aldawa düşürip bolmasa, men-ä onda Arkanzasy bilmedim — diýdi.

## XXIII bap

Şol gün uzynly günläp korol ikisi dynman işledi sahna gurdular, tuty asdylar, rampalaryň ýerine şem oturtdylar, agşam bolsa eýlämize-beýlämize bakmakak, zal hyryn-dykyn doldy. Indi ýekeje adam hem sygmaz ýaly katda gelepde, gersog biletleri barlamaga girişdi, jaýyň içine aklandy we sahna çykdy. Şol ýerde ol tutynyň öňünde durdy we gysgaça söz sözledi; ilki bada tragediýany öwdi, bu iň gyzykly tragediýa diýdi, soň bolsa tragediýa we şol tragediýadäki esasy roly oýnaýan Edmund Kin Kiçisi barada agzyna gelenini otardy; soň bilesigelnjilikden ýaňa tomaşaçylaryň gözleri ýylpylda-şybereninde, gersog tutyny açdy, sahnanyň aňyrsyndan emedekläp, ýalaňaç korol ylgap çykdy; onuň bütin endamjany dürli reňklerden ýaňa çyrşak-çyrşak bolup, älemgoşar ýaly ýalpyldap durdy. Galanlaryha gürruň berip oturanyna-da degenok, biderek zatlar, ýöne her niçigem bolsa, örän gülküli-di. Märeke tas gülüp ýarylypdy; korol bökmesini gutaryp, sahnanyň aňyrsyna çapyp gideninde, tomaşaçylar el çarpyşdylar, gygyryşdylar we tä korol çykyp, bütin komediýany täzeden gaýtalaýança bolmajysy boldular, oňa soň hem hemmesini gaýtalatdylar. Biziň akmak garrymyzyň edişdirýän zatlaryny görse, sygyr hem gülmän durup bilmezdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soňra gersog tutyny goýberdi, märekäň öňüne çykyp tagzym etdi we Londonda gaýra goýulmasyz gastrollar bermeli bolany üçin bu ajaýyp tragediýa ýene diňe iki gezek görkeziljekdir, Londonda bolsa görkeziljek oýunlaryň biletleri eýýäm satylyp gutarylypdyr diýdi; soň ýene tagzym etdi we eger hormatly märeke oýny gyzykly we öwrenerlikli hasap edýän bolsa, onda onuň bu oýny gelip görer ýaly, tanyşlarynada maslahat bermegini soraýarys—diýdi.

Ýigrimi adam dagy birden:

— Näme, eýýäm gutaraýdymy? Hemmesi şumy? — diýşip gygyryşdy.

Gersog: hemmesi şu — diýdi. Şonda bir gopgun turdy. Oturanlar: «Aldapdyrlar!» diýşip gygyryşdylar. Gaharlary gelip, ýerlerinden turdular we sahnany döwüp, artistlere tarap topuldylar. Onýança uzynak, daýaw bir jenan böküp skameýkanyň üstüne çykdy-da:

— Duraweriň, jentlmenler, men size bir zat aýdaýyn — diýip gygyrdy.

Olar diňşirgenişip durdular.

— Sizi, bizi aldapdyrlar, gaty aldapdyrlar, emma biziň bütin şähere gülki bolasymyz hem gelenok, şonuň üçin, geliň biz munuň näme bilen gutarýanlygyny göreliň. Näme diýseňizläň: biz bu ýerden parahat çykyp gideliň-de, ony öwüp, bütin şäheri aldalyň. Şonda biziň ählimiz deň masgara bolarys. Şeýlemi, şeýle däl?

— Hawa, şeýle! Berekella, sudýa — diýşip, hemmeler bir agyzdan gygyryşdylar.

— Bolýar, onda siz biziň aldananlygymyz barada agzyňyzdan bir söz hem gaçyrmaly dälsiňiz. Öýüňize gidiň-de, duş geleniňize ony görmegi maslahat beriň.

Ertesi güni şäheriň bar gürrüňi biziň ajaýyp spektaklymyz barada boldy. Zal ýene-de tomaşaçylardan hyryn-dykyn boldy, biz bularyda öňküleri aldaýşymyz ýaly aldadyk. Koroldyr gersog bilen salymyza gelip, bile şamlyk edindik, soňra ýarygijeler olar Jim ikimize saly derýanyň ortasyna çykaryp, şäherden iki milräk aşak inip, şol ýerde bir ýerde hem saly gizlemegi tabşyrdylar.

Üçünji agşam zal ýene-de hyryn-dykyn doldy, onsoňam bu saparky gelenler täze tomaşaçylar däl-de, şol ilkinji iki gijede görmäge gelen tomaşaçylardy. Men gersog bilen gapyda durdum we her bir tomaşaçynyň jübüsiniň güberýänligini ýa-

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
da synlarynyň aşagynda bir zady tutup duranlyklaryny gördüm; men munuň aňry-bäri parfýumeriýa däl-de, düýpden başga zatdygyny eýýäm aňdym. Palak ýumurtgalaryň, çüýrük kelemiň porsy ysy gelýärdi; eger men öli pişikleriň ysyny aňýan bolsam — özüme bolsa güwä geçi biljek — ondan meniň duşumdan olaryň altmyş dört sanysyny alyp geçdiler. Men ilki bada zaldan çykman durdum, emma soň çydamadym, sebäbi onuň içi aňkap durdy. Märeke bary ýygnanyp, zalda bir adamlyk hem ýer galmady, şonda gersog eksrunlaryň birine ýigrimi bäş manat berip, bir salym işikde durmagy tabşyrdy, özi bolsa sahna barýan kişi bolup yzyna öwrüldi, men hem yzy bilen ýöräp ugradym; burçdan geçip, garaňkylyga düşen badymyza gersog maňa:

— Indi çaltrak ýöräp git, jaýlardan saýlanarsyňam welin, yzyňdan ýagy gelýän ýaly, aýak aldygyňa sala tarap ylga — diýdi.

Men şeýle hem etdim, olam şeýtdi. Salyň ýanyna ikimiz hem bir wagtyň özünde geldik, iki sekunt hem geçmänkä akymyň ugry bilen garaňkylykda we asudalykda derýanyň ortasyna çykjak bolup, aşak tarap ýüzüp ugradyk, özumizem sesimizi çykarmadyk. Men korol görgüliňä işi gaýdaýdy öýdýän diýip gelýärdim welin, bu beýle däl ekeni; basym ol çatmadan çykdy-da:

— Hä, gersog, biz mundan näçeräk gazandykkak? — diýip soraýdy.

Ol asyl şäherde-de bolman ekeni.

Biz şäherden on milräk saýlanýançak panusymyzy asmadyk. Onsoň çyramyzy ýakyp, şamlyk edindik, korol bilen gersog bolsa märekäni aldaýyşlaryna gülüpgülüp içleri üzüldi. Gersog:

— Saňsarlar, paňkelleler ekeni! Men beýlekileri hem ýüňsakgal etjek bolup ilkinji gelenleriň seslerini çykarmajagyny bildim ahyryn; olaryň üçünji gezek bize nähili sowgat taýýarlaýanlyklaryny hem men aňdym; indi öz nobatlary gelendir öýtdüler. Bu dogry — nobat olaryňky; ýöne mundan olar näme hezil tapaýdykalar. Bu pursatdan olaryň nähili peýdalanandyklaryny bir bilseňdiň. Guraly diýseler, deňsene hem gurap bilerdiler. Olaryň aňry-bäriler-ä ýeterlik bardy — diýdi.

Bu kezzaplar üç agşamyň içinde dört ýüz altmyş bäş dollar ýygnan ekenler. Men şendilip üýşmek-üýşmek edilip, pul gazanylyşyny heniz hiç haçan görmändim.

Biraz salymdan soň olar uka gidenlerinde, Jim:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gek, korollaryň özlerini şeýle alyp baryşlaryna sen geňirgenmeýärmiň? — diýdi.

-— Ýok, geňirgenemok — diýdim.

— O näme üçin geňirgeneňok, Gek?
— Sebäbi olar şeýle tohum bolýarlar. Mep olaryň bary. birmeňzeş bolýarlarmyka diýýen.

— Gek, biziň korollarymyz baryp ýatan kezzaplar ahyryn! Ynha olar şeýle adamlar, baryp ýatan kezzaplar. Ýeri, men näme diýýän: belli zat ahyryn, korollaryň ählisi kezzap bolýarlar.

— Aý goý-a!

— Sen olar barada okap göräý, bilersiň. Köne wagtlar iňlis, saks, norman diýen korollar bolupdyr, işleri-pişeleri hem ogurlykdyr talaňçylyk bolupdyr. Ynha sen Genrih Sekizinjini alyp göräý; biziň ýekşenbe mekdebimiziň mugallymy gös-göni oňa garşy çykýar. Sen bu garry Genrihi men diýen wagty görseňdiň. Baý, adamjandy-ow! Her gün diýen ýaly bir aýala öýlenerdi, ertesi bolsa kellesini kesdirerdi. Edil heýgenek buýurýan ýaly perwaýsyz: «Hany Nell Gwinni ýanyma getiriň» diýerdi. Ony ýanyna getirerdiler. Ertesi bolsa: «Munuň kellesini alyň!» diýýärdi. Onsoň kellesini alýardylar. «Hany Jeýn Şory getiriň» diýýärdi; getirýärdiler. Ertesi bolsa «Munuň hem kellesini alyň!» diýýärdi. Onsoň onuň hem kellesini alýardylar, «Hany Rozamunda gözeli çagyryň»! Rozamunda gözel çakylyga gelerdi. Emma ertesi; «Munuň hem kellesini alyň» diýerdi. Onsoň ähli aýalyna her gije bir erteki aýtdyrardy, ertekiler müň bire ýetende bolsa, ol olardan bir kitap edip, adyna «Ýowuz suduň kitaby» diýip at goýardy, görseň ady hiç neneň däldir, tüýs oňa bap gelýän atdyr. Sen korollary tanaňok, Jim, oňa derek men olara belet; ýene biziň bu meýhorymyz meniň taryhdan okan korollarymyň iň oňady. Ynha, iň bärkijesi Genrihi alyp göräý: bir gezek ol Amerika bilen urşarman bolupdyr. Ol muny nähili başlandyr öýdýäň? Duýdurandyr ýa güýç toplaýançalar garaşandyr öýdýäňmi? Eger-eger. Sen-men ýok, alypdyr-da, ähli çaýy Boston gawanyna gapgarypdyr, soň bolsa Garaşsyzlyk Deklarasiýasyny yglan edipdir, indi urşuberiň diýipdir. Hemişe şeýdipdir, hiç kime gün bermändir. Ol öz kakasy gersog Wellington barada hem betguman bolupdyr. Onsoň ol nädendir öýdýäň? Ondan oňatja soraşdyrandyr öýdýäňmi? Ýok, ol ony pişigiň çagasy ýaly edip, malwaziýa basypdyr. Eger biri aňkaryp, puluny görnüp duran ýerde goýaýsa, ol näder öýdýäň? Hökman jübüsine urar. Bir zat edip bereýin diýip wada beren bolýar-da, puly alar, eger gözüňi aýyrman seredip oturmasaň hem derrew

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
çypdyryp goýbär. Agzyny açdygy hem bes, şo bada berkräk ýumaýmasa, hök-man aldar. Genrih diýilýän ine şeýle möjekdi. Eger häzir biziň ýanymyzda öz korollarymyz bolman, Genrih bolaýan bolsady, ol bu şäheri has hem erbet çürkerdi. Men özümiziňkiler hem akja guşdur diýemok; oňatja seretseň, bular hem hiç neneň däl; emma her niçigem bolsa, olar garry azgynça daş ýok. Meniň diýýänim: korollygyna ol korol, muny boýun alaýmaly. Ýöne welin bularyň bary örän pes adamlar. Olaryň terbiýelenişi şeýle.

— Biziňkiden ýaman spirt ysy gelýär, Gek!
— Geldi, geldi-dä, olaryň hemmesi şeýle ahyryn, Jim. Korollaryň ählisiniň agzy aňkap dur, muňa etjek alajyň ;ýok, şeý diýlip taryhda-da aýdylýar.

— Gersog her niçigem bolsa, beýle däl, örän edepli adam.

— Hawa, gersog aýry mesele. Ýöne her niçigem bolsa, tapawudy uly däl. Gersog bolsa-da, ol birinji sort däl. Içip, lül bolanda, koroldan tapawudy ýok, baý, sen şowa kör-ow!

— Aý, bulary goýaly-la, Gek, maňa başga beýle adam derkar däl. Men bulara-da zordan çydaýan.

— Menem şeýledä, Jim. Emma olar biziň gerşimize münen bolsalar, biz olaryň kimdigini unutmaly däldiris we muny göz öňünde tutup goýmalydyrys. Ýöne korollaryň düýpden ýok ýurdy bir barmyka?

Bularyň çyn korol bilen çyn gersog däldigini Jime aýdanyňdan ne peýda! Mundan hiç hili oňly zat çykjak däldi, onsoňam bu edil meniň aýdyşym ýalydy: olaryň çyn koroldan, gersogdan birjik-de tapawutlary ýokdy.

Men ýatmak üçin ýerime girdim, Jim hem nobatym gelende, meni turzarman bolmandyr. Ol köplenç şeýdýärdi. Daňdanlar oýansam, ol kellesini dyzynyň üstünde goýup iňňildäp aglap oturan ekeni. Şeýle halatlarda men adatça üns bermezdim, hatda bir zat aklaýanlygymam bildirmezdim. Men onuň muny näme üçin edýänligini bilýärdim. Onuň ýadyna aýaly bilen çagalary düşüp, öýlerini göresi gelýärdi, sebäbi ol ömründe hiç haçan maşgalasy bilen aýrylyşyp görmändi; meniň pikirimçe, ol hem çagalaryny hiç bir ak adamyň çagasyny söýşünden pes söýmeýärdi, Bu geňräk ýaly bolup görünse-de görner, ýöne ýagdaý şeýledi. Gijelerine meni ýatandyr öýdende ol köp aglardy, agynyň arasynda hem:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Görgüli Lizabet, Jonni neresse! Wah, nähili betbagtçylyk! Indi men sizi görmen, hiç haçan görmen! — diýýärdi.

Bu Jim örän oňat negr!

Emma men bu gezek onuň bilen aýaly we çagalary barada gürrüň açdym. Gürrüňiň arasynda, ol:

— Men häzir näme üçin hapa bolýan diýsene: edil şu wagtjyk kenardan bir şarpyldy ýa şapyrdy eşitdim; şonda kiçijik Lizabetimi bir gezek öýkeledenligim ýadyma düşdi. Ol şol wagtlar bolaýsa dört ýaşlaryndady, ol täjihoraz bilen keselledi, özem örän agyr ýatdy, soö aýňalyp, gowy boldy. Bir gezek ol ýanymda dur, men bolsam oňa:

«Gapyny ýap!» diýýärin.
Ol ýapman, dikelip dur, özem maňa seredip ýylgyrýar. Muňa janym ýanaýdy; men oňa ýene batly:

«Eşdeňokmy? Gapyny ýap diýýärin!» diýdim.

Ol bolsa bir durşuna ýylgyryp dur. Men erbet gaharlanyp:

«Beýle bolsa, men saňa ýapdyraryn!» diýip» gygyrdym.

Şeý diýip kellesine çalyp goýberdim welin, ol ýere ýazyldy ýatyberdi. Soň beýleki otaga girip, on minut dagy eglenip geldim; görsem gapy öňküsi ýaly açyk dur, gyzym bolsa edil gapyň ýanynda kellesini egip aglap dur, gapy daşyna açylýardy, edil şol wagt bolsa ýel turup, gyzyň aňyrsyndaky gapyny jarkyldadyp ýapdy. Emma gyz ýerinden hem butnanok… Men doňan ýaly boldum, göwnüme gelen zady aýtmaga hem dilim ysanok. Ýuwaşja basyp ýöräp ugradym, özüm welin galpyldaýaryn, daraklygyma basyp bardym-da ýuwaşjadan arkasyndaky gapyny açdym, seresaplylyk bilen kellämi sokdum we bokurdagyma sygdygyndan gygyryp goýberdim. Ol kesesinden gymyldamadam! Şonda bir, Gek, agladym-ow! Onuň elinden tutdum-da: «Wah, pahyrjygymeý! Taňrym, garry Jimiň günäsini geçeweri, gaýdyp hiç haçan beýtmen!» diýdim. Sebäbi, Gek, onuň gulagy gapylaýan eken, düýpden gapylaýan eken, men onuň göwnüne şeýle erbet degen ekenim! — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

## XXIV bap

Ertesi, agşamaralar biz deryanyň ortarasyndaky söwüt agaçly adajyga gelip diredik, iki kenarda hem oba bardy, gersog bilen korol şol obalary nädip çürkäk başlajakdygy barada oýlanýardy. Jim gersoga: bu hernä köpe çekmez-dä, ýogsam-a uzynly günläp çatmada güýlüngi ýatmak ýüregime düşdi diýdi.

Biler bolsaňyz, biz Jimi ýeke goýup gidenimizde güýlüp gitmeli bolupdyk: sebäbi eger biri oňa duşaýsa, ýakyndada hç kimiň ýoklugyny we daňylgy däldigini göräýse, ol onuň gaçgak negrdigine ynanmaz. Gersog hem: elbetde, uzynly günläp guýlüngi ýatmak aňsat däldir, şonuň üçin munuň bir alajyny iýjek bolarys-da diýdi.

Biziň gersogymyzyň kellesi örän zor işleýärdi, ol muny nätmelidigini derrew tapdy. Ol Jime korol Liriň geýimini: tutulyk çitden uzyn don geýdirdi, ýaby gylyndan çal saç we sakgal oturtdy; soňra öz teatrda ulanylýan reňkinden alyp, Jimiň boýnuny, ýüzüni, ellerini we gulaklaryny ýaglap çykdy, endam-janyny öçügsi, solak öwüşginli gök reňkden suwady welin, Jim suwda bir hepdeläp ýatana çalym etdi. Ömrümde şundan gorkunç zady gören bolsam, duran ýerimde janym çykaýsyn. Soňra gersog tagtajygy aldy-da, oňa:

«Guduzlan arap adamlara topulýar»

— diýip ýazdy we bu tagtajygy taýaga çüýledi, taýagy bolsa çatmanyň dört ädimlik öňünden dikdi. Jimiň göwni hoş boldy. Ol: uzynly günläp güýlüngi ýatandan, bir zat şygyrdaýsa, gorkup galpyldap durandan bu has gowy diýdi. Gersog oňa utanmada, yzgytsyz bolgun diýdi; eger biri sümsünip geläýse, goý Jim çatmadan böküp çykyp, bir azrak bökjeklesin, goý ýyrtyjy haýwanlar ýaly bir-iki gezek uwlasyn, sebäbi şeýtse, gelen adam derrew gümüni çekip, oňa azar bermez— diýdi. Munuň bu çaklamasy umuman dogrudy; emma her bir gelen Jim uwlaýança garaşyp durarmy näme? Ol diňe bir ölä meňzemek däl, eýsem ölüden hem bäş beterdi…

Bu kezzaplaryň ýene «Žirafy» işe girizesleri gelýärdi, bu örän düşewüntli zatdy, ýöne olar şu geçen wagtyň içinde bu ýere-de gürrüňleri ýaýrandyr öýdüşip gorkýardylar. Kellelerine başga hem idili pikir gelmeýärdi, ahyrsoňy gersog ýatyp, iki sagatlap pikir edeýin, heý, bu Arkanzas obasynyň başyny aýlap bolmazmyka — diýdi; korol bolsa hiç hili plansyz beýleki kenardaky şähere aýlanmaga gitdi, girdeji barada hem keramata bil baglaýan diýdi, emma men-ä şeýtana bil bagladymyka diýýärin. Biz geçen gezekki durup geçen ýerimizde adama bir köýnek satyn aldyk; indi kbrol boýdan-başa teze geýindi, maňa-da geýin diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Men, elbetde, geýindim. Korolyň geýimi garady, şonuň üçin ol örän haýbatly, dabaraly görünýärdi. Men bolsam şu çaka çenli geýimiň adamyny beýle üýtgedýänligini bilmän ekenim. Öň ol baryp ýatan arakhora meňzeýärdi, indi bolsa ak şlýapasyny çykaryp ýylgyryp başyny atýar welin, edil ýaňyja gämiden çykan ýaly; şeýle arzyly, şeýle takwa, şeýle hoşgylyk görünýär. Edil-je goja Nuhuň özi.

Jim gaýygyny ýuwdy, men küregimi alyp, oňa mündüm. Kenaryň ýanynda, burnuň aşagragynda, şäherden üç mil töwerekleri uzaklykda ullakan parohod durdy, iki sagatdan bäri oňa ýük ýüklenýärdi. Şonda korol:

— Şeýle üsti-başlykam, men gowusy Sen-Luiden ýa-da Sinsinnatiden ýa-da başga bir uly şäherden gelnen kişi bolaýyn. Parohoda baka kürekle, Geklberri: biz şähere şoňa münüp gideris — diýdi,

Parohoda münüp görjek bolamsoň, ol iki gezek aýtmaly bolmady. Men şähere ýarym mil ýaly ýetmän kenara sowdum we gaýygy kert gaýanyň gyrasy bilen parahat akyp ýatan suwdan alyp ugradym. Basym biz göräýmäge ýakymly we sada oba ogla-kyna duşduk, ol pürsuň üstünde ýuzüniň derini syryp oturan ekeni, sebäbi howa örän yssydy; onuň gapdalynda hem iki sany haly torbasy ýatyrdy. Korol:

— Hany gaýygy kenara tarap öwür — diýdi. (Men öwürdim). Ýeri, nirä gitjek bolýaňyz, ýaş ýigit?

— Orleana gitjek, parohoda garaşýaryn.
— Meniň ýanyma münäýiň. Bir minutjyk duruň, häzir meniň hyzmatkärim size ýüküňizi göterişer. Adolfus, hany çykda jentlmene kömekleş (görýän welin, ol muny maňa diýýär öýdýän).

Men kömekleşdim, soň biz üç bolup ýolumyzy dowam etdirdik. Ýaş ýigit köp hoşal boldy, beýle yssyda munça ýüki götermäge güýjüm ýetmedi diýdi. Koroldan nirä barýanlygyny sorady, korol hem derýanyň aýagyna tarap barýardyk welin, şu gün ertir ho taýda, şeheriň ýanynda düşläýdik, indi bolsa birnäçe mil ýokaryk galmakçy, şol ýerde fermadaky köne tanşymy görmekçi diýdi. Ýaş ýigit:

— Men ilki sizi göremde: bu mister Uilks bolsa gerek, ýöne welin birazrak gijä galypdyr-da — diýdim. Ýepe-de: aý ýok, ol däldir, näme üçip ol bolsa derýa bilen ýokarlygyna gitsin? — diýdim. Dogrudanam, siz ol däl gerek? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Ýok, maňa Bložet, Aleksander Bložet diýýärler; men ýene keramatly ata Aleksander Bložet diýibem goşmalymyka diýýärin, sebäbi men hudaýyn kanagatly adamsy. Emma herzat bolsa-da, gijä galmagy bilen degerliräk zat ýitirýän bolsa, mister Uilksiň gijä galanlygyny eşitmek meniň üçin örän gynançly. Ýöne onçakly beýle-de däldir diýip umyt edýärin.

— Aý, ýok-la, gijä galmagy bilen ol maýa-ha ýitirenok. Barybir ol özüne düşýän mirasy alar, köne welin dogany Piteri diri görüp bilmez, bu onuň perwaýyna-da bolmazlygy mümkin, kim bilýär, ýöne dogany welin ölmänkä ony görüp bilse dünýä malyndan geçjekdi: soňky üç hepdede pahyr şondan başga zady bilmedi; olar çagalykdan bäri bir-birini görmeýän ekenler, lal dogany Uilýama ol hiç haçan hem görmän ekeni, ýogsa Uilýam hem otuz-otuz bäş ýaşlarynda bolma

— Näme üçin Garweý wagtynda geläýmändir, siz nähili piker edýärsiňiz? Onuň ýaşaýan ýeri nirede?

— Ba, ol Angliýada, Şeffildde ýaşaýar. Özem wagy-nesihatçy, Amerika bolsa ömründe bir gezegem gelip görmändir. Belki, ýetişen däldir, belki hatam alan däldir, kim bilýär.

— Wah, wah, pahyr ölmänkä doganlarynam group bilmändir. Diýmek, siz Orleana barýarsyňyz-da?

— Hawa, ýöne entek bu-da bary däl. Hepdäň üçünji güni men parohod bilen Riode-Janeýro gitjek. Ol ýered maňa daýym garaşýandyr.

— Uzak, örän uzak gezelenç! Oňa Derek nähili hezil gezelenç! Menem keýpihon giderdim. Diýmek Meri-Jeýn ulusy-da. Onsoň beýlekileri näçe ýaşynda?
— Meri-Jeýn on dokuzynda, Sýuzanna on bäşinde, Joanna bolsa heniz on dördünem dolduranok. Bu şol asylly işleri etsem diýýän dodagy ýirik gyz.

— Pahyrjyklar! Ýeke galaýmak olara gör nähili kyn düşendir

— Aý, ýok, mundan hem beterrägi bolsa bolaýmaly. Ýöne garry Piteriň dostlary bar, olar gyzlaryňýüzlerini salladanoklar, ynha Baptist wagyz-nesihatçysy Gobson, dýakon Lot Howi, Ben Reker, Ebner Şeklford, aklawçy Lewi Bell,ýene-de örän kän, ýöne Piter bulary bilen has hem ysnyşyklydy, olar barada watanyna-da ýazypdy, şonuň üçin bu ýere geleninde, onuň dostlaryny nireden gözlemelidigini

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Garweý bilmändir. Garry şol oglandan tä änigine-şänigine ýetýänçä sorady. Şol şäher barada, Uilksler barad ol ähli gerek zady bilmedik bolsa, men duran ýerimde öläýeýin. Piteriň name işlänligini-de (ol gaýyşçydy), Jorjuň ňäme işlänligini-de (ol bolsa agaççy ussady), Garweýiň näme işlänligini-de (bu bolsa nirededir bir sektada wagyz-nesihatçy bolup işleýärdi) bildi, ýene köp-köp zatlary bildi. Soňra bolsa:

— O näme üçin tä parohoda gelinçäňiz pyýada geýdypsyňyz-la? — diýip sorady.

— Sebäbi bu uly orlean parohody, men bolsam ol durmazmyka diýip gorkdum. Eger parohod derýanyň çuň ýeri bilen barýan bolsa, ol soranyň bilen durmaýar. Sisiniatiden gelýän parohodlar durýarlar welin, bu Sen-Luiden gelýär-dä.

— Näme Piter Uilks baýmydy?

— Hawa, diýseň baýdy: onuň jaýlary-da, ýeri-de bardy: aýtmaklaryna görä, onuň ýene-de gizlengi üç-dört müň dollar puly-da galypmyş.

— Ol haçan öldi diýdiňiz?

— Men entek pylan wagt öldi diýemok, ýöne ol öten agşam öldi.

— Onda ony ertir jaýlarlar?

— Hawa, günortanrak jaýlajaklar.
— Hm! Bularyň bary gynançly zat, ýöne welin näme biziň hemmämiz hem irdegiçde ölmeli-dä, şonuň üçin biz diňe şol pursada garaşyp ýörmeli bolýarys: şonda biz arkaýyn gezip bileris.

— Hawa, ser, şondan gowusy ýok. Ejemem maňa hemişe şeý diýerdi.

Biz parohodyň ýanyna ýüzüp baranymyzda, ýük ýüklemeklik gutaran ekeni, şonuň üçinem ol basym ugrady. Borta galmak barada korolyň diýen zady bolmady; şeýdibem parohoda münüp görmeklik maňa miýesser etmedi. Parohodyň garasy ýitende, korol maňa ýene bir milräk kürekletdirdi-de, çägelik ýerden kenara çykdy we:

— Basymrak yzyňa gitde, bu ýere gersog bilen täze çemedanlary alyp gel. Eger ol beýleki tarapa giden bolsa, ony yzyna gaýtar-da, şu ýerik alyp gel. Onsoňam oňadrak geýin diýip aýt. Bar, onda ugra — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men onuň näme etjek bolýanyny eýýäm aňdym, emma belli zat, dil ýarmadym. Men gersogy alyp geldim, onsoň biz gaýygy gizläp, özümizem pürse mündük, korol oňa hemmesini, ýaş ýigidiň aýdan zatlarynyň hemmesini sezme-söz gürrüň berdi. Özem gürrüň berip otyrka hemişe iňlis gepleýşini etjek bolup jan etdi; beýle nadan üçin bu onçakly erbedem çykmady. Mende-hä beýle çykmazdy. Men asyl synanyşyp hem gör-jek däl, ýöne onda welin, bu dogrudanam, oňat çykdy. Soň ol:

— Siziň alyhezretiňiz, siz lallar barada nähili pikir edýäňiz? — diýip sorady.

Gersog: bu meselede maňa bil baglaýyň: men teatr sahnalarynda lal bolup oýnap gerendirin diýdi. Onsoň biz parohoda garaşyp başladyk.

Günortanlar iki sany kiçijik parohod geçip gitdi, ýöne olar derýanyň sakasyndan däldiler, soň bolsa ullakan parohod geldi, korol bilen gersog ony duruzdylar. Bize gaýyk iberdiler, biz borta çykdyk; görsek parohod Sinsinnatiden gelýän ekeni, biziň bary-ýogy dört bäş mil töwerekleri ýol ýörejekdigimizi bilip, kapitan bilen komanda edil guduz açdy, agyzlaryndan gelenini diýdi, hatda düşüreris diýip haýbat hem atdy. Emma korol aljyramady. Ol:

— Eger jentlmenler özleriniň parohoda alynmagy, soň hem gaýyk bilen kenara çykarylmagy üçin miline bir dollar berjek bolup durkalar, näme üçin parohod olary barjak ýerine äkitmeli dälmiş, şeýle dälmi? — diýdi.

Şonda parohoddakylar köşeşdiler we bolýarda äkideris diýdiler; şäheriň deňine gelenimizde bolsa, gaýygy sallap, bizi kenara çykardylar, gaýygy görüp, ýigrimä golaý adam kenara tarap eňdi we «jentlmenler, sizden mister Piter Uilksni nirede ýaşaýanlygyny görkezip biljegiňiz ýokmy?» diýip soranda, olar bir-birlerine seredişip, göýä bolmasa: men size aýtmadymmy näme?» diýişýän ýaly, birbirlerine başlaryny atdylar. Soň olaryň biri diýseň mylaýymlyk, diýseň sypaýylyk bilen:

— Gaty haýpym gelýär, ser, ýöne biz size onuň öten agşamky ýaşaýan ýerin-ä görkezip bileris — diýdi.

Hiç kim göz açyp-ýummaka, näkes garry süllerdi duruberdi we ýaňky adamyň ýanyna ylgap baryp, onuň egnine eňegini goýdy-da möňňürmäge durdy hem-de:
— Wah, wah, doganym-eý! Ol ölüpdir, biz bolsak ony görübem bilmändiris! Ah, nähili agyr habar boldy, nähili agyr hasrat boldy! — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soň hork-hork edip durşuna yzyna gaňrylyp, gersoga samsyk yşaratlar etdi, barmaklary bilen oňa bir zat-bir zatlar görkezişdirdi, onýança gersog hem çemedanyny taşlap, aglamaga durdy, hudaý kessin şeýtdi. Men beýle adamlary heniz görmändim, eger bular tüýs tüýkesme ogrular bolmasa, onda men-ä kimiň ogrudygyny bilemok.

Duranlar bularyň daşyna üýşüp, gynanç bildirip başladylar, ýakymly-ýakymly sözler bilen olary köşeşdirip ugradylar, olaryň çemedanlaryny depä alyp çykdylar, özlerinden ýapyşmaklaryna, üstlerini göz ýaşdan ezmeklerine ygtyýar etdiler, korola doganynyň soňky minutlary barada gürrüň berdiler, ol bolsa barmaklary bilen gersoga düşündirdi, şonda olaryň ikiside merhum gaýyşça şeýle bir gynandylar welin, edil dünýädäki bar zatdan galan ýaly boldular. Eger ömrümde şuňa meňzeş zat gören bolsam, edil negr bolaýyn! Adamlaryň bolşuny görüp, ýüzüm gyzaryp gitdi.

## XXV bap

Täzelik iki minutyň içinde bütin şähere ýaýrady we çar-tarapdan adam barynyň aldyrany bar ýaly bolup dökülip gelýänligi, käsiniň bolsa sýurtugyny ylgap gelýärkä geýýänligi görüldi. Basym biz märekäniň ortarasyna düşdük, gykylykgalmagal geçip barýan goşuny ýada saldy. Gapylardan we äpişgelerden adamlaryň kellesi göründi we minutsaýyn biri haýatdan kellesini çykaryp:

— Bular şolarmy? — diýip sorady. Märekeden biri bolsa:

— Şolar — diýip jogap gaýtardy.

Biz Uilksleriň jaýyna ýetenimizde, jaýyň öňündäki köçe adamdan ýaňa gypgyrma eken, üç sany gyz bolsa gapyň agzynda dur eken. Meri-Jeýn dogrudan hem çypar eken, emma munuň zyýany ýokdy: ol şonda-da owadandy, ýüz-gözleri agalarynyň gelenligine begenmekden ýana ýaldyraşyp durdy. Korol gujagyny açdy, Meri-Jeýn onuň boýnuna bökdi, Towşan Dodak bolsa gersogyň boýnuna bökdi, baý, begenişdiler-ä!

Ähli adam, aýratynam aýallar, gyzlaryň ahyrsoňy garyndaşlaryna gowşanlygyna, olaryň maşgalasynda şatlykly wakanyň bolup geçýänligine begenişip, gözlerinden ýaş dökdüler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Soňra korol ýuwaşlyk bilen gersogyň böwrüne dürtdi, men muny öz gözüm bilen gördüm, soň daş-töweregine garanjaklady we burçda, iki sany oturgyjyň üstünde duran tabyda gözi düşdi, şundan soň olar bir-biriniň egninden gujaklaşyp, boş elleri bilen hem gözlerini süpürişip, oňa tarap ýuwaşja we dabaraly basyşyp ugradylar, märeke olara ýol berjek bolup, iki ýana çekildi; gürrüň-galmagal ýatyşyp, ähli kişiniň bileni-biteni: «Üş-ş-ş!» boldy, erkek adamlar bolsa şlýapalaryny çykaryşyp, başlaryny aşak egdiler; häzir siňegiň wyzzyldysy-da eşidilýärdi. Olar tabydyň ýanyna baryp, onuň üstüne egildiler, içine seretdiler; soň bolsa şeýle bir zowladyp goýberdiler welin, ol Täze Orleana dagy ýetdimikä diýýän; onsoň gujaklaşdylar, eňeklerini bir-biriniň eginleriniň üstüne atdylar we üç-dört minutlap gözýaş dökdüler, özem, baý, köp dökdüler-ä! Erkek adamlaryň beýle möňňürişlerini ömrümde görmändim. Olaryň yz ýany bilen beýleki duranlar hem gözýaş etmäge oturdylar. Siz pikir edip görüň, olar ýeri şeýle bir ezdiler welin, heňiz beýle zady görmändim! Onsoň olaryň biri tabydyň bir tarapyna, beýlekisi beýleki tarapyna baryp durdular, dyzlaryna çökdüler, maňlaýlaryny tabyda degirdiler we doga okap başladylar, emma sesli däl-de, içlerinden okadylar. Ana onsoň hemme ýygnananlar bozuldy, bu görlüp-eşidilen zat däl; hiç kim gözüniň ýaşyny saklap bilmedi, hemme adamlar bogazlarna sygdygyndan möňňürişdiler, gyz görgüliler hem aglaşdylar; aýallaryň hersi diýen ýaly ýuwaşjadan basyp, gyzlaryň ýanyna bardylar we örän dabaraly edip, olaryň maňlaýlaryndan ogşadylar, soň ellerini olaryň kelleleriniň üstünde goýup, gözlerini asmana tutdular, soň bolsa aglaşyp, gözýaş dökdüler, ses edip, ýaglyklary bilen gözýaşlaryny süpürişip, indi başga biri şeýder ýaly çete çekildiler. Men şundan ýigrenji zady ömrümde göremok.

Biraz salymdan soň korol aýak üstüne galdy, öňe ädim ätdi we özüni dürsäp hymy-symy etmäge başlady, dogrusyny aýtsaň, ol munuň, doganlaryny ýitirmegiň dogany ikisi üçin nähili agyr synagdygy barada, dört müň mil ýol ýöreseler-de, dirikä ýetişibilmänlikleriniň nähili gynançlydygy barada, ýöne ähli adamdan şeýle teselli bolansoň, bu synagy çekmegiň özlerine ýeňil düşjekligi barada, bu gözýaşlaryň mukaddesdigi, şonuň üçinem ol olara hem öz adyndan, hem doganlarynyň adyndan tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýänligi, sebäbi muny söz bilen beýan etmegiň mümkin däldigi, ähli sözleriň örän sowuk, örän lellimdigi barada her hili bolar-bolgusyz zatlar samraşdyrdy, soňuny hem şeýle bolarbolgusyz zatlara sapyşdyrdy welin, diňlär dagy eder ýaly bolmady, soň boýurboýur ýaş döküp, iň takwalyk «ominini» aýtdy we edil jany jesedinden çykan ýaly möňňürmäge durdy. Ol «omin» diňen badyna, märekäniň içinden biri şöhrat aýdymyna gygyrdy, duranlaryň bary gygyryşyp, oňa goşuldylar, şondan soň buthanadan çykanyňdaky ýaly janyň ara girip gitdi. Muzyka gowy zat bolýar! Şu

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýaňramalaryň baryndaň soň, göwnüme muzyka hiç haçan şeýle daýandyryjy, şeýle ýakymly, şeýle oňat täsir etmedik ýaly bolup göründi.

Soň korol eger maşgalanyň esasy dostlary şu agşam özleri bilen nahar edinäýseler we merhumyň meýdini ýygnamaga kömekleşäýseler, özüdir agtyklary üçin ýakymly boljakdygy barada ýene ýaňrap başlady; eger tabytda ýatan dogany pahyr gepläp bilýän bolsa, onda onuň kimleriň adyny tutjakdygy belli: ol atlar özüne gymmatly bolan atlar bolmaly, ol olar barada hatlarynda-da ýazýardy diýdi; ynha men olary birin-birin agzap çykaýyn, olar: ruhany mister Gobson, dýakon Lot Howi, mister Ben Reker, Ebner Şeklford, Lewi Bell, doktor Robinson, olaryň aýallary we dul hatyn Bartli dagy bolmaly — diýdi.

Keramatly ata mister Gobson we doktor Robinson şol wagt şäheriň beýleki çetinde aw awlap ýördüler, ýagny doktora kesellini o dünýä ugradýardy, ruhany bolsa oňa ýol gerkezýärdi. Aklawçy Bell işi çykyp, Luiswille gidipdi. Muňa derek beýlekileri şu töwereklerdedi, şonuň üçin olar ýeke-ýekeden gelip korolyň elini gysdylar, oňa sag bol aýtdylar, gürrüňdeş boldular; soň gersogyň elini gysdylar; emma onuň bilen gürleşmediler, diňe samsyjaklar ýaly ýylgyryşyp, başlaryny ýaýkadylar, ol bolsa eli bilen dürli zatlýar edişdprip çykdy, aňyn bolmasa, gepläp bilmeýän çaga ýaly güň-güň etdi.

Korol bolsa şol ýaňrap otyrdy, ol eýýäm şäherde ýaşaýanlaryň iň soňkysyna çenli ähli̇si barada soraşdyrypdy, atlaryny tutuşdyrypdy, şäherde ýa-da Jorjlarys maşgalasynda Piterleris öýünde bolan hadysalaryň hemmesini ýeke-ýeke sanaşdyrypdy. Gepiň gerdişine gerä, ol bularyň hemmesini Pýterin hatynda ýazanlygyny aýdyrýardy, emma bu kezzaplykdy, bularyň hemmesini iň soňky sözüne çenli, ol biziň parohoda mündüren ýaş samsygymyzdan eşidipdi.

Soň Meri-Jepn agasynyň goýup giden hatyny getirdi, korol bolsa ony sesli okap aglady. Şol hata görä, ýaşalýan jaý bilen üç müň dollar altyn pul gyzlara goýulýardy, oňatja işler edýän gön zawody we beýleki ýerli jaýlar (jemi ýedi müň dollarlyk) hem-de üç müň dollar altyn pul bolsa Garwei bilen Uilýama goýulýardy, hatda bu alty müň dollar ýerzeminde gomülipdir diýlip hem ýazylgydy.

Kezzaplaryň ikiside: häziriň özünde gidip, pullary tapyp geleris we ähli̇sini etmelisi ýaly edip, deňje paýlaşarys diýdiler, mana bolsa şemi götermeli diýdiler. Biz ýerzemine girip, içinden gulpladyk, olar haltany tapan batlaryna puly ýere dökdüler, saryja pullaryň şeýle üýşmegine seretmek diýseň hezillikdi. Bah, korolyň gözi açyldow!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, ýaşasyn! ÝOK, munymyza ägirt diýmeli! Bu «Žirafadan» hem gowurak bolsa gerek, şeýle dälmi?

Gersog bu gowudyr diýip razylaşdy Olar altyna penjelerini urdular, olary syňraklarynyň arasyndan akdyrdylar, şaňňyrdadyp ýere gaçyrdylar. Onsos korol:

— Rast şeýle zadyň üstünden gelen bolsak, bu ýerde gürrüň edip oturasy iş ýok! Indi biz ölen baýyň doganlary we daşary ýurtda ýaşap ýören diri mirasdarlarys wekilleri. Ynha hemişe hudaýa sygnyp ýörseň! Dogrusyny aýtsaň, şundan gowusy ýok. Men her zat edip gördüm welin, şundan gowusyny görmedim — diýdi.

Bulardan başga biri bolsa şeýle üýşmek pula kaýyl bolup, ony sanap görmän alardy. Ýok, bular beýtmedi, bular sanap görermen boldular! Sanap başladylar, görseler, dört ýüz on bäş dollar ýetenok. Korol:

— Içigar galmyş! Bu dört ýüz on bäş dollary ol nirä ýok etdikä? — diýdi.

Olar gynandylar, gynandylar, soňra hem gözläp başladylar, dumly-duşy köwüp çykdylar. Şonda gersog:

— Aý, nätjek, kesel adam-da, ýalňyşan bolmagam mümkin. Iň gowusy, şeýleligine galybersin, bu barada gürrüň edip oturmarys. Onsuz hem bir mydar ederis — diýdi.

— Aýby ýok, elbetde, mydar ederis! Men muňa gynanamok, ýöne welin hasabymyzy näderis, ynha meni şu alada goýýar! Biz bu ýerde işi sap ýürekli, jikme-jik ýöretmelidiris. Bu pullary ýokaryk alyp çykyp, hiç hili müňkürlik bolmaz ýaly, olary hemmeleriň gözüniň alnynda sanamalydyrys. Ýöne merhum bu ýerde alty müň bardyr diýen bolsa, biz…

— Duruň! — diýip, gersog seslendi. — Geliň näçe ýetmeýän bolsa, üstüni ýetireliň — diýiip, ol öz jübüsindäki altyn pullary çykaryşdyryp başlady.

— Örän gowy pikir, gersog! Sizde kelle-hä bar! Walla, gn,-ze ýene «Žiraf» kömege ýetişdi! — dipip, korol hem altyp pullaryny çykaryşdyryp, setirläp goýdy.

Bu olary tas tozdurypdy, emma muňa derek alty müňüs hemmesi ýerbe-ýer doldy. Gersog:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Gulak salys, mende ýene bir pikir bar. Geliň, ýokaryk çykalyň-da, bu pullary täzeden sanalyň, soňra bolsa olary gyzlara bereliň! — diýdi…

Ýok, hudaý kessin, seni gujaklamalymyka diýýärin, örän şowly pikir, bu hiç kimiň hem kellesine gelmezdi! Siziň iňňän oňat kelläňiz bar, men beýle kelläni birinji gezek görýärin! Aý, bu zor tapylan zat, muňa şek-şübhe ýok. Goý, indi bize müňkürlik etjek bolup görsünler, bu olaryň dilini baglar. Ýokaryk çykan badymyza, adamlar stoluň daşyna hümerlenişdiler; onsoň korol pullary sanap, her setirde üç ýüz sanysyny ýerleşdirip, olary setirläp ugrady, ýigrimi sany kiçijik, oňatja setir çykdy. Duranlar bulara agyzlaryny suwardyşyp, açgözlülik bilen seretdiler. Soň ähli puly ýene halta dykdylar, görsem, korol ýene dylym-ýalym edip, sez sözlemäge taýynlanýar. Ol:

— Dostlar, meniň hanha şol tabytda ýatan doganym pahyr özüniň bu ýagty jahanda galdyryp giden adamlary üçin jomartlyk baryny edipdir. Dirikä gowy gören we ekläp-saklan, indi bolsa enesiz-atasyz ýetim galan adamlary bolan gyzlary üçin jomartlyk edipdir. Hawa! Oňa belet bolan biz gadyrly dogany Uilýamy, şeýle hem meni öýkelederin öýtmedik bolsa, onuň olara has hem rehimdarlyk etjekdigini bilýäris, Dogry dälmi? Elbetde, men bu barada birjigem şübhelenemok, Onsoň şeýle wagtda, şeýle işde onuň edenine däl diýsek, bizdenem bir dogan bolarmydy? Şeýle wagtda onun söýen ümsümje toklujyklarynyň ellerindäkisini alsak, hawa, alsak, onda bizden aga bolarmydy. Uilýamy bilşime görä — bilmesine-hä men ony gowy tanaýan — ol… Gowusy men onuň özünden soraýaýyn — diýdi.

Ol gersoga garap öwrülip, oňa dürli yşaratlar etdi, barmaklary bilen bir zat-bir zatlar görkezişdirdi, gersog bolsa ilki oňa aňk boldy, soňra bolsa birden korolyň ýanyna eňdi we nämäň nämeligine düşünen ýaly, begenjinden ýaňa bogazyna sygdygyndan güň-güň etdi we tas ýigrimi gezek diýen ýaly ony bagryna basdy. Şonda korol:

— Men şeýtjegini bilýärdim. Bu barada onuň nähili pikir edýändigine her bir adam hem göz ýetirip bilermikä diýýärin. Ynha, Meri-Jepn, Syuzen, Joanna, bu pullary alyň, hemmesini alyň! Bu hanha hol tabytda dem-düýtsüz, emma näçe diýseň begenip ýatan adamynyň sylagy bolmaly… — diýdi.

Meri-Jeýn korola tarap, Sýuzanna bilen Towşan Dodak hem gersoga tarap okduryldylar, ine onsoň ýene şeýle bir gujaklaşma, öpüşme başlandy welin, beýle zady hiç haçan görmändim. Beýleki adamlar bolsa olaryň daşyna öwrülişip,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gözlerinden ýaş döküärdiler we tas bu iki kezzabyň ellerini goparypdylar, şol gysyşyp durdular, özleri bolsa:

— Gör nähili adamkärçilik! Gör nähili gowulyk—diýişýärdiler.

Ana onsoň ýene merhum barada gürrüňe ýagdylar, ol oňat adamdy, bu uly ýitgi boldy we şuňa meňzeş zatlar diýişdiler, biraz salymdan soň köçeden inedördül eňekli, uzynyrak bir adam jaýa girdi we diňşirgedi durdy; oňa söz diýen bolmady, sebäbi korol gürleýärdi, beýlekiler hem oňa gulak salýardylar. Korolyň nämeden başlanlygy-ha ýadymda ýok welin, ol gürrüňiniň ortaragynda şeý diýdi:

— …sebäbi olar merhumyň ýakyn dostlary ahyryn. Olaryň agşam şu ýere çagyrylmasynyň sebäbi hem ynha şol; ertir bolsa biz hemmeleriň, uçdantutma hemmeleriň gelmegini isleýäris; ol şäherdäkileriň hemmesini hormatlaýardy, hemmesini gowy görýärdi, ynha şonuň üçinem biz onuň jaýlama toýunda bütin şäheriň bolmagyny isleýäris.

Yzynam tükezzibana tutdurdy, sebäbi ol hemişe öz gepine özi gulak asmagy halaýardy; onsoňam aýyn bolmasa, «jaýlama toýy» dipdi oturdy, ahyrsoňy gersog muňa çydamady we kagyzjyga: «Siz garry akmak, jaýlananda bir diýiň — diýip ýazdy, kagyzy epledi we güň-güň edip, ony öňdäki duran myhmanlaryň üstaşyry korola uzatdy. Korol okap gördi we kagyzy jübüsine salyp:

— Görgüli Uilýam, bu nähili gynansada, ýüregi öňki ýerinde. Jaýlamaga gitmäge ähli adamlary çagyrmagymy soraýar. Ýöne ol nähak azara galýar, meniň özümem ähli adamy çagyrjak bolup otyrdym — diýdi.

Şeý diýdi-de, ol göwni bir ýaly bolup, ýaňramasyny dowam etdirdi, ýene hut şeýle diýilmeli ýaly «jaýlama toýy» diýdi. Ony üçünji gezek diýende bolsa, delile getirjek boldy:

— Men «toý» diýip, adatça şeý diýilýär diýip aýdamok, asyl beýle däl, adatça «jaýlama» diýilýär, ýöne «toý» diýilse, has dogrurak bolýar. Angliýada indi «jaýlama» diýilmeýär, indi bu däp däl. Indi biziň Angliýamyzda «toý» ýa «orgiýa» diýilýär. Orgiýa-ha has hem oňat, sebebi, ol aýdylýan zady has dogry aňladýar. Bu söz «orgo» diýen, ýagny «daşky», «açyk» diýen manyny aňladýan grek sözi bilen «oturmak», «goýmak» diýen manyny aňladýan «gizum» diýen ýewreý sözünden ybarat bolup, «jaýlama» sözi hem şondan gelip çykýar. Ynha onsoň, görşüňiz ýaly, jaýlama orgiýasy ähli adamlaryň gatnaşmagynda geçirilýän açyk jaýlama bolýar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Meniň pikirimçe, mundan beýläk gidere ýer galmady. Şol inederdül-eňekli, uzynak adam gös-göni onuň ýüzüne bakyp güldi. Hemmeler üçin gelşiksiz boldy. Ähli adam: «Doktor, size neme boldy!» diýşip pyşyrdaşdylar. Ebner Şeklford bolsa:

— Robinson, size näme boldy, siz bilmeýäňizmi näme, bu Garweý Uilks ahyryn? — diýdi.

Korol şadyýan ýylgyrdy, oňa elini somlady we:

— Asyl bu meniň doganyma tebiplik eden gadyrly dost, sizmidiňiz? Men… — diýdi.

— Ýitiriň eliňizi! — diýip, doktor azgyryldy. — Iňlis diýilýänem sizmi? — Bu baryp ýatan galplyk ahyryn, heý, şundan erbedem zat bolarmy? Sizmi Piter Uilksiň dogany? Size kezzap diýerler, başga zat diýmezler!

Baý, duranlar howsala düşdow! Doktoryň daşyna üýşdüler, ony köşeşdirip, oňa ýalbaryp başladylar, Garweý özüniň dogrudan hem Garweýdigini ýüz gezek dagy subut etdi, ol ählimiziň adymyza, şäherdäki itleriň adyna çenli ýekän-ýekän bilýär diýip düşündirdiler we Garweý hem, gyzlar hem ga-tyrganmaz ýaly onuň sesini çykarman durmagyny haýyş etdiler. Emma barybir netije çykmady: doktor köşeşmedi we özüne iňlis diýýän hem-de şeýle biderek gepleri otarýan adam duran bir kezzap, ýalançy — diýdi. Gyz pahyrlar korolyň ýanyndan aýrylman aglaşyp durdular; şonda doktor olara bakan öwrülip, şeýle diýdi:

— Men siziň kakaňyzyň dostudym, men siziň hem dostuňyz, şonuň üçin siziň bir betbagtçylyga düşüp, uly alada galmazyňyz ýaly, size kömek bermek isleýän sap ýürek adam hökmünde, men size dostlarça duýduryaryn: siz bu näkesden ýüz öwrüň, bu ykmanda bilen baş goşmaň, bu bir ygyp ýören nadan adam, onuň biderek zatlary grekçe, ýewreýçe samran bolmasy ýöne ýerden däl! Munuň başga biriniň adyny dakynanlygy görnüp dur ahyryn, tapypdyr bir ýerden br topar atlary, faktlary, şolary alybam şu ýere gelipdir; siz bolsaňyz muňa subutnama diýip düşünýäňiz, sizi ynanjaň dostlaryňyz hem aldaýar, ýogsa olar dagy akyllyrak bolmaly ahyryn. Meri-Jeýn, Uilks, meniň dostuňyzdygymy, onda-da, betniýetsiz dostuňyzdygymy siz bilýärsiňiz. Şonuň üçin siz maňa gulak asyň: men sizden haýyş edýän, bu nejis kezzaby güm edip kowuň! Razymysyňyz?

Meri-Jeýn has dikeldi, baý, onuň şonda owadan bolaýandygyny we:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ynha meniň jogabym! — diýip, ol pully haltany elden ele geçirip, korola berdi hem-de: — Bu alty müňi alyňda, muny nirede goýasyňyz gelse, meniň we meniň uýalarym üçin goýun, bize hiç hili dilhatyňyz hem gerek däl — diýdi.

Soňra ol koroly gujaklady, Sýuzanna bilen Towşan Dodak bolsa ony beýle tarapyndan gelip gujakladylar. Hemme adam el çarpdy, aýagyny tapyrdatdy, alazenzele boldy, korol bolsa başyny dim-dik tutup, gopbamsy ýylgyrdy.

Doktor:

— Ýagşy, men-ä el ýuwýaryn. ýöne siziň hem baryňyza duýdurýaryn: bu barada ýatlanyňyzda ýüregiňiz bulanjak wagty hem geler — diýdi.

Şeý diýdi-de, ol gidiberdi.

Korol bolsa oňa gyjalat berýän ýaly:

— Ýagşy, doktor, şonda biz olary sizi äkelmäge ibereris — diýdi.

Hemmeler gülüşdiler we bu doktoryň çetine oňatja degendir diýişdiler.

## XXVI bap

Ähli adamlar daganda, korol Meri-Jeýnden sizde myhmanlar üçin boş otag tapylmazmyka diýip sorady, Meri-Jeýn bolsa bir boş otag bar, ol Uilýam kakama boljak, Garweý kakama bolsa öz bolýan otagymy beräýerin, ol birneme uluragam, özüm bolsa uýalarym bilen şol ýerdäki krowatda ýataýaryn; mundan başga-da, çerdakda sypal düşekçeli bir sumelge bardyr diýdi. Korol şol sümelge meniň hyzmatkärime bolar diýdi, ol muny mana diýip aýdýardy.

Meri-Jeýn bizi ýokaryk alyp çykdy we agalaryna olaryň boljak otaglaryny, sadaja, emma rahat otaglary görkezdi. Ol: eger Garweý kakama päsgel berse, men otagymdaky köýneklerim hem-de beýleki zatlarymy äkidäýerin diýdi. Emma ol birjigem päsgel berenok diýdi. Köýnekler diwarda, çit matadan edilen we ýere ýetip duran tutynyň aşagynda asylgy durdy. Bir burçda köne sandyk, beýleki burçda bolsa gaply gitara bilen gyzlaryň otaglaryny bezeýän bir topar biderek zatlary bardy. Korol olar bolsa, otag has rahat, has ýakymly görünýär, şonuň uçinem olara el degirmäň—diýdi. Gersogyň boljak jaýy örän kiçijikdi, ýöne rahatdy, meniň sümelgäm hem şeýledi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Agşamy olar myhman çagyryp, nahar etdiler, ýene-de şol öňki myhmanlar, şol erkekler, şol aýallar geldiler, men bolsam korol bilen gersogyň oturgyjynyň ýeňsesinde durup, olara hyzmat etdim, beýlekilere bolsa, negrler hyzmat etdi. Meri-Jeýn, Sýuzannanyň ýanynda öý eýesiniň oturýan ýerinde oturdy we oturanlara köke-hä şowuna düşmändir, duzunyň bolsa düýpden ugry ýok, towuklaram men diýen däl, ýörän gatañsy diýdi oturdy, bir söz bilen, ol öwnesi geleninde, ähli hojaýyn aýallaryň diýýän zatlaryny diýişdirdi; myhmanlar bolsa ähli goýlan zadyň diýseň oňat bolandygyny görüp otyrdylar, ähli zady öwýärdiler, arasynda hem: «kökäni beýdip nädip gyzardýasyň?» ýa-da «Allanyň hatyrasy üçin aýdyň, beýle oňat pikulini nireden alýaňyz?» diýen ýaly soraglar berýärdiler. Hemmesi şeýleräk, ýagny, siziň bilşiňiz ýaly, agşamlyk nahar wagtynda bir boş gapdan başga bir boş gaba eňterilişi ýaly eňterilip geçdi.

Bularyň hemmesi gutaranynda, men negrler stoluň üstüni ýygnaýançalar we gapçanaklary ýuwýançalar kuhnýada Towşan Dodak bilen galak-gaçaklary iýdim, Towşan Dodak menden Angliýa barada sorap başlady, hudaý ursun, men welin minutsaýyn ýalňyşaýarmykam diýip garajanym galmady. Ol:

— Seniň koroly gören wagtyň boldumy? — diýip sorady.
— Haýsyny! Wilgelm Dördünjinimi? Wiý, ýogsa name! Ol biziň buthanamyza gatnaýar ahyryn.

1 P i k u l i — naharyň gapdaly bilen berilýän turşy gök otlar.

2 W i l g ýe l m D ö r d ü n j i — iňlis koroly (1830—1837).

Men onuň bir wagtlar ölendiginem bilýärdim, muny ona aýdyp oturmadym. Ýöne ynha biziň buthanamyza gatnaýar diýemsoň ol menden:

— Aý, ýog-a? Hemişe barýarmy?—diýip sorady.

— Hawa-da, hemişe barýar. Onuň oturýan oturgyjy hem edil biziň oturgyjymyzyň garşysynda, kafedranyň o tarapynda dur.

— Men bolsam ol Londonda ýaşaýandyr diýip ýördüm.

— Hawa, şol ýerde ýaşaýar. Ol eýsem nirede ýaşasyn?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Sen Şeffildde ýaşamaýarmyň näme?

Görsem, bataýýypdyryn. Ilki bada towuk süňküni ýuwudyp düwnen kişi boldum, wagt utup, bir ýol bilen sypalga tapmalydy! Soň men:

— Hawa, ol biziň buthanamyza hemişe Şeffilde gelen wagty gelýär. Bu bolsa onuň deňiz wannasyny kabul etmäge gelýän tomus aýlary bolýar — diýdim.

— Näme biderek ýaňraýaňla, Şeffild deňziň gyrasynda däl ahyryn!

— Kim oňa deňziň gyrasynda diýýär?

— Sen aýdyp dursuň.

— Kelläme-de gelenok.

— ÝOK, aýtdyň!

— Ýok aýdamok!

— Aýtdyň?

— Beýle zat aýdan däldirin.

— Onda näme aýtdyň?

— Men ol deňiz wannasyny kabul etmäge gelýär diýdim, başga zat diýemok.

— Ol ýerde deňiz ýokka, deňiz wannasyny nireden kabul edýärmiş?

— Gulak as, sen, heý irde-giçde iňlis elyny görüpmidiň?

— Görüpdim.

— Heý, ol diýip, Angliýa gitmeli bolýarmy?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— ÝOK, bolanok.

— Eger şeýle bolýan bolsa, Wilgelm Dördünji hem deňiz wannasyny kabul etmek üçin deňze gitmeli bolanok.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onda ol deňiz suwuny nireden alýarmyş?

— Adamlar nowany nireden alýan bolsa, ol hem şol ýerden, ýagny çelekden alýar. Şeffildis köşgünde bir topar gazan bolup, oňa suwy hem şolarda gyzdyryp berýärler. Deňizde bolsa beýle köp suwy gyzdyrjak gümanyň ýok, ol ýerde suw gyzdyrar ýaly hiç hili zat ýok.

— Indi düşündim. Näme üçin sen muny şo bada aýdaýmadyň, diňe wagt ýitirdiň durduň.

Ine şunda men sagaman sypanlygymy bildim we ýuregim ýerine gelen ýaly boldy.

Ol bolsa ýene sorap ugrady:

— Buthana senem gatnaýarmyň?

— Elbetde, gatnaýan, onda-da hemişe gatnaýan.

— Ol ýerde sen nirede oturýarsyň?

— Nirede bolar öýdýäň? Öz oturgyjymyzda oturýan.

— Kimiň oturgyjynda?

— Öz oturgyjymyzda, ýagny seniň Garweý kakaň oturgyjynda oturýarys.

— Şoň oturgyjyndamy? Oňa oturgyç nämä gerekmiş? —. Oturmaga gerek. Sen nämä gerekdir öýdýäň?

— Görýärmiň muny, men onuň ýeri kafedradadyr öýdýärdim.

Wah, içigar galmyş-eý, men onun wagyz-nesihatçydygyny unudaýan ekenim. Görýän welin, men ýene batyp barýaryn; ýene towuk süňküne düwünmeli we böwrümi diňlemeli boldum. Onsoň men:

— Sen, näme buthanada diňe ýekeje wagyz-nesihatçy bardyr öýdýärmiň? — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ondan köpi nämä gerek?

— Ba! Korola wagyz-nesihat etmek üçinmi? Men seniň ýalakyny ömrümde-de gören däldirin. Olar on ýediden az bolanoklar ahyryn.

On ýedi wagyz-nesihatçy! Taňrym! Men her zat diýselerem, munça köp wagt oturyp bilmezdim. Olaryň hemmesiniň gürrüňini bir hepdede-de eşidip gutaryp bolmaz ahyryn.

— Biderek zat, wagyz-nesihat olaryň bary bir günde edenoklar, gezekli-gezegine edýärler.

— Onda galanlary näme işleýärler?

— Aý, üýtgeşik bir zat işlänoklar? Dynç alyp otyrlar, kürüşgeli gezişip ýörler, aý ýene azmy näme! Käte-hä hiç

zadam edenoklar.

— Onda olaryň nämä geregi bar?

— 0 nähili nämä geregi bar? Pors atmak üçin gerek. Neneň sen muny bilmeýärsiň?

— Beýle bihepbe zatlary bilesimem gelenok! Onsoň Angliýada hyzmatkärlere nähili garaýarlar? Biziň negrlere garaýşymyzdan gowy garaýarlarmy?

Garaljak gümany barmy: hyzmatkäri adamam hasap edenoklar. Itdenem beter görýerler.

— Näme olary, biziň roždestwo baýramyna, Teze ýyl Saýramyna we Dördünji iýul baýramyna goýberişimnz ýaly, baýramlara goýbermeýärlermi?
— Bir zat aýdaýýar-ow! Angliýada hiç haçan bolmadygyň belli-dä. Bilýärmiň, Towş… bilýärmiň, Joanna, olaryň hiç haçan baýramlary bolmaýar, arly ýylolary sirke-de, teatra-da, negrleriň balaganlaryna-da, hiç ýere-de goýbermeýärler.

— Buthanada goýbermeýerlermi?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Buthanada goýberenoklar,

— Sen buthana gidýämişiň ahyryn?

Ine görýärmiň, men ýene bulaşdym. Men garryň hyzmatkäridigimem ýadymdan çykarypdyryn. Emma men şobada oňa lakeý ýönekeý bir hyzmatkär ýaly bolanok, ol islese-islemese, buthana gitmeli we şol ýerde hojaýynlary bilen bile oturmaly bolýar, sebäbi bizde şeýdilýär — diýip düşündirmäge oturdym. Ýöne sözüm biribirine onçakly baglaşmady: düşündirip gutardym welin, ol meniň diýenlerime ynananok. Ol maňa: Hany onda çypdyrmaýanlygyňa «hindilerçe söz ber» —diýdi.

Hindi sözi bolsun, aldamok — diýdim.

— Düýpden aldaňokmy?

— Düýpden aldamok. Edil bolşy ýalydyr, ýekeje sözüni hem artdyramok — diýdim.

— Hany şu kitabyň üstüne eliňi goý-da, ýene bir gezek aýt.

Men munuň sözlükden başga zat däldigine gözümi ýetirip, üstüne elimi goýdum we ýene bir sapar gaýtaladym. Ol ynanan ýaly etdi-de:

— Ýeri bolýar-da, munuň dogry ýerem bolsa bardyr; ýöne, bagyşlaň welin, men galanyna hiç wagtam ynanman—diýdi,

Onýança Sýuzanna bilen gapydan giren Meri-Jeýn:

— Näme ol ynanman diýýän zadyň, Jo? Munuň bilen beýle gödek gürleşmek ýagşamdäl, edepliligem, sebäbi ol bu ýerda ýat, hossarlaryndan hem uzakda, özüň bilen şeýle gürleşilse, seniň hem janyňa ýaramazdy, şeýle dälmi? — diýdi.

— Sen hemişe şeýle-dä, Meri, onuň göwnüne degmek ýadymada düşenok, sen bolsaň derrew arkasyny çalýaň. Meniň oňa diýen zadym ýok. Ol bolsa häzir maňa ýalan sözledi, menem her bir aýdylan zada ynanyp durmaga borçly däl diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ynha bar bolan gürrüň, başga aýdan zadym ýok. Beýle bolgusyz zatlara onuň ýüregi çişip durasy ýokmuka diýýän.

— Bolgulymy, bolgusyzmy, maňa tapawudy ýok. Ýöne ol biziň myhmanymyz, beýle diýmek hem saňa gelşikli däl. Eger onuň ýerinde özüň bolsaň, özüňem utanardyň; şonuň üçin adam utanar ýaly zat aýtmak gerek däl.

— Goýsana, Meri, ol näme diýdi ahyryn…

— Neme diýeninde-de parhy ýok, gep munda däl. Ýöne sen oglan bilen mylaýym gürleş, onuň göwnüne deger ýaly zat aýtma, bolmasa, özüniň bu ýerde ýatdygy, watanyndan uzakdygy onuň ýadyna düşer.

Men bolsam içimden: «Ynha şunuň ýaly gyzy hem garry krokodile çürkedip durun!» diýýärin.

Onýança Sýuzanna hem ara goşuldy. Ol Towşan Dodagy şeýle bir alarladyp ugrady welin, halalyň bolsun!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men bolsam içimden: «Onuň muny hem bihaýalyk bilen talamagyna ýol berýärin» diýýärin.

Şonda Meri-Jeýn onuň bilen düýpden başgaça gürleşdi, hemişeki gürleşişi ýaly, mylaýym, süýji dilli gürleşdi ýöne şondan soň Towşan Dodak otdan-suwdan ümsüm boldy we gözýaş dökdi.

Gyz doganlary oňa:

— Ynha munyň bolýar, indi sen mundan ötünç soraý — diýdiler. Ol ötünç hem sorady, özem örän edepli sorady! Şeýle bir sypaýy sorady welin, gulagyma ýakyp gitdi; ol ýene bir gezek ötünç sorar ýaly, men mundan hem beter ýalan sözläsim geldi.

Içimden bolsa: «Ynha şuny hem oňa taladyp durun!» diýdim. Ol ötünç soranyndan soň, olar: özüni edil öýüňde ýaly bil, dostlaryň arasyna geleniňe düşün diýşip, ýerli-ýerden azara galyp başladylar. Men bolsam özümi şeýle erbet, şeýle deýýus, şeýle nejis duýdum, şonuň üçinem: gel, soňy nämä degse degsin welin, şol pullary bulara ogurlap bereýin diýdim.

Men ýatmaga giden kişi boldum, özüm bolsam, entejik sabyr edeýin, ýatmaýyn diýdim. Täk özüm galyp, muny öz ýanymdan ölçerip ugradym. Doktoryň ýanyna gidip, kezzaplaryň üstüni açaýsam näderkä? — diýip pikir etdim. Aý, ýok, bu bolmaýar. Birden ol muny kimin aýdanlygyny aýdaýsa? Onson mana korol bilen gersogdan eýgilik bolmaz. Ýuwaşjadan Meri-Jeýne aýdaýsam. ÝOK, gowusy, aýtmaýyn. Olar şuny derrew onuň ýüzünden aňarlar; altynly halta olaryň elinde, olar kän ikirjiňläp durman, puly alyp ýom-ýok bolarlar. Eger ol birini kömege çagyryp, menem bu işe bulaşdyraýsa, gör, onsoň munuň haçan üsti açyljak! ÝOK, diňe bir bolaýjak ýol bar. Bir ýol bilen men ol pullary ele salmaly, özümem hiç kim menden oslamaz ýaly edip ogurlamaly. Korol bilen gersog işlerini tapdylar, olar şu ýetimler bilen bu şäheri ykjam sypyrýançalar bu ýerden gitmezler, onsoň men muňa amatly wagt taparyn. Puly ogurlap gizlärin we derýa bilen aşaklygyna ýola düşenimizde, Meri-Jeýne hat ýazyp, puly nirede gizlänligimi aýdaryn. Ýöne welin pullary şu gije ogurlanyňdan gowusy ýok, sebäbi doktor bilýän zatlarynyň ählisini aýtmadymyka diýýärin: birden ol bulary bu ýerden gaçyraýmasyn.

Hany gidip, otaglaryny barlap çykaýyn diýdim. Ýokarda, koridoryň içi tümgaraňkydy, emma men her niçigem bolsa, gersogyň bolýan otagyny tapdym we

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ol ýerdäki zatlaryň hemmesini elim bilen sermeleşdirip ugradym; birden korolyň ol pullary hiç kime saklamaga bermejekdigi hakydama geldi, bu onun başarjak zady däldi; korolyň bolýan otagyna gidip, ony hem döküşdirip başladym. Görsem, çyrasyz zat eder ýaly däl, ýakmaga bolsa ýürek edip bilemok. Şonda men başgaça etmegi ýüregime düwdüm: gel, bulary jyklap, näme diýýänlerini diňläýin diýdim. Onýança hem olaryň gelýänligini eşit-dim.

Ýaňy bir krowatyň aşagyna girjek bolup boýnumy uzatdym welin, krowat meniň diýen ýerimde ýok ekeni; muňa derek elim aşagynda Meri-Jeýniň köýnekleri asylgy duran tuta degdi; men ur-tut şonuň aşagyna girdim, köýneklere gömüldimde, demimi alman durdum.

Olar içerik girdiler, gapyny ýapdylar, gersog ilki bilen eglip, krowatyň aşagyna seretdi. Baý, şonda krowaty wagtynda tapmanlygyma begendim-ow. Ýogsam, gizlinräk bir iş edýän bolsaň, öz-özüň krowatyň aşagyna girip gidiberýärsiň ahyryn.

— Ine onsoň olaryň ikiside ýerlerinde oturdylar, şonda korol: Ýeri, näme boldy? ýöne gysgarak aýt, sebäbi biz basymrak aşak düşüp, ses edýänler bilen ses etmeli, bolmasa, olar o ýerde biziň gybatymyzy edip başlarlar — diýdi.

— Näme diýsene, Kapet! Men hiç ynjalyp bilemok: men bu doktory hiç halamok, ol hemişe ýadyma düşüp dur! Siziň nähili planyňyz bar. Men-ä bir pikir edýän welin, şol dogrumyka diýýärin.

— Näme pikir edýäň?

— Biz bu ýerden basymrak, ýagny ertir sagat üçlerde saýlansak, elimizdäkije bary bilen oňup derýadan aşaklygyna ýüzüp gitsek, gowy bolardy. Pul biziň elimize gaty aňsat düşdi, öz elleri bilen berdiler diýen ýaly, ýogsam biz ogurlamaly bolarmykak diýipdik ahyryn. Men çennegimizi ýygnap, bu ýerden basymrak saýlanmagyn tarapdary.

Men bir tüýsli gowşap gitdim. Bir sagat, iki sagat mundan öň bolan bolsa, bu düýpden başga mesele, ýöne häzir welin lapym keç boldy, onsoň ugrum gaçyp başlady. Korol sögündi-de

— Näme? Indi galan zatlary satman gidäýerismi? Mugtja düşjek bolup duran sekiz-dokuz müňlük zady goýup, akmak ýaly bolup gidäýerismi? Onsoňam bular nähili geçginli harytlar — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Gersog hüňürdäp başlady we bir halta altynam az däl, men-ä mundan aňryk gidip biljek däl, ýetimleriň elindäki iň soňkuja zatlaryny alyp biljek däl diýdi.

Korol:

— Tapýan zadyňyz näme? Biz bu pullardan başga olaryň hiç zadyny hem almarys. Bu taýda alyjylar zyýan çekjek: emlägiň biziňki däldigi äşgär bolanynda, bu bolsa biz giden dessimize äşgär bolar, satuw galp bolup çykar we emläk ýene eýelerine gaýtarylyp berler. Ine onsoň siziň ýetimleriňiz hem öýlerine gowşarlar; olara-da bes-dä: olar heňiz ýaş, janlary hem sag, döwüm çöreklerini bolsa olar her zat edenlerinde-de taparlar. Olar birjigem zyýan çekmezler. Janyňyz sag bolsun, olara zeýrenmäge zat ýok — diýdi.

Korol ony şeýle bir jadylady welin, gersog ahyrym boýun boldy we bolýar-da diýdi. Ýöne:

— Her niçigem bolsa doktor göze-başa düşüp ýörkä şäherde galmaklyk akmaklyk bolýar! — diýdi.

Korol bolsa:

— Doktor azarymyza däl-le! Biziň on bilen name işimiz bar? Şäherdeki akmaklaryň bary biziň tarapymyzda ahyryn! Akmaklar bolsa ähli şeherde akyllylardan köp diýdi.

Onsoň olar aşak düşmäge hyýallandylar. Gersog:

— Bilmedim welin, biz puly oňat gizledikmikäk! Goýlan ýer-ä ahmaldyr — diýdi.

Muny eşidip, men begenip gitdim. Men hiç zat bilmen-ow, bular mana ujunam aňlatmazlar-ow diýip pikir edip başlapdym. Korol:

— O näme üçin? — diýip sorady.

— Sebäbi, Meri-Jeýn indi ýas geýimini geýner: ol otagyny süpürýän negr aýalyna ähli letdeleri sandyga salyp, göz görmez ýaly ýerde goýmagy tabşyrýardy. Siz negr aýaly puly görse, gözi gitmez öýdýärmisiňiz!

Korol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Hawa-da, siziň kelläňiz zor işleýär — diýdi we edil meniň duran ýerimden iki ädimlik beýlede tutynyň aşagyny sermeleşdirip başlady.

Men diwara gysmyljyrap, doňan ýaly bolup durdum, özüm hem durşum bilen galpyldap durun: olar meni tutaýsalar, näme diýerlerkä diýip içimi gepledýärin! Her niçigem bolsa tutulanymda, diýjek zadymy pikir etmelidim. Emma bu pikirimiň ýarysyna hem ýetmänkäm, korol pully haltany tapdy, meniň bu ýerde duranym bolsa onuň kellesine-de gelmedi. Onsoň olar altynly haltany aldylar-da, ony ýelek düşekçäniň aşagyndaky sypal düşekçäniň ýyrtygyna sokdular; sypalyň içine çuňrak sokup, hemmesi ýerbe-ýer bolandyr öýtdüler, sebäbi negr aýaly kakanynda diňe ýelek duşekçäni kakýar, sypal düşekçäni bolsa ol ýylda iki gezekden köp kakanok, şonuň üçinem pul duran ýerinde durar, ony hiç kim ogurlamaz diýdiler.

Emma men welin başgaça pikir edýärdim. Korol bilýen gersog basgançakdan düşýänçäler, men haltany sogrup aldymda, sermeleşdirip sümelgäme ýetdim we başga bir ýerde gizleýänçäm, ony öz hütdügimde gizläp goýdum. Men gowusy haltany howluda gizläýin, sebäbi korol bilen gersog puluň ýoklugyny bilseler, derrew jaýy gözläp başlarlar diýdim. Men muny bilýärdim. Onsoň men çykarynman-zat etmän ýatdym, emma barybir uklap bilmedim, bu işi ahyryna çenli ýetirmesem hiç ýüregim ynjalmady. Basym men korol bilen gersogyň ýene-de basgançakdan galyp gelýänligini eşitdim; men ýorganymdan ýumak ýaly bolup togalanyp çykdym-da, çerdak basgançagynyň ýokarsynda gyşardym we soňy nähili bolarka diýip garaşyp ýatdym. Emma bolan zat bolmady.

Men garaşdym we agşamky sesler ýatyşyp, ertirkiler hem başlanmanka ýuwaşlyk bilen aşaky etaža düşdüm.

## XXVII bap

Men ýuwaşja basyp, olaryň gapylaryna bardym we gulak asyp başladym: olaryň ikisem hor çekişip ýatyrdy. Şonda men daraklygyma basyp, aňyrlygyna geçip gitdim we sagaman aşak düşdüm. Hiç ýerden ses-seda çykmady. Men gapynyň deşiginden naharhana seretdim we tabydyň ýanyndaky oturanlaryň oturan oturgyçlarynda süýji uka gidip ýatandyklaryny gördüm. Merhumyň ýatan myhman jaýynyň gapysy açykdy we otaglaryň ikisinde-de çyra ýanyp durdy. Men açyk gapynyň ýanyndan geçip gitdim; görsem myhmanjaýda Piteriň meýidinden başga

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
hiç zat ýokdy, onsoň men ýolumy dowam etdirdim, emma jaýyň köçe taýky gapgsy gulplanyp, açary hem alnyp gidilen ekeni. Ana şol wagt biriniň yzymdan basgançakdan çykyp gelýänligini eşitdim. Men derrew myhmanjaýa girdim, töweregime garanjakladym, görsem, tabytda gizläýmesem, haltany gizlär ýaly ýer ýok. Tabydyň gapagy birneme açylgydy we merhumyň öl esgi bilen ýapylan ýüzi bilen kepen görnüp durdy. Men pully haltany tabydyň gapagynyn aşagyna gowşurylyp goýlan elleriň aşagragyna sokdum, eller şýle bir sowuk eken welin, inim dyglap gitdi, onsoň otagdan ylgap çykyp, gapynyň ýeňsesinde gizlendim.

Yzymdan gelýän Meri-Jeýn eken. Ol ýuwaşja basyp tabydyň ýanyna bardy, dyzyna çökdi we merhumyn ýüzüne seredip başlady; soňra el ýaglygyny gözüne ýetirdi, hiç zat eşidilmese-de, men onuň aglaýandygyny aňdym, ýogsam ol maňa arkasyny öwrübem durdy. Men gapynyň aňyrsyndan çykdym-da, naharhananyň gapdalyndan geçdim, şonda gel oturanlaryn içinden meni gören bolaýmasyn diýip, deşikden jykladym, emma imisalalyk eken. Olar kesesinden gymyldaýyn hem diýmediler.

Men ylgap ýokaryk çykdym-da, şunça zähmet çeksem-de, şunça töwekgelçilik etsem-de, düýpden pikir edişim ýaly bolmady diýip, lapym keç bolup krowata gyşardym. Eger pul goýlan ýerinde duraýsa, ýene ýagşy, derýa bilen bir-iki ýüz milräk geçenimizden soň, Meri-Jeýne ýazyp habar ederin, ol bolsa merhumyň mazaryny agtaryp, puly alar, ýöne munda-da bolmaz, tabydyn gapagy çüýlenende, puly tapyp alarlar. Pul ýene korolyň eline düşer, soň ony gaýdyp ogurlajak gümanyň ýok — dipdim. Men ýene aşak gidip, puly goýan ýerimden alasym geldi, emma bognum ysmady. Howa gitdigiçe ýagtylýardy, şonuň üçin tabydyň ýanyndaky oturanlar hem basym oýanjakdylar we ahmal bolsaň, tutjakdylar. Eliň alty müňli tutaýsalar bolsa, bar onsoň iň bärkisi maňa pula esewan bol diýen hem ýok ahyryn. Aý ýok, men asyl özümiň beýle işe bulaşmagymy islämok.

Ertir bilen aşak düşenimde, myhmanjaýyň gapysy ýapyk eken, keseki adamlaryň bary gidipdirler. Diňe özli-özümiz bilen dul hatyn Bartli we kompaniýamyz galypdyr. Men, belki, ýüzlerinden bir zat aňaryn diýip, oturanlaryň ýüzlerine seredip başladym, emma hiç zat aňşyryp bilmedim.

Günortanlar kömekçisini alyp tabytçy geldi, olar tabydy öýüň ortasynda, iki sany stuluň üstünde goýdular, beýleki stullary bolsa hatarlap goýdular, munuň üstesine goňşularyň stullaryny hem alyp geldiler, şeýlelikde myhman jaýda-da, naharhanada-da, öňdäki otagda-da stul gytlyk etmedi. Men tabydyň gapagynyň agşamkysy ýaly açyk duranlygyny gördüm, emma aşagyna seretmäge ýürek etmedim, sebäbi daştöweregim adamdy. Onsoň çagyrylan adamlar gelşip başlady,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
kezzaplaryň ikiside gyzlar bilen öň hatarda, tabydyň başujunda oturdylar, adamlar bir-biriniň yzyndan ýuwaşja ýöräp, ýarym sagatlap tabydyň ýanyndan geçdiler we merhuma seredişdiler, käbirleri-hä gözýaş hem etdiler, bularyň hemmesi ümsüm we dabaraly ýagdaýda geçdi, diňe gyzlar bilen kezzaplar ýaglyk bilen gözlerini süpürişip, ýuwaşjadan aglaşdylar. Poldaky aýak sesi bilen sümgürinmelerden başga hiç zat eşidilmeýärdi,sebäbi buthana bolaýmasa, beýleki ýerlere garaňda, adamlar biri jaýlananda köp sümgürinişýärler.

Öý adamdan ýaňa hyryn-dykyn dolanynda, gara ellikli, mylaýym sözli, sypaýy tabytçy pişik basyşyny edip, töwerekdäki zatlary gözden geçirdi, hemmesi ýerbeýer bolar ýaly, saýhallylyk we asyllylyk bilen gören kemçiliklerini düzedişdirdi. Ol geplemeýärdi: myhmanlary oturdyşdyrdy, gijä galyp gelenleri ýerleşdirdi, geçgip bolar ýaly, merekäni birneme yza tesiprin, bularyň baryny edişdireninde, ol ýeke söz hem diýmän, diňe kellesini atyp yşarat etdi. Soň ol baryp, özüniň diwaryň ýanyndaky ýerine geçip durdy. Beýle ýuwaş, beýle göze ilmeýän, beýle assyryn adamyny men enemden dogup görmändim, güleninde-de çalaja ýylgyraýýardy.

Olar biriniň düzülmän duran fisgarmoniýasyny alyp geldiler we hemme zat taýýar bolanynda, bir ýaş aýal oturyp, ony çalmaga durdy; agy-zenzele näçe diýseň boldy, munuň üstesine, oturanlar seslerini goşup, aýdyma hem gygyrdylar, bu, meniň pikirimçe, diňe Pitere ýaradymyka diýýärin. Soň keramatly ata Gobson işe girişdi, ýuwaşja we dabaraly suratda söz sözlemäge durdy; emma onuň başlanam şoldy welin, ýerzeminden bir wagyrdy çykdy, heý aýdyp-diýer ýaly däl; wagyrdaýan bary-ýogy ýekeje itdi, emma turuzýan gopgunyna çydar dagy eder ýaly däldi, ol irginsiz üýrüp durdy, şonuň üçin ruhany sesini kesmeli we tabydyň ýanynda dik durup garaşmaly boldy, hiç zat, hatda öz näme pikir edýänligiňi hem eşider ýaly däldi. Şeýle gelşiksizlik boldy, emma näme etmelidigini bilýän adam ýokdy. Onýança uzynak tabytçy ilkinji bolup özüne geldi we: «Howsala düşmäň, özüm baryny ýola salaryn» diýýän ýaly, ruhana başyny atdy. Ol diwaryň gyrasy bilen çykalga tarap ýöräp ugrady, özi-de küýkerilip baransoň, üýşüp duranlaryň üstaşyry egni görünýärdi. Ol çykalga ýetýänçä galmagal we it sesi barha güýjedi; ahyrsoňy otagyň iki tarapyny aýlanyp geçip, tabytçy ýerzemine girip gitdi. Iki sekunt çemeleri soňrak biz güýçli urgy eşitdik, it bir-iki gezek aýylganç çyňsady-da, ümsümlik aralaşdy; ruhany ýene özüniň dabaraly sözüniň kesilen ýerinden alyp ugrady. Bir-iki minutdan tabytçy hem girdi, onuň eginleri ýene diwaryň gyrasy bilen görnüp gelýärdi, ol şeýdip, otagyň üç tarapyna aýlanyp çykdy, soň bilini ýazdy, elini agzyna tutdy we boýnuny uzadyp, boguk sesi bilen ruhana: «Ol alaka tutan ekeni» Diýdi. Şondan soň ol ýene egilip, diwaryň gyrasy bilen öz ýerine taran ýöräp gitdi. Munuň hemmelere keýp berenligi görnüp durdy, sebäbi olaryň näme

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolanlygyny bilesleri gelýärdi. Şunun ýaly biderek zadyň; adam üçin hiç hili kynçylygy ýok, emma umumy hormat, umumy söýgi şeýle biderek zatlaryň üsti bilen gazanylýar. Bu tabytçyny gowy görüşleri ýaly, şäherde hiç kimi gowy görmeýärdiler.

Tabyt başynda sözlenen söz oňatdy, emma örän uzyn, örän ýürekgysgynçdy; onýança korol hem şol ýere çykyp, söz sözlemäge durdy, ol öz sözünde hemişekileri ýaly biderek-biderek zatlary otaryşdyrdy; onsoň tabytçy otwertkasyny alyp, tabydyn ýanyna ugrady. Men edil iňňäň üstünde oturan ýalydym we ondan gözümi aýyrman seredýärdim. Ol bolsa tabyla seretmedem: ýeke gapagy sessizüýnsüz süýşürdi-de, ykjam edip çüýledi. Men bolsam içimi tutdum galyberdim. Puluň şol ýerde duranlygyny-durmanlygynam bilip bilmedim. Ony eýýäm biri bildirmän çiläýen bolsa nätjek? — diýip pikir etdim. Indi Meri-Jeýne ýazmaly boljagynam, ýazmasyz boljagynam bilmedim. Birden mazary agtaryn, puly tapmasa, ol men barada nähili pikir eder? Aý, gabra gitsinle, onsoňam yzymdan ko-waýmaklaram, türmä basaýmaklaram mümkin; men iň gowusy dilimi ýarmaýyn we oňa zat ýazmaýyn diýdim; içigar, ähli zat bulaşdy duruberdi; men gowusyny etjek boldum welin, ýüz esse beter bolup çykdy, jähennem diýip, men muňa ozalyndan baş goşmaly däl ekenim!

Piteri jaýladylar, biz öýümize gaýdyp geldik, men ýüzlerinden zat aňyp bilmezmikäm diýip, ýene-de adamlara seredip başladym, hiç saklanyp, ynjalyp bilmedim.

Agşam korol myhmançylyga gitdi, ähli adamlara göwünlik berdi, ähli kişä dost bolan bolup ýürege düşdi, gürrüňiniň arasynda bolsa Angliýadaky dine ynanýanlarym maňa bu gün geler-erte geler diýip, gözleri ýoldadyr, şonuň üçin indi howlukmagym: emläkler baradaky işi bir ýüzli edip, öýe gaýtmagym gerek diýdi — beýle gyssanmaç bolany üçin ol ören gynanan boldy, beýlekiler hem gynanyşdylar: olar onuň özlerinde köpräk bolanyny isleýärdiler, emma muny nähili gurajakdyklaryny bilmeýärdiler. Ol, elbetde, Uilýam bilen birlikde gyzlary hem ýanymyza alyp, Angliýa äkitjek diýen boldy; muňa hemmeler begendiler, sebebi gyzlar hem-ä hossarlarynyň ýanynda bolarlar, hemem oňat ýerleşerler diýdiler; gyzlaryň hem göwünleri hoşdy, olar muňa begenişip, gaýgy-hasratlaryny hem ýatlaryndan çykarypdylar.

Hemmeler: goý zatlaryny basymrak satyşdyrybersin. Gyzlar bolsa ýol şaýlaryny tutubersinler— diýişdiler. Pahyrjyklar şeýle bir hoşaldylar, şeýle bir begenişýärdiler welin, olaryň aldanylýanlyklaryna ýüregim awap gitdi, emma özümiň ara goşulyp, işi azda-kände üýtgetmegime hiç mümkinçilik görmedim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Korol jaýy hem, negrleri hem Piteriň jaýlananyna iki gün boldugy «Kim ýokary?» bilen satmakçy bolmadyk bolsa, men duran ýerimde öläýeýin. Emma bulary aljak adam bolsa, ol hususy suratda öň hem alyp biljekdi. Ine onsoň jaýlanylan günüň ertesi sagat on ikilerde gyzlaryň şatlygyny ilkinji gezek gam basdy. Iki sany negr satyjy geldi, korol hemişeki edilişi ýaly edip, üç günüň içinde çekli tölemek şerti bilen negrleri olara oňat baha dakdy, olar negr oglanlaryň ikisini derýa bilen ýokarlygyna, Memfise, ejelerini bolsa derýa bilen aşaklygyna, Täze Orleana alyp gitdiler. Men gapgydan ýaňa gyz pahyrlaryň hem, negrleriň hem ýürekleri ýarylara geler diýip pikir etdim: sebäbi olar bir-birleri barada şeýle zaryn aglaşdylar, bulary görüp, meniň hem ýüregim bozuldy. Gyzlar: maşgalany bölüp, şehere däl-de, uzaga bir ýere satylar diýip düýşümize-de girmeýärdi diýişdiler. Bu bagtygara gyzlaryň we negrleriň bir-birlerini gujaklaşyp aglaşmalary hiç wagt ýadymdan çykmaz, bu heňiz hem meniň gözümiň öňünden gidenok, eger bu söwdanyň galpdygyna, negrleriň hem bir-iki hepdeden öýlerine gaýdyp geljekligine gözüm ýetmedik bolsa, men muňa çydap, sesimi çykarman durup bilmezdim we derrew şaýkamyza habar bererdim.

Bu satuw şäherde uly gopgun turuzdy; adamlaryň köpüsi muňa närazydy: enäni çagalaryndan aýyrmak baryp ýatan masgaraçylyk diýdiler. Bu biziň kezzaplarymyzyň abraýyny ep-esli pese gaçyrdy, emma gersog her näme diýse-de, garry akmak öz bileninden galmady, ýogsam gersog, göräýmäge örän howsalalanýardy.

Ertesi güni «Kim ýokary» söwdasy boldy. Ertir bilen daň atanja badyna korol bilen gersog meniň ýanyma, çerdaga çykdylar we ukymdan oýardylar; men olaryň ýüz keşplerinden derrew bir bolmasy zadyň bolanlygypy aňdym. Korol:

— Sen öňki agşam meniň otagyma girdiňmi? — diýdi.

— Ýok, siziň alyhezretiňiz (del adam ýokka, men onuň adyny hemişe şeý diýip tutýardym).

— A öten agşam bolduňmy?

— Ýok, siziň alyhezretiňiz.

— Ýöne dogryňy aýt, aldama!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Dogrym, siziň alyhezretiňiz. Men size dogrymy aýdýan. Miss Meri-Jeýn ony gersog ikiňize görkezeli bäri, men siziň otagynyzyň ýanyna-da baramok.

Gersog:

— Onsoň ol ýere girip-çykan hem bolmadymy? — diýip sorady. .

_ Ýok siziň alyhezretýňiz, hiç hakydama gelenok!

— Onda pikir etde, ýadyňa saljak bol!

Men ýadyma salan kişi boldum, görsem, häzir tüýs pursady, onsoň aldymda, urtut:

— Hawa, görüpdim-ow, ol ýere negrler giripdi, özem bir-iki gezek hem däl — diýdim. Olaryň ikiside zöwwe ýerlerinden turdy, ilki bada ýüz keşpleri muny oslamadyk ýaly bolup göründi, soň bolsa hut şeýle bolar diýip garaşan ýaly boldy. Gersog:

— Aý goýa! Hemmesi birden girdilermi? — diýip sorady.

— Ýok, hemmesi birden girmedi… ýagny men olaryň ol ýerden hemmesiniň bile çykanlaryny görmedim. Ynha bar görenim şu…

— Ýeri onsoň? Bu haçan bolupdy?

— Piter jaýlanan güni, ertir ir bilen bolupdy. Ýöne onçakly irden hem däl, sebäbi men ol wagt ýatyp galypdym. Men ýaňy basgançakdan düşüp ugrapdym welin, olara gözum düşäýdi.

— Ýeri onsoň, onsoň näme boldy? Olar näme işleýän ekenler? Özlerini nähili tutýardylar?

— Hiç zat hem işlänoklar eken! Meniň pikirimçe, özlerini alyp baryşlary hem onçakly däl eken. Olar ol ýerden daraklyklaryna basyp çykdylar; belki, olar siziň otagyňyzy süpürmäge ýa-da başga bir iş bilen barandyrlar-da, siz oýanansyňyz öýdendirler; siziň ýatanlygyňyzy görübem sizi oýatmajak, bimaza etmejek bolup, basymjak çykmak bilen bolandyrlar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Korol:

— Wah, içigar, al gerek bolsa! — diýdi we olaryň ikiside aljyraşyp, bir-birlerine samsyklaç seredişdiler.

Olar esli salymlap böwürlerini diňläp, kellelerini gaşaşyp durdular, onsoň gersog garyljyk sesi bilen güldi-de, şeýle diýdi:

— Seretseňizläň bu negrleriň jögüligine! Olar gitjek bolanlarynda gynanan kişi boldular. Menem olaryň gepine ynanaýypdyryn, sizem ynandyňyz, asyl ähli adam ynandy. Ine şundan soň siz meniň ýanymda negrleriň artistlik ukyby ýok diýiji bolmaň! Bu zeýilli jögüler çem geleniň başyny aýlarlar! Göwnüme bolmasa, biz olary arzan beräýen ýaly. Meniň maýam bilen teatrym bolsa, bulardan gowy artisti küýsemezdim. Biz bolsak, olary alypdyrys-da mugt diýen ýaly satyp goýberipdiris. Ýöne entek o pullar hem biziňki däl. Wiý, ýogsa-da, hany ol pullar, hany ol çek?

— Bankda ýatyr, möhletine garaşýar. Dagy ol nirede bolsun?

— Aý, beýle bolsa, hudaýa şükür, işimiz dürs-le. Men gorkan kişi bolan bolup:

— Neme, bir zat boldumy — diýip soradym. Korol üstümi sögünçden doldurdy:

— Bu seň işiň däl! Sesiňi çykarman, işiň bolsa, işiň bilen bolmany bil! Onsoňam şäherden çykýançak bu ýadyňda bolsun — diýdi. Soň bolsa gersoga bakyp: — Etjek alajymyz ýok, çydamaly borda: demimizi ýarman gezäýeris-dä, nädeli — diýdi.

Olar basgançakdan düşüşip ugradylar, onýança gersog ýene güldi-de:

— Basym satdyg-aý, ýöne muňa derek gazanan gazanjymyzyň ugry bolmady! Söz ýok — bu gaty düşewüntli iş boldy — diýdi.

Korol onuň ýüzüni aldy:

— Men olary basymrak sataýaýyn diýdim, bu gowy bolar öýtdüm! Eger mundan girdeji girmän, gaýtam uly çykdajy çykan bolsa, netijede hem öňki-öňkülik bolan bolsa, onda bu barada meniň hem günäm siziňkiden köp däl.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa-la, ýöne welin meniň diýenimi eden bolsaňyz, negrler hem öýlerinde bolardylar, biz hem giderdik.

Korol azgyryldy, emma onçakly ugry bolmady we ýene meniň ustümden düşüp başlady: öz otagyndan negrleriň daraklyklaryna basyp çykanyny aýtmanym üçin, ol maňa onatja darady, bu ýerde oňlulygyň ýoklugyny senden başga her bir akmak bilerdi diýdi. Soň bolsa özüne käýinip ugrady: bularyň hemmesi daň atyp-atmanka turanym üçin, kesesinden idili dynç hem almanym üçin boldy, indi irde-giçde ir turaýsam, şol günüme nälet ýagsyn — diýdi. Şondan soň olar şol bir edýän gürrüňlerini edip çykyp gitdiler, men bolsam bu işi negrleriň boýnuna syrykdyryp bilenim üçin, onda-da olara hiç hili zyýansyz, örän aýlawly edip bilenim üçin diýseň begendim.

## XXVIII bap

Onýança görsem, turar wagt hem bolupdyr. Men çerdakdan düşüp, aşaklygyna tarap ugradym; emma gyzlaryň otagynňs duşundan geçip barýarkam, seretsem, otagyň gapysy açyk eken we Meri-Jeýn özüniň agzy açyk sandygynyň ýanynda oturyp, ona zatlaryny salyşdyrýan, Angliýa gitmäge taýynlanýan eken. Ýöne ol edil şol wagt salman, eplengi köýneklerini dyzynyň üstünde goýup, elini ýüzüne tutup, aglap oturan eken. Men muny görüp, gaty hapa boldum, meniň ýerime her kim bolsa-da hapa bolardy. Men onuň ýanyna girdim-de:

— Miss Meri-Jeýn, siz betbagtçylyga uçran adamy görseňiz, durup bilmeýärsiňiz, käte menem şeýle bolýan. Hany aýdyn, size näme boldy? — diýdim.

Onsoň ol gürrüň berdi. Elbetde, ol negrler diýip aglaýar eken, men şeýledirem öýdüpdim. Ol: indi meniň üçin Angliýa gidenim-gitmänim bir ýaly, enäniň ogullaryny gaýdyp görmejegini bilip durkam, men neneň edip, hezil edip gezeýin — diýdi. Soň bolsa öňküdenem beter ses etdi, ýüzüni tutup aglady:

— Eý taňrym-eý, taňrym-eý! Olar gaýdyp bir-biri bilen duşuşmajakdygy, heý akyla sygar ýaly zatmydyr — diýdi,

Men:

— Ynha iki hepdede geçmez welin, olar ýene birek-birege gowşarlar — diýdim.

Al gerek bolsa! Men oslaman durkam dilimden sypdyraýypdyryn. Şeý diýip eýläme-beýläme seretmänkäm, ol boýnuma zyňdy we:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hany muny ýene-de bir gezek, ýene-de bir gezek, ýene-de bir gezek gaýtala! — diýdi.

Görýän welin, kelläm gyzyp, aýtmasyz zady aýdyp goýberipdirin, indi bolsa nädip başymy alyp çykjagymy bilmedim: onuň bolsa basymrak eşidesi gelýär, çym gyzyl bolup tolgunyp otyr, ýöne her niçigem bolsa, diýşini sogurtdyran ýaly, şadyýan we göwni hoş, ine onsoň men pikir edip başladym. Men öz ýanymdan hakykaty aýdan adam gyssalyp, burça gabalanynda, ýaman töwekgelçilik etmeli bolýandyr-ow diýip pikir etdim; emma özüm synap görmämsoň, muny şeýledir diýip biljek däl, ýöne her näme diýseňem, bu bolaýjak zat; bu wagt bolsa ýagdaý başgaça dogrusyny aýdanyňdan gowusy ýok, özem bu aldanyň ýaly gorkuly däl. Muny ýatda saklap, giňişlikde oňatja pikir edip görmeli bolar, ähli kadalaryň tersine gitjek bolsaň, gaty kyn bolýar eken. Bular ýaly zady görmeklik maňa heniz miýesser bolmandy. Aý, gel, näme bolsa, şol bolsun, därili çelegiň üstünde oturyp, nirä ýetýäniňi biljek bolup ony ýarýan ýaly bolsam-da, bu gezek hem dogrymy aýdaýyn diýdim we:

— Miss Meri-Jeýn, heý, siziň üç-dört günlük myhmançylyga gideriňiz ýaly, şäheriň eteklerinde tanşyňyz ýokmy? — diýdim?

— Bar, mister Lotroplara gidäýmeli, ýöne bu nämä gerek boldy?

— Munuň nämä gerekligini bilmegiň entek geregi ýok. Ýöne siziň negrleriňiziň ýene-de iki hepdeden şu ýerde, hut şu jaýda enelerini görjekdiklerini nireden bilenligimi size aýtsam we muny bilýänligimi subut etsem, siz mister Lotroplara dört günlük myhmançylyga gidermisiňiz?

Ol:

— Dört günlükmi! Asyl bir ýyllyk hem gideýin-le! — diýdi.
— Ýagşy, maňa siziň şu sözüňizden başga zat gerek däl, Başga biri bolsa töwratdan ant içerdi, şonda-da men oňa siziň şu sözüňize ynanyşym ýaly ynanmazdym — diýdim.

Ol ýylgyrdy, ýüzi bir enaýy gyzardy, şonda men:

— Eger rugsat berseňiz, men işigi gulplaýjak — diýdim. Onsoň men ýerime geçip oturdym-da:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýöne welin gygyrmaň. Ýuwaşja oturyň-da, maňa mert adam ýaly gulak asyň. Men size hakykaty antjak, siz bolsa, miss Meri, özüňizi ele alyň, sebäbi ol hakykat ýakymsyz hakykatdyr, ony diňlemek hem size agyr düşer, ýöne dagy-da alaç ýok. Bu siziň aga diýýänleriňiz düýpden agalaryňyz däl, olar kezzaplar, baryp ýatan mugthorlar. Ine görýäňizmi, şundan erbedi bolasy ýok, galanlaryny bolsa siz aňsatlyk bilen çekip bilersiňiz — diýdim.

Belli zat, muňa ol allaniçigsi boldy; emma meniň welin ýolum açyldy, şundan soň men göni-göni atyşdyryberdim, şeýdip oňa hemmesini bolşy ýaly edip gürrüň berdim, onuň gözi hanasyndan çykaýjak boldy; parohoda münjek bolup duran şol sansyz oglana duşanymyzdan başlap, tä miss Meriniň öýleriniň öňünde korolyň boýnuna zyňşyna, korolyn bolsa ony bassyr ýigrimi gezek ogşanlygyna deňiç gürrüň berdim, şonda miss Meriniň ýüzi agşam şapagy ýaly gyzaryp gitdi, ol böküp ýerinden turdy-da:

— Ah, ol haýwan! Sen näme dursuň? Sen indi bir minutjyk, bir sekuntjyk-da wagtyňy ýitirme, bulary garaýaga bulap, ýelege oýkap, derýa oklamak gerek! — diýip gygyrdy.

Men:

— Hawa-da, şeýtmeli. Ýöne siz olary haçan atmakçy: mister Lotroplara gitmäkäňizmi, ýa-da… diýdim.

Ol:

— Wah, men näme diýip, näme aýdýanymy-da bilemok. Sen maňa gulak asma, bolýarmy? — diýip, ýene ýerinde oturdy we özüniň pamyk ýalyjak elini meniň elimiň üstünde goýdy, özi-de şeýle bir mylaýymlyk bilen goýdy welin, men pagyşpara eredim-de ähli diýenine razy boldum. — Gaharyma näme diýenimi-de bilmändirin, ýöne sen dowam etdiriber, men gaýdyp beýtmen. Hany indi sen aýt: men nädeýin, sen näme et diýseň, şeýtjek — diýdi.

— Ine onda şeýle. Olaryň ikiside baryp ýatan ogry, baryp ýatan kezzap, ýöne welin nätjek, islesem-islemesem, men olar bilen bile gitmeli boldum, näme uçin beýle bolanlygyny bolsa, gowusy soramaň; eger siz olar barada gürrüň bersesiz meni-hä olaryň penjesinden alardylar, maňa-ha gowy bolardy; ýöne biri bar welin — sizem ony tanaňzok — ana şol kyn güne düşermikä diýýärin. Biziň ony halas etmegimiz gerek, şeýle dälmi näme? Elbetde, şeýle. Şonuň üçin, gel, olar bara-da hiç hili gürrüň etmäliň — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ine şu sözlerden soň kelläme bir gowy pikir geldi. Jim bilen birlikde kezzaplardan nädip gaçmalydygynyň ýoluny bildim: olary bu ýerde türmä basdyryp, özümizem gaçaýmaly. Ýöne çem gelen sorag berip irizmez ýaly, meniň gündizine salda ýeke özüm ýüzesim gelmeýärdi, şonuň üçin ykjam garaňky düşşün diýip, agşama garaşmagy ýüregime düwdüm. Onsoň men:

— Miss Meri-Jeýn, men size näme etjegimizi aýdaýyn, belki, siz hem mister Lotroplarda köp wagt bolmaly bolmarsyňyz, olar bu ýerden uzakdamy? — diýdim.

— Dört milem ýok-la, şäherden çykanja ýeriňde, beýle ýanynda-la.

— Aý, eýle bolsa bolýar-la. Siz häzir gidiň-de, ol ýerde agşam sagat dokuza ýada onuň ýaryna çenli arkaýyn oturyň, son bolsa bir zady ýadyňyzdan çykaryp gaýdan kişi bolup, «öýüňize alyp gaýtmaklaryny haýyş ediň. Eger öýüňize sagat on birden öň gaýdyp gelseňiz, çyrany ynha şu äpişgäniň öňünde goýuň, eger men şonda gelmesem, diýmek, meniň sagaman ugradygymdyr, onsoň meniň adama zyýanym degmez. Şonda siz gidiň-de, bilýänje zatlaryňyzyň barysyny adamlara gürrüň beriň: goý, ol ogrulary türmä bassynlar.

Ol:

— Bolýar, hut edäýjegim-dä — diýdi.

— Eger birden men gitmän galyp, olar bilen birlikde ele düşäýsem, siz bu zatlary meniň size bireýýäm gürrüň berenligimi aýdyň we eliňizden geldigiçe meniň arkamy çalyň. Ol:

— Arkamy çalyň! Elbetde, çalaryn! Saňa barmaklarynam batyryp bilmezler! — diýdi, şonda görsem, onuň burunlary ýel alyp, gözleri ýanyp dur.

Men:

— Eger men bu ýerde bolup bilmesem, bu ogrularyň siziň hossarlaryňyz däldigini subut edip bilmerin, asyl şu ýerde bolaýanymda-da subut edip bilmerin. Men, ýöne olaryň kezzapdyklaryna, gezip ýören ykmandadyklaryna-ha ant içip bilerin, ynha meniň elimden geläýjek zat şu, ýogsa munuňam-a az-owlak peýdasy bardyr welin — diýdim.— Emma başga-da adam tapyljak ahyryn, onsoňam olar men ýaly däl, olara hiç kim şubhelenibem biljek däl. Olary nireden tapmalydygynam men size aýdaýyn. Hany maňa galam bilen bir bölek kagyz beriň. Ynha: «Jiraf, Brikswill».

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Şu kagyzy ykjamja ýygşyryp goýuň, ýöne welin ýitiräýmäň. Eger sud bu iki ykmandanyň kimligini bilmeli bolaýsa, goý Brikswille adam ibersinder hem-de «Jirafy» oýnan artistleri tutduk welin, şaýat iberewериň diýip haýyş etsinler, ana şonda, miss Meri, gözüňizi açyp-ýummakaňyz bütin şäher şu ýere geler. Onda-da adamlar gahardan ýana hum ýaly çişişip gelerler.

Men ähli zatlar barada ykjamja gepleşdik öýdýän diýen netijä geldim we sözümi dowam etdirdim:

— Goý «kim «ýokary» söwdasy» öz ugruna gidibersin, siz alada galmaň. Hiç kim satyn alan zady üçin şol bada pul tölemeli däl, olar bolsa puly alýançalar şäherden çykyp gitmekçi däller; biz ähli zady söwda hakyky hasap edilmez ýaly edip guraşdyrdyk, şonuň üçin olaryň eline pul degmez. Bu-da edil negrleriň satylyşy ýaly bolar: söwda galp, negrler bolsa basym öýlerine gaýdyp gelmeli. Hawa, onsoň olar negrleri satanlary üçin hem hiç zat alyp bilmezler. Görüň, Miss Meri, bularyň nähili çorşaga çolaşandyklaryny, etjek bolsaň-da, mundan beter edip bolmaz! Ol:

— Örän gowy, onda men häzir ertirlik edinmäge gitjek, ondan hem göni mister Lotronlara gitjek — diýdi.

Men:

— ÝOK, miss Meri-Jeýn, munyňyz bolmaz, netije çykmaz, gowusy siz ertirlik hem edinmän gidiň — diýdim.

— O näme üçin?

— Näme üçindir öýdýäňiz, miss Meri, siziň gideniňizi gowy görýänligim näme üçindir öýdýäňiz?

— Men muny pikir hem etmändirin; edäýenimde-de bilýän zadym ýok. Ýogsa-da näme üçin, ä?

— Sebäbi siz gezip ýören hamy galyňlardan däl ahyryn. Aýnalarda gören ýaly, ähli zady siziň ýüzüňizden görüp oturmaly. Muny emgenmän, çem gelen hem görüp biljek. Näme siz agalaryňyzyň ýüzüne seredip bilerin öýdýäňizmi? Olar ertiriňiziň haýyrly bolmagyny dilän bolup ýanyňyza gelerler, sizi öperler, siz bolsasyz…

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Besdir, besdir! Ýok-ýok, gerek däl! Men ertirligimi hem edinmän gideýin, begenip-begenip gideýin! ýöne welin men olaryň ýanynda uýalarymy neneňsi goýup giderkäm?

— Zyýany ýok, gaýgy etmäň. Olar ýene bir azajyk çydasalar bor. Ýogsam duýdurman-zat etmän gideniňizden bular bir zat aňaýmasynlar. Siz olary görjek bolmaň, uýalaryňyzy hem görjek bolup oturmaň, şäherde hiç kim bilen duşuşmaň, ýogsam bolmasa ertir bilen agalaryňyzyň haly niçikdir diýip, goňşyňyz soraýsa, ählisi ýüzüňizden bildirer duruberer. Ýok, gowusy siz, miss Meri-Jeýn, häziriň özünde ugraň, olarys bolsa alajyny özüm iýerin. Men siziň tarapyňyzdan agalaryňyza salam aýtmagyny, uzak wagtlyk gitmän, dynç almaga, ýeriňizi üýtgetmek üçin ýa-da joraňyzy görmek üçin gideniňizi, agşam aralar ýa-da ertir ir bilen bolsa gaýdyp geljekdigiňizi miss Sýuzannä aýdaryn.

— Jorasyny görmäge gitdi diýseňiz bolar welin, olara meniň tarapymdan salam aýdylmagyny islämok.

— Ýeri, islemeseňiz, geregem däl. Ýöne welin ol näme üçin şeý diýip aýdaýmaly dälmiş, bu ýerde hiç hili erbet zat ýok ahyryn. Munuň ýaly biderek zady etmegiň kynçylygy ýok ahyryn, onsoňam bu hiç hili hysyrdyly däl; ýogsam durmuşda biderek zatlar ýaly kömek berýän zat ýok ahyryn; şeýtse, Meri-Jeýn üçin hem arkaýynçylyk boljak maňa-da hiç hili kynçylygy boljak däl. Onsoň men:

— Ýene bir iş bar: olam şol pully halta — diýdim.

— Hawa, ol indi olaryň elinde; onuň olaryň eline düşüşi ýadyma düşende, men özümi tüýs akmak saýýaryn.

— ÝOK, siz ýalňyşýarsyňyz. Halta olarda däl. — Aý goýa? Eýsem ol kimde?

— Häzir özümem bilemok. Ýöne ol bir bada mendedi, men ony size berjek bolup olardan ogurlapdym: onsoň men haltany nirede gizlänimi hem bilýärin, ýöne welin ol eýýäm şol ýer-de ýokmuka diýýärin. Muna nebsimiň agyraýşyny, miss MeriJeýn, apdyp diýer ýaly däldir, örän nebsim agyrýar! Men gowusyny etjek bolup jan etdim, garaçynym, jan etdim! Meni tas tutupdylar, şonuň üçin haltany ilkinji gabat gelen ýere sokdum, ol sokan ýerim bolsa, görüp otursam, düýpden bolmaýan ýer eken.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, özüňi günäläp oturmasana, gowy däl, men muňa ýol hem bermerin, sebäbi seň dagy-da alajyň bolan däldir, diýmek, sen bu ýerde günäkär hem däl. Sen ony nirede gizlediň?

Men onuň derdini gozgasym gelmedi, şonuň üçin muňa dilimem aýlanmady. Eger aýdyp başlaýsam, bu garny haltaly tabytda ýatan ölini göz öňüne getirer — diýip gorkdum, şonuň üçin men bir minut töwerekleri geplemän durdum-da, ahyrsoňy:

— Miss Meri-Jeýn, rugsat bolsa, men ony nirede gizlänligimi aýtmaýyn. Gowusy, men ony bir kagyzjyga ýazyp beräýeýin, siz bolsa okaryn diýseňiz, ony mister Lotroplara barýarkaňyz okaýarsyňyz. Ýeri razymysyňyz? — diýdim.

— Bolýar, razy.

Onsoň men: «Ony tabytda goýdum. Tabydyň başynda aglan gijäňiz ol şol ýerdedi. Men şonda gapyň ýeňsesinde durdum, özümiňem, miss Meri-Jeýn, size örän ýüregim awady» diýip ýazdym.

Gijän bir mahaly tabydyň başynda ýeke özüniň oturyp aglaýşy ýadyma düşende, özümem tas aglapdym; ol haramzadalar bolsa şu ýerde, şularyň öýünde ýatyp, ýene bulary talajak bolýarlar. Soň kagyzy epleşdirdim-de, oňa uzatdym, görsem, onuň hem gözüne ýaş aýlanypdyr. Ol meniň elimi berk gysdy-da:

— Hoş, sag bol! Men seniň aýdyşyň ýaly ederin; eger gaýdyp görşüp bilmesek hem men seni hiç wagt unutman, ýygy-ýygdan seni ýatlap, sen hakda dilegde bolup duraryn —diýdi. Şeý diýdi-de, ol ýola düşdi.

Men hakda dilegde bolmak? Eger bu meni gowurak tanaýan bolsady, onda bu ýeňilräk, güýjüniň ýetäýjek zadyna ýapyşardy — diýip pikir etdim. Her niçigem bolsa, ol men hakda dilegde bolan bolsa gerek — ynha bu şeýle gyzdy. Ol Iuda barada-da dileg etmäge ýürek edip biljekmikä diýýän. Bir göwnüne düwse, onuň gaýtjak zady ýok! Näme diýseňiz diýiň welin, men-ä onuň erki her bir gyzyňkydan köpdür diýjek; göwnüme bolmasa, onuň erki çakmak daşy ýalydy. Bu öwgi ýaly bolup görünse-de görner, emma bu ýerde çigit ýalak-da öwgi ýok. Owadanlygyny, hoşgylyklygyny dagy-ha aýtsaň, oňa taý gelip biljek ýok. Şol gapydan çykyp gideli bäri, men ony gaýdyp birjik-de görmedim! ýöne welin men ony köp-köp gezek, milýon gezek dagy ýatladym. Onuň sen hakda dilegde borun diýeni hem ýadymdan çykanok; eger dilegimden azda-köpde peýda boljagyny bilsemdim, ynha haç bar, menem ol hakda dilegde bolardym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Meri-Jeýn ýeňseki gapydan çykan bolsa gerek, sebäbi ony gören bolmady. Men Sýuzanna bilen Towşan Dodaga gabat gelen dessime olardan:

— Siziň derýaň aňyrsyndaky myhmançylyga gidýän tanyşlaryňyzyň familiýalary kim bolmaly? diýip soradym.

Olar:

— Biziň ol ýerde tanşymyz köp, ýöne biz köplenç Proktorlara gidýäris — diýişdiler. Men:

— Familiýa-ha, şol, tas ýatdan çykaran ekenim. Biler bolsaňyz, miss Meri özüniň şolara gidýenligini, özünem örän howlukmaç gidýänligini, sebäbi olarda kimdir biriniň kesellänligini size aýtmagymy tabşyrdy — diýdim.

— Kimkä ol?

— Bilmedim, ýadymdan çykypdyr, ýöne göwnüme bolmasa…

— Huda-ýeý, Ganna-ha däldir-dä?

— Sizi gynandyrasym-a gelenok welin, dagy-da alaç ýok, kesellän hut şonuň özi bolmaly.

— Taňrym-eý, ol geçen hepdede sagdy ahyryn! Onsoň ol gaty heläkmikä?

— Bir zat diýseň, bärden gaýdýarmyş, şeýle agyr keselmiş! Miss Meri-Jeýn: uzynly gije onuň başujuny saklaýa geçiripdirler, ol indi ýeke günem ýaşamaz diýýärler — diýdi,

— Görsene! Oňa näme bolýarmyş?

Men bir bada hiç hili degerli zat tapmadym-da:

— Hapgyrtma degipmişin — diýdim.

— Hapgyrtma seniň eneňe degendir! Eger oňa hapgyrtma degen bolsa, uzynly gije daşyny alyp oturmazdylar!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Oturmazdylar? Bir zat aýdyp goýberiberýärler-ow! Ýok, biler bolsaňyz, şeýle hapgyrtma degende, hökman oturýarlar. Ol düýpden üýtgeşik hapgyrtma. Miss Meri-Jeýniň aýtmagyna görä, ol täze bir tüýsli hapgyrtmamyş.

— O nähili täze hapgyrtmamyş?

— Aý, gaýra üzdürýän, beterledýän hapgyrtmamyş-da.

— O nähili beterledýän?

— Aý, gyzamyk bar, gökbogma bar, beze bar, inçekesel bar, sarygetirme bar, beýni çişmesi bar, kesel gytmy näme?

— Eý toba! Ýene hapgyrtmamyşmy?

— Miss Meri-Jeýn şeý diýdi.

— Ýogsa-da oňa näme üçin hapgyrtma diýýärlerkä?

— Sebäbi ol hapgyrtmaň edil özümiş, şondan hem başlanýarmyş.

— Düşünýän däldirin, muny-a ugry-utgasy bolmady. Diýeli, biri barmagyny agyrdypdyr, onsoň ýakmaz bir zat iýip içi bozulypdyr, soň hem guýa gaçyp, boýnuny oňurdypdyr, şol wagtam biri gelip, bu näme bolup öldi diýip sorapdyr, başga birem: «Barmagy agyryp öldi» diýipdir, heý onsoň şunuň manysy bor öýdýärmiň, hiç hili manysy bolmaz. Edil şonuň ýaly häzirki aýdýanyňda hem many ýok, bir ugursyz zat. Onsoň ol ýokanjammyşmy?

— Ýokançlymyşmy? Edil borona ýalymyş: garaňkyda boronaň hem gapdalyndan geçseň, hökman dişi ilişýär, özem bir dişi ilişmese beýlekisi ilişýär, şeýle gerek? Onsoň ol dişden sypjak gümanyň ýok, gaýtam borona tutuşlygy bilen yzyňdan süýrenip gelýär, dogry gerek? Ine onsoň bu hapgyrtma boronaň dagyňam çaky dälmiş, bir degse, sypjak gümanyň ýokmuş.

Towşan Dodak:

— Bu ýaman gorkunç eken. Men häziriň özünde Garweý kakamyň ýanyna gidip… — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men:

— Ýogsam näme, gitmeli! Seniň ýeriňde bolsam, özümem giderdim. Bir minut dagam eglenmezdim — diýdim.

— Onda näme üçin gideňok?

— Pikir edip görseň, özüňem bilersiň. Sebäbi agalaryňyz mümkin boldugyça basym öýlerine, Angliýa gaýtmaly ahyryn. Ýeri, onsoň Sen: olar haramzadalyk edip sizi taşlap giderler, siz hem bütin ýoly olarsyz geçmeli bolarsyňyz öýdýärmiň? Sen olaryň özüňize garaşjakdyklaryny bilýärsiň ahyryn. Indi yzyna gulakas. Seniň Garweý kakaň ündewçi. Orän gowy. Heý, ündewçi parohod agentligini aldarmy? Miss Merini parohoda goýbertmek üçin heý ol gämi agentini aldarmy? Ýok, bilşiň ýaly, aldamaz. Onda ol neme eder? Ol: «Nedeýin, gynanýan, ýöne buthana işi goý mensiz oňubersin, sebäbi. meniň jigijigime kän sanly hapgyrtma degipdir, indi bolsa meniň mukaddes borjum: şu ýerde üç aýlap onuň kesellejegini, kesellemejegini biljek bolup garaşyp oturmak» diýer. Ýöpe sen Garweý kakaňa bir zat diýjek bolsaň, hiç zatdan çekinme…

— Çekinmän näme! Onsoň biz ählimiz birlikde Angliýada keýp çekip ýaşajak bolup durkak, bu ýerde Meri-Jeýn kesellärmikä, kesellemezmikä diýip, garaşar oturarys öýdýärmiň? Tapdyň senem bir zady!

— Her niçigem bolsa, goňşularyň birine gürrüň berläý-se, nähili bolarka?

— Munuň aýdýanyny. Beýle samsygy ömrüme gören däldirin! Olaryň gidip, ählisini gürrüň berjeklerine sen neneňsi düşüneňok? Diňe bir ýol galýar, olam hiç kime hiç zat aýtmazlyk.

— Bolýar-da seniň mamla bolmagyň hem mümkin… hawa-da, şeýle-de bolmalyda.

— Ýöne her näme diýseňem, men onuň uzak wagtlyk gitmänligini Garweý kakama aýtmalymyka diýýärin, ýogsam ol gaýgy eder oturar.

— Hawa, miss Meri-Jeýnem şeý diýip aýdylaýsa —diýdi.

Ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Garweý kakam bilen Uilýam kakama meniň tarapymdan salam aýtsynlar, olary meniň adymdan ogşasynlar, özem derýaň beýle tarapyndaky mister… mister… nemelere gitdi diýip aýtsynlar diýdi. Şol Piter kakaňyzyň hormatlan baýlarynyň familiýalary kim bolmal-a? Meniň aýtjak bolýanym…

— Seniň aýdýanyň, belki, Antroplardyr?

— Hawa, hawa, tüps özi, baý, myrtar familiýalar eken, hiç haçan ýadyňda galjak gümany ýok! Hawa, ol: hökman «kim ýokary» söwdasyna gelip, şu jaýy satyn alsa diýip haýyş etmek üçin Antroplara gidýänligimi aýt — dipdi; Piter aga-da jaýyň başga birine düşeninden şolara düşenini gowy görüpdir; ol: aljak diýäýýänçäler goýman, onsoň ýadamasam, öýe gaýdaryn, ýadaýsamam öýe ertir gaýdyp gelerin diýdi. Ol Proktorlar bara-da zat aýt diýmedi, diňe Antroplar barada aýtdy —özem bularyň barjasy çyn, sebäbi ol jaý barada eşitdirmek üçin olara-da barmakçy; men muny oňat bilýän, sebäbi maňa özi şeý diýip aýtdy.

Gyzlar:

— Ýeri bolýar-da — diýşip, agalaryny tapyp, olara iberilen salamy, posany we beýleki tabşyryklary basymrak gowşurmak üçin ylgaşyp gitdiler.

Indi hemmesi ýerbe-ýer boldy. Gyzlar hiç zat aýtmazlar, sebäbi olaryň Angliýa gidesleri gelýär; korol bilen gersog bolsa Meri-Jeýniň bu ýerde, doktor Robinsonyň eliniň aşagynda Diýen ýaly oturman, «kim ýokaryň» ugruna çykmak üçin gidenine monça bolarlar. «Ugruny tapandym öýdýän! Tom Soýer hem şunça oňarmazdy, ýöne ol fason üçin üstüne oduk-buduk goşuşdyrardy, emma men bu ugurdan dynç, beýle zat öwrenmändirin» diýip, meniň özümem begendim.:

Hawa, agşamaralar şäher meýdançajygynda «kim ýokary» söwdasy başlandy, özem örän uzaga çekdi, biziň garrymyz hem şol auksioneriň töwereginde aýlandy ýördi, mahal-mahal bolsa takwa sözlerden, dini kitaplardan odur-budur getirişdirdi. Gersog duýgudaşlyk bildirýän kişni bolup, başardygyça düşnüksiz sesler edişdirdi we hemmeleriň göwnünden turjak bolup jan etdi.

Emma wagtyň geçişi haýaldy, «kim ýokaryň» bolsa yzy gelmeýärdi, mazarystanlykdaky bölejik ýerden başga ähli zat satylyp bolnupdy. Olar ony hem satjak bolup jan edýärdiler, bu korol edil žiraf ýaly, ähli zady birden ýuwdaýsam diýýärdi. Ynha bular şeýdip söwda bilen gümra bolşup durkalar. parohod gelip durdy, bir-iki minutdan soň bolsa duralga tarapdan uly gykylyk, uly galmagal bolup märeke döküldi, adamlar ýerli-ýerden:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ynha size konkurentler, ynha size ýene iki sany mirasdar. Puluňyzy töläň-de, halanyňyzy alyberiň! — diýip gygyryşdylar.

## XXIX bap

Olar göräýmäge örän mylaýym garry bilen ören mylaýym, ýaşrak, eli saralgy birini alyp gelýärdiler. Baý, taňrym, olaryň gygyryşaýyşlaryny, gülşäýişlerini! Bir söz bilen, olar diýseň hezil edişýärdiler. Meniň özüm-ä bu ýerde güler ýaly nämäniň barlygyny bilmedim, korol bilen gersog hem gülküden bizardylar; dogrusyny aýtsam, olar gorkarlar öýdüpdim. Emma bu beýle bolmady: olar birjigem ejizlemediler. Gersoga nämäň nämeligine düşünmeýän kişi boldy, özünden göwni hoş halda eýläk-beýläk şadyýan gezmeledi, aýrany julkuldaýan küýze ýaly, dilini esredip ses etdi; korol bolsa dünýäde beýle-de kezzap, näkes adamlar boljak ekenligine ýüregi gyýylýan kişi bolup, olara gaýgyly seretdi. Muny ol örän başardy. Özüne göwni ýetäýýänleriň hemmesi özleriniň korolyň tarapyndadyklaryny bildirjek bolup, onuň töweregine üýşdi. Ýap-ýaňy gelip düşen goja göreýmäge halys özüni ýitirdi. Soň ol gürläp başlady, men onuň gepleýşiniň tüýs iňlis adamsynyňky ýalydygyny bada-bat gördüm, korolyň ökünmesem-ä hiç neneň däl welin, onuň gepleýşi korolyňky ýaly däldi. Onuň aýdanlaryny aýdyşy ýaly edip, gaýtalap biljek däl, edeýin diýenimde-de, men muny oňarjak däl. Ol duran märekä tarap öwrüldi-de, takmynan, şeýleräk diýdi:

— Men beýle oslagsyz zat bolar diýip garaşmandym we dogrymy aýtsam, muňa taýýarlygym erbet, sebäbi inim ikmiziňki ugruna däl: ol elini döwdürdi, ýükümizi bolsa öten agşam ýalňyşlyk bilen başga bir şäherde düşüripdirler. Men Piter Uilksiň dogany Garweý, bu bolsa onuň dogany lal Uilýam bolmaly; ol gepläbem bilenok, gulagam zat eşidenok, häzir bolsa ýeke el halyna ol yşarat hem edip bilenok. Biz ol diýilýän adamlaryň özi; ynha bir-iki günden ýükümizi alarys weliň, men muny size subut ederin. Şoňa çenli bolsa meniň aýtjak-goýjak zadym ýok, häzirem myhmanhana gidip, şol ýerde garaşjak ýatjak.

Şeý diýdi-de, ol ýanyndaky samsyjagyny alyp ýola düşdi; korol bolsa hahahaýlap olaryň üstünden gülmäge durdy:

— Ah, ol elini döwdürdi diýsene! Çyna berimsiz zat, şeýle dälmi? Lal endiklerini bilmeýän kezzap üçin tüýs bolaýjak bahana! Ýükümiz azaşdy diýýärlermi? Örrän gowy zat! Özem şeýle ýagdaýlarda ynanylaýjak gaty mekir bahana! Şeý diýip, ol ýene güldi, üç-dört adamdan, köp bolsa bäş adamdan beýlekileri hem gülüşdiler. Gulmän saklananlaryň biri şol doktordy, ikinjisi gözleri oýnaklap duran, köne

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
modada tikilen haly torbaly jentlmendi; ol ýap-ýaňyja parohoddan düşüpdi; olar doktor ikisi ýuwaşja gürleşip durdular, mahal-mahal hem korola tarap seredişip, bir-birlerine başlaryny atyşýardylar; ol aklawçy Lewi Belldi, işi çykyp Luizana barýardy; üçünji bolsa daýaw, eginlek bir pyýadady, ol ýakynjaga süýşüp geldi—de, garrynyň aýdanlaryny diňledi, indi bolsa korolyň aýdýanlaryny diňleýärdi. “Korol gürrüňiniň arasyny keseninde, ýanky eginlek:

— Gulak goýuň, eger siz Garweý Uilks bolýan bolsaňyz, bu ýere, şähere haçan geldiňiz? — diýdi.

Korol:

— Piter jaýlanylmaka geldik, dost — diýdi.

— Ol wagt günüň haýsy wagtydy?

— Agşam aralarydy, gün ýaşmagyna bir-iki sagat galypdy.

— Nämeli gelipdiňiz?

— Men Sinsinnatiden gelýän «Sýuzen Pouele» münüp gelipdim.

— Eger şeýle bolsa, ertir bilen gaýykly burnuň ýanyna nireden geldiňiz?

— Men burnuň ýanynda bolamok.

— Heý, kezzabyň biri kezzab-eý!

Onuň ýanyna birnäçe adam ylgaşyp gelip, oňa ýaşuly ündewçi bilen edepliräk gürleşewer diýip ýalbaryp başlady.

— Nireden ol ündewçimiş! Ol tüýs bir kezzap ahyryn. Özem ýetişibildiginden ýalan sözleýär. Ol şonda ir bilen burunda boldy. Bilýäňizmi, men şol ýerde ýaşaýaryn ahyryn. Şo ýerde olam boldy, menem boldum. Men ony gördum. Ol Tom Kollins bilen, ýene-de bir oglanjyk bilen gaýykly geldi.

Şol wagt birden doktor:

— Haýns, eger siz şol oglanjygy görseňiz tanarmydyňyz? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Tanaryn-a öýdýän, ýöne hökman tanaryn diýip biljek däl. Wiý, ynha ol dur oguşýan, görenimden tanadym. Şeý diýip, ol meni görkezdi. Doktor:

— Näme diýseňizläň, dostlar, bu täze gelenleriň aldawçydyklaryny, aldawçy däldiklerin-ä bilemzok welin, şol ikisi kezzap bolmasa, meniň akmak boldugym. Meniň pikirimçe, bu işiň aňyrsyna ýetýänçäk gaçyp gidibermez ýaly, bulary göz astyna almak gerek. Geliň, bu ýigitleri myhmanhana äkidip, şol ikisi bilen ýüzleşdireliň. Meniň çakym çak bolsa, bularyň üstüni açmaga wagt köp gerek bolmazmyka diýýärin, nämäň nämeligi derrew bildirer — diýdi.

Korolyň dostlary halamasalar-da, bu märeke üçin duran bir hezillik boldy. Gün ýaşaňkyrlap barýardy. Doktor meniň elimdeň tutup barýardy, özi hem meniň bilen örän mylaýym gürleşýärdi, emma elimi bir minutjygam sypdyrmaýardy.

Biz myhmanhanada ullakan bir otaga girdik we çyrany ýakyp, ýaňky gelenleri çagyrdyk. Ilki bilen doktor:

— Men öňki ikiler üçin onçakly birehim boljak däl, ýöne ähli adam bulara Piteriň doganlary däldir diýýärler, belki, bularyň ýaranlary-da bolsa bardyr, ýöne biz bilýän däldiris. Eger bar bolsa, olar Piter Uilksden galan altynly haltany alyp gaçyp bilmezler öýdýäňizmi? Bolaýjak zatdyr. Eger bular aldawçy däl bolsalar, goý, şol puly getirtsinler we özleriniň kimdigini anyklaýançak pullary bize saklamaga bersinler, şeýle dälmi näme? — diýdi.

Hemmeler munuň bilen razylaşdy. Haý, biziň kompaniýamyzy gysaja aldylar-ow, işi çylşyrymlaşdyrdylar-ow diýip pikir etdim! Emma korol diňe olara ünjüli seretdi-de:

— Jenaplar, eger pullar şu ýerde bolan bolsa, men örän şat bolardym, sebäbi men bu gynandyryjy ýagdaýyň ak ýürekden, gönümel we düýpli barlanmagyna düýpden garşy däl; emma welin, haýp, ol pullar ýok: isleseňiz adam iberip, barladyp bilersiňiz? — diýdi.

— Onda ol pullar niredemiş?

— Jigim altyny maňa saklamaga bereninde, men ony aldymda, öz krowatymdaky saman düşekçä gysdyraýdym, sanlyja gün üçin pullary bankda goýup oturmaýyn diýdim: men gidýänçäk krowat iň berkräk ýerdir öýtdüm, sebäbi biz negrlere öwrenişip bilmändik, olar edil biziň Angliýamyzdaky negrler ýaly arassadyr

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
öýtdüm. Negrler bolsa aşak düşen günümiň ertiri pullary ogurlapdyrlar: negrleri satýançam ol pullar ýadymada düşmändir, şeýdip, olar pullary alyp gidipdirler. Jentlmenler, muny size meniň hyzmatkärim hem aýdyp biler.

Doktor bilen ýene biri: «Boljak zat däl» diýdiler. Görsem, eýlekilerem oňa ynanyp baranoklar. Biri menden negrleriň altyny ogurlanyny gördüňmi? — diýip sorady. Men: ýok, göremok, ýöne olaryň otagdan ýuwaşja basyşyp çykanlaryny we çalt-çalt ýöräp gidenlerini-hä gördüm; emma men beýle zady oýuma-da getiremok, ýöne olar hojaýyny oýadaýmaly diýip çekinýändirler we turup bir zat diýmänke gaçaly diýendirler öýtdüm — diýdim. Menden şundan başga zat soramadylar. Şol wagt doktor maňa tarap öwrüldi-de: — Senem iňlismi? — diýdi.

Men hawa — diýdim, ol hem ýene bir topary gülüşdiler we «Ugursyz-da» diýişdiler.

Soň olar şol derňew diýýänlerine başladylar, baý, bir hysyrdysy bol-da! Ol telim sagada dagy çekdi, agşam nahary barada bolsa ýatlan bolmady, asyl ony unudaýypdyrlaram öýdýän. Olar şol derňediler oturdylar, derňediler oturdylar, ahyrsoňam şeýle bir bulaşyklyk boldy welin, aýdyp diýer ýaly däl. Olar korola hemmesini özüçe aýtdyrdylar; soňra täze gelen goja hem hemmesini özüçe gürrüň berdi; bu ýerde yndarma bir samsyk bolaýmasa, her bir adam hem gelen gojanyň dogrusyny aýdyp, korolyň hem ýalan sözleýenligini bilip biljekdi. Onsoň olar maňa bilenimi aýtdyrdylar. Korol maňa tarap gyňralyp bir seretdi welin, men derrew berkräk durmalydygymy aňdym. Men Şeffildler barada, ol ýerde ýaşaýşymyz barada, iňlis Uilksleri barada we ýene şuňa meňzeşler barada gürrüň edip başladym welip, doktor birden loh-loh edip güldi, aklawçy Lewi Bell bolsa sözümiň arasyny kesdi:

— Oturyber, ogul, özüm-ä seniň ýeriňde bolsam, beýle jan çekmezdim. Sen ýalan sözlemäni bilmeýän bolara çemeliň,hiç gürrüňiň ugry ýok, tejribäň ýokmy, nämemi. Gürläňde, agzyň aýdýanyňy gulagyň eşidenok.

Men öwgä kowalaşmaýardym, emma ahyrsoňy başymdan sowlanlaryna welin ören begenýärdim. Doktor nämedir bir zat diýjek boldy we öwrülip söze başlady: — Eger, Lewi Bell, siz şeherde başdan bäri bolan bolsaňyz…

Onýança korol onuň sözüniň arasyny böldi-de, aklawça tarap elini uzatdy we:

— Asyl bu meniň agam pahyryň köne dosty oguşýan, ol bu barada hatynda köp ýatlardy — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Olaryň aklawçy ikisi bir-birleriniň ellerini berk gysyşdylar, aklawçy muňa örän begenýän ýaly ýylgyrdy; olar ýene biraz gürleşdiler, soň bir çete çekilip pyşyrdaşyp ugradylar; ahyrsoňy aklawçy:

— Şeýdäýeris. Men siziň çekiňizi alarynda, doganyňyzyň çeki bilen birlikde ibererin, onsoň olar hemmesiniň ýerbe-ýerdigine gözlerini ýetirerler — diýip gygyrdy. Olara kagyz, galam getirip berdiler, korol stoluň başyna geçdi, kellesini bir gapdala gyşartdy we dodaklaryny müňküldedip, bir zat-bir zatlar çyzyşdyrdy; soň galamy gersoga berdiler, gersogyň ýüzi geleli bäri ilkinji gezek aljyraňňy göründi. Her näme-de bolsa, ol galamy eline alyp, ýazyp başlady. Şondan soň aklawçy täze gelen goja tarap öwrüldi-de:

— Siziň hem doganyň ikiňiziň bir-iki setir ýazyp, goluňyzy çekmegiňizi soraýaryn — diýdi.

Goja bir zatlar-bir zatlar ýazyşdyrdy, emma hiç kim onuň hatyna düşmedi. Görnüşi ýaly, aklawçy örän geň galyp:

— Düşýän däldirin! —diýdi.

Ol jübüsinden bir petde köne hat çykaryşdyryp, ilki hatlara, soňra gojanyň ýazanyna, soň ýene hatlara seredip:

— Ynha-ha Garweý Uilksiň hatlary, ynha-da bu iki hat, hatlaryň başga poçerk bilen ýazylanlygy köre-de mälim (korol bilen gersog özlerini aklawçynyň aldandygyny aňdylar we ýüzleri boz-ýaz bolyp gitdi), ynha bu-da bu jentlmeniň poçerki, bu hatlay onuň hem ýazmanlygyna her kim emgenmän göz ýetirip biler, aslyýetinde bu çyzyklara poçerk hem diýer ýaly däl. Ynha bu-da nemeden gelen hat… — diýdi.

Onýança täze gelen goja: — Rugsat bolsa, bir düşündirewereýin. Meniň hatyma doganymdan başga hiç kim düşüp bilenok, şonuň üçin ol her gezek meniň hatymy täze kagyza göçürip alýar. Siz meniň poçerkimi däl-de, onuňkyny gördüňiz — diýdi. Aklawçy:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýeri-ýeri! Hokga çykarmaň! Mende Uilýamdan gelep hatlar hem bar, zähmet görmeseňiz, ol hem bir-iki setir çyrşasyn, aýdyň, biz onsoň hatlary degşirip göräýeris — diýdi.

— Ol çep eli bilen ýazyp bilenok. Eger onuň sag eli sag bolsa, siz öz hatlaryny-da, meniň hatlarymy-da onuň ýazanlygyny görerdiňiz. Siz olaryň ikisine-de oňatja syn edin, olar bir el bilen ýazylan hatlardyr — diýip, goja hümürdedi.

Aklawçy syn edip:

— Men munuň ugry bardyr öýdýän; eger ýok bolaýsa, onda meňzeşlik meniň eden çakymdan has köp bolup çykdy. Men kelebiň ujuny tapaýandyryn öýdüpdim, emma gaýtam ýene çolaşan ekenik. Ýene her niçik bolsa-da, bir zadyň-ha arasy açyldy: bularyň ikiside Uilksler däl — diýdi-de, ol korol bilen gersoga tarap başyny atdy.

Siz onsoň näme bolandyr öýdýärsiňiz? Bu garry köpek munda-da boýun egmek islemedi. Hiç egmek islemedi. Beýle derňewden derňew bolmaz diýdi, Meniň doganym Uilýam dünýäde iň bir wäşiň biri diýdi, ol çyny bilen ýazjak hem bolmady; galamy bilen kagyza çyrşaşdyryp ugranyndan men Uilýamyň oýun edýänligini bildim diýdi. Ol aldady-aldady, ahyr hem kellesi gyzyp, öz kezzaplyklarna özem ynanyp ugrady, emma onýança gelmişek goja onuň sözüni böldi we:

— Meniň kelläme bir pikir geldi. Bu ýerde menin doganymy, ýagny merhum Piter Uilksi geýindirmäge kömekleşen-hä ýokdur? — diýdi.

— Bar, Eb Terner ikimiz kömekleşipdik. Biziň ikimiz hem şu ýerde — diýip, biri seslendi.

Şonda goja korola ýüzlenip:

— Bu jentlmen maňa Piteriň döşüne çekilen suratyň nähili suratdygyny aýtmazmyka? — diýdi.

Ine, bu ýerde korol basymrak bir zat toslaşdyrmalydy, bolmasa, şeýle synagdan soň oňa ýol galjak däldi, bu ony üstüne dagyň bölegi gaçan ýaly etdi, beýle zat her kimem şeýle güne salyp biljek! Ol onsoň Piteriň döşünde nähili suratyň bolanlygyny nireden bilsin? Onun ýüzi ak tam ýaly bolup gitdi, neneň ak tam ýaly

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolmasyn! Otagyň içi dymdyrslyk boldy, hemmeler öňe omzuklaşyp, gözlerini koroldan aýyrmadylar. Men bolsam: indi-hä korol boýun alsa gerek, aýagyny diräp durmadan oňa netije ýok diýip pikir etdim. Onsoň siz ol boýun alandyr öýdýäňizmi? Ynanar dagy eder ýaly däl, ol boýun almagy pikir hem etmedi. Ol duranlar halys bolýança saklanmagy göwnüne düwen bolara çemeli; adamlar ýadaşyp, ýekeýekeden dagaşyp ugrarlar welin, bizem gersog ikimiz sumat bolarys diýip pikir eden bolara çemeli. Şeýlemi, şeýle däl, garaz, ol sesini çykarman oturdy, ahyrsoňy hem ýylgyryp:

— Hm! Mesele, elbetde, kyn mesele! Hawa, ser, men onuň döşündäki suratyň nämäň suratydygyny size aýdyp berip biljek. Onuň döşünde kiçijik, inçejik, gökje okuň suraty bar-dy, oňa ykjam syn edäýmeseň, görjek gümanyň hem ýokdy. Indi siz muňa näme diýjek, ä? — diýip.

ÝOK, bu garry köpegiň bihaýalygy ýaly bihaýalygy men ömrüme gören däldirin!

Täze gelen goja Eb Terner bilen dostuna tarap çalasyn öwrüldi, ahyrsoňy bu gezek koroly tutan ýaly, onuň gäzi ýylpyldap gitdi, ol:

— Ine eşitdiňizmi onuň aýdýan zadyny? Piter Uilksiň döşünde şeýle bellik bolupmydy? — diýip sorady.

Olaryň ikisi hem:

— Biz-ä beýle bellik göremzok — diýşip jogap berdiler.

— Örän gowy! — diýip, goja jentlmen sözüni dowam etdirdi.

— A siz onuň döşündäki onçakly düşnüksiz, kiçijik P we B-i gördüňizmi, ýaşlygynda ol ady bilen kakamyzyň adynyň baş harpyny şeýle ýazardy, soň bolsa ol başgaça ýazyp başlady, onsoň U bilen aralykda hem kese çyzyk goýup ugrady, ine şeýleräk: P.B.U — diýip, ol bularyň hemmesini bir kagyza ýazyp görkezdi. — Siz aýdyň, şeýle bellig-ä görensiňiz?

Olaryň ikiside ýene bir agyzdan:

— ÝOK, biz beýle belligem göremzok. Asyl biz hiç hili bellik göremzok — diýişdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Şonda beýlekiler hem çydap durup bilmediler we gygyryşyp başladylar.

— Wah, olaryň ählisi kezzap, ählisi bir şaýka ahyryn. Olary derýa äkidip, gark etmek gerek! Taýaga dürtüp bir salym gezdirmek gerek!

Adam bary gykylyk edip, uly gopgun turdy! Onýança aklawçy stoluň üstüne böküp mündi-de:

— Jentlmenler! Jentlmenler! Maňa ýekeje agyz, diňe ýekeje agyz söz aýtmaga rugsat beriň. Ýene bir çykalga bar, gideliň-de mazary açyp göreliň — diýdi.

Bu bar adamyň göwnünden turdy.
Ähli adam «ura» diýip gygyrdy we ýola düşmäge häzirlendiler, emma aklawçy bilen doktor olary saklady:

— Duruň, duruň: Bularyň dördüsinem, oglanjygam tutup, olary-da ýanymyz bilen äkideliň. Adamlar:

— Hawa, şeýdeliň! Eger bellik ýok bolsa, bar şaýkany Linç suduna sezewar ederis! — diýşip gygyryşdylar!

Dogrymy aýtsam, men ýaman gorkdum! Gaçmaga bolsa hiç mümkinçilik ýokdy. Olar bizi tutup, özleri bilen göni mazarystanlyga tarap alyp gitdiler, mazarystanlyk bolsa şäherden mil ýarymrak aralykdady, derýanyň aýagyndady, bütin şäher hem yzymyza düşüp gelýärdi, sebäbi biz gopgun turuzýardyk, wagt bolsa entek irdi, ýaňy agşam sagat dokuz bolupdy.

Öýümiziň deňinden geçip barýarkak men Meri-Jenýi şäheriň daşyna iberenligime ökündim, sebäbi ol häzir bolan bolsa, üm etdigim, ylgap gelip, meni halas ederdi, biziň kezzaplary bolsa paş ederdi.

Biz toparymyz bilen derýanyň gyrasy bilen ýöräp barýardyk we ýabany pişikler ýaly gygyryşýardyk, howa garaňkyrap, ýyldyrymlar çakyşyp başlady, şemalyň ugruna ýapraklar çyppyldaşýardylar şonuň üçin sowuk endamyňy ýalap geçýän ýaly bolup durdy.

Men beýle gorkuly güne hiç wagt düşmändim, şonun üçin meniň akylym çaşan ýaly boldy; ýagdaýlar meniň çak edişim ýaly bolman, düýpden başgaça bolup çykdy: bu zatlaryň hemmesine daşyndan seredip ýörmeli halyma, onsoň islän

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
wagtym gaçyp biljek halyma, aýgytly pursatda goldap, halas etjek, boşatjak MeriJeýnli halyma indi meniň günüm bir surata diredi, meni ölümden diňe şol surat halas edip biljekdi. A birden ol bellikler ýok bolup çykaýsa?..

Şonda nähili boljakdygy barada meniň pikir hem edesim gelenokdy; näme üçindir hiç zat barada-da pikir edip bilemokdym. Howa gitdigiçe garalyp ugrady; gaçmaga örän amatly wagtam boldy, ýöne bu zeberdes Haýns meniň elimden tutup durdy, munuň ýaly Goliafdan bolsa sypjak bolup gör-dä! Ol meni ýumak çeken ýaly çekip barýardy, ol şeýle gaharlydy, onsoň ondan galmazlyk üçin men ylgawymy ýazdyrmaýardym. Barmaly ýerimize ýetenimizde, märeke mazarystanlyga kürsäp urdy we ony sil alan ýaly etdi. Mazaryň ýanyna baranlarynda, görsem, pil gereginden ýüz esse dagy köp getirilen eken, emma panus almak hiç kimiň ýadyna düşmändir. Emma şonda-da ýyldyrymyň ýagtysyna gazyp ugradylar, panus üçin bolsa mazarystanlykdan ýarym millikdäki iň ýakyn öýe adam iberdiler.

Olar ürç edip gazýardylar, onýança howa hem garalyp, ýagyş guýup ugrady, ýel gitdigiçe güýjeýärdi, ýyldyrym bolsa barha ýygy çakýardy, gök gübürdeýärdi; emma olar muňa baş hem galdyrmaýardylar, işleri bilen şeýle gumradylar; ýyldyrym çakanynda, daş-töwerekdäki zatlaryň ählisi: şu agyr märekedäki her bir ýüz, mazardan ýokary galýan her bir pil gum görünýärdi, bir salymdan soň tüm garaňky bolup, howada ýene hiç zat görünmedi.

Ahyrym olar tabydy çykardylar we gapagynyň çüýlerini towlaşdyryp ugradylar, ýene-de iteleşik başlandy, adamlar tabydy görjek bolup öňe süýşüp ugradylar, heý bu akyl ýetirerlik işmidir! Garaňkyň içinde, onda-da beýle dyknyşyklykda men gorkup başladym. Haýns elimi ýaman agyrdýardy, silteýärdi; ol meniň dünýäde barlygymy hem unudan ýalydy; özem erbet gahary gelen bolara çemeli, gaty-gaty haşla-ýardy.

Birden ýyldyrym dumly-duşy ýap-ýagty edip taşlady we kiminr biri:

— Hudaý ursun, altynly halta ynha, onuň döşünde dur! — diýip gygyrdy.

Beýlekiler bilen birlikde Haýns hem çirkin gygyrdy, ol meniň elimi goýberdi-de, altyny görjek bolup, öňe topuldy, onsoň ondan sypyp, ýola neneňsi çykakymy özümem bilmän galypdyryn.

Ýol bilen barýan ýeke özümdim, tüm garaňkylyk bilen minutsaýyn çykýan ýyldyrymlary, ýagşyň şabyrdysyny, şemalyň şuwwuldysyny, gök gübürdisini

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
hasap etmeseň, ýeke özüm aýak aldygyma ylgap barýardym; ýöne welin gaçyşym zabundy.

Men şähere ýetdim, görsem gök gübürdisine köçede adam galmandyr, onsoň pereulokdan-pereuloga sowuljak bolup durman göni baş köçe bilen uçup diýen ýaly gitdim; öýümize ýakynlaşdygymça, gözümi aýyrman şol ýere seretdim. Emma ol ýerden bir yşygam görünmedi, jaý garalyp otyr. Meniň lapym keç boldy. Maňa şeýle bir tukatlyk aralaşdy, sebäbini özümem bilmedim. Emma ahyrsoňy jaýyň deňinden ylgap barýardym welin, birden Meri-Jeýniň äpişgesinde bir ýylpyldy göründi, şonda meniň ýüregim tars-tars edip, tas agzymdan çykypdy; şol salymyň özünde jaý hem, beýleki zatlar hem garaňkylykda yzymda galdy, özüm weliň ony gaýdyp ömrüm ötinçä görmejegimi bilýärdim. Meri-Jeýn hemmelerden gowudy, beýleki gyzlardan has erklidi.

Şäheriň çetine çykyp, adajyga ýüzüp geçmek barada pikir ederlik arany açanymda, men alaýar ýaly gaýyk ýokmuka diýip gözläp başladym, ýyldyrym çakyp, ýagtysy bir gaýyga düşende, men böküp içine girdim we ýetişibildigimden kenardan saýlanyp ugradym. Bu ýüp bilen ilteniläýen gaýyk eken. Adajyk o diýen ýakyn däldi, derýanyň orta gürprägindedi, emma men wagtymy ýitirip durmadym; ahyrsoňy salyň ýanyna gelip demimi aljakdym. Emma süýner ýaly ýer nirede! Men böküp sala mündüm we:

— Basymrak salyňy boşadawer, Jim. Hudaýa şükür, olardan gutuldyk! — diýdim.
Jim çatmadan çykdy-da, gujagyny açyp, maňa tarap eňdi, ol gelenime şeýle begendi. Oňa derek ýyldyrym ýagtysyna oňa gözüm düşeninde, gorkyma tas janym çykypdy; men götinjekläp, saldan derýa ýykyldym, sebäbi men Jimiň bir wagtyň özünde hem korol Lir bolup, hemem näsag arap bolup oýnaýanlygy ýadymdan çykyp, gorkyma tas ölüpdim. Emma Jim meni suwdan çykaryp, gujaklajakgujaklajak bolup durka, men oňa:

— Häzir däl, Jim, sen muny ertirlik nahar wagtyna çenli goý! Häzir bolsa salyňy çaltrak çöz-de, kenardan saýlan — diýdim.

Iki minut geçip-geçmänkä, biz eýýäm derýa bilen aşaklygyna tarap ýüzüp barýardyk, ýene bir gezek azatlyga çykmak, hiç kim hiç zat diýmez ýaly, giň derýanyň ortasyndan diňe özli-özüň ýüzüp gitmek gör nähili gowy eken! Men begenjime hatda bir azrak bökjekläp, tans hem etdim, elimi hem çarp-dym, hiç begenjimi saklap bilmedim; üçünji gezek çarpamda welin men özümiň gaty belet

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
sesimi eşitdim; demimi alman gulak asdym, garaşdym: edil özi eken, derýanyň ýokarsynda ýyldyrym çakdy, görsem, ýüzüp gelýän olar! Şeýle bir kürege zor berýärler welin, gaýyklaryň gyrasy şatyrdap-şatyrdap gidýär. Bular korol bilen gersog ikisidi.

Men salyň üstüne ýüzin ýykylyp, zordan aglaman saklandym.

## XXX bap

Olar sala aýak basan batlaryna, korol maňa tarap topuldy, ýakamdan towlap tutup:

— Köpek ogly, sen bizden gaçmak islediňmi! Biziň kompaniýamyz seni irizdimi? — diýdi.

Men:

— Ýok, siziň alyhezretiňiz, biz bir zadyň bolanyny islemedik… Siziň alyhezretiňiz, goýberseňizläň — diýdim.

— Kelläňe näme gelen bolsa, basymrak aýt, ýogsa edil janyňy alaryn.

— Siziň alyhezretiňiz, men ähli bolan zady size bolşy ýaly gürrüň bereýin, muny men gara çynym bilen aýdýaryn. Meni tutup duran adam meniň bilen örän mylaýym gürleşdi; hemişe: edil seniň ýaly oglanjygyň beýle şatylara düşüp ýörşüne nebsim agyrýar diýdi. Altyna gözi düşüp huşlary başlaryndan uçanda we tabyda tarap eňenlerinde, ol meniň elimi sypdyryp: «Basymrajyk gaç, ýogsam bular seni asaýmasynlar!» diýdi. Onsoň menem gaçdym. Göwnüme bolmasa, galanyňdan netije ýok, elimden geljeg-ä zat ýok, onsoň men gaçyp bilýäkem, näme üçin asylýançam garaşyp durmalymyşym! Şonuň üçinem men durman gaçdym, tä gaýyga ýetinçäm gaçdym; sala özümi atamda bolsa, Jime basymrak ugra, bolmasa, olar yzymdan kowup ýetip, meni asarlar diýdim; ýene men oňa siz bilen gersog diri galan däldirler diýdim meniň size örän nebsim agyrdy, Jimiň hem nebsi agyrdy, size gözüm düşeninde bolsa men ören begendim. Dogrymy andýanlygymyaýtmaýanlygymy, ynha Jimden soraýyň.

Jim: edil aýdyşy ýaly diýdi, korol bolsa oňa sesiňi kes dindi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa-da, ýogsam näme, köpräk ýalan sözle, Ol şeý diýip ýene meniň ýakamdan silterledi we derýa gark ederin diýdi

Emma gersog:

— Goýberiň oglany, akmak garry! Näme, siz özüňizi başgaça alyp bardyňyzmy? Azatlyga çykanyňyzda, siz heý ony ýatlap soradyňyzmy? Meniň-ä beýle zat ýadyma düşenok — diýdi.

Şonda korol meni goýberip, maňa we şäherdäki ýaşaýanlaryň ählisine sögünip başlady. Emma gersog:

— Siz, gowusy, özüňize ykjamrak käýiniň, sebäbi ilki bilen size käýinmek gerek. Aljyraman, gök okly bahanany tüýs wagtynda tapdyňyz diýäýmeseňiz, siz başdan başlan, idili zat etmediňiz. Onyňyz welin tüýs ýerine düşdi, örän mekir hile boldy! Ynha bizi halas edenem şol boldy. Eger şol bolmadyk bolsa, iňlisleriň ýükleri gelýänçä bizi türmä basardylar, soň bolsa düzediş lageri diýermidi, nämemi, hökman bir zat tapylardy! Emma siziň okuňyz diýip, olar aýaklaryny süýräp, mazarystanlyga gitdiler, ol ýerde bolsa altyn bize has hem uly kömek berdi: ýogsam ol bihaýa akmaklaryň kelleleri göçmedik we altyny görjek bolup ählisi tabyda tarap eňmedik dagy bolsa, biz häzir galstuklyja ýatmaly bolardyk, ol galstuklar bolsa aýratyn berk galstuklar — diýdi.

Olar bir salym böwürlerini diňläp durdular. Onson korol diýseň aljyrasňy halda:

— Hm! A biz bolsak ony negrler ogurlandyr öýdüpdik — diýdi.

Men gorkyma, ýumak ýaly boldum.

— Hawa-da—diýip, gersog sözüne dyngy berdi we ýaňsa aldy. — Öýdüpdik. Ýene ýarym minut çemeleri geçeninde korol has çasly:
— Özüm-ä şeýledir öýdüpdim — diýdi. Gersog hem oňa edil özüniňki ýaly edip:

— Tersine, men şeýledir öýdüpdim — diýdi. Korol çym gyzyl bolup: Ýogsa-da siz name kakdyrýaňyz — diýdi.

Bu gezek gersog oňa has janlyrak jogap berdi:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Rast gürrüň şuňa syrygan bolsa, sizden hem soramaga rugsat ediň: eýsem siz näme kakdyrypdyňyz?

— Ýaman aldawçy bolupdyrys! — diýip, korol has teýeneli gürledi — Bilemok welin, siz edýän işiňize düşünmän belki, düýşüňizde şeýdensiňiz?

Gersog bada-bat gazaba mündi we:

— Biderek ýaňramaňyzy goýsaňyzlaň! Siz meni akmakdyr öýdýäňizmi? Näme, men puly tabytda kimiň gizlänligini bilemokmy? — diýdi.

— Hawa, sudar! Men siziň bilýänligiňizi bilýän, sebäbi ony gizlän siziň özüňiz ahyryn!

— Ýalan sözleýäň! — diýip, gersog korolyň üstüne topuldy.

Korol bolsa:

— Eliňizi ýitirim ediň! Bogazymy goýberiň! Sözümi gaýdyp alýaryn —diýip gygyrdy.

Gersog:

— Bolýar, ýöne ilki bilen puly gizlänligiňizi, onsoň meniň gözüme sap atyp gaçjak bolanyňyzy, soň hem gelip, mazary açyp, puluň ählijesini jübiňize urjak bolanyňyzy boýnuňyza alyň—diýdi.

— Bir minutjyk duruň, gersog! Meniň bir soragyma göni we asylly jogap beriň: eger puly ol ýerde gizlän siz bolmasanyz, onda göni aýdyn. Men size ynanaýyn we ähli diýenlerimi yzyna gaýdyp alaýyn.

— Aý, garry näkes! Men hiç zat gizlämok, ony gizläniň hem men däldigimi siz bilýärsiňiz ahyryn. — Ýeri bolýar-da, men size ynanýaryn. Meniň ýene bir soragyma jogap beriň, ýöne welin gyzmaň: puly alyp gizläp goýmak iziň pikiriňizde ýokmudy?

Gersog ilki bada esli salymlap jogap bermedi, soň hem:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolanynda näme, bolaýanynda hem men muny beýtmedim ahyryn. Siziň bolsa diňe göwnüňizde bolman, eýsem puly çilipsiňizem — diýdi:

— Eger alan bolsam, gersog, men şu ýeriň özünde öläýeýiň, ýöne ony, olary almadym, hakyt çynym! Aljak bolmadym diýip biljek däl: eden zadyňy etdim diýmeli, ýöne welin siz… ýagny başgalar… meni öňürtdiler.

— Ýalap sözleýäňiz. Ony siziň özüňiz ogurlapsyňyz, ogurlanyňyzy boýnuňyza hem alaýyň, ýogsam…

Korol demigip ugrady, onsoň bolsa halynyň ýetdiginden:

— Besdir… boýnuma alýan! — diýip hümürdedi.

Beýle zat eşidenime men örän begendim, meniň ýüküm ýeňlän ýaly boldy. Gersog ony sypdyryp:

— Eger siz ýene höçjetlik edäýseňiz, onda derýa gark ederin. Şeýdiň-de, çaga ýaly hyk-çok ediň oturyň, şu etmişiňizden soň, size tüýs gelşäýjek zat, edil ýuwdarha ýaly, ähli zady ýuwutjak bolup azara galyp ýörsüňiz! Men beýle adamy ömrüme gören däldirin, ýene-de men muňa atama ynanan ýaly ynanyp gezdim! Utanmaýaňyzmy! Muny negr pahyrlara ýapyşlaryny durup diňleýärem-ä, kesesniden dilini hem ýarmady, taraplaryny hem tutmady! Indi meniň öz bolşuma gülkim gelýär: beýle bolgusyz zatlara ynanyp, akmakmy diýsene! Wah, al kakmyş, puluňyzyň ýetmeýän ýerini beýle çalt ýetirjek bolmaňyzyň emmasyna indi-indi düşünip galýan! Siz meniň «Žirafdan» alan pulumam jübiňize urmakçy bolupsyňyz, hemmesini bir wagtyň içinde etmek islänsiňiz! — diýdi.

Korol heniz hem horkuldysyny goýman, gorka:

— Goýsaňyzlaň, gersog! Muny aýdan düýpden men däl ahyryn. Puluň ýetmeýänini ýetirmeli diýip, özüňiz aýtdyňyz ahyryn — diýdi. Gersog:

— Sem boluň! Meniň indi gulak hem asasym gelenok! Beýdip bitiren işiňizi indi görýäňizmi? Olar ähli puly yzyna gaýdyp aldylar, üstesine biziň hem bir-iki dollardan başga galan pullarymyzam aldylar. Baryň-da ýatyň, onsoňam men gaýdyp bu barada hiç zat eşitmäýin, ýogsam men size şeýle bir oýun görkezerin welin, ömür ýadyňyzdan çykmaz — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Korol mytdyldap, çatma tarap ugrady we göwnüne teselli berjek bolup, çüýşä ýapyşdy, onsoň gersog hem kem galmady; ýarym sagat töwereklerden olar ýene dostlaşyp gitdiler, näçe köp içdikleriçe-de, olar bir-biri bilen mylanym gürleşdiler, ahyrsoňunda hem gujaklaşyp, parahat uka gitdiler, Olaryň ikisem birnemejik içipdiler, emma korol näçe içse-de, bir gezek hem pullary ogurlan men däl diýip aýtmady. Maňa bolsa bu kemem däldi, mundan ýüküm ýeňlän ýaly bolýardy, keýpim kökelýärdi. Belli zat, olar hor çekip uka gidenlerinde, biz Jim ikimiz gürleşip keýpden çykdyk, men şonda ona barjasyny gürrüň berdim.

## XXXI bap

Biz bassyr telim günläp şäherlerde düşläp bilmedik we şol derýa bilen aşaklygyna ýüzdük oturdyk. Indi biz öňümizden örän uzakda, günortalygyň ýyly klimatyndadyk, Ýolumyzdan uzyn çal sakgala çalym edýän ispan mohlary bilen örtülen agaçlar çykyşyp başlady. Men mohuň gögerip oturanyny ilkinji gezek görýärdim, onuň ýanynda tokaý tukat we tutuk görünýärdi. Biziň žuliklerimiz indi gorkara zat ýok diýen netijä geldiler we ýene şäherlere çykyp, adamlaryň başlaryny aýlamaga başladylar.

Ilki bada olar içgiden saklanmak barada leksiýa okadylar, emma mundan düşen pul olaryň içgilerine-de ýetmedi. Şonda olar goňşy şäherde tansçylyk mekdebini açmagy göwünlerine düwdüler, emma olaryň özleri-de, tansy kengurudan idili edip bilenokdylar; olaryň aýaklaryny uzadanlary hem şoldy welin, üstlerine märeke eňip, olary şäherden çykaryp goýberdi. Soň bir gezek olar dilewarlyk senetini okadarman boldular, emma köp sakyrdamaly bolmady, sebäbi diňleýjiler çydap oturyp bilmediler we olara agyzlaryna gelenini sögüp, şeherden saýlanmaly diýdiler. Olar wagyz-nesihat edip çykdylar, ynandyryp, tebipçilik edip çykdylar, pal atdylar, emma bularyň hiç haýsysyndan hem peýda bolmady. Şeýdip olar bar zatlaryndan çykdylar we uzynly günlerin salyň üstünde gezmeläp geçirdiler, hemişe içlerini hümledip gezdiler, bir-birleri bilen hem gurleşmediler: olar şeýle tukat, şeýle gaharlydylar.

Onsoň olar birden özlerine geldiler; çatmaň, içinde bize eşitdirmän, pyşyrdaşyp, bir zat-bir zatlar barada maslahatlaşyp başladylar, her gezekki maslahatlary iki-üç sagada çekdi. Biziň Jim ikimiz howsala düşdük. Bularyň beýtmeleri bize ýaramaýardy. Ýene-de öňkülerindenem myrtar bir işiň başyny tutjaklar öýdýän diýişdik. Biz pikir edip, esli salym kelle çişirdik, ahyrsoňy hem bular biriniň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
jaýyny ýa-da dükany ýarjakdyrlar, ýa bolmasa galp pul çykarjakdyrlar diýen netijä geldik. Biz gorkymyza allaniçiksi bolduk we bir-birimize: olaryň işine hiç hili dahylymyz bolmaly däldir, azda-kände mümkinçilik tapsagam, bulary taşlap gaçmalydyrys, goý olaryň ýeke özleri galybersinler diýişdik.

Ine onsoň bir gezek ir bilen biz salymyzy Paýkswill diýen şäherjigiň iki millik beýlesinde gizlençek ýerde gizläp goýduk, korol kenara gitdi, bize bolsa şähere aýlanyp, «Žiraf» baradaky gürrüňiň gulaklaryna ýetenini-ýetmänini bilip gelýänçäm gymyldaman oturyň, kelläňizi çykaraýmaň diýip tabşyrdy (men öz ýanymdan «ähtimal, öý urmaga gidýänsiň welin, geleňde Jim ikimizi tapaýarmykaň» diýip pikir etdim). Ol: günortana çenli gaýdyp gelmesem, onda hemmesiniň gülala-güllük boldugydyr, onsoň gersog hem şähere ugrabersin — diýdi.

Biz salda galdyk. Gersog birsyhly gyjyndy oturdy, garaz keýpi kök bolmady, biz oňa hiç ýaranyp bilmedik, ol bize her bir owunjak zat üçin igendi. Bularyň bir zat etjek bolýanlygy aç-açan görnüp durdy. Günortan hem boldy, emma korol gelmedi, dogrusyny aýtsam, men muňa örän begendim: ahyrym bir uýtgeşik boljag-ow, belki, ählisiniň gülalagüllük bolup gidibermegem mümkin diýip içimi gepletdim. Biz Gersog bilen şähere ugradyk we baryp, koroly gözläp başladyk, basym biz ony piwohananyň syrtky otajygynda lüt pýan halda tapdyk; enteşip ýören ýaltalar keýp görjek bolup, onuň gaharyny getirýärdiler, ol bolsa olara agzyndan gelenini diýýärdi, haýbat atýardy, özi bolsa aýak üstünde zordan durýardy, olara edip bilýän zady ýokdy. Munuň üçin gersog oňa garry akmak diýip käýindi, korol hem bergidar galmady, onýança-da geýdirilişip ugradylar, men derrew ökjäni göterdim, derýa tarap şeýle bir ylgadym welin, ylgaýşyma gözem ilmedi. Ynha bu şol gözläp ýören pursatym, indi olar Jim ikimizi gaýdyp göräýerlermikä diýdim. Men has-has edip, derýa ýetdim we begenjime bir ýerde durup bilmedim. Men:

— Jim, saly basymrak çözewer, indi biziňki boldy — diýip gygyrdym.

Emma maňa hiç kim hä bermedi, çatmada hiç kim ýok eken. Jim ýitipdir! Men yzly-yzyna «Jim!» diýip gygyrdym; tokaýlygyň içi bilen bir eýläk, bir beýläk at saldym, ýene gygyrdym, emma hiç hili jogap bolmady, garry Jim elden gitdi. Men oturyp agladym, gözýaşymy saklap bidmedim. Emma köp oturyp bilmedim. Ýola çykyp ýöräp ugradym we indi nätmeli borka? — diýip, pikir edip başladym. Onýança öňümden bir oglanjyk çykdy; men ondan şeýleräk, şeýleräk geýnen bir negri görmediňmi? — diýip soradym, ol:

— Gördüm — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men:

— Nirede gördüň? — diýip soradym.

— Hol, Saýlas Felpsiň plantasiýasynyň ýanynda gördüü, ol ýere çenli iki mil töwerekleri bardyr. Ol gaçgak negr eken, ony eýýäm tutdular, näme, sen şony gözleýärmiň?

— Ýok, pikirem edemok! Men oňa bir-iki sagat mundan öň tokaýda gabat geldim, şonda ol maňa eger gygyraýsaň, janyňy alaryn, özüňem oturan ýeriňden butnaýmagyn diýdi. Onsoň menem çykmaga gorkup oturdym.

— Tutulan bolsa indi saňa gorkup oturasy zat ýok-la. Ol daşdan, Günortadan gaçyp gaýdanmyş.

— Tutanlary gowy bolupdyr.

— Ýogsam gowy bolmazmy! Ony tutanyň iki ýüz dollar sylagy bar ahyryn. Edil ýoldan tapan ýaly.

— Hawa-da, ulurak bolan bolsam, sylagy menem alyp bilýärdim, sebäbi ony ilki gören men. Onsoň ony kim tutupmyş?

— Bir gelmişek garry tutupdyr; ýöne ol öz paýyny kyrk dollara satypdyr, sebäbi ol derýa bilen ýokarlygyna gitmeli bolansoň, garaşyp bilmändir. Hi, ony görsene! Ýok, özüm-ä ýedi ýyl garaşmalam bolsam garaşardym.

— Menem hökman garaşardym. ýöne ol ony şeýle arzan satan bolsa, paýy şondan artyk däldir, belki, bu ýerde bir galplyk bar bolmasyn?

— Galplyk näme işlesin, ondan arassa zat ýok. Bildirişi öz gözüm bilen gördüm. Onda ol baradaky ýazylan zat, nokatma-nokat gabat gelýär, suratyny çekeňde-de, munça bolmaz, ol Täze Orleandan, plantasiýadan gaçypmyş. Ýok, bu ýerde galp zat ýok, hemmesi dogry… Dost, sen maňa çeýnär ýaly temmäki-hä beräýmersiň?

Meniň temmäkim ýokdy, onsoň ol öz ýoluna gitdi. Men salyň ýanyna gaýdyp geldim, çatma girdim we böwrüme diň salyp oturdym. Emma kelläme gelen zat bolmady. Tä kellām hum ýaly çişinçä pikir etdim, emma her näme etsemem, duşan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
belamdan çykalga tapmadym. Biz näçeler derýada ýüzdük, bu kezzaplara näçe ýagşylyklar etdim, emma barysy biderek boldy! Bularyň hemmesi olaryň Jime şeýle naýynsaplyk etmäge, bolar-bolgusyz kyrk dollar üçin ony ömri ötinçä gulçulyga sezewar etmäge, onda-da keseki adamlar üçin şeýtmäge bogunlary ysany sebäpli biderek boldy.

Eger doganynda gul bolmaly diýlip ýazylan bolsa, onda maşgalasynyň arasynda, öz ýurdunda gulçulykda galan bolsa, Jim üçin müň esse gowy bolardy diýibem pikir etdim. Tom Soýere hat ýazaýsam näderkä! Goý, ol Jimiň niredeligini miss Uotsona aýtsyn. Emma basym men bu pikirimden el çekdim, özem ynha şunun üçin: birden miss Uotson Jimiň şeýle gadyr bilmezligine, naýynsaplygyna, özünden ur-tut gaçanyna kejigip, ýene derýaň aýagyna satyp goýberiberse? Eger satmaýanynda-da, eýgilik bor öýdemok: beýle gadyrbilmezek negri hemmeler ýigrenerler, bu bolaýan zat-da, onsoňam Jimiň haramzada, näkesdigini ykjam görkezerler. Meniň ýagdaýym! Negriň gaçamagyna Gek Finniň kömekleşenligi ähli adama ýeter; onsoň men öz şäherimizde ýaşaýanlaryň birine duşaýsam, utanjymdan girere deşik tapman. Bu hemişe şeýle bolýar: adam bir etmiş edýär-de, soň hiç yzynda durup bilenok. Onuň üsti açylýança, utanar ýaly zat ýok diýip hasap edýär. Ynha meeňkem şeýle boldy. Bu barada pikirlendigimçe, men şonça çykgynsyz güne düşdüm. Men özümi tüýs bir biderek, tüýs bir nejis, tüýs bir näkes hasap etdim. Ahyrsoňy kelläme bir pikir geldi, wiý, bu belli zat ahyryn diýdim: hökmi güýçliniň mana çalan şapbady hem özümi alyp barşymyň asmandan görlüp oturylanlygyna düşünmegim üçindir; meniň özüme ýamanlyk etmedik adamyň — biçäre kempiriň elçidäki negri ogurlanlygym eýýäm ol ýere-de aýan bolupdyr. Ynha maňa ähli bolan zatlary görüp oturan gözüň barlygyny-da, onuň galplyga çydaman, hökman onuň yzyndan ýetýänligini-de görkezdiler. Ine şuňa düşünen badyma, gorkyma aýaklarym sandyrap ugrady. Emma men her niçik-de bolsa, özümi aklar ýaly bahana tapmaga jan etdim; maňa idili öwredilen zat bolmady, şonuň üçin men onçakly günäkärem däl diýip pikir etdim; emma nämedir bir zat: «O bolmasa, ýekşenbe mekdebi bar ahyryn, näme üçin sen oňa gatnamadyň? Negriň gaçmagyna kömekleşseň, dowzahda ýanjakdygyňy saňa ol ýerde düşündirerdiler» diýip, yzymdan galmady.

Men aýylganç galpylda gitdim. Men, gel, häzirkim ýaly däl-de, oňat oglan bolarym ýaly, düzelerim ýaly, çokunjak bolup göreýin diýdim we çöküme düşdim. Emma doga dilim aýlanmady. Eýsem näme? Muny hudaýdan gizläp oturasy iş ýok. Özümdenem gizläp oturasy iş ýok. Doga dilimiň aýlanmaýanlygynyň sebäbini men bilýärdim. Sebäbi men galplyk etdim, özümi akýürekli alyp barmadym. Düzetmekçi bolsamam, esasy günäm üçin toba etmedim. Bolmalysy ýaly bolasym gelýär, gidip, negriň nirededigini hojaýyn aýala ýazasym gelýär diýip daşymdan

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
aýdanam bolsam, bularyň hemmesiniň ýalandygyny ýüregim syzýardy, muny hudaý hem bilýändir. Men çokunyp otyrkaň ýalan sözlemeli däl diýip düşündim.

Onsoň juda çaşdym, näme edip, näme goýjagymy-da bilmedim. Ahyrym bir zat ýadyma düşdi; men öz-özüme: gideýin-de, şol ýazaýyn diýen hatymy ýazaýyn, çokunyp bilýänimi-bilmeýänimi onsoňam bir göreýin diýdim. Geň zat: edil şol pursadyň özünde ýüregim ýerine gelip, ýüküm ýelek ýaly ýeňledi, bir tüýsli, zatlaram düp-düşnükli bolan ýaly boldy. Men kagyz-galam aldymda:

«Miss Uotson, siziň gaçgak negriniz Jim şu ýerde, Paýkswillden iki millikde, mister Felpslerde, eger siz goýan baýragyňyzy iberseňiz, ol size Jimi berer.

Gek Finn»,

— diýip ýazdym.

Meniň göwnüm açyldy, onsoň ömrümde ilkinji gezek günäden saplanandygymy, çokunaýyn diýsem, çokunyp hem biljekdigimi duýdum. Emma şonda-da çokunmaga howlukmadym, ilki bilen kagyzy ýerde goýup, esli salymlap pikir edip oturdym: şeýle bolany gowy bolaýdy, ýogsam tas janymdan el üzüp, dowzaha barmaly bolupdym — diýip pikir etdim. Soň ýene pikir etmämi dowam etdirdim. Derýaň ugry bilen eden syýahatymyzy ýada saldym, şonda Jim öňümde janly duran ýaly bolup gö-ründi: kä gündiz, kä gije, kä aý aýdyňda, kä tupan-gaýda salda ýüzüşimiz, gürrüň edişimiz, aýdym aýdyşyp, gülşüşimiz göz öňümden gitmedi. Emma Jimiň garşysyna durar ýaly welin hiç zat ýadyma düşmedi, gaýtam tersine. Bir görsem, ol meň ýerime garawulçylyk çekip, ukymy alýançam oýaryp bil-män dur; bir görsem, dumanlykda sala gelenimde ýa-da gan duşmançylygy gidýän ýerde, batgada duşuşanymyzda, ol begenip, iki bolup bilmän dur; onuň maňa «ezizim», «oglum» diýýänleri meni läliksiredişi, meniň üçin elinde baryny edip, ýakymlylygy, şeýle hem salymyzda mama keseli bar diýip, ony halas edişim, onuň bolsa maňa minnetdar bolşy we dünýäde senden gowy dostum ýok, bir dostum bar, olam sen diýeni — hemmesi ýadyma düşdi; şol ýeriň özünde atanlykda öwrülemde, hata gözüm düşdi.

Ol edil ýanymda ýatyrdy. Men ony aldymda, elimde tutup düýrdüm, süňňüm sandyrap ugrady, sebäbi häzir bütin ömrüm üçin iki ýoluň birini saýlamalydym, men muňa düşünýärdim. Men birsellem pikir etdim, hatda demimiň gelmesi hem galan ýaly boldy, ahyr men öz-özüme:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Etjek alajym ýok, dowzahda ýanaýjak diýdim we haty alyp, jyrram-jyrram etdim.

Beýle sözler barada pikir etmek, beýle sözleri diliňe almak gorkulydy, emma men her näme-de bolsa, aýdyp goýberdim. Bir aýdansoň bolsa jähennem diýýärsiň, men düzelmek barada şundan soň pikir hem etmedim. Bu zatlaryň baryny kellämden çykaryp taşladym; men özüme: ýene öňkim ýaly günä ediberjek, bary bir idili zat öwredilmänsoň, takdyrym şeýledir. Ilki bilen janymy gaýgyrman, Jimi gulçulykdan halas etjek; eger mundan beterräk zat ýadyma düşse, beterräginem etjek; öňi-soňy köýmeli bolsam, biderek bir köýmäýin — diýdim.

Şonda men işe nähili girişjekligim barada pikir edip başladym, kellemde bir topar pikir öwürdim, ahyrsoňy hem bir zady, iň bolaýjak zady göwnüme düwdüm. Men derýadan birneme aşakdaky gür tokaýly agajygyň ýerleşişini ykjam synladym we garaňky gatlyşan dessine saly gizläp goýan ýerimden çykardym, ada ýüzüp geçdim we ony şol ýerde gizläp uka gitdim. Men uzynly gije ýatypdyryp, onsoň daň saz bermänkä ýerimden turdum, ertirlik edindim, magazinden satyn alan täze geýimlerimi geýişdirdim, galan eşiklerimi we beýleki oduk-buduk zatlarymy düwünçege düwüp, gaýyga mündüm we kenara ýüzüp geçdim. Men Felisiň plantasiýasy şu ýerdedir diýip çaklan ýerimden birneme beýleräkde düşledim, düwünçegimi tokaýda gizledim, gerek bolaýanynda aňsatja tapyp bolar ýaly, gaýygy kiçijik derýanyň üstüne abanyp duran agaç kesýän maşyndap çärýek millikde içine suwdur daş salyp, suwa batyryp goýdum.

Şondan soň ýola çykdym, agaç kesýän maşynyň ýanyndan geçip barýarkam, onuň ýüzündäki: «Felisiň agaç kesýän maşyny» diýen ýazga gözüm düşdi, mülke ýetip (mülk iki-üç ýüz metr aňyrrakdady), näçe garanjaklasam-da, gündiziň günüligine garamazdan, hiç kime gözüm düşmedi. Emma munuň meniň üçin parhy ýokdy, sebäbi men entek hiç kim bilen gürleşmekçem däldim. Men diňe olaryň niresinde nämesiniň barlygyny görsem bolýardy. Meniň planym boýunça, ol ýere derýa tarapdan däl-de, şäher tarapdan gelmelidi. Men diňe eýläme-beýläme göz aýladymda, ýene ýöräp ugradym! Onsoň siz nähili bolandyr öýdýäňiz? Meniň ol ýerde ilkinji duş gelen adamym gersog bolsa nätjek. Ol edil geçen gezekki ýaly: «Žiraf», diňe üç gezejik görkeziljek»—diýen afişany ýelmäp durdy. Baý, bu žulikleriň utançsyzdyklaryny! Men oňa oslagsyz barýarkam gabat geldim, gizlenmäge ýetişmedim. Ol geň galan kişi bolup:

— Bo-how! Sen nireden peýda bolduň? — diýdi. Soň bolsa begenenem boldy: — Hany onsoň sal nirede? Sen ony oňatja gizlediňmi? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Siziň alyjenabyňyz, menem sizden edil şuny soražak bolup durdum.

Şeý diýdim welin, ol näme üçindir begenmesini goýdy-da:

— O näme üçin muny menden soramakçy bolýaň? — diýdi.

— Aý, düýn piwohanaň ýanynda koroly göremde, biz ony wagty bilen sala eltip bilmeris, ol haçan pýançylykdan açylsyn diýip pikir etdim; şonuň üçin men şähere entemäge gitdim, bir ýerde-hä wagt geçirmeli ahyryn! Onýança bir adamgeldi-de: gaýygyň bilen derýan aňyrsyna geçirseň we ol ýerden bir goç ýükläp getirip berseň, on sent bereýin diýdi; men onuň yzyna düşüp gitdim; goçy gýyga saljak bolanymyzda, ýaňky adam maňa ýüpi tutdurdy-da, özem goçuň yzyndan itip başlady; emma goç maňa başartmady, ol elimden sypyp, zut gitdi, biz hem yzyndan eňdik. Ýanymyz bilen it almamyzsoň, kenar bilen goçuň yzyndan özümiz ylgamaly bolduk, tä mejaldan gaçynça kowaladyk. Biz garaňky düşinçä yzyna düşdük, onsoň ony şähere getirdik, men salyň ýanyna gaýtdym. Gelip görsem, sal ýok. «Haý, bulara bir zat bolandyr-ow, negri zadam alyp gidendirler-ow! — diýdim

— Ol meniň bar negrimdi, özüm bolsam keseki ýerde hiç hili emlägim ýok, ölmez-ödüligimem gazanyp biljek däl» diýip agladym. Gijäni hem tokaýda geçirdim. Ýöne her niçigem bolsa, sal nirä ýok bolduka? Jim niredekä? Görgüli Jim!

— Men nireden bileýin… ýagny saly näbileýin. Bu akmak çal bu ýerde odukbuduk satyp, kyrk dollar alan bolara çemeli, piwohanadan gözläp tapamyzda bolsa, onuň içenine töläninden başga pullaryny ogurlan ekenler. Gijäniň bir wagty öýe alyp gelemde, sal hem ýerinde ýok eken, onsoň biz: « Bu zaňňarjyk salymyzy ogurlap, bizi taşlap, derýa bilen aşaklygyna ýüzüp gidendir» — diýişdik.

— Ol nähili men negrimi taşlap gideýin? Ol meniň barja negrim, barja zadym ahyryn.

— Bu biziň ýadymyza-da düşenok. Oňa öz negrimiz diýip ýörmäge öwrenişipdiris, ynha ýagdaý şeýle… Hawa-da, ony özümiziňki hasap edýärdik, ýogsam näme: biz onuň yzyna az düşmedik ahyryn. Salyň gidenligine we hiç zadymyzyň ýoklugyna göz ýetirip, biz: «Žirafy» ýene bir gezek synap göräýsek neneňsi bolarka diýişdik? Başga edip biljek zadymyz ýok. Ine men şol jan çekip ýörün, ertirden bärem agzyma zat alamok; Seniň şol on sentiň nirede? Hany ony bärik al!

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Meniň pulum ýeterlikdi, şonuň üçin oňa on sent berip ony dine iýer ýaly zada harçlamagyny, maňa-da bir azajyk bermegipi haýyş etdim, sebäbi düýnden bäri iýen zadym ýok diýdim. Gersog munyma hiç hili jogap bermedi. Onsoň ol maňa tarap öwrüldi-de:

— Sen nähili pikir edýäň, ol negr bizi şugullaýmaz-a? Ýamanlaýsa, biz onuň hamyny sypyrys! — diýdi.

— O nähili şugullasyn! Ol gaçyp gidipdir ahyryn! Ýok-la, walla! Bu samsyk garry ony satypdyr, pulyny bolsa meniň bilen paýlaşmadam, şeýdip, pullar biderejik köýüp gitdi.

— Satypdyr?—diýip, men aglap başladym. O nähili beýle bolýar… ol meniň negrimdi ahyryn, puly hem meňki bolmaly ahyryn… Nirede ol? Beriň meniň negrimi!

— Hiç kim saňa negri bermez boljak iş bolup dyndy şonuň üçin horkuldyňy besedäý. Gulak as sen-ä bizi şugullamany göwnüňe düwýän dälsiň? Hudaý ursun, men saňa çigit ýalyjak hem ynanamok. Häzir bol, şugullaýsaň, oňly bolmarsyň.

Ol dymdy, emma men onuň gözleriniň şeýle gaharly bakyşyna hiç haçan gabat gelmändim. Men aglamamy goýmadym, özüm bolsam:

— Men hiç kimi şugullamakçy däl, muňa elim hem degenok; men gidip, negrime gözlemeli diýdim.

Görnüşi ýaly bu oňa onçakly ýaramadyk bolara çemeli: bir salym durup pikir etdi, elindäki afişalar bolsa ykjaşyp dur; soň ol gaşyny çytdy-da:

— Men saňa bir zat aýdaýyn. Biz bu ýerde üç gün dagy bolmaly. Eger agzyňy açman gezerin, negre-de bizi şugullatman diýip söz berseň, men saňa ony nireden gözlemelidigini öwrdeýin — diýdi.

Men söz berdim, ol:

— Negr bir fermerlerde bolýar, fermeriň adyna-da Saýlas Fe…— diýip, birden dymdy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Bilseňiz, ol ilki dogrusyny aýtmakçy boldy, soň bolsa durup böwrüni diňledi-de, pikirinden döndi. Bu şeýle bolsa gerek, her näme diýseňem, ol maňa janyny ynanmaýardy, şonuň üçin päsgel bermez ýaly, meni bu ýerden üç günlük ýok etjek bolýardy. Ol birazrak geplemän durdy-da:

— Ony alan adamyň adyna Abram Foster, Abram J. Foster diýýärler, özem Lafeýete gidilýän ýoluň ugrunda ýaşaýar, ol bu ýerden kyrk mil çemeleri bardyr— diýdi.

— Ýagşy, üç günde men o ýere ýeterin. Şu günüň özünde ugraryn — diýdim.

— Ýok, şu günüň däl, häziriň özünde ugra, wagtyňy ýitirip, ýolda biderek lakgyldap ýörme! Diliňe berk bol, özüňem çaltrak ýöräp git, şonda bizden ýamanlyk görmersiň, düşdüňmi?

Ynha men şu buýruga garaşýardym, maňa geregem şudy. Işe girişiberer ýaly, elimi boşatsam bolýardy.

— Hany, onda ugra—diýdi,—onsoň mister Fostere gürrüň beresiň gelen zady gürrüň beriber. Belki, ol negr meniňki diýseň,. ynansada ynanar, dünýäde dokument soramaýan akmak gytmy? Galp bildiriş bilen sylag barada gürrüň berip başlanyňda, munuň näme üçin gerek bolanlygyny sen oňa düşündir, belki, ol seniň gepiňe ynanar. Indi bolsa ugra, ona gürrüň beresiň gelen zady gürrüň ber, ýöne welin häzir bol, barmaly ýeriňe barýançan, diliňe berk bol!

Men derýa tarapdan şol ugra ýöräp ugradym we bir gezek hem yzyma gaňrylyp seretmedim; men onuň yzymdan syn edýänligini bilýärdim, ýöne welin meniň bary bir, onuň ýüregine düşjekligime-de ynanýardym. .Men ýeke gezekde aýak çekmän, şol ugra tarap bir milräk ýöredim; soňra tokaýyň içi bilen yzyma öwrülip, Felpsiň mülküne gaýdyp geldim. Men uzaga çekip durman, işe bada-bat girişmegi ýüregime düwdüm, sebäbi bu ýeksurunlar birneme arany açýança, Jime diliňe häzir bol diý-melidi. Bolmasa, bu topar bilen ýene bir zadyň üstünden baraýmagyň mümkindi. Men bulary görüp-görüp, görmez bolamsoň, gaýdyp bular bilen iş salşasym gelenokdy.

## XXXII bap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men mülke ýetenimde, daş-töwerek, ýekşenbe güni ýaly ümsümlikdi, yssydy, gün çykyp durdy, howadan bolsa tomzakdyr siňekleriň wyzzyldylary gelýärdi, şol zerarly ähli janly-jandar ölen ýaly, örän ýürek gysgynçlykdy; munuň üstesine şemal öwsüp, ýapraklary dagy çygşyldadaýsa, depe saçyň üýşüp gidýärdi, göwnüňe bolmasa, alarwahlar bilen bir wagtky ölüp giden adamlaryň ruhlary pyşyrdaşýan ýalydy we olaryň gürrüňi hemişe sen hakda ýaly bolup durdy. Şonuň üçin seň ölüp-ýitip gideniňi gowy görýärdiň, şu azaplardan hem basymrak dynylsady diýýärsiň!

Felpsiň plantasiýasy ählisi bir adama degişli bolan kiçijik, sandan galan plantasiýajyklardakdy. Agaç haýatly howlusynyň giňligi bolaýsa iki akrdy; haýatdan aşyrylyp geçmek we aýallaryň ýaba münmekleri aňsat bolar ýaly, haýatyň düýbüne galan-gaçan töňňelerden edilen merdiwanjyk goý-lupdyr, ol töňňeler ululy-kiçili çelejikler ýaly, bir-birinden keltedi, howlyň käýerinde saralyşyp oturan otlar bardy, emma howlyň köp ýeri çitimi çykyp duran şlýapa ýaly, debisgilenen takyr ýerdi; aklaryň ýaşaýan ullakan jaýy ýylmanylan pürslerden edilip, yşlary palçykdyr sement bilen suwalypdyr, ýokarsy agardylypdyr, ýöne welin öňräk agardylypdyr; kuhnýa ýylmanmadyk pürslerden edilip, jaýa uzyn we giň tagta bilen birikdirilipdir, tagtanyň aşagynda sütün, ýokarsynda hem kryşa bardy; kuhnýanyň arka tarapynda et kakadylýan tagta jaý, ol jaýyň beýle tarapynda bolsa bir hatar bolup oturan üç sany negr külbesi bardy, bir kiçijik hütdük hem howlyň o burçunda, edil haýatyň düýbünde özbaşyna otyrdy; howlyň beýle tarapynda bolsa bir topar ownuk jaýlar bardy: hütdügiň gapdalynda bir üýşmek kül bilen sabyn gaýnadylýan ullakan gazan ýatyrdy, kuhnýanyň gapysynyň öňünde bir bedre suwly we kädi salynýan çüýşeli skameýka durdy; şol ýeriň gapdalynda bolsa bir it güneşläp ýatyrdy, aňry ýanynda ýene-de bir topar it bardy, howlynyň burçunda üç sany saýaly agaç, haýatyň bärsinde smorodina we kryžownik agaçjyklary; haýatyň aňyrsynda bolsa garpyzdyr beýleki gök ekin bardy, ondan aňyrsy gowaça plantasiýasy, plantasiýanyň asyrsy hem tokaýçylykdy.

Men daş-töweregi aýlanyp çykdym, howlyň aňry tarapyndan külüň ýanyndan agaç böleleriniň üstünden ätläp geçdim. Esli ädim geçenimden son, gulagyma çarhyň zaryn sesi geldi, ol kä gaty çykýardy, kä bolsa düýpden ýitip gidýärdi, ine şundan soň men hakykatdanam ölesim geldi, sebebi bu dünýädäki iň zaryn sesdi.

Men çak bilen göni öňe tarap ýöräp gitdim, hiç zady pikir etmän, diňe hudaýa sygyndym, eger gerek bolaýsa, şonuň kömegi bilen bir zat-bir zatlar diýişdirerin diýdim; men özüm päsgel bermesem, hudaýyň gerek wagty diýmeli zady agzyma salyp berenini telim gezek görüpdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Howlynyň ortasyna ýetenim hem şoldy welin, görsem, ilki bir it, soň hem bir it maňa tarap ýöräp gelýär, men, elbetde, aýak çekdim we ýerimden butnaman, olaryň ýüzüne seredip durdum. Baý bir olar üýrmek üýrdi-ow!

Çärýek minut geçip-geçmänkä, men tigriň topuna öwrüldim, itler bolsa tigriň dişleri ýaly bolup daşymy aldylar, on bäş töwerekleri it meniň daşyma halka boldy, görsem, aňyrdan ýene-de bir topar it ýetip gelýär; howludan böküp, burçdan çykyp, garaz, ähli ýerden bosuşyp gelýär.

Howludan eli saýgyçly bir negr aýaly böküp çykdy we: «ýit, güm bol, Ýolbars, ýit, ýok bol, Muşka!, Jähennem boluň, ser!» diýip gygyrdy hem-de elindäki saýgyç bilen ilki birini, soň beýlekisini çaldy; itleriň ikiside çyňsaşyp gitdiler, olaryň yzy bilen beýlekileri hem gaçyp gitdi; bir salymdan soň itleriň ýaryragy ýene-de daşyma ünşdi, guýruklaryny bulaýlaşyp, meň bilen oýun etdi. It hiç wagt ýüreginde kine saklamaýar, hiç wagt öýkelemeýär.

Negr aýalynyň yz ýany bilen ýene üç sanyjak negr çagasy ylgaşyp çykdy: olaryň ikisi gyz, birem oglandy, özlerem köýnekçediler; olar ejeleriniň ýubkasyna ýapyşyp, adatça çagalarda bolşy ýaly, utanyşyp, maňa tarap seredişýärdiler. Görsem, uly jaý tarapdan kyrk bäş elli ýaşlaryndaky, başaçyk, eli ýumakly bir aýal ylgap gelýär: yzy bilen bolsa akja çagalary ylgaşyp gelýär, olar hem özlerini edil negr çagajyklary ýaly tutýarlar. Ol aýal begenjinden ýaňa ýylgyryp maňa:

— Ahyrsoňy geldiňmi! Neneň geläýdiň? — diýdi.

Men oýlanyp-oýlanmankam, agzymdan «Hawa, men» diýip sypdyrdym.

Ol meniň egnimden alyp, bagryna basdy. Soň iki elimden tutup gysmaga durdy, gözünden-ýüzünden bolsa boýur-boýur ýaş akýar; ol meni şol goýbermän saklap dur, elimi gysýar, özi hem:

— Asyl sen meň çak edişim ýaly, ejeňe meňzäňok ekeniň! …Wiý, toba, aýdyp duran zadym näme! Tapawudy näme! Seni görenime begenäýşimi! Edil gemriberesim gelip dur!.. Çagalar, bu siziň dogan oglanyňyz Tom ahyryn! Baryň siz onuň bilen salamlaşyň — diýdi. Emma çagalar boýunlaryny salladylar, ellerini çeýnediler, ejeleriniň arkasyna gizlendiler. Ol bolsa şol sakyrdady durdy:

— Liza, dymyrdanyp durmada, muňa gyzgynjak nahar ber!.. Wiý, sen ertirligiňi parohodyň üstünde edinen bolaýma?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men, hawa, edindim diýdim. Onsoň ol meniň elimden tutup, öýlerine tarap ylgady, çagalar hem yzymdan galmady. Öýe gelip, ol meni düýbi çukanaklyja oturgyçda oturtdy, özi bolsa öňüme geçip, pessejik skameýkada oturdy, iki elimden hem tutup oturyşyna:

— Ine, indi men seni synlap keýpden çykyp bilerin! Eý hudaýym, men bu pursaty näçe ýyllap arzuw edip gezdim, ynha onsoň ahyrsoňy sen meniň gaşymda dursuň. Biz saňa iki gün-denem köpräkden bäri garaşdyk… Näme beýle eglendiň-le, ýa parohodyňyz dagy bataýdymy?

— Hawa, mem, ol…

«Hawa, mem» diýme-de, maňa, «Salli daýza» diýäý… Onsoň parohod nirede batdy?

Men näme jogap berjegimi bilmedim: sebäbi men parahodyň ýokary tarapdanmy, aşak tarapdanmy, nireden gelmelidigini bilmeýärdim. Emma men köplenç çaklama daýanýardym, onsoň birden göwnüm parohod ýokary tarapdan gelip, Orleana barýandyr diýdi. Bu maňa onçakly peýda etmedi, sebäbi men aşak tarapdaky sanlaryň atlaryny bilmeýärdim. Gördüm welin ýa täze bir saý oplap tapmaly, ýa-da şol çykan saýymyzy unutmaly, ýa-da… Onýança kelläme bnr pikir geldi we men çalt—çalt:

— Bu saý zerarly däl, biz ol ýerde onçakly köp eglenmedik. Biziň silindrimiziň kellesi ýaryldy—diýip goýberdim.

— Ek hudaý! Ýaralananam boldumy?

— Ýok, hiç kim ýaralanmady. Diňe bir negr öldi.

Onda siziň bagtyňyz bar ekek; şeýle bolanynda, ýaralakýgyjam bolýandyr. Öten ýyl, roždestwo bapramynda, Saýlas daýys Täze Orleandan «Lalli Ruka» münüp gapýdypdyr, parohodlary bolsa köne eken, ine onsoň birden bularyň hem silindrleriniň kellesi ýarylyp, bir adamyny maýyp edipdir.. Onsoň ol öläýipdir öýdýän. Garry adam eken. Seniň Saýlas daýyň Baton Ružede bir maşgala bilen gowy tanyş eken, olar hem şol garryň hossarlaryny gowy tanaýan ekenler. Hawa, ýadyma düşdi, ol hakyt ölen eken. Ölüp ugranynda aýagyny kesipdirler, emma munuň peýdasy degmändir. Hawa, ol onuň ölüp başladygy eken. Ol bir wagt direlip ýaşaryn diýip umyt edip, gök dalak bolup ölüpdir. Oňa seretmek gorkunç

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bolupdyr diýýärler… Seniň daýyň bolsa seni garşylajak bolup her gün şähere gidýär. Şu gün hem gitdi, gidenine bir sagadam geçenok, ynha hä diýmän geler. Seniň oňa gabat gelmeýşiňi… Heý, gabat gelmediňmi? Özä göräýmäge garryrakdyr, g…

— Ýok, Salli daýza, hiç kime duşamok. Parohod irden, edil daňdanlar geldi; onsoň men zatlarymy duralgada goýup, şäheri synlamaga gaýtdym, birneme wagt geçirjek, size-de o diýen ir gelmejek bolup, birazrak eglenäýipdirin, şonuň üçin men ýol bilenem gelmedim.

— Sen zatlaryňy kime goýup gaýtdyň?

— Hiç kime. ….

— Beýtmäň näme çagajygym, ogurlarlar ahyryn… Men:

— Ýok, men olary ykjam gizläp gaýtdym, o ýerden hiç kim ogurlap bilmez — diýdim.

— Onsoň sen parohodyň üstünde ertirligiňi neneň beýle ir edinip bildiň?

Men: ahmal-ow, birden bir zat diýiň goýberibermesem ýagşydyr-ow diýip içimi gepletdim-de:

— Palubaň üstünde otyrkam, kapitanyň gözi düşdi-de: sen kenara düşmänkäň naharyňy edin diýdi we elimden tutup rubka eltdi we öz oturýan stolunyň başynda oturtdy, emma hiç iýesim gelmedi — diýdim.

Men özümi şeýle bir oňaýsyz duýdum welin, onuň näme diýýäniňi hem idili eşidip bilmedim. Meniň kellämdäki hemişe oglanlar boldy: olary bir çete çekip, özümiň kimligimi bir hile bilen. bilsem diýdim. Emma muňa hiç hili mümkinçilpk bolmady: miss Felps, eňegine jaň kakylan ýaly, goýar ýerde goýmady. Birden menin inim dyglap gitdi, sebäbi ol:

— Wiý men näme üçin sakyrdap durkam, sen entek uýalaryňdyr beýlekiler barada ýeke agzam gürrüň bereňok ahyryn. Indi men geplemän oturaýyn welin, sen gürrüň ber. Sen olaryň bary barada gürrüň ber, olar gurgun gezip ýörlermi, näme iş edýärler, maňa näme aýt diýdiler, garaz ýadyňa düşen zatlary gürrüň ber —– diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Haý, tutuldym öýdän, onda-da nähili tutuldym. Şu çaka çekli alla garaşyk etdi, bu hak, ýöne indi welin men oňatja batdym. Görsem, sapalak atyp oturasyda iş ýok, oýundan çykaýmaly. Men öz ýanymdan: ýene-de töwekgelçilik edip, dogrymdan gelmeli boljak öýdýän diýip oýlandym. Onsoň ýaňy bir gürläp ugrajak boldum welin, ol elimden tutdy-da, krowatyň aňyrsyna itiberdi we:

— Halha, olam gelýär! Kelläňi aşagrak eg, ine, indi boldy. Özüňiň bu ýerdedigiňi bildirmänjik otur. Men ony bir sellem oýnaýyn… Çagalar, siz hem sesiňizi çykarman—diýdi,

Görýän welin, men gapana düşäýen ýaly, emma bary bir, gaýgy etmeli bolmadym, sebäbi tä üstünden bela inýänçä gymyldaman oturaýmasaň, başga-da alaç ýokdy.

Men garryny otaga girip barýarka çala görüp galdym, soň krowatyň ýeňsesinden ony görüp bilmedim. Miss Felps onuň öňünden ylgap çykdy-da:

— Ol geldimi?—diýip sorady.

Adamsy:

— Ýok — diýip jogap berdi.

— Eý hudaýeý! Oňa näme bolaýdyka?

— Men-ä bilýän däldirin. Dogrymy aýtsam, özümem ynjalyp bilemok.

— Sen ynjalyp bilemok diýýäň! Men bolsam däliräp barýan! Ol gelse-de gelendir welin, sen ýolda gören dälsiň. Bu hut şeýledir, men eýýäm asap ugraýan.

— Goýsana, Salli, özüň bilýäň ahyryn, heý menem ony görmän geçerinmi?

— Eý hudaýym, indi doganym näme diýip, näme aýdar! Ol belki, gelendir. Ýöne sen ony gören dälsiň. Ol…

— Gaharymy getirmesene, öňem gahargm gelgip dur. Men-ä

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
muňa näme diýjegimi bilýän däldirin. Dogrymy aýtsam, näme etjegimem bilemok. Hatda gorkdumam. Gelendir diýip pikir hem edip oturmaly däl, sebäbi gelen bolsa, ona duşmajak gumanym ýok. Salli, bu erbet, örän erbet ýagdaý: belki, parohoda bir zat bolandyr!

— Waý, Saýlas! Beýläňe, ýola seret: biri gelýän ýaly-la? Ol krowatyň başujyndaky äpişgä tarap ylgady, missis Felpse bolsa geregem şudy. Ol derrew krowatyň aýagyna egildi-de, meni itekläp goýberdi, men krowatyň ýeňsesinden çykdym, garry äpişgäň ýanyndan bäriligine öwrüleninde, miss Felps dikelip, keýpi kök halda ýylgyrjaklap durdy; men bolsam onuň ýanynda gara dere batyp, dim-dik bolup durdum. Garry maňa seretdi-seretdi-de:
— Bu kim bolmaly? — diýdi.

— Öz göwnüňe kimdir öýdýäň?

— Akylym ýetenok. Kim bu?

— Muňa Tom Soýer diýýärler?

Hudaý ursun, men tas ýere giripdim! Ýöne içgin seljerip durmaga wagt ýokdy; garry meniň elimden tutdy-da, gysyp başlady, aýaly bolsa şol wagt bökjekläp töweregimizden aýrylmady, ol hem aglaýar, hem gülýär, onsoň olaryň ikiside üstümi soragdan gömdüler, Sidi soradylar, Merini soradylar, garaz, ähli hossarlaryny sorap çykdylar.

Olar her näçe begenenem bolsalar, bu meniň begenjimiň ýanynda hiç zatdy; men edil täzeden dünýä inen ýaly boldum, özümiň kimligimi bilenime monça boldum. Olar menden tutuş iki sagatlap soradylar, meniň gürrüň berip, gürrüň berip, dilim syryldy, men olara öz maşgalamyz, ýagny Soýer-leriň maşgalasy barada şeýle bir gürrüň berdim welin, ol gürrüň şeýle maşgalalaryň onusyna dagy ýetjekdi, garry bolsa gymyldaman diňläp otyrdy. Üstesine men Ak derýanyň sakasynda silindrimizin ýarylyşyny-da, onsoň ony üç günläp bejerişimizi-de gürrüň berdim. Bularyň hemmesi ýerine düşdi we örän oňat täsir etdi, sebäbi olaryň bu işden onçakly başlary çykmady, olar diňe bir zada: bejermäge üç gün gitdi diýenime düşündiler. Men boltuň kellejigi ýaryldy diýen bolsamam, hiç zat aňjak däller eken.

Indi men özümi bir tarapdan-a örän oňaýly, eýleki tarapdan hem ören oňaýsyz duýdum. Tom Soýer bolmak ýeňil we ýakymly boldy, bu tä derýanyň ýokarsyndan gelýän parohodyň pyşşyldysy eşidilýänçä ýeňil geçdi. Şonda men: birden şu

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
parohod bilen Tom Soýer gelýän bolaýsa? Birden ol otaga girip, göz ümläp ýetişmänkäm adymy tutaýsa? — diýip pikir etdim.

Men muňa ýol berip biljek däldim, bu boljak iş däldi. Gel, ýola çykyp, ony habardar edeýin — diýdim. Şonuň üçin men olara şähere gidip, zatlarymy alyp geljek diýdim. Meniň bilen gitjek bolup garram şaýyny tutup ugrady, emma men oňa: sizi azara goýasym gelenok, ýabyny bolsa özüm eýgererin diýdim.

## XXXIII bap

Onsoň men arabaly şähere ugradym; ýarpy ýola ýetenimde öňümden biri çykdy; görsem, edil Tom Soýeriň özi; men, elbetde, ýabymyň başyny çekdim we tä deňime gelýänçä durdum. Dur! diýip gygyrdym. Ol gabadyma gelip saklandy we aňk bolup agzyny açdy, emma wagty bilen agzyny ýumup bilmedi; onsoň bokurdagy guran ýaly, iki-üç gezek ýuwdundy-da:

— Meniň saňa eden ýamanlygym ýok. Özüň bilýärsiň ahyryn. Onsoň sen näme üçin o dünýäden geldiň? Menden saňa näme gerek zat bar? — diýdi.

Men:

— Men o dünýäden gelemok, men asyl ölmesem näme? — diýdim.

Ol meniň sesimi eşitdi-de, birneme özüne geldi, emma her niçigem bolsa ynjalmady we:

— Sen maňa degme, menem saňa degmändim ahyryn, ýöne seniň o dünýäden gelmedigiň çynyňmy, hany hindi sözi bolsun diý — diýdi.

— Hindi sözi bolsun, gelemok — diýdim.

— Bolýar-da… men, elbetde… eger şeýle bolsa, aýdyp oturasyda iş ýok! ýöne welin men-ä düşünip bilýän däldirin, hiç düşünip bilýän däldirin. O nähili, seni öldürmänmidilermi näme?

— Hiç kimem öldürjek bolmandy, bularyň baryny tapyp ýören özüm. Eger maňa ynanmasaň, gel-de eliňi degrip göräý.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ol maňa elini degrip gördi we ynjaldy, ol maňa duşanyna örän begendi we begenjine näme edip, näme goýjagyny bilmedi. Onuň şu ýeriň özünde ähli bolan zatlary başdan-aýak eşidesi geldi, sebäbi bu duran bir wakady, onda-da syrly wakady; ony gyzykdyrýan hem ynha şoldy. Emma men oňa: entek oňa el deger ýaly däl diýdim we onuň paýtunçysyna birneme garaşyň diýdim; biz aňyrrak ýöredik, men oňa düşen günüm barada gürrüň berdim we indi biz nätsekkäk diýip soradym. Ol: bir minutjyk maý ber — diýdi we oýlandy-oýlandy-da:

— Diýmek, gülala-güllük, ugruny tapdym. Sen meniň sandygymy araba at-da, özümki diý; yzyňa öwrül-de ýuwaşjadan sürüp git, öýe wagtyndan öň baraýma; men bolsam şähere gidip, senden ýarym sagadrak gijräk barar ýaly, ýoly ýene bir gezek sökeýin; ýöne sen häzir bol: meni tanaýanlygyňy bir bada bildiräýmegin — diýdi.

Men:

— Bolýar, ýöne bir minutjyk dur. Ýene bir iş bar, muny bolsa menden başga bilýän adam ýok: men bu ýerden bir negri gulçulykdan ogurlap çykasym gelýär, onuň adyna Jim diýýärler, şo miss Uotson kempiriň Jimi-dä — diýdim. Ol:

— O nähili, Jim?.. diýdi.

Ol bir zat diýjek boldy-da dymdy we içini gepletdi. Men oňa:

— Näme diýjek bolýanlygyňy bilýärin. Sen: bu adamkärçiliksizlik bolýar, nejislik bolýar diýersiň. Ýeri bolanda näme, nejis bolýan men, ogurlajak hem men, sen ýöne sesiňi çykarmasaň, üstümi açmasaň bolýar. Razymy? — diýdim.

Onuň gözleri ýitelip gitdi we ol:

— Ony saňa özüm ogurlaşaryn! — diýdi.

Şu ýerde men edil serpmeden gaýdan ýaly boldum. Beýle geň zady men ömrümde ilkinji gezek eşidýärin, dogrymy aýtsam, Tom Soýer meniň gözümiň alynda köp zat ýitirdi — şundan soň men ony o diýen sylamadym. Emma her niçikde bolsa, Tom Soýer halyna onuň negr ogurlajagyna hiç ynanyp bilmeýärdim.

— Indi, aldajak bolýar-da, sen oýun edýän-ä dälsiň? — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Oýun ýadymada düşenok. Ýeri bolýar-da, oýun etseň, oýun et, çyn etseň, çyn, ýöne gaçgak negr barada gulagyňa degäýse welin, bilip goý, ony sen tanaýan dälsiň, menem tanamok — diýdim.

Onsoň biz sandygy alyp, meniň arabama ýükledik, Tom bir tarapa, menem beýleki tarapa gitdim. Ýöne men begenjime mytdyldap gitmelidigimi ýadymdan çykaraýypdyryn, men şeýle uzak ýoldan öýe örän çalt dolanyp geldim. Garry maňa bosagada garaşyp duran ýerine:

— Ynha bu geň zat! Meniň baýtalym şeýle işi başarar diýip kim aýdyp biler! Wagt tutmaly eken. Çigit ýalam derlemändir. Indi men muny ýüz dollara-da bermen, eger çynym, ýogsam men muny on bäş dollaram bolsa satjak bolup ýördüm, mundap ýokary baha degýändir öýdemokdym — diýdi.

Onuň başga diýen zady bolmady. Göwni-garny ýok, hoşgylyk garry-da. Bu geňem däl: sebäbi ol ýeke bir fermerem däldi, ol ündewçemdi; onuň plantasiýanyň aňyrsynda pürsden salnan kiçijik buthanajygam bardy (ol ony öz hasabyna saldyrypdy), buthanada, mekdebem bir ýerdedi, ol wagyz-nesihaty mugt geçirýärdi, munuň üçin hiç kimden hiç zat almaýardy, dogrusyny aýtsaň, ol alanyňa degenokdam. Günortada şeýle ündewçi fermerler näçe diýseň bar, olaryň barjasyda wagyz-nesihaty mugt geçirýärler. Ýarym sagat geçip-geçmänkä, Tom arabaly haýatyň ýanyna gelip durdy, Salli daýza ony äpişgeden gördi, sebäbi haýat baryýogy elli ädimlikdedi. Ol:

— Seret, ýene biri gelýän ýaly-la! Kimkä ol? Men-ä bir-kesekimikä diýýärin… Jimmi (bu oglanjyklaryň biriniň adydy), bar-da, Liza aýt, stola ýene-de bir tarelka eltsin — diýdi.

Hemmeler haýran galyşyp, gapa tarap eňdiler, ýogsam näme, her ýyl keseki gelip durmy näme, geläýende-de, ol şeýle bir howsala salýar welin, gyzdyrmaň dagy hem çaky bolanok” Tom bölek agaçlaryň üsti bilen ýöräp, haýatdan geçdi we jaýa tarap ýöräp ugrady; onuň münüp gelen arabasy ýol bilen yzyna gaýtdy, biz bolsak hemmämiz gapyň agzynda hümerlenişip durduk. Tomuň egninde täzeje kostýumy bardy, diňleýjiler hem az däldi, oňa geregi-de şudy, onuň üçin bu kökeden-zatdan hem gowudy. Şeýle ýagdaýlarda ol pors atmany gowy görýärdi, muňa ol ussatdy. Ol goýun ýaly bir ýerini depeläp durýan oglanlardan däldi, ýok, ol goç ýaly dogumly we arkaýyn ýöräp gelýärdi. Biziň gapdalymyza gelip, ol şlýapasyny edil

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
içi kebelekli gapyrjak ýaly, şol gapyrjagyň içindäki kebelekler hem uçup gider öýdýän ýaly ýuwaşja we dabaraly ýokary göterdi hem-de:

— Eger ýalňyşmaýan bolsam, siz mister Arçibald Nikolsyňyz? — diýdi. Garry:

— Ýok, oglum, nebsim agyrsa-da, sizi arabakeş aldapdyr: Nikolsyň mülküne çenli ýene üç mil dagy bar. Giriberiň, giriberiň — diýdi.

Tom yzyna öwrüldi-de, egniniň üstaşyry seredip:

— Indi örän giç, onuň garasy ýitipdir — diýdi.

— Hawa, ol eýýäm gözden ýitdi, oglum, ýöne siz giriň-de, biziň bilen nahar ediniň, onsoň, biz ýabyny goşarys-da, sizi Nikolslara eltip gaýdarys.

— Sizi azara goýmaga utanýaryn, heý-de beýdip bolarmy! Men pyýadalap gidibererin, meniň ýanymda üç miliň dagy hiç zat.

— Ýöne biz size beýtdirmeris, mundanam bir günorta myhmansöýerligi bolarmy? Giriň, hemmämiz şu ýerde…

Salli daýza:

— Hawa-da, biziň üçin munuň hiç hili kynçylygy, düýpden kynçylygy ýok! Hökman galyň! Ýol uzak, özem tozanly. Ýok, biz sizi pyýada goýbermeris! Üstesine-de men siziň gelýäniňizi görüp, bir tarelka nahar getirdim, şonuň üçin raýymyzy ýykjak bolmaň-da, öýe giriň, edil öz öýňüze gelen ýaly boluň — diýdi.

Tom olara iň bir sypaýy sözler bilen minnetdarlyk bildirdi we ahyrsoňunda razy bolup, öýe girdi; öýe girip, ol: men Ogaýo ştatyndaky Hikswilden gelýän, adym hem Uilýam Tomson — diýdi we ýene bir gezek başyny atyp, olara salam berdi.

Ol şol kellesine gelen zady ýaňrady oturdy: Hikswill barada, onuň adamlary barada gürrüň berdi, men bolsam howsala düşüp ugradym: munuň bu ýaňramalary maňa ýagdaýdan çykmaga nähili kömek berip biljekkä? — diýip içimi gepletdim. Ine onýança ol gürrüňiniň arasynda ýerinden turdy-da, Salli daýzanyň edil dodagyndan ogşap goýberdi. Soň bolsa ýerine gelip oturdy-da, ýöne öňküsi ýaly, gürrüňini dowam etdirdi; Salli daýza oturan kreslosyndan syçrap turdy-da, eli bilen dodagyny süpürip:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hä, sen bir bezzat güjük! — diýdi. Tom gatyrganan kişi boldy-da:

— Siz meniň göwnüme degýäňiz, sudarynýa — diýdi.

— Görseňizläň, men munuň göwnüne degýärmişim! Siz meni kimdir hasap edýäňiz? Ynha häziriň özünde alarynda… Ýog-a meni ogşamak nireden kelläňize geldi diýsene?

Tom gorkan kişi boldy-da:

— Aý hiç, ogşaýdym. Men siziň göwnüňize degerin öýtmedim. Men… men gaýtam oňat görersiňiz öýtdüm — diýdi.

— Bu bir tentekläý! — diýdi-de, kempir içine ýapyşdy, ol şo wagt saklanybilmän, häziriň özünde Tomuň kellesine çaljaga meňzedi.

— Muny meniň gowy görjegimi näbilýäňiz?

— Özümem bilemok. Maňa… maňa siz gowy görersiňiz diýip aýtdylar.

— Ah, aýtdylar diýsene! Eger aýdaýanam bolsalar, aýdan adam seň ýaly kem akyldyr. Men ömrümde şuňa meňzeş zat eşiden däldirin! Kim ol aýdan?

— Hemme kişem aýtdy. Hemmeler şeý diýipdirler. Kempir zordan saklandy: onuň gözleri hanasyndan çykaýjak boldy, barmaklary birsyhly gymyldady durdy; hä diýmän Toma ýapyşjaga meňzedi.

— Kim ol «hemme kişi»? Kim olaryň atlary, basymrak aýdyň, ýogsam siz tentekden dynar oturybererin.

Tom hapa bolup ýerinden turdy we şlýapasyny mynçgalap durşuna:

— Bagyşlaň, men beýle bolar öýtmändim… Maňa şeý diýensoňlar… Aýtmadyk ýok… Sen ony ogşagyn, ol muňa monça bolar diýdiler, hemme kişi şeý diýdi, uçdantutma hemmesi şeý diýdi! Bagyşlaň, men gaýdyp beýtmen… çynym beýtmen — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ah, Gaýdyp beýtmen diýseňizläň, görsene? Belki, ýene bir gezek synanyşyp görersiňiz?

— Sudarynýa, men size söz berýärin: tä özüňiz haýyş edýänçäňiz, men sizi ogşamaryn.

— Özüm haýyş edýänçäm diýsene! Ýok, men beýle zady ömrüme eşiden däldirin! Baryp siz Mafusail ýaşyna ýetseňiz hem muňa ýetmersiňiz, beýle saňsarlary men başyma ýapaýynmy?

Tom:

— Biler bolsaňyz, men muňa örän haýran. Özümem hiç düşünip bilemok. Maňa siz gowy görersiňiz diýip aýtdylar ahyryn. Özümem şeýle bolar öýtdüm. Emma… — diýip, ol sakyndy we arka tapynaryn diýen umyt bilen oturanlara birlaý göz aýlady, ahyrym goja tarap seredip: — Ser, sizem ol meni begenip-begenip ogşar diýip pikir etdiňiz dälmi? — diýip sorady.

— Aý ýok, näme üçin… ýok, men beýle pikir edemok. Tom ýene gözüni aýlady we meni tapyp, menden:
— Tom, sen Salli daýzam meni gujaklap: «Sid Soýer…» diýer öýtmediňmi? — diýip sorady.

— Eý hudaýeý! — diýip, kempir aýdaryna maý bermän, Toma tarap topuldy: — Sen utançsyz bir güjüjek ekeniň, heý-de beýdip başymyzy çaşyrarlarmy! — diýip, ol ony bagryna basjak boldy, emma Tom elini daldalady-da:

— Ýok, ýok, ilki bilen siz muny menden haýyş ediň — diýdi.

Kempir wagtyny ýitirip durmady-da, haýyş etdi: ony bagryna basyp ogşady, yzyny üzmän ogşady, onsoň ony daýysyna tarap itip goýberdi, daýysy hem galanjasyny gujagyna gysdy. Olar kiçiräjik arakesme edenlerinde, Salli daýza:

— Eý huday-eý, ynha bu hakykatdan-da garaşylmadyk sowgat boldy! Biz saňa gelersiňem öýtmeýärdik, diňe Tom geler öýdýärdik. Ýene barjak bardyr diýip, doganym hat dagam etmedi :— diýdi. Ol:
— Munuň sebäbi, biziň Tomdan başga gaýtjagymyz ýokdy, ýöne men oňa oňatja ýalbardym, onsoň ol ahyrym razy boldy: Biz bolsak Tom bilen parohodly gelýärkäk: ol bu ýere ilki gelse, menem birneme eglenip keseki bolan bolup gelsem, baý bir hezillik bolar-ow diýşip maslahat etdik. Emma biz muny nähak

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
eden ekenik, Salli daýza! Kesekileri bu ýerde erbet garşylaýarlar eken, Salli daýza — diýdi.

— Hawa, Sid, şeýle garagollaram erbet garşylaýandyr. Haky-ha duluklaryňy gyzdyryp goýberibermelidi, ömrüme beýle gaharlananym ýadyma düşenok. Aý, näme etseňiz ediberseňizläň, parhy ýok-la, özüňiz şu ýerde bolsaňyz bor, oýunlaryňyza kaýyl-la. Görkezeniňizde näme bir oýun! Dogrymy aýtsam, ogşaňda, men gaharym gelip, doňdum galaýdym.

Biz kuhnýa bilen jaýyň aralygyndaky giň bassyrmaň aşagynda nahar edindik, stoluň üstüne çekilen zatlar on maşgala dagy ýetjekdi, özem getirilýän zatlaryň hemmesi uzynly gije zeýli ýerzeminde ýatan, ertesi bolsa aňkap duran, adamhorlar iýäýmese, agzyňa alar ýaly bolmadyk düýnki kakan etden däl-de, täzeje, gyzgynja etdendi.

Bu zatlary iýip otyrkak, Saýlas daýy esli salym doga okady, okanyna degýärdem, emma ol hiç kimi işdäden kesmedi, ýogsam örän uzaga çekdirileninde, işdäden hem kesýän wagty bolýar, men muny köp gezek görendirin.

Nahardan soň her dürli gürrüň edildi, Tom ikimiz bolsa hemişe gulagymyzy üşerdip oturdyk, emma bu netijesiz boldy, sebäbi olar bir gezek hem gaçgak negr hakda gürrüň etmediler, biz bolsak o hakda kakdyrmaga-da çekinýärdik. Emma agşam nahar wagty oglanlaryň biri:

— Kaka, men Tom bilen Sidi alyp oýna gidäýeýin-dä? — diýdi. Garry olara:

— Ýok, men hiç hili oýun bolar öýdemok, bolaýanynda-da, siziň ol ýerde işiňiz ýok. Bu gaçgak negr biziň Berton ikimize: oýny görer dagy eder ýaly däl diýip gürrüň berdi, onsoň Berton ony adamlara eşitdirjek hem bolup ýördi, eýýäm bu utançsyz kezzaplary şäherden çykaryp goýberen bolsalaram ahmal — diýdi.

Görsene muny! Emma her niçigem bolsa men saklanyp bilmedim. Biziň Tom ikimiz otagda, bir krowatda ýatmalydyk; ýoldan ýadap gelemizsoň oturanlara: gijäňiz haýyrly bolsun diýdik-de, nahar edinen badymyza ýatmaga gitdik, ol ýerden hem äpişgeden çykyp, ýyldyrym sowguç bilen aşak düşdük-de, şähere tarap ylgaşyp gitdik. Men korol bilen gersog habardar edilendir öýdemokdym: şonuň üçin eglenip taýýarlanylýan zady habar berip bilmesem, olar hökman gapyl düşjekdiler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ýolda Tom maňa näme üçin ölendir diýýänliklerini, hossarymyň ýene-de ýitirim bolanlygyny, Jim gaçanynda nähili gopgunyň turanlygyny gürrüň berdi; men bolsam oňa juliklerimiz barada, «Jiraf» barada, sala münüp eden syýahatymyz barada, garaz, berip bilen gürrüňimi berdim; şähere girip, ortaragyna ýetenimiz hem şoldy welin (özem ir hem däldi, dokuzyň ýarydy), görsek, bize tarap elleri fakelli adamlar gelýärler, hemmesi-de guduz açan ýaly, gykylyk, galmagal edýärler, saç kakýarlar, tüýdük çalýarlar, biz olary deňimizden geçirjek bolup, bir gyra sowuldyk; görsem, olar korol bilen gersogy taýaga mündürip barýarlar, olar durşy bilen garaýag, per bolup, adam keşplerini ýitirenem bolsalar, soldatlaryň kellesindäki ýaly, iki sany ullakan jyga çalym edip duranam bolsalar, men olary tanadym. Olara seredip durmak meniň üçin agyr degdi, bu betbagt žuliklere nebsim hem agyryp gitdi, öz içimden men bulara hiç wagt erbet adamdylar diýmen — diýdim. Olara sereder dagy eder ýaly däldi. Adamlar bir-birlerine gaty rehimsiz depreşýärler.

Görsek, biz gijä galypdyrys, hiç kömegimiz ýetjek däl. Biz ýek tük galanlardan sorap başladyk, olar bolsa bize hemmejesini gürrüň berdiler: şäherdäki ähli adamlar oýun görmäge gidipdirler we hiç zat bilmeýän kişi bolup, seslerini çykarman oturypdyrlar, onýança korol pahyr sahnada bökjekläp başlapdyr; şol wagtam biri yşarat edipdir, oturan märeke zöwwe ýerinden turup, olaryň ikisinem ele salypdyr.

Biz mytdyllap, öýe gaýtdyk, meniň keýpim öňküler ýaly kök däldi; gaýtam hiç zat etmedigem bolsam, bir günäm bar ýaly köşeşipdim. Emma bu hemişe şeýle bolýar: günälimi, günäsizmi, wyždanyň üçin parhy ýok, ol seni şol horlap ýör. Eger wyždanym ýaly ýürege düşgünç itim bolan bolsady, men ony awulap öldürerdim. Ol içiňdäki ähli zatlaryndan köp ýer tutýar, emma welin bitirýän işi ýok. Tom Soýer hem diýýär.

## XXXIV bap

Biz gürrüňimizi bes edip, oýlanmaga oturdyk. Birden Tom:

— Gulak sal, Gek biz akmak bolupdyrys, oňräk biläýmändiris! Men Jimiň oturýan ýerini bilýän ahyryn! — diýdi..

— Aý ýog-a! Nirede?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Şol üýşmek külüň gapdalyndaky saraýda-da. Bir ýadyňa saljak bol. Nahar edinip otyrkak, bir negr okaraly nahar äkidip barýardy dälmidi?

— Barýardy.

— Sen ol kimedir öýtdüň?

— Itedir öýtdüm.

— Menem şeýledir öýdüpdim. Ýöne welin ol ite däl ekeni.

— Näme üçin?

— Sebäbi naharyň ýanynda garpyzam bardy.

— Dogry, bardy-ow, — diýdim. Itiň garpyz iýmeýänligi neneň ýadyma düşmedikä? Munym-a bolanok! Gör bolýan zatlary: gözüňe dürtülibem dur welin, görüp bileňok.

— Näme diýsene! Negr ol ýere gireninde, asylgy gulpy açyp girdi, çykanynda bolsa ýene gulplap çykdy. Biz stoluň başyndan turanymyzda bolsa, ol daýyma açar getirip berdi — ol şonuň açary bolsa gerek. Garpyz bolsa, adam barlygydyr, açar bolsa, ol ýerde biriniň oturanlygydyr, şeýle hoşgylyk, şeýle gowy halkly ýerde, şunuň ýalyjak kiçijik plantasiýada bolsa gulp astynda iki adamyň oturjagy gümana. Ol ýerdäki oturan Jimdir. Ýeri bolýar, polisiýanyň gizlin agenti ýaly, muny özümiziň aňanymyza men örän şat, başga ýol bilen bileniň kör köpüge-de degenok. Indi sen oýlan-da, Jimi ogurlamagyň planyny çek, menem öz planymy çekeýin, soňam haýsy oňat bolsa, şony kabul ederis.

Tom Soýerde kelle bardy, oglanyň kellesi diýer ýaly däldi. Meniň pikirimçe, gersog ýa parohodyň kapitany bolanyňdan, ýa-da sirkde masgarabaz bolanyndan, ýene gör kim bolanyňdan, şunuň ýaly kelleli bolanyň gowudy. Men oduk-buduk taslan boldum, ýöne bu wyždanymy saplamak üçindi: hakyky plany kimiň tapjagyny men öňünden bilip durdum. Bir salymdan soň Tom:

— Seňki taýýarmy? — diýdi.

— Hawa — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hany onda aýdyber.

— Ynha meniň planym şeýle. Ol ýerde Jimiň oturanlygyny ýa başga biriniň oturanlygyny bilmek kyn däl. Erte agşam meniň gaýygymy tapyp, adadan saly alyp geleris. Onsoň ilkinji garaňky gijede garrynyň ýatan badyna jübüsindäki açaryny alarys-da, Jim bilen birlikde derýadan aşaklygyna tutduryp ugrarys. Jim ikimiziň edişimiz ýaly, gündizine gizleneris, gijesine hem ýüzeris. Boljakmy şeýle plan? — diýdim.

— Boljakmy? Bolman näme, örän bolýar! Ýöne bu örän sada, hiç hili üýtgeşik zady ýok. Hysyrdysy bolmasa-da, bir plan bolarmy? Muny iňňäbäbegem başarjak ahyryn. Ne gykylyk boljak, ne gürrüň, edil sabyn gaýnadylýan zawoddan ogurlyk edýän ýaly. Men onuň bilen dawalaşmadym, sebäbi men ondan mundan başga zada garaşmaýardym, men onuň öz planyny beýle çintgilemejegini öňdenem bilýärdim.

Dogrudanam, çintgilemedi. Ol maňa öz planyny aýdyp berdi, men şobada onuň meniň planymdan on bäş esse dagy gowudygyna göz ýetirdim: Biz Jimi barybir boşadyp biljekdik, ýöne onuň plany boýunça fasony köp boljakdy, hatda bize tarap tüpeň ataýmaklary-da mümkindi. Maňa bu ýarady. Gel, şeýle hem edeli diýdim. Onuň planyny häzir aýdyp oturasy iş ýok; men ýene bir topar üýtgeşikllikleriň boljagyny öňünden bilýärdim. Men işe girişýänçäk, Tomuň ony ýigrimi gezek dagy üýtgetjekdigini, her gezek çemi geleninde bir zat goşjaklygyny bilýärdim. Bu şeýleräk hem boldy.

Bir zat welin aýdyňdy — Tom Soýeriň işe ýapyşyşy oýundan däldi, ol bu negri gulçulykdan çyny bilen azat etjek bolýardy. Ynha şuňa welin men hiç düşünip bilmedim. Ýogsam näme! Oglan abraýly maşgaladan, edep-tertibi bar, abraýyna hem çapýan ýaly, onuň hossarlarynyň hem ýüzügara bolaslary gelýän däldir; oglan kelleli oglan, samsyk däl; her näme diýseňem, gezip ýören sowatsyz däl, okan adam, özem alçak, ol muny bilgeşleýin edýän däldir; ine onsoň ol sylag, hatyra diýýän zatlary unudyp, bu işe baş goşýar kemsinip, özüni we ähli hossarlaryny bütin Amerika masgara edýär. Ine şuňa men hiç akyl ýetirip bilemok. Utanç işdi, ýüregi bire baglap, oňa hemmesini gönümel aýtmalydygymam men bilýärdim, ýogsam mendenem bir oňa dost bolan bolarmy! Goý, ol henizem bir pillekä, bularyň baryny taşlasyn. Men oňa şeý diýjek hem boldum, ýaňy bir başlap barýarkam, ol meniň sözümi bölüp:

— Sen, näme, men etjek işimi bilýän däldir öýdýärmiň? Heý, bu irde-giçde mende bolan zatmydyr? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bilýänsiň-le…

— Nä men saňa negri ogurlamaga kömekleşerin diýmänmidim?

— Diýipdiň. Ýeri, onda bolýar-la.

Şundan soň olam hiç zat diýmedi, menem, Asyl gürleşip durmanyň manysy ýokdy. Ol bir zady göwnüne düwen bolsa, şony hem eder. Ýöne bu işe baş goşmakda oňa näme hezillik zadyň barlygyna hiç düşünip bilmeýärdim, şonda-da men onuň bilen dawalaşyp oturmadym, asyl bu barada gaýdyp ýatlamadymam. Özi dyzap dursa, men nädeýin!

— Biz gaýdyp gelenimizde öýüň içi garaňkylykdy, ümsümlikdi, onsoň biz howla tarap geçip gitdik. Üýşmek külüň ýanyndaky hütdügi barlaly diýişdik. Biz itler näderkä diýip, bütin howlynyň içine aýlanyp çykdyk. Olar bizi tanadylar we oba itleriniň geçip barýanyň aýak sesini eşidip üýrüşlerinden köp üýrmediler. Hütdügiň ýanyna baryp, biz ony öňünden we gapdallaryndan synladyk, meniň görmedik tarapymdan, demirgazyk tarapdan hem seretdik, ýerden ep-esli ýokaryk saýlanyp duran, öňüne bolsa berk tagta kakylan dörtburç äpişge tapdyk. Men:

— Oňat bolaýdy! Köwek örän uly, mundan Jim geçip biler, ýöne munuň tagtasyny aýyrmaly — diýdim.

Tom:

— Aý bu edil iki ikiň dört bolşy ýaly, edil sapaklary okamaýşyň ýaly aňsat gelýär. Biz mundan birneme çylşyrymlyrak ýol hem tapyp bilermikäk diýýän, Gek Finn — diýdi. Ýeri, bolýar-da, o bolmasa, biz meni öldürenlerindäki ýaly edip, diwaryň bir tagtasyny goparaýsak näder? — diýdim.

— Ynha munyň birneme heňe gelýär, bu hem syrly boljak, hem hysyrdyly boljak umuman, oňat boljak, ýöne entegem köpräk eglener ýaly, ýene bir zat tapsa bolar. Biziň howlukýan ýerimiz ýok, şonuň üçin gel, ýene synanyşyp göreli — diýdi.

Saraýjagaz bilen haýatyň aralygynda, yz tarapda ýokarsy kryşa ýetip duran, tagtadan edilen bir jaýjagaz bardy. Onuň hem boýy edil saraýjagazyň boýy ýalydy, ýöne insizräkdi, alty fut giňlikdedi. Gapy ileri tarapdady we asma gulp bilen gulplangydy. Tom sabyn gaýnadylýan gazana tarap gitdi we gazanyň gapagy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
galdyrylýan bir demri alyp geldi; ol ony aldy-da, gapydaky zülpleriň birini sogrup goýberdi. Zülp ýere gaçdy, biz gapyny açyp, jaýa girdik, kükürt çakdyk, görsek, bu diňe bir saraýjagazyň gapdalynda goşmaça salynýan jaýjagaz eken, olaryň arasy hem petikli eken, saraýda köne pilden, kätmenden, döwük plugdan başga polam, hiç zadam ýok eken. Kükürt sendi, biz zülpi ýene ýerine sokup yzymyza gaýtdyk, daşyndan göräýmäge gapy ýene öňküsi ýaly gulplangydy Tom begenjine:

— Ine indi hemmesi gülala-güllük! Biz onuň aşagyndan gizlin ýol çekeris. Bu biziň bir hepde wagtymyzy alar — diýdi.

Şoňdan soň biz öýe gaýtdyk, men öýe syrtky gapydan girdim; olar ol ýerdäki gapyny gulplaman ekenler, diňe gaýyş kemeri çekäýmelidi, emma bu Tom Soýer üçin amatly däldi: gizlinligi azdy, ol hökman ýyldyrymsowguçdan girmeli boldy.

Ol üç gezek dagy ortasyna ýetip, aşak gaçdy we tas kellesini ýardyrypdy. Ol bu işi goý bolsun etmeli bor-ow diýip pikir edip ugrady, emma oturyp bir salym dynjyny alansoň, ýene bagty synap görmegi ýüregine düwdi, ine şeýdip ahyrsoňy girdi:

Ertir biz jahan ýagtylanyndan ýerimizden turup, itler bilen öwrenişmek we eger hakykatdanam Jime nahar eltilýän bolsa, Jime nahar eltýän negr bilen ýakyndan tanyşmak üçin negrleriň külbelerine tarap ugradyk. Negrler ýaňy ertirlik edinip, meýdana çykjak bolup dur ekenler. Jimiň negri bolsa okara çörek, et we dürlidümen salyp durdy; beýlekiler çykyp gidenlerinden soň, oňa uly tamdan açar getirdiler.

Bu negriň açyk, samsygrak ýüz keşbi bardy, saçyny bolsa ol alarwahlary kowmak üçin sapak bilen bogýan eken. Ol: gijesine meni alarwahlar halys edýärler; gözüme her hili täsin zatlar görünýär, gulagyma her tüýsli sözler, sesler gelip dur, alarwahlar meni ömrüme bir gezegem beýle köp heläk eden däldir — diýip gürrüň berdi.

Ol öz görýän görgüleri barada şeýle bir gyzygyp gürrüň berdi welin, etmeli işini ýadyndan çykardy duruberdi. Tom oňa:

— Sen nahary kime äkitjek bolýaň? Itlere berjeg-ä dälsiň? — diýip ýatlatdy.

Negr ýylgyryp goýberdi welin, palçyga kerpiç zyňaňdaky bolşy ýaly ýüzi açylyp gitdi, ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Hawa, mister Sid, ite berjek. Baý, özem täsin it! Göresiňiz-ä gelýän däldir? — diýdi.

— Gelýär.

Men Tomy symsyklap goýberdim-de, gulagyna çawuş çakdym:
— Näme, sen şeýtjek-de, gündiz gidäýjekmi? Planymyz boýunça beýle däl ahyryn.

— Ol wagt beýle däldi, indi bolsa beýle.

Biz dogrudan hem şol ýere ugradyk, ýöne welin bu maňa ýakmaýardy. Girýäris, emma hiç zat görüp bilemzok, şeýle garaňkylykdy; emma muňa derek ol ýerde Jim oturan eken; bizi görüp, onuň guşy uçdy:

— Wiý, bu Gek ýaly-la! Eý hudaý-eý, asyl mister Tomam bu ýerdemi?

Men munuň şeýle boljagyny öňem bilýärdim, şeýle bor diýip öňem garaşýardym. Indi nätmelidigine bolsa akylym ýetenokdy, nätmelidigini biläýenimde-de, edip biljek zadym ýokdy, sebebi bu negr hem ýok zada goşulyp:

— Eý toba, ol sizi tanaýdymy? — diýip dur.

Onsoň garaňkylyga gözümiz öwrenişdi, biz , indi oňat görýärdik: Tom negre geň galýan ýaly çüýjerilip seretdi-de: — Kimmiş bizi tanaýan? — diýdi.

— Ynha şu gaçgak negr.

— Tanaýýamyka; onsoň beýle zatlar nireden kelläne geldi?

— Nireden geldi? Ol ýap-ýaňyja sizi tanaýan diýip gygyrdy ahyryn.

Tom düşünmedik kişi boldy:

— Aý, munyň-a örän geň boldy… Kim gygyrdy! Haçan gygyrdy?

Soň ol maňa tarap öwrülip, arkaýyn görnüşde:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Heý sen bir zat eşitdiňmi? — diýip sorady. Elbetde, munuň diňe bir bermeli jogaby bardy, şonuň

üçinem:

— Ýok, men hiç hili zat eşidemok, hiç kim hiç zat diý-medi ahyryn — diýdim.

Şonda Tom Jime tarap öwrüldi we oňa ömründe ilkinji gezek görýän ýaly seredip:

— Sen bir zat diýdiňmi? — diýip sorady. Jim:

— Ýok, ser, men hiç zat diýemok, ser — diýdi.

— Bir sözem diýeňokmy?

— Ýok, ser bir sözem diýemok.

— A sen bizi öň görüpmidiň?

— Ýok, ser, ýalňyşmaýan bolsam, görmändim.

Tom negre tarap öwrüldi, negr bolsa aňkarylyp, gözi hanasyndan çykaýjak boldy, Tom oňa haýbatly:

— Beýle saňa näme bolýar? Ol gygyrdy diýip, nireden kelläňe geldi? — diýdi.

— Wah, ser, bularyň hemmesi nälet siňmiş arwahlardan-la, şeýle bolmasa, men duran ýerimde öläýeýin! Bularyň hemmesi şolardan, ser, olar meni gabra dykarlarmyka diýýän, şeýle erbet gorkuzýarlar! Bu barada hiç kimiň ýanynda gürrüň etmäň, ser, bolmasa, garry mister Saýlas maňa käýiner; ol: alarwah bolup bilmez — diýýär. Hudaý ursun, haýyp, ol bu ýerde ýokdy, gen zat, ol häzir näme diýerdi! Bu gezeg-ä sapalak atmazdy. Aý, ýogsam näme, bu hemişe şeýle bolýar: kim içmäni endik etse, onuň huşuna geljek gümany ýok; özleriniň-ä görýän, düşünýän zatlary ýok, görüp aýdaýsaň hem seňkä ynananoklar.

Tom oňa on sent berdi we biz hiç kime gürrüň bermeris diýdi; ol şol pula saçyňy bogar ýaly sapak alyn diýdi, soňra bolsa Jime bakyp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
— Geň zat, Saýlas daýym bu negri asarmyka, ýa asmazmyka? Özüm-ä şeýle gadyr bilmeýän, gaçmaga milt eden negri tutsam, ömür goýbermezdim, asyl dardan asardym — diýdi.

Negr gapyň ýanyna baryp şaýlyklary synlaýança, çynmyka, çyn dälmikä diýip, olary dişine salyp görýänçä, Tom:

— Bizi tanaýanlygyňy çigit ýaly-da bildirme. Eger gije pil sesini eşitseň, bu Gek ikimizdiris: biz seni boşatmakçy bolýarys — diýip, Jime çawuş çakdy.

Jim ýaňy bir elimizden tutup gysyp ugrapdy welin, negr geläýdi. Biz oňa: ýanyň bilen alyp gaýtsaň, biz ýene-de geljek diýdik, negr bolsa: alyp gaýtman näme, Ylaýta-da garaňky gijeler alyp gaýdaryn, sebäbi alarwahlar meni aýratyn hem garaňky gijelerde heläk edýärler, gapdalyň adamly bolsa, gaýtam gowam bolýar — diýdi.

## XXX V bap

Ertirlik naharyna bir sagatdan-da azrak wagt galypdy, biz aldyk-da, tokaýa ugradyk; Tom: çukury yşygyň ýagtysyna gazmaly welin, panusyň şöhlesi hem ýörän ýiti bolýar, ony ýaksak, ele düşäýmegimiz mümkin, iň gowusy biz yşyk berýän çüýrük ýapraklary çöpläli: onsoň olary garaňky ýerde goýarys welin, şöhleleri düşer durar — diýdi.

Biz bir gujak gury ýaprak getirdik-de, otuň içinde gizläp goýduk, özümiz hem dynç almaga oturdyk, şol wagt Tom närazylyk bilen:

Işlerimiz şeýle ýeňil, şeýle aňsat barýar welin, edesiň hem gelenok! Şonuň üçin kynrak plan tapaýmagam aňsat däl. Kesesinden beýhuş eder ýaly sakçam ýok, ýogsam sakçy hökman bolmalydyr ahyryn! Uky dermanyny berer ýaly item ýok. Zynjyr hem Jimiň diňe bir aýagyna urlupdyr, uzynlygy bolsa on fut, özem krowatyň aýagyna ildiriläýipdir; aýagy galdyrdygyň, zynjyr sypyp gitjek, Saýlas daýym hem çem gelene janyny ynanýar, açary kellesiz bir negre beräýipdir, onsoň ol negri barlaýanam ýok. Gaçaýyn diýse, Jim öňräk hem äpişgeden çykyp gaçyp bilerdi, ýöne on futluk zynjyr bilen daşa gitjek gümanyň ýok. Gaty haýpyň gelýär, Gek, sebäbi bu baryp ýatan akmaklyk ahyryn. Onsoň her hili kynçylygy özüň gözläp tapmaly bolýarsyň. Nätjek, alajyň näme? Elimizde barjasy bilen oňubermeli bolarys-da. Her hili bolsa-da, bize bir ýapyşalga-ha bar: özümize hiç hili howp abanmaýarka, öz borjumyz bolmasa-da, hemme zady öz kellämiz bilen oýlap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
tapmalykak, ony dürli kynçylyklardan, dürli howplardan gutarmak biziň üçin ullakan abraýdyr. Iň bolmanda panusy alyp göreli. Gönüsini aýtsaň, panusly bolmagy ahmal gören kişi bolmaly. Bu ýerde bir topar fakel göterip ýöriş geçirsen hem äwjek adam ýokmuka diýýän. Gepiň gerdişine görä, kelläme ynha şeýle pikir geldi: ilki bilen biz byçgy eder ýaly bir zatjagaz tapmaly — diýdi.

— Bize byçgy nämä gerek?

— O nähili byçgy näme gerek? Zynjyry sypyrmak üçin krowatyň aýagyny kesmeli ahyryn.

— Wiý, aýagy galdyrsaň, zynjyryň öz-özem sypýar diýip, özüň aýtdyň ahyryn.

— Ynha bu saňa gelşäýjek zat, Gek Finn! Sen hemişe çagaň hem başaraýjak zadyna dyzaýarsyň. Näme, sen kitap okap göreňokmy? Ne baron Trenk barada, ne Kazanowlar bara-da, ne Benwenuto Çellini barada okan zadyň ýokmy? A Genrih Nawarskiý barada? Aý, ýene meşhur adam gytmy näme? Tussaglaryň beýle köne usul bilen boşadylýanlygy heý görlüp-eşidilen zatmydyr? ýok, ähli abraýly adamlar bir agyzdan — aýagy iki kesip, şo durşuna hem goýmak gerek, ýonuşgalaryny bolsa hiç kim bilmez ýaly edip ýuwutmak gerek, niresinden kesilenini iň tejribeli türme sakçysy hem bilmez ýaly we aýag-a bitin diýer ýaly aýaga palçyk we ýag çalmak gerek diýýärler. Onsoň gaçjak gijäň hem aýagy depip goýberibermeli, ol zyňlyp gider; onsoň aýakdaky zynjyry sypyraýmaly, wessalam.
Başga edere iş ýok: ýüp merdiwany diş-diş bolup duran diwara oklarsyň, çukuryň içine typyp düşersiň, aýagyňy döwdürersiň, sebäbi merdiwan keltejikdir, on dokuz futa dagy ýetýän däldir, onsoň saňa aşakda atlar garaşyp durandyr, wepaly hyzmatkärler gelip, seni derrew atyň öňüne alarlar we seni dogduk mekanyň Langedoga ýa-da Nawarra, ýa-da ýene bir ýere äkiderler. Baý, şonda gowy bolarow, Gek! Şol hütdügiň ýanynda garym-sarym bolaýsa-ha, bar onsoň! Eger wagt tapsak, ony gaçyljak gije gazaýarys. Men:

— Jimi ýeriň aşagyndan gazan çukurymyz bilen alyp gaçjak bolsak, bize garym nämä gerek? — diýdim.

Emma ol muňa gulak hem asmady. Meni hem, dünýäni hem ýadyndan çykardy, elini alkymyna diräp, pikir etmäge oturdy. Onsoň uludan demini alyp, başyny ýaýkady, ýene uludan demini aldy we:

— Ýok, derkar däl, onuň gerek zady ýok — diýdi. Men: —
Nämäň geregi ýok? — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Jimiň aýagyny kesmegiň geregi ýok. Men:

— Eý hudaý! Eýsem nämä geregi bolsun? Ýogsa-da onuň aýagyny kesmek seniň nireden kelläňe geldi — diýdim.

Abyraýly adamlaryň köpüsi şeýdipdirler. Olar zynjyry sypyryp bilmän, öz ellerini kesip gaçypdyrlar. Aýagyny kesäýseň-ä, hasam oňat bolardy welin, munsuz oňaýmaly bolar-da, munuň bize onçakly zerurlygy ýok, onsoňam Jim negr, munuň nämä gerekligine ol düşmezem. Oňa Ýewropada şeýdilýär diýip düşündirjek gümanyň ýok… Ýok, bu işi goýbolsun etmeli bolarys! ýüpden merdiwany bolsa prostynlarymyzy ýyrtyşdyryp, göz açyp-ýumasy salymda ederis. Ony bolsa gutabyň içine salyp ibereris, bu hemişe şeýdilýär. ýöne gutap birneme zaýalanýar welin, zaýalansa-da iýmeli bolýar.

— Ýaňraýan zatlaryň nämedir, Tom Soýer? Jim ýüp merdiwany nätsin? — diýdim.

— Ýok, gerek. Sen iň gowusy öz samramalaryňy aýt; özüňiň hem bu işden başyň çykanok! ýüp merdiwany oňa gerek, ol ähli adamda bar.

— O ony näder?

— Näder öýdýäň? Düşekçesinde gizlär goýaýar, näme oňarmaz öýdýärmiň? Ähli kişiň hem edýäni şol, onsoň olam şeýtmeli bolar. Gek, görýän welin, seniň bir zadam göwnejaý edesiň gelenok, zol gezek bir zat toslap tapýaň. Eger merdiwan gerek bolmasa, ol gaçanyndan soň-a düşeginde galarda? Subutnama bolar. Sen subutnama gerek bolmaz öýdýärmiň? Onda-da nähili gerek bolar! Näme sen düýpden yz galdyrmajak bolýarmyň? Baý, munyň gowy bordy-ow, söz ýok! Hiç haçan beýle bolmaýar ahyryn, bu meniň ömrüme eşiden zadym däl.

— Eger düzgün boýunça şeýtmeli bolsa, merdiwan bolmaly bolsa, goý bolsun, meniň düýpden düzgüne garşy çykasym gelenok. ýöne bir zat bar, Tom Soýer: eger biz Jime merdiwan etjek bolup, prostynlarymyzy ýyrtsak, Salli daýzam biz bilen oňuşmaz, muny men aýnada gören ýaly bilýän. Onsoň men şeýle pikir edýän: hoz gabygyndan merdiwan etmek itiň aňsady, onuň üçin abat zady bibat etmek hem gerek däl, ony gutaba salmak hem esgi salandan kyn däl, düşekçede gizlemek hem şeýle. Jimiň bolsa beýle işden onçakly başam çykyp duranok, oňa näme bolsada parhy ýok… — diýdim.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Baý, senem bir zady diýäýýäň-ow, Gek Finn! Eger men seniň ýeriňde bolan bolsam, düşünmeýän halatlarymda, sesimi çykarman oturardym! Döwlet jenaýatçysynyň hoz gabygyndan edilen merdiwandan çykyp gaçmasy, heý, eşidilen zatmydyr? Bu bir gülki zat ahyryn! Ýeri bolýar-da, Tom, göwnüňe gelenini ediber; meniň maslahatymy alaryn diýseň-ä, ýüpdäki serlen prostyny alsaň gowy bolarmyka diýýän.

Ol: muny şeýdäýsegem bolar diýdi; emma şol ýeriň özünde onuň kellesine ýene bir pikir geldi, şonuň üçin ol:

— Alanyňa görä köýnegem al — diýdi.

— Bize köýnegiň näme geregi bar, Tom?

— Jime gündelik ýöretmäge gerek,

— O nähili gündelik? Jim ýazybam bilenok ahyryn!

— Goý, ýazyp bilenok diýeli, ýöne oňa galaýy çemçeden ýa çelegiň köne halkasyndan pero edip bersek, ol bellik etmäni oňarmazmy näme?

— Goýsana, Tom! Gazyň ýelegini alaýmaly ahyryn, hem oňat boljak, hem çalt. Ýelegini alar ýaly, tussaglaryň kamerasynda ygyp ýören gaz ýok ahyryn, baý, senem paňkelle-ow! Olar perony hemişe gaty zatdan ýa-da çyragoýgujyň döwügi ýaly derde ýaramaýan zatdan ýasaýarlar ahyryn! Olaryň muňa köp wagtlary gidýär, hepdeler, aýlar geçýär, sebäbi olar perony diwara süýkäp ýiteldýärler. Elleriniň aşagynda bolaýanynda-da, olar gaz ýelegi bilen hat ýazmazlar. Sebäbi bu edilýän zat däl.

— Eri bolýar-da, ýöne biz oňa syýany nämeden ederkäk?

— Köp adam-a göz ýaşly posdan edýärler; ýöne muny sadarak adamlar bilen aýallar şeýdýärler, atly-abraýly adamlar bolsa öz ganlary bilen ýazýarlar. Jimem şeýdip bilerdi; eger ol özüniň tutulandygyny bütin dünýä habar etjek bolsa we adaty syrly hat ýollajak bolsa, ol çarşajygy bilen de-mir okara çyzyp, äpişgeden oklaýmaly. Demir Perde hemişe şeýder ekeni, bu-da örän oňat tär.

— Jimiň demir okarasy ýok ahyryn. Oňa nahary piti bilen eltýärler.

— Aýyby ýok, tapyp eltip beräýeris.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Barybir oňa düşünen bolmaz.

— Munuň parhy ýok, Gek Finn. Onuň işi ýazyp äpişgeden oklamak. Ony okap oturmagyň bolsa saňa geregi ýok. Barybir olaryň okara ýa başga bir zada ýazýan zatlarynyň ýarysyna-da düşünip bolanok.

— Onda okarany zaýalap oturmagyň näme geregi bar?

— Ýa walla! Okara onuň özüniňki däl ahyryn!

— Onuňky bolmasa, başga biriniňkidir-dä, şeýle dälmi?

— Bolanynda näme? Olaryň kimiňkidiginiň tussaga näme tapawudy bar…

Ol aýtjak bolan zadyny aýtman goýdy, biz ertirlik naharyna çagyrýan tüýdügiň sesini eşidip, öýe gaýtdyk. Şol gün ir bilen men ýüpe serilgi prostyny we köýnegi karz aldym we köne halta tapyp, olary şoňa saldym, onsoň biz çüýrük ýapraklary hem alyp, şoňa dykdyk.

Meniň muňa «karz almak» diýýänimiň sebäbi kakam hemişe şeý diýerdi, emma Tom: bu karz däl, ogurlyk bolýar diýdi. Ol: biz tussaglara kömek edýäris, olara bolsa zady nädip alanyň parhy ýok, alyp bolsa bolýar, munuň üçin olary ýazgarjak adam ýok — diýdi. Eger tussag özüne gaçmak üçin gerek bolan zady alsa, bu jenaýat bolmaýar, muňa onuň haky bar; bendini türmeden boşadar ýaly, biziň hem şu öýden islän zadymyzy almaga hakymyz bar. Eger biz tussag bolmadyk bolsak, onda, elbetde, aýry mesele, tüýs ýetdiren adam bolaýmasa, türmede däl halyna kim ogurlyk etsin — diýdi. Şonuň üçin biz elimize ilen zady ogurlamagy ýüregimize düwdük. Şundan bir-iki günden soň bolsa, ol bolgusyz bir zat üçin — negrleriň bakjasyndan garpyz ogurlap iýenim üçin bir topar gürrüň başyny agyrtdy. Men: garpyz maňa gerek boldy ahyryn diýdim. Ol: garpyz saňa türmeden gaçmaga gerek bolan däldir, gep hem ynha şonda — diýdi. Eger içine türmeçini öldürmek üçin Jime berer ýaly pyçak salan bolsaň onda başgaça, ýagny, hemmesi gülala-güllük bolardy — diýdi,

Emma men her gezek garpyz ogurlajak bolanymda, beýdin ähli tarapyny ölçerip oturmaly bolsa, tussagyň etmeli zatlaryny etjek bolup azara galyp ýörmegimiň gerek ýerini görmedim, ýöne şonda-da onuň bilen ýaňkalaşyp oturmadym.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ine onsoň ertesi irden biz ozaldan aýdyşym ýaly, howludaky adamlaryň işli-işine giderine we howlyň çolararyna garaşyp durduk we howly çolaranyndan soň, Tom haltany saraýjygyň ýanyndaky jaýjagaza eltdi, men bolsam howluda durup garawulçylyk çekdim. Basym ol o ýerden gaýdyp geldi, onson biz gürleşmek üçin töňňeleriň üstünde dyzymyzy epdik. Ol:

— Ine indi guraldan başga ähli zadymyz taýýar: ony hem tapmak kyn däl — diýdi.

— Guraldan başga?

— Hawa-da.

— Guralyň nämä geregi bar?
— O nähili nämä geregi bar? Gazmaga gerek. Nä biz ýeri dişimiz bilen gazarys öýdýärmiň?

— Näme ol jaýjagazyň içindäki köne külüňler, piller derde ýaramaz öýdýärmiň? — diýip soradym.

Ol gaňryldy-da, maňa bakan şeýle bir gynançly seretdi welin, tas möňňüripdim. Onsoň ol:

— Gek Finn, heý, sen ömrüňe tussaglaryň nagym gazar ýaly külüňi, pili ýa ýenede şuňa meňzeş täze guraly bar diýip eşidipmidiň? Eger azda-köpde kelläň işleýän bolsa, sen bir za-da jogap ber: şeýle bolsa, ol nireden şöhrat gazansyn? Olar ýaly bolsa, iň gowusy, açary eline berip dynaýmaly. Külüň, pil diýsene! Olary asyl korollara-da berenoklar ahyryn — diýdi. Ýeri bolýar-da, eger külüňdir piller hem derdimize ýaramaýan bolsa, onda näme gerek? — diýdim.

— Gassaplaryňky ýaly jaýyň içinden nagym gazaryn öýdýärmiň?

— Hawa, gazaryn.

— Goýsana, Tom Soýer, bu bir samsyklyk ahyryn!

— Samsyklyk bolýarmy, akyllylyk bolýarmy, meniň üçin parhy ýok, sebäbi düzgün boýunça edilýäni şu, bu iň dogry ýol. Başga hili ýol ýok, her näçe kitap okasam-da, men başga ýol bar diýlenine duşamok. Hemişe pyçakly gazýarlar, ýöne

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bilip goý, olaryň gazýan ýerleri ýumşak ýer bolman, daş ýaly gaty ýer. Onsoň bu esli wagta çekýär, telim hepde dowam edýär… olar bolsa şol gazyşyp otyrlar! Ynha mysal üçin, Marsel gabawyndaky Dif türmesinde bolýan bir tussag azatlyga şeýdip çykypdyr. Onsoň ol näçe wagtlap gazandyr öýdýärsiň?

— Men nä bileýin!

— Ýok, hany biljek bol-da.

— Aý, näbileýin. Aý ýarymrak dagy gerek bolandyr?

— Otuz ýedi ýyl gerek bolupdyr! Özem ýeriň aşagy bilen Hytaýa baryp ýetipdir. Gör, bolýan zatlary! Ýöne haýp, biziň türmämiz gaýanyň üstünde däl!

— Jimiň Hytaýda bir tanşam ýok ahyryn!

— A tanyş nämä gerek? Şol gaçan tussagyň hem tanşy ýok eken. Sen hemişe öz ugruňa tutduryberýäň. Senem bolaýjak zady aýt-da. Ýeri bolýar-da, maňa-ha ol nireden çyksa, şol ýerden çyksyn, diňe azatlyga çyksa bolýar, munuň Jim üçinem parhy ýokmuka diýýän. ýöne bir zady bar: pyçak bilen gazyp çykarar ýaly, Jim ýaş hem däl. Gazyp bolýançak ol öler.

— Ýok, ölmez. Ýogsa-da sen bize otuz ýedi ýyl gerek bolar öýdýärmiň? Biziň gazjak ýerimiz ýumşak ahyryn!

— Onda näçe gerek bolarka, Tom!

— Ýöne biz näçe gazaly diýsek, gazyp oturybam bilmeris, birden Täze Orleanyň eteginden Saýlas daýyma hat iberibermekleri mümkin. Jimiň düýpden ol ýerli däldigini daýym bilmäbilse ýagşydyr. Bolmasa, olam bir zat ýazan bolar. Jim barada bildiriş ýazsa-da ýazar, kim bilýär… Diýmek bilen, biz töwekgelçilik edip, köp gazyp bilmeris. Biz düzgün boýunça iki ýyllap gazmalymykak diýýärin; emma biz muny beýdip bilmeris. Soňunyň nähili boljagynyň belli däldigi üçin şeýleräk etmäni maslahat berýärin. Biz çynymyzy edip, çalt-çalt gazaly, onsaň hem alaly-da, otuz ýedi ýyllap gazdyk hasap edeli. Şonda biz ony göz açyp-ýumasy salymyň içinde ogurlap, gopgun turmanka äkidip bileris. Men-ä şundan gowusy bolmazmyka diýýärin.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ynha beýtseň, aýry mesele. Biziň üçin hasap etmekden aňsat zat ýok, onsoň munuň hysyrdysy dagysam boljak däl; gerek bolsa, men ýüz elli ýyllap hem gazdyk hasap edip biljek. Meniň ýanymda munuň kynçylygy ýok, diňe öwrenişäýmeli. Onda men häzirjik gideýin-de, iki sany pyçak alyp geleýin — diýdim.

Ol:

— Üçüsini alyp gel, birini biz byçgy ederis — diýdi. Men:

— Tom, eger teklibim düzgüne we dine ters gelmeýän bolsa, onda hanha hol ýerde, et kakadylýan jaýyň syrtyndaky bassyrmanyň aşagynda posly byçgy bar — diýdim.

Ol meniň ýüzüme gaýgyly we gynançly seretdi-de:

— Saňa idili zat öwredip boljak däl öýdýän. Gek, munuň üçin arrygyňy gynap oturasy iş ýok. Bar git-de, üç sany pyçak alyp gel — diýdi. Men ylgap gitdim.

## XXXVI bap

Şol gije biz adamlar uka giden badyna ýyldyrymsowguç bilen howla çykdyk we saraýjyga girip, içinden gulpladyk, pola çüýrük ýapraklary döküşdirip, işe girişdik. Biz özümiz üçin aşaky agajyň düýbünden bäş-alty fut çemeleri ýer arassaladyk. Tom: bu ýer Jimiň krowatynyň aňyrýany bolaýsa gerek, biz nagymy edil şu ýere çekeris, işimizi gutaranymyzda, bu ýerde köwegiň barlygyny hiç kimem bilmez, sebäbi Jimiň ýorgany ýere ýeteňkirläp dur, şol ýorgany galdyraýmasaň, krowatyň aşagynda hiç zat görünmez — diýdi. Biz pyçak bilen tas ýarym gijä çenli diýen ýaly gazdyk: it ýaly ýadadyk, elimiz gabarçak-gabarçak bolup gitdi, emma işimiziň netijesi onçak göze görünmedi. Ahyrym men:

— Biler bolsaň, Tom Soýer, bu ýerde otuz ýedi ýyllyk däl-de, tutuş otuz sekiz ýyllyk iş bar — diýdim.

Ol hiç zat jogap bermedi, emma uludan bir demini aldy, şondan soň hem basym gazmasyny bes etdi, görsem, ol bir zady pikir edýär, özi hem örän köp wagtlap pikir edýär. Onsoň ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Azara-da galyp oturmaly däl, Gek peýdasy ýok. Eger biz tussag bolan bolsadyk, onda aýry mesele, sebäbi tussaglaryň näçe diýseň wagtlary bolýar, özleriniňem howlugýan ýerleri ýok; gazanlarynda hem olar sakçylar çalyşýança günde bäş minut töwerekleri gazmaly, onsoň olaryň elleriniň hem gabarjak gümany ýok; şeýdip, bizem her ýyl gazar durardyk, özem bu düzgüne laýyk bolardy. Häzir bolsa akmaklyk edip durup bilmeris, howlugaly, artykmaç wagtymyz ýok. Eger biz şu gazyşymyza ýene bir gije dagy gazsak, elimiziň gabarçagy aýrylar ýaly, bir hepdeläp işi taşlamaly bolarys, ondan ir-ä biz pyçagy elimize-de alyp bilmeris — diýdi.

— Onda biz näderkäk, Tom?

— Nätjegimizi men saňa aýdaýyn. Belki, bu dogram, gowam däldir, belki, bu ahlaklylyga hem ters gelýändir, biläýseler, munuň üçin bizi ýazgararlar hem, emma bary bir başga ýol ýok: külüň bilen gazarys-da, pyçak bilen gazdyk diýeris.

— Ynha munyň bolýar! — diýdim. — Kelläň-ä, Tom Soýer, öňem onat işleýärdi welin, indi dagy hasam gowy işleýär. Külüň diýýäniň tüýs bolaýjak zat, gelşiksiz boljagy, ahlaklylyga ters geljegi bolsa meniň azaryma däl. Eger negri ýa-da garpyzy, ýa-da ýekşenbe mekdebi üçin okuw kitabyny ogur-lasym gelse, men düzgün boýunça nädilýärkä diýip, seljerjek, bolup durman, işimiň biterine gararyn. Maňa näme gerek, diýeli, negr ýa garpyz, ýa bolmasa, okuw kitaby gerek; eger külüň bilen aňsadrak bolýan bolsa, men ol negri ýa garpyzy, ýa-da okuw kitabyny külüň bilen gazyp aljak seniň atly adamlaryň bolsa nähili pikir etse, şo hili pikir etsinler, men olary ölen alakaça-da göremok.

— Ýogsam näme, bular ýaly işde göwnüňi aldap, külüňli işläniň hem aýyby ýok, eger şeýle dagy bolmasa, özümem göwnejek däl, kada-kanuny bozmaga özümem razy däl: etmelimi-etmesizmi, onsoňam nähili etmelidigini bilýän adama dagy seljermän, gabat gelşi ýaly edibermek bolmaýar. Jimi külüň bilen gazyp almak, ynha, saňa bolýar, sebäbi seniň bu barada bilýän zadyň ýok; maňa bolsa bolanok, sebäbi men nähili edileninde dogry bolýanlygyny bilýärin. Şonuň üçin pyçagy bäri al — diýdi.

Onuň pyçagy bardy, emma men şonda-da oňa pyçagymy berdim. Ol pyçagy eliniň tersi bilen zyňyp goýberdi-de:

— Pyçagy bäri al! — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Men ilki bada näme etmelidigimi bilmedim, onsoň birden ýadyma düşäýdi. Meň köne-küşülleriň arasyny dörüşdirip, külüňi tapdym we ony Toma alyp berdim, ol bolsa külüni aldy-da, ýekeje agzam söz diýmän, gazmaga durdy.

Onuň şol ynjyklygydy. Ol ähli edýän zadyny düzgüne laýyk edip etmelidi. Onsoň men pili aldymda, ikimiz ikinişip gider we bu ýer oňa gitdikçe oňa;t görnüp başlar öýdýärdi. Tom: bu işi sekiz-on ýyla dagy çekip, rekord goýmak boljak, onson muňa gatnaşanlaryň hemmesiniň, şol sanda biziň hem dabaramyz dag aşar diýýärdi.

Ertesi ir bilen biz üýşürilip goýlan odunyň ýanyna baryp, palta bilen şemdany bölek-bölek etdik, onsoň Tom olary çemçe bilen birlikde öz jübüsine saldy. Soňra biz negr külbelerine tarap ugradyk, men negri gürrüňe güýmeýänçäm, Tom şemdanyň bir bölegini Jimiň okarasyndaky mekgejöwen çöreginiň içine sokdy, şondan soň biz näme bolýanlygyny görjek bolup, Naty Jimiň ýanyna äkitdik, bolmasyna gaty onat boldy: Jim nana agzyny urdy welin, tas ähli dişi döwlüpdi, bolsun diýeňde-de mundan gowy bolmaz. Tom Soýeriň özi şeý diýip aýdýar. Jim syr bermedi, ol bu bir daşjagazdyr ýa başga bir zatdyr, nana düşäýendir, bu bolýan zatdyr diýdi, biler bolsaňyz, şondan soň ol wilka bilen üç-dört ýerini barlap görmän, hiç haçan hiç zada bada-bat agyz salmady.

Ine onsoň garaňkylykda durduk welin, birden Jimin krowatynyň aşagyndan iki sany it böküp çykdy, soň ýene we ýene çykdy, itler on bir dagy boldy, jaýyň içinde eýläňe beýläňe öwrülere ýer galmady. Negr Nat bolsa: «Alarwah döküldi!» diýip, uly ili bilen ses etdide, itleriň, ortasyna ýykyldy we ölüp barýan ýaly iňläp başlady. Tom gapyny serpdi-de, Jimiň okarasyndaky bir bölek eti alyp daşaryk okla-dy: itler ete topuldylar, Tom bolsa göz açyp-ýumasy salym içinde daşaryk çykyp geldide, gapyny ýapdy, men onuň eýýäm saraýjygyň hem gapysyny ýapyp gelenligini aňdym. Soň ol negriň daşyna geçdi, ony yrjak, köşeşdirjek boldy, bu zatlar seniň gözüňe-hä görnen däldir-dä? — diýip soraşdyrdy. Negr ýerinden turdy-da, gözlerini gyrp-gyrp etdi:

— Mister Sid, siz maňa; akmak hem diýseňiz diýersiňiz, ýöne welin itiňmi, jynyňmy, bilmedim nämäniň tutuş bir milonyny germedik bolsam, şu duran ýerimde öläýeýin. Hudaý ursun, gördüm! Mister Sid, muny meniň hut süňňüm syzdy, hawa, ser! — olar meniň üstümden, tenimden ýörediler. Bir gezejik bir elime şol alarwahlaryň biri düşsedi, gözlerine gör nämeler görkezerdim! Gowusyha meni öz peýwagtyma goýsadylar, meniň başga armanym ýok — diýdi.

Tom:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolýar, men saňa öz edýän çakymy aýdaýyn. Näme üçin olar bu ýere edil bu gaçgak negr ertirlik naharyny iýip otyrka gelýärler? Sebäbi olaryň hem iýesleri gelýär? Seniň etmeli zadyň olara bir jadylanan gutap bişirmeli — diýdi.

— Eý toba, mister Sid, beýle gutaby men nähili edip bişireýin? Men ony nähili bişirmelidiginem bilemok ahyryn. Kesesinden men beýle gutabyň bolýanlygyndan hem habarsyz.

— Beýle bolsa, näme, özüm bişiräýmeli bolaryn-da.

— Bişiräýjekmisiňiz, ezizim? Bişiräýseňiz-ä, men zatdan gaçmazdym, aýagyňyza ýykylmalam bolsa ýykylardym.

— Bolýar, seň üçin bolansoň bişiräýerin: sebäbi sen bizi gowy görýärsiň ahyryn, sen bize gaçgak negri hem gerkezipdiň. Ýöne welin seresabrak bol. Biz gelenimizde, beýläňe öwrülgin, emma okara näme salýanymyzy welin görjek bolup, bize seredijі bolaýmagyn! Jim gutaby alanynda hem seretme-gin, kim bilýär näme boljagyny. Iň esasysy-da jadylanan zatlara eliňi degirmegin.

— Eliňi degirme diýýäňizmi? Arkaýyn bolaýyň, mister Sid! Boýuň bilen gyzyl berjek diýselerem, men zada barmagymy batyrmaryn!

## XXXVII bap

Biz bu işi bir ýüzli etdik. Onsoň ýeňseki howla, köne-küşül ädikleriň, esgileriň, döwük-ýenjik çüýşeleriň, ýemşik-ýemşik pitileriň we şuňa meňzeş zyňyndylaryň çaşyşyp ýatan ýeri bolan zibilhana baka ýöräp gitdik, ol ýerden dörüşdirip, köne demir legen tapdyk; içinde, gutap bişirer ýaly deşiklerini birkemsiz dykyşdyrdyk, ýerzemine girip, ony undan doldurdyk, ol ýerden bolsa ertirlik edinmäge gitdik. Ýolda biz iki sany kagyz kakylýan çüý tapdyk, Tom: bular tussagyň derdine ýarar, ol bular bilen zyndanyň diwaryna adyny we başyndan geçiren agyr günleri ýazar — diýdi; biz çüýleriň birini Salli daýzamyň stuluň ýokarsynda asylgy duran fartugynyň jübüsine saldyk, beýlekisini bolsa Saýlas daýymyň kontorjykda ýatan şlýapasynyň lentasyna gysdyrdyk; biz çagalardan ejeleri bilen kakalarynyň şu gün ir bilen gaçgak negriň ýanyna gitjekdiklerini eşitdik; soň biz stoluň başyna geçdik, Tom galaýy çemçäni daýysynyň jübüsine saldy; ýöne entek Salli daýzam ýokdy,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
şonuň üçin garaşmaly boldy. Ol ertirlik edinmäge geleninde gahardan ýaňa çym gyzyl bolup geldi; özi-de çokunmanyň gutararyna zordan çydapdyr, onuň bir eli kofe guýýardy, beýleki ýüzükli eli bolsa gapdalyna gelen oglanyň depesinden inip durdy, onsoň ol:

— Gözledim-gözledim, bütin öýi agdar-düňder etdim, emma seniň beýleki köýnegiňe näme bolanlygyna hiç akylymy ýetirip bilemok! — diýdi.

Ýüregim ýerinden süýşüp, içime ot düşen ýaly boldy. Bir dişlem mekgejöwen çöregi bokurdagymda keserilip durdy: men üsgürindim, çörek agzymdan çykdy-da, stoluň üsti bilen atylyp baryp, oglanlaryň biriniň gözüne degdi, neresse edil garmaga ildirilen gurçuk ýaly çabalandy we uly ili bilen aglady; Tom bolsa gorkusyna göm-gök boldy, şol wagt biziň ýagdaýymyz öwerlik däldi. Eger şol wagt hyrydar tapylan bolsa, men ony ýarty bahasyna hem berip goýberjekdim. Emma basym biziň janymyz ara girdi, bizi allaniçiksi eden zat, ol hem muny garaşman otyrkak eşidenligimizdi, Saýlas daýym:

— Geň-taň göräýmeli, meniň özüm hem düşýän däldirin Ony çykaranlygym meniň oňat ýadymda, sebäbi… — diýdý.

— Sebäbi seniň egniňde iki köýnek däl-de, bir köýnek bardy. Saňa gulak salsaň, otyrybermelidir. Seniň ony çykaranlygyňy ynha men bilýärin, özüňdenem oňat bilýärin, sebäbi ol düýn ýüpüň üstünde serilgi durdy, men muny hut gözüm bilen gördüm. Häzir bolsa köýnek ýitipdir, al saňa gerek bolsa! Indi täzesini tikip berýänçäm, gyzyl güpbiň bilen oňmaly bolarsyn. Indi şunam tiksem, iki ýylda saňa üç köýnek tikdigim bolýar. Edil aranyň bar ýaly! Seniň olary nädýänligiňe akylym ýetýän däldir, biziň-ä bilenimiz—bitenimiz saňa köýnek tikip ýörmek boldy. Seniň ýaşyňdaky adam zadyny aýawlyrak saklajak bolar.

— Bilýärin, Salli, menem başardygymça aýawly boljak bolýaryn. Ýöne bu ýerde günä diňe mende däl. Meniň olary egnimdekä göräýmesem, başga wagt görüp bilmeýändigimi sen bilýärsiň-ä, sebäbi men egnimdäki köýnegi ýitirip oturybermen ahyryn.

— Hawa-da, bu seniň günäňem däl, Saýlas, çemi gelse-hä ýitirmänem durmarsyň welin! Hawa onsoň ol ýiteň diňe bir köýnegem däl. Çemçe-de ýitdi, hawa, buda entek bary däl. On çemçe bardy, indi bolsa olar dokuz sanyjak bolup galdy. Köýneg-ä göle çeýnändir diýeli, ýöne çemçä nä jyn urduka, ony göläň-hä ýuwdup bilmejegi hak.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Başga näme ýiten zat bar, Salli?
— Alty sany şem ýitdi, ine saňa gerek bolsa ýiten zat! Belki, olary alakalar iýendir? Men-ä şolarmyka diýýärin; geň zat, olar tutuşlygy bilen öýi gemrip gidiberenoklar! Sen şol deşikleri bekleşdirjek diýýärsiň welin, hiç yzyň gelenok; olar azajyk mekirräk bolsalar, kelläň üstünde ýatyp gidibermeli, seniň bolsa mundan habaryňam bolmaly däl. Sebäbi çemçäni ogurlan alakalar däl ahyryn, başga zady bilmesemem, men muny bilýärin ahyryn?

— Wah, Salli, men günäkär-le, muny men boýnuma alýaryn-la, geleň etmändirindä. Ertiriň özünde hökman ähli deşikleri bekläp çykaryn!

— Beýle nirä howlugýarsyň, täze ýyl bekleseňem bolar. Matilda-EnželinaAraminta Felps! — «Tyňk!» etdi-de, ýüzük gyzjagazyň kellesine degdi, gyzjagaz derrew elini süýjüdandan çekdi we sesini çykarman ýerinde oturdy. Onýança negr aýaly ylgap geldi we:

— Missis Salli, biziň prostynymyz ýitipdir — diýdi..

— Prostyn ýitipdir! — Eý toba-eý! Saýlas daýym:

— Men şu günüň özünde ähli deşikleri petikläp çykmasam bolmaz — diýdi, özi hem daşyndan görmäge gynanan bolara çemeli.

— Sen bir sem bolsana! Prostyny alakalar dagy ogurlaýdymyka? Ol nähili bolup ýitipdir, Liza?

— Hudaý ursun, bilmedim, missis Salli. Düýn hem ýüpde serilgi durdy, bu gün bolsa görsek, ol jiriň-miriň bolupdyr.

— Görýän welin, ahyrzaman inip ugraýar öýdýän. Dünýäde şunça ýaşasam-da, beýle zady ömrüme gören däldirin! Köýnek, prostyn, çemçe we alty sany şem…

Şol wagt ýaş mulatka ylgap gelip:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Missis, mis şemdan-a bir ýerik ýitirim bolupdyr — diýdi.

— Ýok bol şu ýerden, myrtar salaty! Bolmasa, häziriň özünde saňa kofeýnigi aýlap salaryn!…

Ol gahardan ýaňa ýarylaýjak bolýardy. Çakyny aňdym welin, men maý tapdygym gaçmaly; bildirmän çykaryn-da, gök gübürdisi galýança tokaýyň içine baryp oturaryn diýip içimi gepledýärin. Salli daýzam bolsa gyzyp barýar, gyzyp barýar, ýöne goýaýmaly, emma muňa derek beýlekiler suw sepilen ýaly, seslerini çykarman otyrdylar; birden Saýlas daýym elini jübusine sokdy welin, eli çemçä degdi, onuň ýüzi boz-ýaz bolup gitdi. Salli daýzam elini çarpyp agzyny açyp, sesini çykarman durdy; menin bolsa daşrak bir ýere ýok bolup gidesim gelýärdi. Emma bu uzaga çekmedi, sebäbi Salli daýzam:

— Wah, men şeýledir öýtdüm-le! Diýmek, ol hemişe seniň jübinde eken-dä; menä beýleki zatlar hem şol ýerdemikä diýýän. Ol ýere çemçe nireden düşýärmiş — diýdi.

Saýlas daýym özüni aklajak bolýan ýaly:

— Dogrusy, habarym ýok, Salli, ýogsam men saňa aýdardym ahyryn — diýdi.

— Ertirlik naharyndan öň men «Apostollaryň işi» diýen kitabyň ýedinji başyny okap otyrdym, şonda men jübime injili salmagyň ýerine atanlykda çemçäni salaýandyryn… bu hökman şeýledir, sebäbi jübimde injil ýok. Häzir gidip göreýin, eger injil şol ýerde bolsa, diýmek, men ony jübime salman, stoluň üstünde goýandyryn we çemçäni alyp…

— Taňrynyň haky üçin geplemän otursana! Bir demimi dürsäýin-le! Onsoňam bu ýerden garaňyzy saýlaň, hemmäň gidiň we tä demimi dürseýänçäm ýanyma gelmäň.

Beýle gaty gygyrman, pyşyrdap aýtsa-da, men eşitjekdim; ölüp ýatan hem bolsam, turup gulak asyp biljekdim. Biz myhman jaýyň içinden geçip barýarkak, goja öz şlýapasyny aldy, çüý bolsa pola gaçdy; şonda ol ony aldy-da, daş polkanyň üstünde goýdy we sesini çykarman çykyp gitdi. Tom bularyň baryny gerdi we çemçe ýadyna düşüp:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Ýok, mundan zat iberip boljak däl, muňa bil baglarlyk ýok — diýdi, Soň bolsa; ýöne her näme diýseňem, bu bize kömek edýänliginden habarsyz, çemçesi bilen bize uly kömek etdi, şonuň üçin bizem oňa kömek ederis, ol ýene-de bilmän galar: gel, bu alaka hinlerini dykyşdyryp çykaly — diýip, sözüniň üstuni ýetirdi.

Aşakda, ýerzemininiň içinde bir topar hin bar eken, biz olary dykyşdyrjak bolup bir sagat dagy güýmendik, ýöne welin örän berk, örän oňat edip dykdyk. Soň birden basgançakdan aýak sesini eşitdik, biz hasyr-husur şemimizi söndürdik-de gizlenip durduk; görsek biziň garrymyz bir eline şemi alyp, beýleki eline-de bir topar letde alyp gelýär, özem bir aljyraňňy, bir aljyraňňy, edil ukuda ýaly, entiräp-entiräp gidýär. Ol ilki bir deşige, soň ikinji deşige elini sokdy, şeýdip ähli deşikleri aýlanyp çykdy. Soň bäş minutlap diýen ýaly şemiň ýagyny dyrnap, böwrüni diňläp durdy. Onsoň yzyna öwrülip, ukudan açylmadyk ýaly, çalaja basyp, basgançakdan ýöräp gitdi, özi hem: «Muny haçan beýdenligimi, öldür, biljek gümanym ýok! Ynha men oňa alakalar barada nähak käýinýäň diýmelidim! Aý, käýinse, käýinsinle! Bary bir, çykan netije bolmaz» diýip hüňürdedi.

Ol şeý diýip, basgançak bilen ýokaryk çykyp ugrady, öz ýanyndan bolsa hüňürhüňür etdi, bizem onuň yzy bilen ýöräp ugradyk. Garry örän oňat adamdy!

Tom çemçeli meselämizi näderkäk diýip örän gaýgy etdi, çemçesiz gymyldamaga çakymyz ýokdur diýdi we içini gepledip ugrady. Etmeli zatlar barada ykjam oýlandy-da, soň hem maňa hemmesini gürrüň berdi; ine onsoň biz tä Salli daýzamyň gelýänligini görýänçäk, çemçeli sebediň töwereginde aýlanyşdyk; Tom çemçeleri sanaşdyrmaga oturdy we olary sebediň ýanynda goýuşdyrdy, men olaryň birini ýeňimiň içinde gizledim. Tom bolsa:

— Bilýäňizmi, Salli daýza, her näme diýselerem, çemçeler-ä dokuz sanyjak — diýdi.

Salli daýzam:

— Bar, ýürege düşüp durmada, oýnasana! Özüm sanamsoň, olaryň näçedigini gowy bilýärin —diýdi.

— Menem iki gezek dagy sanadym, daýza, şonda-da ol her gezek dokuz bolup dur.

Salli daýzam gahardan ýaňa ýarylaýjak boldy, emma şon-da-da sanap başlady, ýogsam näme, onuň ýerindäki her bir adam hem şeýderdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bolýan zatlary hudaý bilsin! Dogrudanam, bular dokuz sanyjak! Jähennem, ýene bir gezek sanap göreýin — diýdi.

Men ýeňimiň içindäki çemçäni bildirmän çemçeleriň arasyna goşdum. Ol çemçeleri sanady-da:

— Indi muňa näme diýjek, bular ýene on bolup durlar! — diýdi. Özi bolsa hem gaharlanýar, hem kelep ujuny ýitirip dur. Tom:

— Ýok, daýza, olar on bolup bilmezler — diýdi.

Samsygyň biri samsyk, sen meniň olary sananymy görmediňmi näme?

— Ýeri bolýar-da, men ýene bir gezek sanap göräýerin.

Men ýene-de çemçeleriň birini gizledim, çemçeler ýene-de öňküsi ýaly dokuz bolup çykdy. Baý, ol şonda çişdä! Göwresi bolsa titir-titir edýär, ol şeýle erbet gaharlandy. Arasynda-da zol-zol sanaýar, şeýdip sanap oturyşyna-da bulaşyp, çemçeleri sebet bilen birlikde sanap başlady, şonuň üçinem çemçeler üç gezek dogry çykdy, üç gezek nädogry çykdy. Şonda ol sebedi aldy-da, burça tarap zyňyp goýberdi, tas pişigi öldüripdi; onsoň ol bize garaňyzy saýlaň-da, kellämi garjaşdyrmaň, eger günorta naharyna çenli gözüme iläýseňiz, eýiňizi ýetirerin diýdi. Biz bolsak artyk çykan çemçäni aldyk-da, käýýäp durka onuň jübüsine saldyk, şeýlelikde çemçe bilen çüý nahar wagty bolmanka Jime gowuşdy. Bu eden işimizden biziň göwnümiz hoş boldy. Tom: bular ýaly iş zähmet çekeniňe hem degýär, sebäbi ol indi çemçeleri her zat etse-de, dogry sanap bilmez, zol-zol ýalňyşar; dogry sanaýan-da-da, gözüne ynanmaz; eger ýene üç günläp sanaýsa dagy, onda kellesi düýpden çaşar, şonda ol bu çemçeleri sanamasyny goýar, olary ýene bir gezek sanap gör diýen adam dagy bolsa, ol ony şol ýeriň özünde urup ýassar — diýdi.

Agşam biz ýene-de öňki prostyny asdyk, ýerine bolsa şkafdan başga bir prostyny ogurladyk, şeýdip, ol prostynlarynyň hasabyny ýitirýänçä we «jähennem, näçe prostynym bar bolsa, şonçasy bolsun, munuň üçin özümi heläk edip biljek däl» diýýänçä, iki günläp işimiz bir prostyn asyp, başga birini ogurlamak boldy. Ol «ölerin welin, indi gaýdyp prostynymy sanamaryn» diýdi.

Şunlukda köýnek, prostyn, çemçe, şem barada biz alada edip ýörmeli bolmadyk, bular öz-özi ugrukdy gidiberdi, bu işde bize göle-de, alakalarda, san-da,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýalňyşmaklyk-da kömek etdi; aý, şemdanyňam bir alajy tapylar-da, bu onçakly kyn zat däl.

Emma gutabyň hysyrdysy köp boldy, ol bizi halys etdi. Biz ony tokaýyň içinde ýugrup, tokaýyň içinde bişirdik, ahyrsoňy etmeli işlerimiziň hemmesini etdik, özünem birkemsiz etdik, ýöne olary bir günde etmedik: ony oňly edip bişirýänçäk, üç legen unuň soňuna çykdyk, ellerimizi ýakyp, gözümize tüsse gapdyrdyk; biler bolsaňyz, bize çöregiň diňe arkasy gerekdi, ol bolsa hiç durmaýardy, zol gaçyp durdy; emma iň soňunda biz munuň ugruny tapdyk: merdiwany gutaba salyp, şo durşuna-da bişirmeli diýişdik. Ine onsoň ertesi agşam Jim dagymyz oturyp, prostyny zowwamlygyna ýyrtyşdyrdyk we olary işdik, daňa çenli biz adam assaňda göterjek gowy ýüpli bolduk. Biz öz ýanymyzdan ýüpi dokuz aýda işip gutardyk hasap etdik.

Günorta naharyna çenli biz ony tokaýa äkitdik, emma gutaba sygmady. Eger zerurlyk bolsa, bu ýüp kyrk gutaba dagy ýetjekdi; rast biz ony bitin prostyndan eden bolsak, çorba üçinem, kolbasa üçinem, ýene-ýeneler üçinem galardy. Ondan bir nahar bişirinse boljakdy. Emma munuň bize gerek zady ýokdy. Bize onuň diňe gutaba sygaýar ýalysy gerekdi, şonuň üçin biz galanyny zyňyp goýberdik. Kir ýuwulýan legende bolsa çörek bişirmedik, reňki gopar öýdüp gorkduk; muňa derek Saýlas daýymda ullakan agaç tutawaçly oňat mis saç bar eken, ol ony gaty gowy görýärdi, sebäbi bir asylly baba ony Wilgelm Basybalyjy bilen birlikde «Maý bägülinde» ýa-da başga bir korablda Angliýadan getiripdir we köne-küşüller, gymmat bahaly zatlar bilen birlikde üçekde gizläp goýupdyr; bu olaryň gymmat bahalylygy üçin däl-de (olar örän arzandylar), ýadygärlik bolanlyklary üçin şeýledi; ine onsoň biz ony bildirmän aldyk-da, tokaýa tarap alyp gitdik, emma gutap ilki bada onda-da bolmady, biz ony hiç bişirip bilmeýärdik, emma soňky gezek welin ol örän oňat boldy. Biz sajy aldyk-da, içine hamyr çyrşadyk, soň közüň üstünde goýup, içine ýüpi sal-dyk, üstünden ýene-de hamyr çyrşap, gapagyny ýapdyk we üstüne köz dökdük, özümiz bolsa bäş ädimlik beýle ýanda uzyň sapyndan tutup durduk, durşumyz oňaýlydy, ot yssyladanokdy, çärýek sagat geçip-geçmänkä gutap bişdi, özem şeýle bir oňat bişdi welin, görmäge göz gerekdi. Ýöne ony iýjek adam öňünden ýüz gap dagy diş arassalanýan edinip goýmalydy, bu ýüp merdiwanjygy iýjek bolsa, onuň içi hem agyrjakdy, bu ony hökman iki bükjekdi! Ol wagty bilen iýmäge zat sorajak däldi, men muny bilip durdum.

Nat biziň jadyly gutaby Jimiň jamyna salşymyza seretmän, aşaklygyna, azyk önümleriniň astyna seredýärdi, biz iýmitiň aşagyna üç sany galaýy tarelka saldyk, Jim bolsa bulary abatlygyna aldy; ýeke özi galanynda bolsa ol gutaby döwüp, ýüp

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
merdiwanjygy düşekçesiniň içinde gizläp goýdy, soň bolsa tarelkanyň ýüzüne bir zatlar-bir zatlar çyzyşdyryp, äpişgeden zyňyp goýberdi.

## XXXVIII bap

Şol perolary ýasamak bize azap ýamanyny berdi, byçgyny ýasamak hem şeýle boldy; Jim ýazgy galdyrmak, tussaglaryň diwaryň ýüzüne ýazýan zatlaryny ýazyşdyrmak has hem kyn bolaýmasa diýdi. ýöne her niçigem bolsa ýazmalydy — Tom munsuz bolmaz diýdi: döwlet jenaýatçysynyn diwara ýazgy ýa öz gerbini galdyryp gitmedik gezegi ýokdur — diýdi. Ol:

— Ynha ledi Jeýn Greýi ýa-da Gilford Dedleýi, ýa-da Nortumberlend gojany alyp göräý. Hysyrdysy köp bolanda näme, Gek! Dagy nätjek? Munsuz boljak däl ahyryn! Bary bir Jim ýazgam galdyrmaly bolar, gerbinem. Hemme kişem şeýdýär — diýdi.

Jim:

Aý sizem, mister Tom! Mende gerb diýen zat ýok, asyl meniň şu köne köýnekden başga hiç zadym ýok, köýnegimde bolsa, öz bilşiňiz ýaly, gündeligimi ýöredýän — diýdi.

— Sen, Jim, zada düşüneňok: gerb düýpden başga zat, Men;

— Her näme diýseňem, gerbim ýok diýip, Jim dogry aýdýar, sebebi onda gerb nireden bolsun? — diýdim.

Tom:

— Muny menem bilýärin, ýöne gaçmazyndan öň hökman gerbli bolar, gaçanyna görä gaçan şekilli, ähli kadalara laýyklykda gaçmaly — diýdi.

Jim ikimiz perolary kerpije çalýançak — Jim mis perony, menem galaýy çemçeden eden peromyzy çalýardyk — Tom oňa gerb oýlap tapdy. Ahyrsoňy ol: bir topar oňat gerbler ýadyma düşdi welin, olaryň haýsysyny aljagymy bilemok, bir gabylragy bar welin, şony alarmykam diýýän — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aşakda, geraldiki galkanymyzyň sag tarapyndaky aşak eteginde altyn guşagy bolar, gytak aýrylan atanagy bilen daňysynyň üstünde bolsa gyşaryp ýatan itiň suraty bolar — it howpy aňladar; penjesiniň aşagynda bolsa kertikli zynjyry bolar— zynjyr gulçulygy aňladar; ýokarsy kertli ýaşyl şewron, gök meýdanyň ýüzündäki iç tarapyna egik edilip çekilen üç sany liniýa, galkanyň ortasynda bolsa gerb bilen kertikler bolar; ýokarda egni düwünçekli çep tarapy gara zolakly gara negr durar, aşakdaky gara zolakda altyn söýejikleriň üstünde galkan durar, bu söýejikler ikimiz bolmaly; şygar hem «Maggiore fretta — minore atto» bolar. Men muny kitapdan aldym, bu: «Gyrmyldan gyr aşar» diýdigiň bolýar.

Men:

— Al gerek bolsa! Onsoň galanlarynyň manysy näme? — diýdim.

Tom:

— Munuň duýbüne göz ýetirjek bolup oturmaga wagtymyz ýok. Biziň bu işi basymrak gutaryp, şu ýerden saýlanmagymyz gerek — diýdi.

— Iň bolmanynda bir zatjagaz bir aýt! «Daňy» diýýäiň näme bolýar?

— Daňy — munuň özi… umuman, munuň nämeligini bilmeseňem bolar. Gerek bolan wagty men ony nähili etmelidigini oňa görkezerin.

— Utanaňokmy sen, aýdaňda näme bolýar? Onsoň «Çep tarapyndaky gara zolak» diýýäniň näme?

— Öwlüýä kessin, bilemok. ýöne munsuz Jimiňki mümkin däl. Bu ähli welmožlarda bar.

Ol ynha hemişe şeýle. Bir zady aýdasy gelmese, öldür aýdanok. Bir heldeläp yzyna düşseňem, bary bir, peýdasy ýok.

Gerbli işini bir ýüzli edip, ol şu ugurdan bolan beýleki işlerini etmäge girişdi — gynançly ýazgylar gözlemäge oturdy; Jimiňki munsuz bolmaz, sebäbi ol hemme kişide bolýar diýdi. Ol bir topar zat oýlap tapyp, hemmesini kagyzyň ýüzüne ýazdy we bize ýeken-ýeken okap berdi:

1. Bu ýerde bendi ýüregi jebir çekdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

2. Bu ýerde giň jahandan we dost-ýarlaryndan aýra düşen biçäre ýesir hor-homsy ýaşap geçdi.

3. Bu ýerde ýalňyz ýürek tar-mar boldy, otuz ýedi ýyllap ýalnyzlykda tussag oturan ýadaw jan ömürlik rahat tapdy.

4. Bu ýerde çaga-çugalaryndan, dost-ýarlarşdan aýralykda, otuz ýedi ýyllap agyr tussaglykda bolan asylly nätanyş, Lýudowik on dördünjiniň ogullygy wepat boldy.

Bize bu ýazgylary okap bereninde, Tomuň sesi sapdyrawuk çykdy. Şundan soň ol Jime bu ýazgylaryň haýsysyny aljagyny bilmedi, sebabi olaryň hemmesi-de örän gowudy, ahyrsoňy ol Jim bu ýazgylaryň baryny diwara çyzyp çykmaly diýen karara geldi. Jim bular ýaly bolsa, çüý bilen agajyň ýüzüne munça patarrakyny ýazyp çykjak bolsam, bir ýyl dagy gerek bolar, üstesine men harplary ýazybam bilemok ahyryn — diýdi; emma Tom: harplary özüm çekip görkezerin, sen ýöne şolaryň üstünden çüý ýöredäýmeli bolarsyň, başga etmeli zadyň bolmaz —diýdi. Soňra bir az salym sesini çykarman durdy-da:

— Ýok, biler bolsaň, bu işe agaç ýaranok: turmelerde agaç diwar bolanok. Şonuň üçin biz hatlary daşyň ýüzüne ýazmaly bolarys. Geliň, daş tapalyň — diýdi.

Jim:

— Daş agaçdanam erbet bolar, bularyň baryny ýazyp çykjak bolsaň, esli wagt gerek bolar, şeýlelikde men ömrem azatlyga çykyp bilmen — diýdi.

Tom:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Saňa Gek kömekleşer —diýdi we peroly işimiziň gidişini görjek bolup ýanymyza geldi. Pero ýasamak örän ýürekgysgynç, örän ýigrenji iş eken, gaty hysyrdyly eken. Elimiň gabarçyklary wagty bilen aýrylmady, işimiziň gidişi hem men diýerlik däldi, şonuň üçin Tom:

— Bu işi nädip ýola goýmalydygyny men bilýän. Bize barybir gerb we gynançly ýazgylar üçin daş gerek boljak, şunlukda biz bir elde iki garpyz hem tutup biljek. Agaç kesilýän ýeriň ýanynda ullakan degirmen daşy bar, biz ony ogurlap gelip, ýazmaly zatlarymyzyň baryny şonuň ýüzüne ýazarys, Üstesine peromyz bilen byçgymyzam şona çalarys —diýdi,

Bu erbet pikir däldi, degirmen daşy hem hiçneneň däldi, emma şeýle-de bolsa, biz ugruny tapyp, hötdesinden geleris diýen netijä geldik. Jime işläber diýip, agaç kesilýän ýere ugranymyzda, ýarygije bolmandy. Biz bu degirmen daşyny ogurlap, öýe tarap togalap ugradyk; ýöne iş gaty kyn eken. Biz şunça jan etsek-de daş bir ýanlygyna gyşarýardy we biz her gezek aşagyna düşmän zordan saklanýardyk.

Tom:

— Öýe togalap eltýänçäk, bu biziň birimizi mynjyradar — diýdi.

Biz ony ýarpy ýola çenli togalap getirdik, emma welin janymyz hem çykdy, derimiz sykybermeli boldy. Görsek, ikimize başardar ýaly däl, şonuň üçin Jimi çagyrmaga gitdik. Ol krowatyny galdyrdy-da, aýagyndaky zynjyryny sypyrdy we ony boýnuna orady, onsoň biz çukura, soň hem gapdaldan salnan jaýa girdik, şol ýerde hem Jim bilen degirmen daşyny pero togalan ýaly edip togalap ugradyk, Tom bolsa görkezme berýärdi. Görkezme bermäge gezek gelende, ol ägirtdi, beýleki oglanlaryň çaky däldi. Asyl ol ähli zady başarýardy.

Biz ullakan çukur gazdyk, emma şonda-da daş ona sygmady; şonda Jim külüňi aldy-da, göz açyp-ýumasy salymyň içinde ony giňeltdi. Tom hälki ýazgylary degirmen daşynyň ýüzüne çekip çykdy-da, Jime ýaz diýdi, eline bolsa zubila derek çüý, çekiç ýerine hem demir bolt berdi, biz ol bolty gapdaldan salnan jaýdaky hapaň içinden tapypdyk. Onsoň ol oňa tä şem ýanyp gutarýança işle, soň hem ýatmaga git, ýöne ilki bilen degirmen daşyny düşekçäň aşagynda gizläp, şonuň üstünde ýat — diýdi. Soň biz ona zynjyry öňki ýerine, krowatyň aýagyna geýdirmäge kömekleşdik, özümiz hem

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýatmaga gitmegi göwnümize düwdük. Onýança birden bir zat ýadyna düşüp, Tom:

— Jim, seniň ýeriňde möý-ä ýokdur? —diýip sorady.

— Ýok, ser? Hudaýa şükür, ýokdur, mister Tom.

— Ýeri bolýar, tapyp beräýeris.

— Hudaý saklasyn, möý geregime däl. Men ondan öler ýaly gorkýaryn. Möý bolanyndan men hažžyldyly ýylan bolanyny gowy görýärin.

Tom bir minutlykça böwrüni diňledi, soň hem:

— Gowy pikir! Göwnüme bolmasa, öň hem şeýdilýän bora çemeli. Elbetde, şeýdýän ekenler. Asyl gaty gowy pikir! Ýöne sen ony nirede saklajak? — diýdi.

— Nämäni, mister Tom?

— Hažžyldyly ýylany.

— Eý toba, mister Tom! Eger bu ýere hažžyldyly ýylan geläýse, men gowusy gaçaryn ýa-da ynha şu diwara urup, kellämi ýararyn!

— Goýsana, Jim, sen onuň bilen öwrenişer gidersiň, onsoň gorkmaňam goýarsyň. Sen ony ekdi edäý!

— «Ekdi edäý» diýseňizläň!

— Hawa-da, munuň näme kynçylygy bar! Her bir jandar özüniň söýlenini gowy görýär, ol hatda özüne mylaýym çemeleşýän adamy çakaýyn-dişläýin hem diýmeýär. Bu barada ähli kitaplarda şeý diýilýär. Sen ýöne synanyşyp görseň bor, meniň senden başga sorajak zadym ýok, iki-üç günjük bir synap gör. Sen ony özüňi gowy görer ýaly, özüň bilen bile ýatar ýaly, özüňden bir minutlygam aýrylyşyp bilmez ýaly, ekdem edip bilersiň; onsoň ol boýnuň daşyna oraşyp, kellesini agzyňa sokup oýnar.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Taňrynyň haky üçin beý diýmeseňizläň, mister Tom! Beýle zatlary eşidesim gelenok? Şolmy meniň agzyma kellesini sokjak? Baý, ýagşylyk etjek eken-ä! Gaty derkar diýýän-le! Ýok, beýle derejä ýetjek bolsa, ol köp garaşmaly bolar. Asyl onuň bilen bile ýatasymam gelenok.

— Jim, samsyklamasana! Tussag adamyň haýsam bolsa bir ekdi haýwanjygy bolmaly, eger henize çenli hiç kimiň hažžyldyly, ýylany bolmadyk bolsa, bu seniň üçin has hem gowy, sen ony ilkinji bolup ekdi edersiň, şöhratlanjak bolsaň, şundan gowy ýoly gözläbem tapyp bilmersiň.

— Ýok, mister Tom, maňa beýle şöhrat gerek däl. Ýylan alkymymdan çakansoň, şöhrat nämäme derkar! Ýok, ser, men beýle zat islämok.

— Baý, senem-ä, iň bolmanda synanyşybam görüp biljek dälmi? Sen synanyşyp bir gör, onsoň bolmasa, goýbolsun edäý.

— Men ony synaýançam, ýylan etjegini eder, onsoň goý bolsun etmek hem giç bolar. Mister Tom, eger gerek bolsa, men hemme zada kaýyl, näme diýseňiz edeýinem, ýöne ekdi et diýip, Gek bilen hažžyldyly ýylany getiräýseňiz, men bu ýerden başymy alyp gaçyp giderin, men size tüýs ýürejigimi aýdýan! Ýeri bolýar-da, beýle gepedüşmez bolsaň, geregem däl. Onda biz saňa lors ýylany tapyp beräýjek, onsoň sen onuň guýrugyna ilik dakaýarsyň, şeýtseň, ol hažžyldyly ýylana meňzär, meniň pikirimçe, şu-da kem bolmaz.

— Ynha munyňyz bolman durjak däl, mister Tom, ýogsam, dogrusyny aýtsam, olary göwnüm küýsäp duranok. Türmede oturmaklyk beýle hysyrdylydyr diýip kelläme-de gelenokdy.

— Dagy näme, däp boýunça etjek bolsan, bu hemişe şeýle bolýar. Seniň alakalaryň-a bardyr?

— Ýok, ser, men olaryň birinem göremok.

— Beýle bolsa, biz saňa alakada tapyp bereris.

— Näme üçin, mister Tom, maňa alaka derkar däl ahyryn! Dünýäde alakadan myrtar zat ýokdur: ynjalyk berjek gümanlary ýok, niräň bolsa, gezişip ýörler,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýatasyň gelen wagty aýagyňdan dişleýärler, başga-da nejislikleri az däl! Ýok, ser, aňrujy bolmaýan bolsa, siz maňa iň gowusy lors ýylanlary tapyp beräýiň, ýöne welin alaka başyma derkar däl, men olary başyma ýapaýynmy, jähennemä gitsinler!

— Ýok, Jim, alakasyz bolsaň bolmaz, ol hemme kişide bolýar. Şonuň üçin gerek däl diýip, aýagyňy depip durma. Tussag adam alakasyz bolup biljek gümany ýok, henize çenli pylan tussag alakasyz ýaşapdyr diýip eşidemzok. Olar alakalary terbiýeleýärler, ekdi edýärler, her dürli fokuslary öwredýärler, alakalar bolsa öwrenişip, siňek ýaly, üstüňe çykýarlar. Sen bolsaň olary saz çalyp güýmemeli. Sen bir zatjagaz çalmany öwren-ä!

— Mgniň kagyzlyja daragym bilen üflenip çalynýan garmonjykdan başga zadym ýok, onsoň olar muny halamasalar gerek.

— Näme üçin halaman! Olara saz bolsa bolýar, näme çalsaň çalyber, parhy ýok. Alakalar garmonjyk bolsa-da oňýarlar. Sazy ähli haýwanlar gowy görýärler, türmede dagy-ha olar onsuz oňup bilmeýärler. Aýratynam olar gynançly heňi gowy görýärler; garmonjykda bolsa diňe gynançly heň çalyp bolýar. Bular üçin bu örän gyzyk bolýar: olar kellelerini çykaryşyp, saňa näme bolýanyny görjek bolýarlar… Ine indi seňki ugruna, hemmesi gülala-güllük. Agşamlaryna ýatmazyňdan öň krowatyňa münde, çal-da otur, ertirine-de şeýt. Çalsaň, «Ömürbaky aýra düşdügi» çalgyn, bu alakalara has gowy ýararmykan diýýän. Bir-iki minut çalarsyň welin, alakalar, ýylanlar, möýler we şuňa meňzeş mahluklar bosuşybererler! Ine onsoň olar üstüňe çykyşyp, aşyr atarlar… Görersiň welin, olar hezil edinerler!

— Ýogsam olar hezil edinmezmi, mister Tom, ýöne ynha meniň günüm nähili bolar? Men munda gowulygyň nyşanyny göremok. Ýöne etmeli bolsa, nätjek, dagy-da alaç ýok. Siziň bilen käýişenimden alakalary güýmänim gowudyr.

Tom ýatdan çykan zat-ha ýokdur-da diýip, ýene bir salym içini gepledip durdy we:

— Hawa, tas ýene bir zady ýatdan çykaran ekenim. Sen bu ýerde güljagaz-a ösdürip ýetişdirip bilmersiň? — diýdi.

— Bilmedim-dä, mister Tom, ýetişdirsem hem ýetişdirerdim, ýöne bu ýeri örän garaňky, onsoň hem mana gülüň geregi ýok, sebäbi onuň hem azaby az däl.

— Her niçigem bolsa, synanyş-da göräý. Beýleki bendiler ösdürip ýetişdirýän ekenler.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Çybyk ýaly uzyn gürmek bitäýmese, mister Tom, munuň üçinem azara galyp oturasy iş ýokmuka diýýän.

— Sen ony gaýgy etme. Biz saňa kiçijigini tapyp bereris, onsoň sen ony şol burçda oturt-da serediber, özüne-de gürmek diýme-de «piççiola» diý, eger türmede ösýän bolsa, oňa şeý diýýärler. Suwaraňda-da gözýaşyň bilen suwararsyň.

— Wiý, guýymyz doly suw ahyryn, mister Tom.

— Guýyň suwy saňa derkar däl, sen güljagazy öz gözýaşyň bilen suwarmaly. Bu hemişe şeýdilýär.

— Mister Tom, görersiňiz welin, guýy suwy bilen suwarsam, ol has gowy biter başga adam gözýaş bilen suwarsa-da, şonça bolmaz.

— Gep onda däl. Hökman gözýaş bilen suwarmaly.

— Ol solar, mister Tom, öwlüýä kessin, solar: sebäbi men hiç wagt aglamasam näme.

Muňa näme diýjegini Tomuň özi-de bilmedi. Her niçigem bolsa, ol bir salym pikir etdi-de, Jime ugruny tapyp aglajak bol, bolmasa, gözüňe sogan çalaý diýip jogap bardi. Ol ertir ir bilen negrleriň ýaşaýan külbelerine gidip, sogan getirmäge we ony kofeýnige atyp gitmäge söz berdi. Muňa Jim: «gowusy kofeýnige temmäki ataýjak» diýdi, umuman, ol öz başyna hümürdedi ýördp, igendi, hiç zat edesi gelmedi: gürmek ekesi-de, alakalar üçin garmonjyk çalyp beresi-de, ýylanlary, möýleri we beýleki şuňa meňzeş mahluklary aldap, olary ekdi edesi-de gelmedi; elbetde, bulary beýleki işleriň: pero etmegiň, ýazgydyr gündelik ýazmagyň we galanlarynyň daşyndan etmelidi. Ol bendi bolmak sürgün edileninden-de, her hili görgülerden-de kyn eken, onsoňam sen ähli zada jogap bermeli diýdi. Ahyrsoňy Tomuň oňa gahary geldi we bir tussagda-da munuň gadyryny bileňok, şunuň üçin bu mümkinçilikleriň bary biderek gidýär — diýdi.

Jim diýenine puşman edip, gaýdyp beýtmen diýdi, şondan soň biz hem Tom bilen ýatmaga gaýtdyk.

## XXXIX bap

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ertesi irden biz şähere gidip, simden ýasalan syçangapan aldyk; ony öýe getirip, alaka hinleriniň iň ulusynyň agzyny açdyk, bir sagat golaýrakdan gapanymyza on bäş dagy alaka düşdi, özem nähili alakalar diýsene, örän uly alakalar! Biz aldyk-da syçangapany ygtybarly ýerde, Salli daýzamyň krowatynyň aşagynda goýduk. Biz möý gözläp gelýänçäk, kiçijik Tomas-Franklin — Benjamen — Jefferson — Aleksander Felps onuň üstünden baryp, alakalaryň çykýanyny-çykmaýanyny görjek bolup, gapajygyny açypdyr, alakalar bolsa çykypdyrlar; onýança-da Salli daýzam gelipdir. Biz gelenimizde, ol krowatyň üstüne çykyp, bokurdagyna sygdygyndan gygyryp dur eken, alakalar bolsa onuň ýüregi gysmaz ýaly, ony güýmejek bolup jan edýär ekenler. Ol hoz çybygyny aldy-da, ikimizem çaňymyz çykýança urdy, soň biz ýene-de iki sagadyň içinde on bäş sanysyny tutduk — bu oglanjygy ýer çekäýse bolmaýarmy, ekilmedik ýerde gögerýär — emma tutan alakalarymyz men diýen alakalar däldi, sebäbi biz olaryň iň saýlamalaryny birinji gezekde tutan ekenik. Birinji gezekki tutan alakalarymyz ýaly ullakan alakalary men eneden dogup göremok.

Biz möýleriň, gurbagalaryň, tomzaklaryň, gurçuklaryň we gaýry jandarlaryň iň saýlamalaryndan tutduk; aryň keteginem alaýjakdyk welin, ýöne goýbolsun etdik, sebäbi arylar öýjügindedi. Biz olardan bada-bat boýun gaçyrmadyk, çydap bildigimizçe oturyn garaşdyk, olary gorjap gaçyraýarys öýtdük, emma bu diýenimiz çykmady, gaýtam olar bizi gaçyrdylar. Biz bir ýerden naşatyr tapyp, arylaryň çakan ýerine çalyp çykdyk, agyry zym-zyýat boldy, emma oturmasyna oturyp bilmedik. Onsoň biz ýylan tutmaga gitdik we ýigrimä golaý lorsdur ýylançyr tutup, halta saldyk we bolýan otagymyza eltip goýduk, onýança agşamlyk edinmäge hem wagt boldy, biz şol gün diýseň zor işledik, işlänimize görä birneme ajykdyk hem. Gaýdyp gelsek, haltada bir ýylanam galmapdyr: biz haltanyň agzyny oňly daňmadyk bora çemelimiz, şonun üçin ýylanlar hem haltadan çykyp gidiberipdirler. Emma munuň onçakly zyýany ýokdy, sebäbi olar nirede-de bolsa, şu töwereklerde, otaglarda bolmalydy. Biz olary ýene-de tutaýarys diýişdik. Ine şundan soň esli wagtlan öýde ýylan gytlyk etme-di. Bir görseň olar potolokdan ýa başga bir ýerden gütläp gaçýar-da, aýyn bolmasa, okaraňa ýa ýakaňa girjek bolup dyrjaşýarlar, özem hemişe bimahal çagy şeýdýärler. Olar rän owadandylar, alajamulajadylar, adama degmeýärdiler, emma Salli daýza muny seljerip duranokdy: ol her hili ýylan görse, çydap durup bilenokdy, her näçe wrenişdirjek bolsak-da, ýylanlar bilen öwrenişip bilenokdy. Her gezek üstüne ýylan gaçanda, Salli daýzam her zat edip oturan hem bolsa, işini taşlap, jaýdan çykyp gaçýardy. Men beýle aýaly ömrüme gören däldirin. Özem şeýle bir çirkin gygyrýar welin, gykylygy dik asmana ýetýär. Oňa ýylany ätişgir bilenem tutdurjak gümanyň ýok.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Eger ýylan onuň ýorganyndan çykaýsa ol şo ýerden syçrap turýar-da, tama ot düşen ýaly, gykylyk turzup başlaýar. Ol gojanyň ýüregine-bagryna düşdi, şonuň üçin goja: allatagala bir ýylanam ýaratmadyk bolsa gowy bolardy —diýdi. Öýde bir ýylanam galmady. Şundan tutuş bir hepde geçeninden soňam  Salli daýzamyň jany ara girmedi. Ba-a! içini gepledip oturandyr welin, ýelejik alyp boýnuna degräýseň, ol syçrap ýerinde turýar. Seredip, hezil edip oturmaly, ýöne Tom: ähli aýallaram şeýle bolýar — diýdi. Ol: olaryň guralyşy şeýle, näme üçin beýle bolýanlygyny bolsa hudaý bilsin —diýdi.

Her gezek ýylanlarymyzyň biri Salli daýzamyň gözüne ileninde, bizi çybyk bilen urýardylar, ol: eger ýene öýi ýylandan dolduraýsaňyz, onda urşum başgaça bolar diýip gorkuzýardy. Men ondan gaty görmeýärdim, sebäbi ol onçakly gaty urmaýardy; ýöne bir kejikdirýän ýeri, ol hem bolsa ýylanlary ýaňadandan tutmaly bolýardy. Her niçigem bolsa biz ýylanlardan hem, beýleki jandarlardan hem özümize geregini tutduk, baý, şonda Jimiň külbesinde hezillik boldy-ow, Jim garmonjygyny çalyp, başlaýar welin, olaryn barjasy onuň üstüne eňişip ugraýar. Jim möýleri gowy görmeýärdi, möýler hem ony gowy görmeýärdiler, şonuň üçin ol olardan birneme azap görýärdi. Ol bu alakalaryň, ýylanlaryň derdinden ýatmaga-da ýerim ýok, üstesine degirmen daş hem krowatda —diýip zeýrenýärdi; ýer bolaýanynda hem uklajak gümanyň ýokdy — daş-töweregiň gyrmyltdagyrmyltdy; hemişe şeýledi, sebäbi bu mahluklaryň hemmesi ýatanlarynda gezegine ýatýardy; ýylanlar ýatanynda, alakalar paluba çykýardy; alakalar irkileninde bolsa, ýylanlar şöwür çekýärdi; özi hem hemişe Jimiň gapdalynda, iýdili ýatmaga-da goýmaýarlar, beýlekileri bolsa sirkde ýaly, onuň üstünde at salýarlar; eger ol turup, ýatar ýaly başga ýer gözlejek bolsa, möýler daşyna üýşýärler. Ol: eger bir wagt azatlyga çykaýsam, ummasyz aýlyk berjek diýselerem, gaýdyp türmä düşmen — diýdi.

Ine onsoň üç hepdeden soň, biziňki oňat ugrugyp gitdi. Biz oňa köýnegi öňräk tapyp beripdik, ony hem gutabyň içine salyp gowşurypdyk; ine onsoň her gezek alaka dişläninde Jim ýerinden turup, gündeligine bir-iki setir çyrşaýardy, syýa bilen perolar taýynka hem ýazgydyr beýleki zatlar degirmen daşynyň ýüzünde ýazylyp çykypdy; krowatyň aýagynam byçgy bilen kesip, ýonuşgalaryny iýipdik, şonuň üçin içimizem birnemejik agyrdy. Biz-ä öleris öýdüpdik welin, ýene ölmän galdyk. Beýle tagamsyz ýonuşgalary men heniz iýip görmändim, Tom hem iýip görmedim diýýär. Ahyrsoňy işimizi gutaranlygymyzy men eýýäm aýdypdym, ýöne welin halys, sütünimiz hem süýndi, aýratynam Jim horlandy. Saýlas daýym Täze Orleanyn aşak ýanyndaky plantasiýa gelip, gaçgak negriňizi alyp gidiň diýip, iki gezek dagy hat etdi, emma jogaby gelmedi, sebäbi beýle plantasiýa düýpden ýokdy; şonda ol Jim hakynda Täze Orleanyň we Sent-Luiniň gazetlerine bildiriş

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
bermekçi boldy; Sent-Luini agzanda, meniň inim tikeneкläp gitdi; men biderek wagt ýitirip durmaly däldigine göz ýetirdim. Tom indi tüýs anonim hat ýazmagyň wagty ýetdi
— diýdi. Men:

— O diýýäniň näme? — diýdim.

— Munuň özi adamlaryň üstüne howp abananda edilýän duýduryş. Bu käte bir hili, başga bir gezek hem başga hili edilýär. Umuman, kimem bolsa biri hemişe jenaýatkäri yzarlap gezýär we mahal-mahal galanyň komendantyna habar berýär. Lýudowik On altynjy Týuilriden gaçjak bolanynda, ony bir hyzmatkär aýal yzarlapdyr. Bu örän oňat ýol, anonim hat ýazmak hem hiç neneň däl. Biz iki ugurdan hem hereket ederis. Bolmasa, şeýle bolýan wagtlaram bolýar. Tussagyň ejesi ogly bilen eşigini çalyşýar: ejes-ä galýar, ogly bolsa aýal köýneginde gaçyp gidýär. Şeýtmegem mümkin.

— Gulak goý, Tom, näme üçin adamlara biz duýdurmalymyşyk. Goý, muny olaryň özleri bilsinler, bu olaryň öz işi ahyryn.

— Wah, bilýän-le, ýöne olara bil baglap bolýarmy? Biz başdan şeýle başladyk ahyryn, hemme zady özümiz etmeli bolduk. Olar aňmazak adamlar ekeni, hiç zady görenoklar. Eger olara duýduryş bermesek, bize päsgel beren tapylmaz, onsoň şunça zähmet, şunça azaplardan soň, biziň gaçmamyz ap-aňsatja boljak duruberjek, şeýlelikde biziň diýenimiz boljak däl, gyzygy zadam gaçjak.

— Ynha bu meniň oňaraýjak zadym ekeni, Tom, bu maňa ýaraýar.

Ol:

— Goýsana walla! —diýdi, özi hem hum ýaly çişdi. Şonda men: Ýeri bolýar-da, zeýrenip oturjak däl. Saňa ýaran zat maňada ýarar. Ýöne biz hyzmatçy aýaly näderkäk? — diýdim.

— Hyzmatçy aýal sen bolarsyň. Şu giže bildirmän bar-da, negr aýalynyň köýnegini ogurla.

— Goýsana, Tom! Onsoň ertir topalaň bary turar, onuň bary-ýogy bir köýnegi barmyka diýýärin.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Bilýärin; ýöne bu saňa anonim haty eltip, gapyň aşagyna sokynçaň, bary-ýogy çärýek sagatlyk gerek bolar.

— Bolýar, men ony äkidäýerin; ýöne ony öz eşigimde äkidenimde näme tapawudy bar.

— Ýöne onda sen hyzmatçy aýala meňzemersiň ahyryn, şeýle dälmi?

— Meňzemesem meňzemäýin, bary bir, meni gören adam bolmaz ahyryn.

— Munuň işe dahyly ýok. Biz diňe öz borjumyzy ýerine ýetirmeli, görlüpgörülmejegimiz barada bolsa alada galyp oturasy iş ýok. Näme indi sende hiç hili prinsip ýokmy?

— Ýeri bolýar-la, men boýun towlamok: goý hyzmatçy aýal men bolaýyn. ýöne Jimiň ejesi kim bolar?

— Men bolaryn. Salli daýzamyň köýnegini ogurlaýaryn.

— Bolýar-da, ýöne ikimiz gaçanymyzda, sen saraýda galmaly bolarsyň.

— Bu uzak wagtlyk bolmaz. Men Jimiň köýnegini samandan dolduryp, krowatyň üstünde ýatyraryn, bu onuň ejesi boldugy bolar; Jim bolsa meniň egnimdäki köýnegi geýer, şeýlelikde hemmämiz ble gaçarys. Asylly maşgalada doglan tussag gaçanynda, ol «sürgün edilipmiş» diýip gürrüň edýärler. Mysal üçin korol gaçanynda, hemişe şeýle diýýärler. Isle ogly bolsun, isle ogullygy — korolyňkylar gaçsa-da şeý diýýärler.

Tom anonim hat ýazdy, men bolsam şo gije negr aýalynyň köýňegini ogurladym, şony geýibem, haty girilýän gapynyň aşagyna gysdyrdym; hemmesini Tomuň et diýşi ýaly etdim. Hatda:

«Häzir boluň. Üstüňize howp abanýar, habardar bolun.

Nätanyş dostuňyz».

—diýlip ýazylgydy.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ertesi agşam biz daşky gapa Tomuň gan bilen çeken suratyny: kelle süňki bilen atanaklaýyn goýlan süňküň suratyny ýelmedik; soňky giže bolsa kuhnýanyň gapysyna tabytly suraty ýelmedik. Adam bary gorkuşyp, özlerini gapynyň agzynda, krowatyň aşagynda — her ädimde alarwah yzarlap ýören ýaly, galpyldap ugradylar. Eger biri gapysyny gatyrak ýapaýsa, Salli daýzam allaniçigsi bolup, ah çekýärdi; bir zat gaçaýsa-da, ol allaniçigsi bolup, ah çekýärdi. Eger bilmän bir ýerine degäýseň hem ol ah çekip otyrdy; ol niresine seretse, yzynda bir adam duran ýaly bolup durdy, şonuň üçin ol eýlesine-beýlesine garanjaklap, ah çekýärdi; öwrülipöwrülmänkä ýene-de ýaltaklap, ah çekýärdi, ol ýorgana girmäge-de gorkýardy, oturmaga-da. Garaz, hat diýseň oňat iş bitirdi. Muny Tom şeý diýip aýdýar; ol: edeýin diýseňem mundan oňat edip bolmaz. Bu bolsa biziň dogry edenligimizi aňladýar — diýdi.

Indi bolsa biz esasy zarbany urmaly — diýdi. Ertesi irden daň saz berip başlanynda, biz ýene bir hat ýazdyk, emma ony nätjegimizi bilmedik, sebäbi agşamlyk nahar edinip otyrkalar, biziňkiler uzynly gijeläp her gapa bir negr goýmaly diýipdiler. Tom ýyldyrymsowguç bilen barlaga ugrady; görse negr ýeňseki gapynyň öňünde uklap ýatyr, Tom haty onuň ýakasyna gysdyrdy-da, yzyna gaýdyp geldi. Hatda şeý diýlip ýazylypdy:

«Meniň üstümi açman, men sizin dostuňyzdyryn. Hindilerin territoriýasyndan gelen gaýduwsyz zalymlaryň tutuş bir şaýkasy şu gije siziň gaçgak negriňizi ogurlajak bolýar, olar sizi öýde oturtjak we işlerine pasgel berdirtmejek bsoup gorkuzýarlar. Menem şol şaýkadan, ýöne men hudaýa sygnyp, talançylyk etmäni bes etmek we päkýürek adam bolmak isleýärin — şunuň üçinem men size olaryň aýylganç niýetlerini duýdurýaryn. Olar haýatyň gyrasy bilen demirgazyk tarapdan göni ýarygije geljekdirler, olarda negriň oturan saraýynyň galp açary bar. Eger olaryň üstüne howp abanjak bolsa, men surnaý çalmaly, emma olar saraýa girenlerinde men surnaý çalman, goýun bolup mälärin. Olar onun aýagyndaky zynjyry aýyrýançalar, siz bukdaklap geliň-de, hemmesiniň daşyndan gulplaň, ine şonda siz olary arkaýyn öldürip bilersiniz. Siz meniň diýşim ýaly ediň, başga zat gerek däl, bolmasa, olar betguman bolup, uly topalaň turzarlar. Maňa hiç hili sylag gerek däl, maňa etmeli zatlary ak ýürek bilen edenim bes.

Nätanyş dostuňyz».

?baş

Ertir naharymyzy iýip, biz keýpi kök halda gaýygy alyp, derýa balyk tutmaga ugradyk, günortan iýjek zadymyzam ýanymyz bilen göterdik; biz wagtymyzy örän

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
gowy geçirdik, salymyzy barladyk, salymyz gurat ekeni, onsoň giç öýlänler, agşamlyk naharynyň öňüsyrasy yzymyza gaýdyp geldik, görsek hemmeleriň ýüzi ak tam, hemmeler howsalaly, hiç kim özüni bilenok; bize naharyňyzy iýen dessiňize ýatmaga gidiň diýdiler, täze hat barada bolsa hiç zat aýtmadylar, munuň bize geregem ýokdy, sebäbi ony bizem şolardan erbet bilemzokdyk; bir merdiwana çykanymyzda, Salli daýzam beýlesine öwrüldi, biz şol bada ýerzemine, şkafa sümüldik. Tutuş bir naharlyk iýjegimizi edindik, bularyň baryny öz otagymyza getirdik we gyşardyk, on ikiň ýarysynda bolsa ýerimizden turduk; Tom Salli daýzamdan ogurlan köýnegini geýdi, alyşdyran azyklarymyzy göteriberjek boldy we birden:

— A ýag nirede? —diýdi. Men:

— Bir tokgasyny mekgejöwen zagarasynyň üstünde goýupdyk — diýdim.

— Onda sen ony şo ýerde galdyrypsyň, bu ýerde-hä ýag ýok. Men:

— Ýagsyz hem bir mydar ederis — diýdim. Tom:

— Ýagly bolsak, has hem gowy mydar ederdik. Bar, sen ýerzemine git-de, ýagy alyp gel. Onsoň ýyldyrymsowguç bilen düş-de, basymrak gel. Onýaçna men ejesidir diýdirer ýaly, Jimiň köýnegine saman dykaýyn, gelen badyna bolsa goýun bolup mälärin, onsoň biziň hemmämiz gaçyp gideris — diýdi.

Şeý diýdi-de, ol ýerzemine girip ugrady. Ýumruk ýaly ýag meniň goýup gaýdan ýerimde eken; men ony çegeri — zady bilen aldym, çyrany söndürip, ýuwaşlyk bilen merdiwana çykyp ugradym. Sagaman ýokaryk çykdym, görsem, eli şemli Sallý daýzam gelýär: men derrew ýagy şlýapamyň içine saldym-da, şlýapany kelläme geýdim; onýança ol meni gördi-de, sorag ýagdyryp ugrady!

— Sen ýerzemine girdiňmi?

— Hawa, daýza.

— Ol ýerde näme işlediň?

— Hiç zat.

— Hiç zat?

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, hiç zadam işlemedim.

— Onda sen gijäň bir wagty ol ýerde näme işleýäň?

— Bilmedim, daýza.

— Bileňokmy? Sen maňa, Tom, beýle jogap berme, men seniň ol ýerde näme işläniňi bilmeli!

— Salli daýza, men ol ýerde hiç zat işlemedim, öwlüýä kessin, hiç zat işlemedim.

Aý, indi-hä goýberäýse gerek diýdim; başga bir wagt bolsa, ol goýberse-de goýbererdi welin, soňky wagtlar biziň öýümizde bir topar geň zatlar bolup geçdi, şonuň üçin ol çala şübheli zatlardan, hatda biderejik zatlardan hem gorkup başlady, şol sebäpli ol aýgytly:

— Häziriň özünde myhman jaýa bar-da, gelýänçäm turman otur. Görýän welin, sen ekilmedik ýerde gögerýän ýaly! Pikir etme, men seniň ählije etmişleň üstüni açaryn! — diýdi.

Ol gitdi, men hem gapyny açyp, myhman jaýa girdim. Baý-bow, bu märekäni! On bäş fermeriň on bäşisem tüpeňli.

Meniň başym-gözüm aýlanyp gitdi; men özümi lampa stuluň üstüne goýberip, galman oturdym. Olar hem otagyň içinde ýaýraşyp otyrdylar; kimdir biri ýuwaşja gürrüň edýärdi, beýlekileri bolsa iňňän üstünde oturan ýaly galpyldaşyp otyrdylar, olar muny näçe bildirmejek bolsalar-da, bildirip durdy: men olaryň bir gezek şlýapalaryny çykaryp, bir gezek hem geýinýändiklerini, ýeňselerini gaşaşyp, zol oturyp-turýandyklaryny, iliklerini dyrmaşyp oturandyklaryny görýärdim. Menem galpyldaýardym, ýöne her näme-de bolsa, şlýapamy çykaramokdym.

Men Salli daýzamyň basymrak gelip, bir zat diýenini, urasy gelse-de uranyny isleýärdim, şonda men Tomuň ýanyna gidip, bolşundan hem beterräk edäýipdiris öýdýän: şeýle bir ary öýjügini örüzipdiris welin, halalyň bolsun! Indi aňkarylşyp ýöresi iş ýok, basymrak Jimi alyp, jalaýlaryň eline düşäýmäkäk, bu ýerden saýlanmagymyz gerek — diýerin.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Ahyrym ol geldi we meniň üstümi soragdan gömdi, ýöne men olaryň birinede idili jogap berip bilmedim, hiç zada düşünmedim, sebäbi fermerler öron tolgunýardylar: käbirleriniň banditleriň üstüne häzirjik gidesi gelýärdi, ýary gijä bary-ýogy sanalgyja minut galdy diýişýärdiler, başga birleri bolsa bandit goýun bolup mäleýänçä garaşalyň diýýärdi; onýança Salli daýzam maňa sorag ýagdyryp ugrady, men bolsam galpyldap, aýak üstünde zordan durdum, otagyň içi gitdigiçe gyzyp şlýapamyň içindoki ýag eräp ugrady we boýnumyň ýüzi, duluklarym bilen aşak syrygyp başlady; onýança fermerleriň biri «häziriň özünde külbä baryp oturmaly we olary gelen destlerine tutmaly» diýdi welin, men tas gürpüldäp gaýdypdym; şol wagt maňlaýymyň üsgünden hem ýag syrygyp ugrady. Muňa gözi düşen dessine Salli daýzamyň ýüzi ak esgi ýaly boldy, ol:

— Eý, toba! Oglanjyga näme bolaýdyka? Beýnisi sowuklaýypdyr öýdýän, ynha ol eýýäm akybam ugrapdyr —diýdi.

Oturanlar görmäge geldiler, daýzam kellämdäki şlýapamy çykardy welin, ýag çörek bilen zat bilen gütläp gaçdy; onýança ol meni bagryna basyp:

— Gorkuzyb-a bildiň? Hernä erbet bir zadyň bolmanlygyna şükür, men-ä muna şat, soňky wagtlar biziňki ugruna bolanok, ýöne ýene bir bela gopaýarmyka diýip galpyldap oturmaly. Men ol kelläňden akyp gelýän zady göremde, allaniçiksi boldum, ýöne-möne zat däldir diýdim, sebäbi sen näme ýerzemine girmegiň sebäbini aýdaýmadyň, men onsoň azara-da galyp oturmazdym! Indi bolsa gitde ýat, ertire çenli gözüme gernäýme! — diýdi.

Men bir sekundyň içinde ýokary çykdym, onsoň ýyldyrymsowguç bilen aşak düşdüm we garaňkyň içinde ýykylyp-sürşüp, saraýjyga tarap eňdim. Tolgunmaň derdinden men gepläp hem bilemokdym, emma her niçik hem bolsa, bir demde Toma; derrew şu ýerden saýlanmaly, bir minutymyzy hem ýitirmeli dal, tam doly adam, ählisiniň hem ýaragy bar! —diýdim.

Onuň gözleri uçganaklap gitdi, ol:

— Aý goýsana! Beýle däldir-le! Jan diýdim saňa! Gek, buzatlaryň baryny täzeden başlamaly bolsa, men iki ýüz adam dagy ýygnardym. Ýene bir azrak garaşaýsak näderkä! —diýdi. Men:

— Basymrak, basymrak bol! Hany Jim nirede? —diýdim.
— Ynha, gapdaljygyňda dur, eliňi uzatsaň ýetjek. Ol eýýäm çalşyryndy, hemme zat taýýar. Indi gel bu ýerden çykyp, mäläli.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Onýança biz aýak sesini eşitdik, fermerler gapynyň agzyna geläýen ekenler, soň olar gulpy şakyrdadyp ugradylar, biri bolsa:

— Men size entek ir diýip aýtdym ahyryn; olar heniz gelmändirler, ynha gapydaky gulpy özüňiz görüp dursuňyz. Näme diýseňizläň. Men siziň daşyňyzdan gulplap gideýin welin, garankyň içinde garawulçylyk çekiň oturyň, geläýselerem, hemmesini okdan geçiriň; galanlary bolsa goý şu ýerde bolubersinler: dumly-duşa pytraň-da diňşirgäp görüň: gelmeýärlermikä —diýdi.

Birnäçe adam saraýa girdi, emma garaňky bolansoň, olar bizi görmediler, öýe krowatyň aşagyna sümüljek bolanymyzda, olar tas bizi basypdylar. Biz derrew sagaman, sessiz-üýnsüz çukura girdik: ilki Jim girdi, onsaň men, iň soňunda hem Tom girdi, bu onuň görkezmesi boýunçady. Biz gapdaldan salnan jaýa ýetdik we howluda, edil gapdaljygymyzda olaryň dükürdilerini eşitdik. Biz ýuwaşja basyp, gapyň ýanyna geldik, emma Tom bizi saklap, gapyň jaýrygyndan jyklap ugrady, ýöne ol hiç zat görüp bilmedi, daşary örän garaňkydy, ol pyşyrdap: hany diň salaýyn, aýak sesi daşlaşan dessine, men tirsegim bilen symsyklaryn, şonda goý ilki bilen Jim çyksyn, iň sonundan hem özüm çykaryn diýdi. Ol gulagyny gapynyň jaýrygyna tutdy we diň salyp ugrady, diňşirgedi-diňşirgedi, emma aýak sesi ýatmady, ahyrsoňy ol bizi dürtgülep goýberdi, biz saraýdan çykdyk, aşak eglip, haýata tarap ugradyk, hindiler ýaly hatar-hatar bolup,bir-birimiziň yzymyza düşdük; sagaman haýatyň ýanyna ýetdik, Jim ikimiz haýatyň üstünden böküp geçdik, emma Tomuň balagy haýatyň ýokarsyndaky agajyň gaňyrçagyna ildi, ol bu ýanyndan gelýän aýak sesini eşidip, bir dyzady welin, gaňyrçak döwlüp şatyrdady. Tom böküp, yzymyzdan ylgap ugrady, onýança biri:

— Kimsiň? Jogap ber, bolmasa atýan! —diýip gygyrdy. Emma biz jogap bermedik we aýak aldygyna gaçyp ugradyk.

Olar hem söbügimize düşdüler, onýança-da tark, tark, tark edip, oklar kellämiziň ýokarsyndan sygyryşyp geçdiler. Fermerler:

— Halha olar! Derýa tarap gaçdylar! Oglanlar, galman, itlerem goýberiň! —diýşip gygyryşdylar.

Biz olaryň aýak aldyklaryna kowýandyklaryny eşidýärdik. Biziň eşidýänligimiziň sebäbi, olar ädiklidiler we gygyryşýardylar, biz bolsak aýak ýalaňaçdyk, özümizem gygyryşamzokdyk. Biz agaç kesilýän zawoda tarap gaçýardyk, olar ýetiberenlerinde bolsa biz gyrymsylyga sowlup, olary duşumyzdan geçirdik we

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ýene olaryň yzyndan ylgap ugradyk. Ilki bada banditleri gorkuzmajak bolup, ähli itleri zynjyrlap sakladylar, soň kimdir biri olary boşadypdyr; görsek, olar hem biziň yzymyzdan ylgaşyp gelýäler, özlerem, tutuş bir million dagy bar ýaly, alawagyrdy bolşup üýrýärler. Emma itler öz itlerimizdi, özleri üçin gyzykly bir zadyň ýoklugyna göz ýetirip, guýruklaryny bulaýlaşyp, galmagal, ses çykýan tarapa ylgaşyp gitdiler; biz ýene-de olaryň yzy bilen tä agaç kesilýän zawoda çenli diýen ýaly gitdik, ol ýerden bolsa sowlup, gyrymsylaryň içi bilen meniň gaýygymyň duran ýerine ugradyk, baryp gaýyga mündük-de, içimizde baryny edip derýanyň ortasyna ýüzüp başladyk, ýöne galmagal etjek bolýardyk. Onsoň biz gaýygy meniň salymyň gizlenen ýerindäki ada tarap sowduk; olaryn bir-birlerine gygyryşýandyklary, üýrüşýändikleri, kenar bilen bir öňe, bir yza ylgaşýandyklary daşdan hem eşidilip durdy. Biz ep-esli ýüzenimizden son, gykylyk-galmagal ýuwaşap, ahyr hem ýatdy. Biz sala ge-çenimizde men

— Ine, Jim, sen ýene erkin adam, indi sen gaýdyp gul bolmarsyň! — diýdim.

— Onsoňam bu nähili oňat boldy, Gek! Tapylyşam oňat welin, edilişi has hem oňat boldy, beýle oňat, beýle çylşyrymly plany başga hiç kim oýlap tapyp bilmese gerek!

Biziň hemmämiz begenişýärdik, emma Tom Soýer hemmämizden beter begenýärdi, sebäbi onuň aýagyndan ok degen ekeni. . Muny eşiden dessimize Jim ikimiz şatlanmamyzy goýduk. Önuň aýagy gaty agyrýardy, gan hem gaty gidýärdi; biz ony çatmanyň içinde ýatyryp, gersogyň köýnegini ýyrtdyk we aýagyny daňjak bolduk, emma ol:

— Hany esgileriňizi bäri alyň: muny meniň özümem edip biljek. Eglenmäň, güýmenip durmaga wagt ýok! Rast gaçmamyz şowly bolan bolsa, saly çözüp, kürege ýapyşyň! Ýigitler, biz oňat edip, diýseň kaşaň gaçdyk! Küreklere zor beriň, küreklere zor beriň! — diýdi.

Emma biz Jim bilen maslahatlaşyp, pikir edip başladyk. Bir minut çemeleri pikir etdik, onsoň men:

— Hany, aýt, Jim —diýdim,

Ol:

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Meniň pikirimçe, bu bir tüýslüräk bolýar. Eger bu azat edilen Gek bolup, biziň birimiz hem ýaralanan bolsak, eýsem Gek: «Durmaň-da, meni halas ediň, bu ýaralyny gutarjak bolup doktor barada alada galmaň» diýermidi? Heý, bu mister Toma gelişjek zatmy? Heý ol şeý diýermi? Ömri ötünçä diýmez. A Jim şeý diýermi? Ýok, ser, bu ýerde kyrk ýyl oturmalam bolsam, doktor gelýänçä ýerimden butnaman! — dindi.

Men onuň altyna berimsizdigini, açykdygyny hemişe-de bilýärdim, onuň şeý diýjeginem aňýardym, indi hemmesi ýerbe-ýerdi, şonuň üçin men Toma doktor getirmäge gitjek diýdim. Ol munuň üstünde bir topar galmagal turuzdy, emma Jim ikimiz hem bir depen ýerimizi depip, el bermedik. Ol saly çözmek üçin bagry bilen süýşjek boldy, emma biz goýbermedik. Şonda ol biz bilen sögüşmäge oturdy, emma bu-da netije bermedi.

Meniň saly çözüp oturanymy görende bolsa, ol:

— Ýeri bolýar-da, seniň beýle gidesiň gelýän bolsa, men sana şähere baryp näme etmeldigini aýdaýyn. Gapyny gulpla-da, doktoryň elini-aýagyny sara, gözüni daň, şonda ol goý gabyr ýaly sedasyz boljaklygyna ant içsin, soňra eline altyn doly gapjygy tutdur, alyp gaýdaňda-da göni getirmän, garaňkyň içi bilen, aýlawly ýollardan getir; bu ýere gaýyga mündürip äkel, ýöne ýene-de dogry getirme, adalaryň arasynda köpräk azaşan bol, onsonam ýanyny barlamany unutma, galamy bolsa al, ony yzyna şähere eltende beräýersiň, bolmasa, ol salymyzy tapar ýaly galamy bilen atanak-atanak bellikler edişdirer. Bu hemişe şeýdilýär — diýdi.

Men oňa: hemmesini aýdyşyň ýaly ederin diýdim we gaýyga münüp ugradym, Jime bolsa doktory gören dessine tokaýda gizlen we tä gidýänçä şo ýerde otur diýip tabşyrdym.

?baş

Oýatsam, doktor göräýmäge mylaýym, alçak bir garry eken. Men oňa doganym ikimiziň düýn ispan adasynda aw awlanlygymyzy, sal tapyp, şol ýerde hem ýatmaga galanlygymyzy, onsoň ýarygijeler doganymyň, ähtimal, düýşürgäp, tüpeňe degenligini, tüpeňiň hem atylyp, doganymyň aýagyny ýaralanlygyny gürrüň berdim; şonuň üçin doktoryň şol ýere gidip, ýarany daňyp bermegini, ýöne welin bu barada hiç kime hiç zat aýtmazlygyny haýyş edýän, sebäbi biz öýümize şu agşam gaýdyp barmakçy, hossarlarymyz bolsa bu barada heniz hiç zat bilenoklar — diýdim.

Ol:

— Siziň hossarlaryňyz kim bolmaly? —diýip sorady.

— Felpsler bolmaly, olar şäheriň daşynda ýaşaýarlar.

— Ah, şeý diýseňizläň — diýip, ol bir sellem sesini çykarman durdy, son bolsa: — Onsoň siz oňa ok nähili degdi diýdiňiz? — diýip sorady. Men:

— Ol düýşürgäpdir welin, tüpeňem atylaýypdyr —diýdim.

Doktor:

— Geň görmeli düýş —diýdi.

Ol çyrasyny ýakdy-da, gerek-ýarak zatlaryny sumkasyna saldy, biz ýola düşdük. ýöne welin gaýygymy görende, doktor ony halamady: bir adam-a oňşuk etse boljak welin, iki adamyny götermez —diýdi. Men oňa:

— Gorkmasaňyzlaň, ser, ol biziň üçümizem göteripdi — diýdim.

— O nähili üçüňizi?

— Şeýle-dä: meni, Sidi, ýene-de… ýene-de tüpeňimizi göterdi diýjek bolýan.

Ol:

— Be, şeý diýsene —diýdi.

Ol her niçik hem bolsa, aýagyny gaýygyň gyrasyna goýup gördi, soň kellesini ýaýkap, berdaşlyrak birini tapjak bolaýyn diýdi. Emma beýleki gaýyklar daňylgy durdular, şonuň üçin ol meniň gaýygymy alyp, gaýdyp gelýänçäm garaş, ýa başga bir gaýygyň gözlegine çyk, ýa-da hossarlaryňy oslaman otyrkalar begendireýin diýseň, olary muňa taýýarla —diýdi, men ýok, gerek däl diýdim we oňa gaýygy salgy berdim, ol ýola düşdi.

Onýança kelläme bir pikir geldi. Ol Tomy bir gezekde bejerip biläýermikä? Birden bu iş üç-dört güne çekäýse? Şonda men näderkäm? Ýa gürrün baryny ýaýradyp,

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
ähli syrymyzy paş edýänçä, garaşyp oturmaly bolarmykam? Aý, ýok, ser! Näme etjegimi men bilýän. Gelýänçä garaşaryn, gelip, ýene gitmeli diýäýse, menem ýany bilen giderin, ýüzüp giderin welin giderin; onsoň biz ony şol ýerde tutup daňarys we salymyza atyp, derýa bilen aşaklygyna ýola düşeris. Tom gutulansoň, biz oňa näçe bermeli bolsak bereris-de, derýanyň ýakasynda düşürip gideris.

Ukymy alasym gelip, agaja çykdym; soň bir wagt oýansam, gün al asmana galan ekeni. Men hasyr-husur turdum-da, doktoryň ýanyna eňdim, ýöne öýlerine barsam, onuň näsagyň yzyndan agşamky gidişi, henize çenli gelenok diýdiler. Beýle bolsa, Tomuňky ugruna däl, basymrak ada ýeteýin —diýip içimi gepletdim. Doktorlardan gelýärkäm, burçdan sowluşym hem şoldy welin, tas Saýlas daýymyň garnyndan süsüpdim! Ol:

— Bu senmidiň, Tom! Şu çaka çenli nirede bolduň, bezzatjyk? — diýdi.

— Hiç ýerde-de bolamok, Sid ikimiz şol gaçgak negri tutaýaly diýdik — diýdim.

Ol:

— Ýogsa-da siz nirede ýitirim bolduňyz? —Daýzaň gaty alada galdy — diýdi.

Men:

— Nähak alada galypdyr-da —diýdim — bize bolan zat ýok. Biz adamlar bilen itleriň yzyndan ylgadyk welin, olar ýetdirmän gitdiler, onsoň biz olardan azaşdyk, soň hem olar, göwnümize bolmasa, derýanyň aňyrsynda ýaly bolup göründi; biz gaýygy aldyk-da, derýanyň aňry tarapyna geçdik, emma ol ýerde-de hiç kime duşmadyk, soň akymyň ters ugruny alyp gitdik; ilki bilen kenaryň gyrasyndan sürdük, soň ýadap, ukymyz tutdy; şonuň üçin gaýygymyzy daňyp bir salym gyşardyk, bir sagadrak mundan öň hem oýandyk. Sid täze habar ýokmuka diýip, poçta gitdi, men bolsam iýer ýaly zat gözlemäge çykdym, soň biz öýe gaýdyp barjakdyk — diýdim.

Biz Saýlas daýym bilen «Sidi gözläp» poçta bardyk, emma çaklaýşym ýaly, Tom ol ýerde ýok ekeni; garry bir hat aldy, biz ýene-de bir sellem garaşdyk, emma Sid gelmedi; şonda garry: «ýör öýe gideli, Sidem entäp ýadanyndan soň, pyýada ýa gaýykly barar-da, biz bolsak ýabyly gideris!» diýdi. Ol meniň galyp, Side garaşmagyma rutsat etmedi; ol: munuň gerek zady ýok, basymrak öýe ýeteli, goý Salli daýzaňyz size hiç zat bolmanlygyny bilsin —diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

Biz öýe gelenimizde Salli daýzam meni görüp gaty begendi —ol gülüp çykdy, aglap çykdy, gujaklap — bagryna basyp çykdy, hatda ýumruklabam çykdy, emma hiç agyrtmady; ol Sid gelse-de şeýderin — diýdi.

Öýde bolsa myhman bary bar ekeni: fermerleriň barjasy bizde aýallary bilen nahar iýip otyrlar eken, men beýle gowurdyny ömrüme eşitmändim. Hemmelerden hem beter Goçkis kempir ýaňraýardy.

Ol:

— A gyz Felps men bu saraýy göremde-de, negriňiz kemakyldyr öýdüpdim. Men ol kemakyldyr diýip, Demrel baja-da aýdypdym. — Şeý diýip aýtmanmydym, Demrel bajy? — Hut şeý diýip aýdypdym. Hemmäňizem eşitdiňiz gerek?.. Ol kemakyl, onuň kemakyllygy hemme bolşundan görnüp dur. Iň bärkijesi degirmen daşyny alyp göreliň. Heý, akylyhuşy ýerindäki adam hem degirmen daşyna şeýle bolgusyz zatlar ýazarmy? Bu nämä gerek bolupmyş? — diýýärin. Bu ýerde biriniň ýüregi paralanypmyş, beýle ýanynda başga bir otuz ýedi ýyllap azap çekipmiş, Lýudowik… diýilýänleriniň bolsa, wah, familiýasy ýadyma düşenok, öweý ogly… aý, gürrüň etseň, edip oturmaly, hemmesi şular ýaly biderek zatlar! Tüýs akyly çaşypdyr. Men şeý diýip başda-da aýdypdym, soňam aýtdym, häzirem aýdýan, bu negr baryp ýatan kemakyl, Nawuhodonosoryň agynjak özi diýip, hemişe-de aýdaryn… —diýdi.

— A gyz, Goçkis! Sen ol esgilerden işilen merdiwana näme diýjek? — diýip, Demrel kempir onuň sözüniň arasyny böldi. — Ol oňa nämä gerek bolupmyş diýsene!

— Menem ýaňy Otterbek baja şeý diýdim, onuň özem şeý diýdi diýip aýdar. Ol: «ýüp merdiwanmy?» diýdi. Menem: «Hawa, ýüp merdiwan, ol oňa nämä gerek?» diýdim, Otterbek bajy bolsa…

— Ýöne welin ol ýere degirmen daşy nireden düşdükä? Ol ýerdäki nagymy kim gazdyka?..

— Menem şony diýýän-dä, Penrod dogan! Ýap-ýaňyja diýdim… hany, maňa toşaply okarajygy uzadyň… men Denlep baja ýap-ýaňyja aýtdym, edil şu wagtyň özünde aýtdym! Olar degirmen daşyny nähili edip eltdilerkä? —diýýän, Özem kömeksiz-zatsyz, hawa, hiç kim kömek bermändir! Aý, ýok, hiç kim kömek bermese, eltip boljak gümany barmy, elbetde, biri kömekleşendir diýýän, onsoňam bir adam däl, köp adam kömekleşendir diýýän; bu negre ýigrimi adam dagy

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
kömekleşendir; maňa galsa-ha, negrleriň birini goýmap ýenjip çykardym welin, muny kimiň edenligini bilerdim diýýän. Onsoňam…

— Siz ýigrimi adam dagy kömekleşendir diýýäňiz! Asyl bu işi kyrk adamam başaryp biljek däl ahyryn. Siz bir syn ediň; byçgylardan pyçaklar ýasalypdyr, başga-da bir topar zatlar ýasalypdyr, bulara bolsa näçe wagt gerek! Şular ýalyjak byçgy bilen krowatyň aýagyny kesäýjek bolsa, on adam bir hepdeläp dagy işlemeli bolar. Krowatyň üstündäki negri siz gördüňizmi? Ol sypaldan edilipdir. Onsoň ol nämäni…

— Hawa-la, Haýtaueýer dogan! Muny men ýap-ýaňyja-da Felps dogapa aýtdym. Ol: «Onsoň, Goçkis bajy, siz nähili pikir edýäňiz?» diýip. Men: «Näme barada?» diýdim. «Şol krowatyň aýagy barada» diýdi: «Muny byçgylap kesäýdilermikä?» «Bu baradaky pikirimmi?» diýdim. «Onuň öz-özüniň gaçmadyg-a belli, ony kimem bolsa biri byçgylandyr. Ynha meniň-ä pikirim şeýle, ondan bu ýanynam nähilidir öýtseň, şo hilidir öýt — diýdim, ýöne welin meniň-ä pikirim şeýle — diýdim. Başga biri başga hili bolandyr diýip pikir edýän bolsa-da, goý etsin, meniň başga aýtjak zadym ýok» diýdim. Denlep baja-da şeý diýdim: «Biler bolsaň…»

— Jaýa negr bary üýşendir we bu zatlaryň hemmesini edip çykmak üçin olar bir aýlap gijesine işländirler, Felps bajy. Iň bärkisi köýnegi alyp göreli, ol durşy bilen syrly afrikan ýazuwy bolup dur, özem soňky nokadyna deňiç gan bilen ýazylypdyr! Görýän welin, bu ýerde tutuş bir şaýka bolan bora çemeli, özem köp wagtlap bolan bora çemeli! Bu ýazylanlardan baş çykaryp, okap beren adam bolsa, men iki dollary hem gysganmazdym; bu zatlary ýazan negrleri bolsa mazalyja ýenjerdim…

— Siz oňa kömekleşendirler diýýäňizmi, Maplz dogan? Ýogsam kömekleşmezlermi! Eger şo wagt biziň öýümizde ýaşap gören bolsaňyz, muny özüňizem görerdiňiz. Olar biziň Näçe zadymyzy çekdiler, asyl ellerine ilen zady ogurlap çykdylar! Onsoňam bir pikir edip görüň, biz ýogsa garawulçylygyny hem çekdik. Bu köýnegi olar ýüpde serilgi duran ýerinden ogurlapdyrlar. Merdiwan edilen prostyny bolsa olaryň näçe gezek ogurlanlyklary ýadymdan çykyp gitdi! Una, şemlere, şemdanlara, çemçelere, köne saja näme diýjek! Bularyň bary ýadymada düşüp duranok! Meniň täzeje çit köýnegime näme diýjek! Ýogsam Saýlas, men, Tom Sid dagymyz gijesi-gündizi hem garawulçylyk etdik, Ýöne welin hiç zady aňyp bilmedik, men muny size öňem gürrüň beripdim. Ine onsoň birden, oslaman durkak gözümize basyp, aldap gitdiler, ýeke bizem däl, olar Hindi territoriýasyndan gelen banditleriň şaýkasyny hem aldap, negri hem alyp, arkaýyn çykyp gitdiler, ýogsam olaryň ökjesine on alty adam bilen ýigrimi iki it dagy düşdi ahyryn. Şeýtan bolan bolsa-da, muny şeýle ökdelik bilen başarmazdy, başarsa-da

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
zordan başarardy. Men-ä şolar şeýtanmyka-da diýýän; sebäbi siz biziň itlerimize belet ahyryn, itlerimiz örän oňat itler, olardan oňat it hiç kimde ýok, şeýle-de bolsa, olar kemteresinden ýekeje gezek hem yzyň üstünden baryp bilmediler! Ine indi munuň näme üçin beýle bolýanlygyny düşündirip bilseňiz düşündiriň-dä!

— Aý, bu…

— Hudaý saklasyn, men beýle zatlary…

— Hudaý saklasyn, özüm-ä…

— Öý ogrulary bilen…

— Özüm-ä beýle jaýda bolmaga gorkardym.

— Gorkardym! Meniň özümem gorkýardym, ýatmaga-da gorkýardym, turmagada; ne oturyp bilýädim, ne ýatyp, Sijueý bajy! Neneň olar nemäni ogurlaýmadylarka… düýnki, agşam araky galpyldaýşymy bir göz öňüne getirip görüň! Ynha hudaý bar, men olar çagalary hem ogurlarlar diýip gorkdum! Gör men nähili derejä ýetdim, ahyrkyja akylymam ýitirdim! Häzir, gündiz bular gaty gülkünç ýaly bolubam görünýär, emma şol wagt men: Tom bilen Sid neressejiklerim ýokarda nähili ýatyrlarka diýip pikir etdim we ynha, hudaý bardyr, ynjalman ýokaryk çykyp, olaryň daşyndan gulplap gaýtdym! Aldymda, gulplap goýberdim. Her kimem bolsa gulplardy. Sebäbi bir gorkup ugrasaň, gitdigiňçe beter gorkýarsyň, kelläň bolsa bulaşyp gidýär, nähili akmakçylyk edip ýöreniňi onsoň hudaý bilsin! Özüm oglan bolup, otagda galan bolsam, gapam gulplanmadyk bolsa — diýip, men içimi gepledýän…

Ol birden bir zat ýadyna düşen ýaly, sesini kesdi, soň bolsa ýuwaşjadan maňa tarap seretdi, onuň maňa gözi düşdi, men şo bada ýerimden turdum-da, gezmäge çykdym. Çete çykyp, näme etmelidigim barada pikir etsem, ertir bilen otagda bolmanymyzyň sebäbini gowurak düşündirerin diýip pikir etdim. Men şeýle hem etdim. Emma uzaga gitmäge ýürek etmedim, sebäbi ol ýene birini yzymdan iberer diýip gorkdum. Soň myhmanlar dagaşanda, men onuň ýanyna baryp, «Sid ikimizi» tüpeň sesi bilen galmagalyň oýadanyny, biziň näme bolýanlygyny göresimiz gelenligini, emma gapynyň gulply ekenligini, şonuň üçinem aşak ýyldyrymsowguç bilen düşenligimizi, ikimiziň hem aýagymyzy agyrdanlygymyzy, indi gaýdyp beýtmejegimizi gürrüň berdim. Soň bolsa oňa Saýlas daýyma aýdan zatlarymyzy aýtd.m; ol bolsa: günäňizi geçýän, onsoňam günä geçmez ýaly üýtgeşik bir eden

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
zadyňyz ýok, bary bir, çagalardan mundan gowusyny tama etjek gümanyň ýok, bilşimçe, olaryň hemmejesi garagol bolýarlar, onsonam hiç hili erbetçilik bolmansoň, bolup geçen zatlara ýürek çişirip, gaharlanyp oturman, sagaman galanlygyňyz, ýitmänligiňiz üçin hudaýa şükür ediň — diýdi. Ol meni ogşap, kellämden sypalady, soň böwrüni diňläp, sus oturdy, birden hem allaniçiksi bolup:

— Hudaý saklasyn, agşam düşüp gitdi welin, Sid gelenok! Ol niräk ýitirim bolduka? — diýdi.

Wagty geläýdi öýdýän diýip ýerimden turdum-da:

— Men şähere gidip, tapyp geleýin—diýdim.

— Ýog-eý, gozganmawer. Oturan ýeriňde otur. Onuň ýitenligem az däl —diýdi.

Ol agşam naharyna deňiç hem gelmedi, soň agşam nahary gutaran dessine, daýym şähere ugrady.

Daýym sagat onlara gaýdyp geldi, özem birneme howsalaly geldi, ol Tomdan derek tapmandyr. Onson Salli daýzam gaty howsala düşdi, şonda daýym: entek gam çekmek irdir: «Çaga çagadyr, görersiň, welin, ol ertir bilen ýylgyrar geläýer» diýdi. Daýzam şunun bilen göwnüni aldamaly boldy. Ýöne ol: ýatman garaşjak, gelse, görner ýaly, şemem söndürjek däl — diýdi.

Soň ýorgana girenimde, ol ýanyma gelip, edil öz ejem ýaly, üstümi ýapyşdyrdy, aladamy etdi; men utanjyma onuň ýüzüne seredip bilmedim; ol krowatymda oturyp, esli salymlap meniň bilen gürleşdi, biziň Sidimiz oňatja oglan diýip, ol şol gaýtalady oturdy, ony dilinden düşürmedi, özem zol gezek: ol azaşýan, ýaralanana däldir, belki, gark bolandyr, ýa bolmasa bir ýerde ýaralanyp, ýa ölüp ýatandyr, meniň bolsa oňa kömegim ýetýän däldir, şeýle dälmi? —diýip sorady. Onýança hem gözünden boýur-boýur ýaş akdy, men oňa: Side hiç zat bolan däldir, ertire deňiç ol gaýdyp geler — diýdim; daýzam bolsa kä elimden sypap, kä ogşap, şu aýdanymy yzly-yzyna gaýtalamagymy sorady, sebäbi ol juda gaýgy edýärdi, ýaňky aýdanymy gaýtalasam bolsa, onuň ýüki ýeňlän ýaly bolýardy. Çykyp gitjek bolanda, ol ýüzüme mähirli we ýiti seretdi-de:

— Tom, men gapyny gulplajagam däl. Elbetde, äpişge-de, ýyldyrymsowguç hem bar, ýöne welin seniň diýenimi etmen çykyp gidesiň ýok, şeýle gerek? Meniň hatyram üçin gitmersin! — diýdi. Ýogsam meniň gidip, Tomuň halyndan habar

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
alyp gelesim gelýärdi, men şeýtmeni göwnüme hem düwüpdim, emma ýaňky gürrüňden soň, men dünýe malyny berjek diýselerem, gidip biljek däldim.

Daýzam hiç ýadymdan çykmady, Tom hem çykmady, şonuň üçin men idili ýatyp hem bilmedim. Men iki gezek dagy ýyldyrymsowguç bilen aşak düşdüm, bütin jaýy aýlanyp çykdym, daýzam heniz hem äpişgäň öňünde, şemiň ýanynda oturan ekeni; meniň oňa bir ýagşylyk edesim geldi, emma eder ýaly zat ýokdy; gel, iň bolmanda, ony gaýdyp gynandyrmajagyma ant içeýin diýip pikir etdim. Üçünji gezek men daňdanlar oýandym, aşak düşüp görsem, Salli daýzam şol bir oturyşyna otyr, şemem ýanyp tükenip gelýär, ol bolsa kellesini eliniň üstünde goýup, uklap ýatyr.

?baş

Ertir naharyndan öň, garry ýene-de bir gezek şähere gidip geldi, emma Toma duşmandyr; şonuň üçin olaryň ikiside stoluň başynda seslerini çykarman, içlerini hümledişip otyrdylar, ýüzleri gaýgylydy, iýýän zatlary ýokdy, çaşkajyklaryndaky kofeleri hem sowap gidipdi. Onýança garry:

— Men saňa haty berdimmi ýa ýok? —diýdi.

— Haýsy haty?

— Düýnki poçtadan alan hatymy?

— Ýok, sen maňa hat bereňok.

— Onda ýadymdan çykarandyryn.

Şeý diýip, ol jübülerini barlamaga başlady, soň birden nirede goýanlygy ýadyna düşdi, gidip getirdi-de, ony daýzama berdi, Daýzam bolsa:
— Wiý, bu Sent-Pitersburgdan, aýal doganymdan gelen hat ýaly-la — diýdi.

Men ýene bir gezek gidip, gezip gelenimi gowy gördüm, emma ýerimden gozganyp bilmedim. Birden daýzam haty açmanka zyňyp, otagdan ylgap çykdy, bir zat gören bolara çemeli. Ony menem gördüm: Tom Soýeri nosilka salypgelýärler,ýany bilen hem garry doktory, eli arkasyna danlan çit köýnekli Jimi alyp gelýärler, daşlarynla bolsa giden mähelle. Men derrew haty ilkinji duş gelen

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
zadyn aşagyna salyp, ylgap çykdym. Salli daýzam Toma tarap okdurylyp aglady we:

— Ol ölendir, ölendir, bilýärin, ölendir—diýdi.

Tom bolsa kellesini çalarak öwrüp, bir zat-bir zatlar samrady; akylynyň ýerinde däldigi görnüp durdy; daýzam elini çarpyp:

— Ol diri eken, hudaýa şukür! Häzir şu-da bolýar — diýdi. Ol ony gidip barýarka ogşap, öýlerine-ýorgan salmaga ylgady, özi hem her ädimde diýen ýaly, agzynyň ýetişdiginden negrlere we beýlekilere buýruk berdi.

Men Jimi nädýänlerini görjek bolup, adamlaryň yzlaryna düşüp gitdim, garry doktor bilen Saýlas daýym bolsa Tomuň yzyndan otaga gelýärdiler, käbirleri bolsa beýleki negrlere göz etjek bolup, olar hem Jim kimin gaçyp gitmez ýaly, gijesigündizi tutuş bir maşgalany alada goýmaz ýaly, Jimi dardan asmak isleýärdiler. Başgalary bolsa: asmaly däl, munuň geregi ýok, negr biziň negrimiz däl, birden hojaýyny gelip, bahasyny töledäýmegi mümkin diýişýärdiler. Bu beýlekileri köşeşdirdi; sebäbi ele düşdüň diýip, negri asjak bolýanlaryň hemmelerden az töläsi gelýärdi.

Olar esli salymlap Jime sökdüler. Iki-üç gezek dagy ýeňsesine süňşürýp hem goýberdiler, Jim bolsa şol geplemän gelýärdi we meni tanaýanlygyny bildirmeýärdi; olar ony şol öňki saraýa eltip, öňki geýimlerini geýdirdiler, öňki gandallaryny urdular, ýöne indi gandaly krowata berkitmän, diwaryň ýüzündäki agaja berkitdiler, onun eline-de, aýagyna-da gandal urdular we hojaýyny gelýänçä, suwdur nan bilen oňdurmaly diýdiler, hojaýyny gelmese-de tä «kim ýokary?» söwdasy bilen satýançak şeýtmeli diýdiler we biziň gazan nagymymyzy gömdüler hem-de iki sany fermere agşamlaryna sa-raýa göz-gulak bolmaly diýdiler, gündizine bolsa gapyň ýanyn-da it daňyp goýmaly diýdiler; soň, işlerini gutaransoňlar, olar dagy-da iş tapman, Jime sögünip ugradylar; şol wagt garry doktor gelip, bir salym gulak salyp durdy-da:

— Ona artykmaç zulum etmän, sebäbi bu erbet negr däl. Bu oglanyň ýatan ýerine gelemde, men ony kömeksiz çykaryp bilmedim, ony goýup, biriniň yzyndan gidip bolmady, sebäbi oglanyň ýagdaýy gaty agyrdy; ol gitdigiçe gaýry üzülip, ahyr samramaga durdy, özem eger salyň ýüzüne hek bilen atanak çekäýseň, öldürerin diýip haýbat atdy we öz ýanyna eltmedi, bir söz bilen, agzyna gelenini samrady, emma oňa hiç zat edip bilmedim; şonda men, biri kömek edäýmese, boljak däl diýdim; şol wagt birden bir ýerden şu negr çykyp, men saňa kömekleşeýin diýdi

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
we etmeli zatlaryň hemmejesini edişdirdi, özem gaty çalasynlyk bilen etdi. Men: bu şol gaçgak negrdir diýip pikir etdim, sebäbi men ol ýerde bir gije bilen bir gündiz bolmaly boldum. Ynha ýagdaýlar-a şeýle. Meniň şä-herde sowuklan iki sany pasientim galypdy we olaryň hallaryndan habar alyp gaýtmalydy, emma men gitmäge ýürek etmedim: bu negr gaçaýsa, meni ýazgararlar diýdim; derýada bolsa ýekeje-de gaýyk görünmedi, çagyrara-da adam ýokdy. Şeýdip adada şu gün ertire çenli bolmaly boldum; men negriň näsaga beýle gowy hyzmat edişini heniz görmändim, ýogsam ol azatlygyny howp astyna salýardy ahyryn, özem gaty ýadapdy, men onuň özüni alyp barşyndan onuň soňky wagtlarda köp agyr işleri etmeli bolandygyny aňdym. Men munuň bu häsiýetini örän haladym. Men size diýsem, jentlmenler, şeýle negr üçin müň dollar täleseň hem az, şonuň üçin siz munuň bilen mylaýymrak boluň. Gerek-ýarak zatlarymyzyň hemmejesi ýanymda bardy, şonuň üçin oglana ol ýer hem öýlerinden erbet bolan däldir: gaýtam gowy bolsa-da bolandyr, sebäbi ol ýer ümsümlikdi. Ýöne welin men bular üçin ertire çenli dikje oturmaly boldum, sebäbi bularyň ikiside meniň elimdedi, soň görsem, gaýykly adamlar gelýärler, şol wagt, bagtlaryna, negr hem kellesini dyzynyň arasyna goýup, süýji uklap otyr, men olara ýuwaşja yşarat edim, olar hem bildirmän gelip tutdular-da, özüne gelmänkä el-aýagyny bagladylar. Oglan hem ýatyrdy, ýöne ynjalygy ýokdy; şonda biz küreklerimiziň daşyna letde orap, saly gaýygyň yzyna tirkedik we ýuwaş-ýuwaşdan şähere tarap ugradyk, negr bolsa garşylyk hem görkezmedi, kemtersinden ýekeje sözem diýmedi: ol özüni başdan ýuwaş alyp bardy. Bu, jentlmenler, erbet negr däl — diýdi.

Opýapça biri:

— Göräýmege, doktor, munuň erbet ýeri ýok ýaly —diýdi.

Şonda beýlekiler hem gowşaşdylar, men bolsam doktoryň Jime şeýle ýagşylyk edeni üçin ondan köp minnetdar boldum; ol barada doktoryň hem meňki ýaly pikir elýändigine men begendim; men Jim bilen tanşan badyma onun ýüreginin ýukadygyny, özüniň hem gowy adamdygyny aňdym. Hemmeler onuň özüni gowy alyp barşyny göz öňünde tutup, ony sylaglamaly diýişdiler. Özi hem uçdantutma hemmesi oňa gaýdyp sökmezlige çynlary bilen söz berdiler.

Soň olar saraýjagazdan çykyp Jimin daşyndan gulpladylar. Men olar onuň gandallaryny aýyrmaly diýerler öýtdüm, sebäbi gandallar gaty agyrdy ýa-da olar oňa ýeke bir çörek bilen suw bermän, eýsem et hem, gök-sök hem bermeli diýerler öýtdüm, emma bu hiç kimiň kellesine gelmedi, men bolsam bu işe burnumy sokman, gowusy doktoryň aýdanlaryny Salli daýzama gürrüň bereýin, gaçgak

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
negri gaýykly kowalap ýörkäk, Sidiň ýaralanandygyn aýtmagy ýadymdan çykaranlygymy düşündireýin diýdim.

Meniň entekler wagtym köpdi. Salli daýzam gijesi-gündizi näsagyň otagyndan çykanokdy, men her gezek Saýlas daýymy göremde süzüberýärdim.

Ertesi ir bilen men Tomuň ganymatlaşyp, Salli daýzamyň bolsa ýatmaga gidenligini eşitdim. Men bildirmän näsagyň otagyna girdim; eger ýatmadyk bolsa, hossarlara ýarar ýaly edip, nähili ýalan sözlemelidigi barada onuň bilen maslahat edişeris diýip pikir etdim. Emma ol uklap ýatyr eken, özem örän ynjalykly ýatan eken, onuň ýüzi getirilenindäki ýaly gyzyl däl-de, solgun eken. Men ol oýanýança diýip garaşyp ugradym. Ýarym sagat töwerekleri geçeninden soň, otaga bildirmän Salli daýzam girdi, men ýene-de ele düşdüm! Ol ýuwaş oturgyn diýip yşarat etdi we gapdalyma gelip oturdy. Soň pyşyr-dap: indi biziň hemmämiz begenibermeli, sebäbi onuň ýagdaýy örän oňat, ol häliden bäri şu ýatyşy ýaly ýatyr we gitdigiçe bäri gaýdýar, oýananda, onuň akylyna aýlanyp oýanjakdygyna on bir mümkinçilikden onusy bar — diýdi.

— Biz onuň başujuny alyp oturdyk, ol basym gymyljyrady, gözlerini açdy, hemişeki seredişi ýaly seredip:

— Wiý, men öýümizde ýaly-la! Bu nähili beýle bolýar? Hany sal nirede? — diýdi. Men:

— Sal bardyr —diýdim.

— A Jim hany?

Olam bar — diýdim, ýöne onçakly ynamly aýtmadym.

Ol hiç zat aňmady we:

— Örän oňat! Juda oňat! Indi ählimiz öýde, indi gorkup oturasy zat ýok? Sen daýzama gürrüň edip berdiňmi? — diýdi.

Men «Hawa» diýjek boldum welin, onýança daýzam:

— Näme hakynda, Sid? — diýdi.

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Aý, şu zatlary edişdirip ýörşümiz barada-la.

— 0 nähili «zatlary»?

— Hemme zatlary-da, sebäbi bir bolan zat bar: olam Tom ikimiziň gaçgak negri azat edişimiz bolmaly.

Eý huda-eý! Azat edişimiz… Sen näme diýjek bolýaň, käbäm? Taňrym, bu ýene samraýar!
— Ýok, samramok, men diýýän zadymy gowy bilýän. Ony Tom ikimiz azat etdik. Şeýdeli diýişdik, şeýtdik hem. Özem, päh, nähili gowy edip etdik!

Ol gürrüň berip başlady, daýzam bolsa ony duruzjak bolmady, şol gözüni petredip diňledi oturdy, men bu işe baş goşmaly däldigimi aňdym.

— Ýogsam näme, daýza, biziň ýanymyzda munuň kynçylygy barmy! Tutuş hepdeläp işledik, uklap ýatan wagtyňyzdan peýdalanyp, bir sagadam biderek sypdyrmadyk. Biz şemi hem, prostyny hem, köýnegi hem siziň köýnegiňizi hem çemçeleri hem, demir okaralary hem, pyçaklaram, sajam, degirmen daşynam, unam, başga zatlaram ogurlamaly bolduk. Biziň byçgy, pero, ýazgy we galan zatlary nähililik bilen edenligimizi, munuň nähili keýpli bolýanlygyny söz göz öňüne-de getirip bilýän dälsiňiz! Bulardan başga biz tabyt bilen süňkleriň hem suratyny çekmeli galtamanlaryň adyndan anonim hat hem ýazmaly, ýyldyrymsowguç bilen münüp-düşmeli hem, saraýyň içinde nagym hem gazmaly, ýüpden merdiwan edip, ony gutabyň içine salmaly hem, siziň jübiňize atyp, iş üçin gerek çemçeleri hem ýollamaly bolduk…

— Hudaý saklasyn!

— … Jimiň ýüregi gysmaz ýaly saraýjagaza ýylan, alaka, möý hem goýbermeli bolduk; soň siz esli salymlap Tomy şlýapasy ýagly saklap tas ähli işi bulaşdyrypdyňyz; biz çykyp ýetişmänkäk, saraýdakak fermerler üstümizi aldylar, biz dessine çykyp, gaçmak bilen bolduk, olar bolsa sesimizi eşidip, söbügimize düşdüler; şonda hem maňa ok degdi: biz ýoldan sowlup, olary duşumyzdan geçirdik, itleri goýberenlerinde bolsa, itler biz bilen gyzyklanman, galmagal çykan tarapa eňdiler, adam, bularyň hemmesinem biziň özümiz etdik, gör, daýza jan, nähili zor iş edipdiris.

— Bu ýalançyda näçe ýaşasamam, men beýle zady eşitmändim! Asyl bize görgi baryny görkezip ýören, garagollar, siz ekeniňiz-dä, siz adam barynyň

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
başlarynygözlerini aýladyňyz, olary öldir ýaly gorkuzdyňyz! Edil şu mahalyň özünde ýumruk astyna alyp, sizi ýenjiberesim gelýär. Bir pikir edip görüň, men-ä günüňgününe ýatman çykýan… Sen, bezzatjyk, gutulansaň bor, seni özüm elime alyp, bihepbelikleriňi goýdurmasam bolmaz!

Emma Tom üstünligine begenip, ýylgyryp ýatyrdy we hiç saklanyp bilenokdy, yzyny üzmän ýaňraýardy, daýzam bolsa zol-zol onuň sözüniň arasyny bölýärdi, gaharlanyp, nätjegini bilmeýärdi, onsoň olaryň ikisi hem birigip, tamyň üstüne çykyşyp gygyryşýan pişikler ýaly, gygyryşýardylar; soň daýzam:

— Ýeri bolýar-da, näçe begenseň begeniber, ýöne ýene bir gezek şular ýaly işiň başynda görünseň, eşitmedim diýme — diýdi!

— Nähili işiň? — diýip, Tom sorady, emma ýylgyraýyn diýmedi, görnüşi ýaly, ol muňa aňk-taňk boldy.

— O nähili nähili işiň? Gaçgak negrli işiň bolar-da. Sen nähili işdir öýtdüň?

Tom maňa tarap gaharly seretdi-de:

— Tom, sen ýap-ýaňyja maňa Jim howpsuz ýerde diýip aýtdyň ahyryn. Näme ol gaçmadymy? —diýdi.

— Kim? — diýip, Salli daýzam sorady, — Gaçgak negrmi? Ol hiç ýaňa-da gaçanok. Ony ýene-de öldürmän-ýaralaman tutdular, ol ýene-de saraýda otyr, özem çörekdir suw bilen oňmaly, eli-aýagy gandally bolmaly; hojaýyny gelmese hem ony satyp goýberjekler.

Tom ýatan ýerinden laňňa galdy, gözleri uçganaklap, ýüzi çytylyp gitdi, onýança hem:

— Olaryň ony gulply tamda saklamaga haklary ýok! Ylga bir minuty hem sypdyrma! Ony çykaryň, ol gul däl, ol hem edil biz ýaly, ýeriň ýüzündäki ähli adamlar ýaly erkin adam!— diýip gygyrdy.

— Bu çaganyň tapyp ýören zadyny!

— Tapýan zadym ýok, Salli daýza, bu ýerde her bir söz hakykat, eger hiç kim gitmeýän bolsa, özüm gidäýjek! Men Jimi bütin ömrüme tanap gelýän, ony

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
Tomam tanaýar, garry miss Uotson iki aý mundan ozal öldi. Jimi derýanyň aýagyna satjak bolany üçin ol öz-özünden utandy, muny onuň özi şeý diýip gürrüň berdi; şonuň üçinem ol öz wesýetnamasynda Jimi boşatmaly diýip ýazyp gitdi.

— Ol erkin bolsa, onda azat etmek nämäňe gerek boldy?

— Bu soraga seret-le, aýaldygy belli-dä. Eger beýtmesek, häzillik boljakmy näme? Munuň üçin men gan içinde ýüzmäge-de taýýardym… Eý hudaý-eý, bu Polli daýzam ýaly-la!

Edil şol wagt ol mylaýym, özünden göwni hoş görnüşde gapyň öňüne gelip durmadyk bolsa, mein duran ýerimde ýer ýuwdaýsyn.

Salli daýzam oňa tarap okduryldy, gözünden ýaş dökdi we ony şeýle bir gujaklady welin, tas kellesini mynjyradypdy, men özüm üçin iň amatly ýeriň krowatyň aşagydygyny bada-bat aňşyrdym, üstümizden bir bela inäýjek bolup duran ýalydy. Men jyklap seretsem, Polli daýzam Salli daýzamyň gujagyndan sypyp, äýneginiň üstaşyry Tomy synlap dur, onuň seredişi Tomuň inini-boýny deň edäýjek ýaly bolup göründi. Soň bolsa ol:

— Tom, sen, iň gowusy ýüzüňi sow, seniň ýeriňe bolsam, özümem şeýderdim — diýdi.

Salli daýzam:

— Eý hudaý-eý! Ol beýle üýtgäýdimikä. Bu Tom däl-de, Sid ahyryn. Ol… ol… hany onda Tom? Ol ýap-ýaňyja-da bardy — diýdi.

— Sen Gek Finni soraýan bolma! Men bu garagol Tomy ençe ýyllap ekläp sakladym, onsoň neneň men muny tanamaýyn! Şeýle bolaýsa, baý, geň bolar-da! Hany, Gek Finn, şu minutyň özünde krowatyň aşagyndan çyk!

Men krowatyň aşagyndan çykdym, emma gorkyma janym galmady.

Salli daýzam şeýle bir aljyrady welin, beýle zady görenim heniz ýadyma düşenok. Saýlas daýym şäherden geleninde, oňa-da gürrüň berdiler, ol hem allaniçigsi boldy. Ol şol gün pýan ýaly bolup, uzynly günläp dälirän ýaly bolup gezdi; ol şol gün şeýle bir wagyz etdi welin, dünýädäki iň dana adam hem onuň wagyznesihatyndan baş çykarar ýaly bolmady, şondan soň hemmeler onuň bilen edepli gürleşdiler. Polli daýzam olara meniň kimligimi, nireden gelenligimi gürrüň berdi, men bolsam

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana
miss Filps meni Tom Soýerdir öýdeninde, dörän ýagdaýdan çykalga tapmanlygymy (şu ýerde ol meniň sö-zümiň arasyny böldi we «öňkiň ýaly Salli daýza diýiber, men şuňa öwrenişdim, indi adymy çalşyryp oturmagyň geregi ýok» diýdi), Salli daýzam meni Tom Soýerdir öýdeninde, muňa razy bolmaly bolandygymy, dagy-da alajyň ýoklugyny, Tomuň bolsa muňa gaharlanman, gaýtam begenjekligini, sebäbi munuň syrly bolýanlygyny we bir topar hezilligiň üstünden eltjekdigini, şonuň üçin hem Tomuň göwni hoş boljaklygyny bilip duramsoň, şeýtmeli bolandygymy, munuň hem aýdyşym ýaly çykanlygyny, onuň özüne Sid diýip, bildirmän aldanlygyny aýtmaly boldum.

Polli daýzam bolsa Tomuň miss Uotsonyň wesýetnama bilen Jimi boşadanlygy baradaky aýdanlary hak diýdi; bu dogrudan hem şeýle ekeni: azat negri boşatjak bolup, Tom Soýer şunça jan çekip, şunça azap edipdir! Men bolsam edil şu wagta, şu gürrüňe çenli onuň bilimli bolup, negri azat etmäge kömekleşişine düşünip bilmän ýördüm!

Polli daýzam Salli daýzamdan Tom bilen Sidiň sagaman gelendikleri barada hat alanda: «Ynha şeýle-dä! Garaşaýmaly zatdy, ýeke özüni goýberseň, başyna gidiberýär» diýip pikir edenligini gürrüň berdi.

— Indi parohodda şunça ýol geçip, bu bezzatja oglan ýene näme edäýdikä diýip, bir müň bir ýüz mil ýöräp geljek bolup bir gör, men senden ýekeje-de jogap alyp bilmedim.

— Menem senden hat alamok ahyryn — diýip. Salli daýzam aýtdy.
— Bolup bilmez! Men saňa iki gezek ýazdym we Sid hem şu ýerde diýipsiň welin, munyň näme? — diýip soradym.

— Men bolsam bir hatam alamok.

Polli daýzam howlukman beýlesine öwrüldi-de, gaharly:

— Tom? — diýip gygyrdy. Tom çişip: Ýeri näme? — diýip jogap berdi.

— «Nämäňi» goýda, hany hatlary bärik al, bezzat!

— Haýsy hatlary?

— Şol hatlary! Görýän welin saňa ykjamja daramasaň boljak däl…

LINE: https://line.me/R/ti/p/%40kitaphana

— Olar sandykda. Boldumy? Olara el degren ýok, olar edil poçtadan alşym ýaly durlar. Men olaryň bir zadyň üstünden eltjekdigini bildim-de siziň howlugýan ýeriňiz ýok-la diýip pikir etdim.

— Seni mazaly ýençmek gerek! Men barýan diýip, ýene bir hat edipdim, ol bu haty hem…

— Ýok, ol hat diňe düýn geldi; men heniz ony okabam göremok, ol mende durşy ýaly dur.

Men onda hatyň ýoklugyna iki dollar goýup jedel edesim geldi, emma soň pikir edip, iň gowusy jedelleşmäýin diýdim. Şeýdibem hiç zat diýmedim.

Soňky baş

Ilkinji gezek Tom bilen ikiçäk duşuşanymda, men ondan gaçmak meselesini näme üçin tapanlygyny, sagaman sypylyp, bireýýämden bäri azat negri boşatmak başardaýan bolanda näme etmekçi bolanlygyny soradym. Şonda Tom: eger Jimi sagaman alyp çykyp bilen bolsak, salymyza münüp, waka gözlegine derýaň aýagyna çenli giderdik, men muny şeýtmäni başda göwnüme düwüpdim, soň Jime sen indi azat diýerdim, onsoň parohod bilen öýlerine äkiderdik, biderek wagtyny alanymyz üçin hakyny tölärdik, ähli negrler jem bolup, onuň öňünden çykar ýaly hat ibererdik we biz ony şähere fakelli, sazly ugradardyk, şundan soň agyzdan düşmezdi, bizem düşmezdik. Ýöne welin munsuzam erbet bolmady — diýdi.

Biz bir minutlykça Jimi gandaldan boşatdyk, onuň Toma seredişmäge doktora oňat kömek berendigini eşidenlerinde, Salli daýzam, Saýlas daýym we Polli daýzam dagy onuň gadyryny bilip başladylar: ony mümkin boldugyça gowy ýerleşdirdiler, iýjek diýen zadyny berdiler, onuň ýüregi gys-maz ýaly, ony hiç zada elini urmaz ýaly etmäge dyrjaşdylar, Biz çynlakaý gürleşmek üçin Jimi näsagyň otagyna çagyrdyk; şonda bendilikde bolany, ähli zada çydap gezeni, özüni gowy alyp barany üçin Tom oňa kyrk dollar berdi; Jim bolsa begenip, dil açyp başlady:

— Ynha dälmi. Gek, men saňa aýtdym ahyryn. Jekson adasyndakak men saňa näme diýipdim? Men şonda döşüm tüýlek diýipdim we muňa degişli yrym hakynda gürrüň beripdim; men şonda bir gezek baý boldum welin, ýene baýaryn diýipdim; ynha bu aýdyşym ýalam boldy! Şeýle dälmi! Oýnuň gelmesin, yrym — yrym bolýandyr, şu sözümi hergiz unutmagyn! Men özümiň ýene bir gezek baýajakdygymy aýnada gören ýaly bilýärdim!

Şundan soň Tom ýene özüniňkä tutduryp ugrady: geliň, şu gije üçimizem gaçalyň geýimlerimizi çalşyryp, waka gözleginde hindi territoriýasyna çykalyň, şol ýerde iki-üç hepdeläp bolup geleliň diýdi; men: bolýar welin, mende hindi kostýumyny alar ýaly pul ýok, öýdenem aljagym gümana, sebäbi ka-kam gelip, sudýa Tetçerden ählije pulumy alyp gidip içendir —diýdim.

Tom:

— Içen däldir, pullaryň durşy ýaly durandyr, alty müp, hatda gowrak hem bardyr: seniň kakaň bolsa şondan bäri gelenok. Iň bärkisi men gaýdýançam gelmändi — diýdi.

Jim bolsa dabaraly:

— Ol hiç haçan gaýdyp gelmez, Gek —diýdi. Men:

— Neme üçin gaýdyp gelmez, Jim, diýip soradym?

— Neme üçin gelmejeginiň tapawudy ýok, Gek, ýöne welin ol gaýdyp gelmez.

Emma men ony irizdim oturdym, şonuň üçin ol ahyrsoňy aýtmaly boldy:

— Derýa bilen aşaklygyna akyp barýan tam ýadyňa düşýärmi? Ol ýerde üstüne ýorgan çekilen bir adam ýatyrdy, men ony açyp görüpdim, emma seni ýanyna eltmändim. Ine onsoň sen gerek wagty puluňy alyp bilersiň, sebäbi şol ýatan adam seniň kakandy…

Tom bireýýäm gutulyp, aýagyna degen oky şelpe ýaly edip dakynyp ýör we sagadyna seredýän ýaly, zol-zol alyp seredýär; mundan başga ýazara zat ýok, muňa bolsa men şat, sebäbi kitap ýazmagyň şeýle hysyrdylygyny bilen bolsam, men, öldür ýazmazdym, men indi hiç haçan hiç zat ýazmaryn. Men Hindi territoriýasynda-da Tom bilen Jimden öň gidermikäm diýýäýn sebäbi Salli daýzam meni ogullyga aljak, terbiýelejek bolýar, muňa bolsa çydap biljek gümanym ýok, sebäbi men muny eýýäm bir gezek synap gördüm.

Mark Twen- Geklberri Finniň başdan geçirenleri,
line-daky @kitaphana akkaundy tarapyndan taýýarlanyldy
LINE:
https://www.line.me/R/ti/p/%40kitaphana